A1 I. çümmüklemek 2 : Başam we süýem barmaklaryň ujy bilen ten gapjamak, çümmügiň bilen mäkäm tutmak.
II. çümmüklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gyzlar[Kim] meni[Kimi] sapakta çümmüklediler (TTS).

**Çümürmek**

A1 I. çümürmek 2 : Kellä geýilýän zady öz durýan derejesinden aşak basyp geýmek.
II. çümürmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Possunynyň daşyndan pugta guşalan kemerini düzetdi, (ol)[Kim] telpegini[Kimi] berkräk çümürdi.

**Çüpremek**

A1 I. çüpremek 1 : Ownamak, kiçelmek, maýda bolmak.
II. çüpremek→ [Kim]
Ör. Göwnüme bolmasa, mallar[Kim] gitdigiçe çüprer.

**Çürelmek**

A1 I. çürelmek 1 : Aşagy ýa-da ýokarsy çowly bolmak.
II. çürelmek→ [Kim]
Ör. Onuň eňegi[Kim] çürelip galypdyr.

**Çürkemek**

A1 I. çürkemek 2 : Birine maddy taýdan zyýan ýetirmek, ütmek.
II. çürkemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] ona[Kime] çürkendirin asla ýadymdan çykmaz.

A2 I. çürkemek **2** : Horlamak, azap bermek.
II. çürkemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Mihmanlar[Kim] jaý eýesine[Kime] çürkedi (TTS).

A3 I. çürkemek 2 : Gyzgyn zada biriniň bedeniniň bir ýerini ýakmak, bişirmek.
II. çürkemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] elimi[Kimi] çürkedim.

**Çürtmek**

A1 I. çürtmek 2 : Ujuny ýolmak, ujundan ýolup almak (ot, agaç we ş. m. hakynda).
II. çürtmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Agajyn ýapragyny[Kimi] çürtedim.

**Çürüşmek**

A1 I. çürüşmek 1 : Gyzgyn zada ýanyp bürüşmek, ýalyn çabyrap ýygyrt-ýygyrt bolmak.
II. çürüşmek→ [Kim]
Ör. Oduň ýanynda goýlan ädigiň burny[Kim] çürşüpdir.

**Çürüzziklemek**

A1 I. çürüzziklemek 1 : Çürüzzik oýnunda orta depmek.
II. çürüzziklemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] herdaýym çürüzzikler.

**Çüýjermek**

A1 I. çüýjermek 2 : Bir zada gözüňi çerreldip, çiňerdip seretmek.
II. çüýjermek→ [Kim], [Kime]
Ör. Mugallym[Kim] maňa[Kime] çüýjerdi

**Çüýlemek**

A1 I. çüýlemek 2 : Çüý kakyp berkitmek.
II .çüýlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Men)[Kim] Baryny bir düwünçege düwüp, agaja[Kime] ykjam çüýledim.

A2 I. çüýlemek 2 : (Göçme manyda) Ýerlikli gep aýdyp, berk gaýtawul bermek, duzlamak, sugşurmak.
II. çüýlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Senem[Kim] şu ýagdaýy[Kimi] gazete çüýläp, maňa kömek etmeseň, ölemde gözümi açyp giderin.

**Çüýremek**

A1 I. çüýremek 1 : Organiki taýdan bozulyp başlamak.
II. çüýremek→ [Kim]
Ör. Ýagyş has köpräk ýagsa, tohumlar[Kim] çüýrer gorkusy bardy.

A2 I. çüýremek 1 : Kesilmek, zaýalanmak (süýt hakynda).
II. çüýremek→ [Kim]
Ör. Düýnki alan süýdümiz[Kim] çüýräpdir.

A3 I. çüýremek 1 : Sary gitmek (geýim hakynda).
II. çüýremek→ [Kim]
Ör. Bu köýnegim halys[Kim] çüýräpdir.

**Çybşyldamak**

A1 I. çybşyldamak 1 : Çala aýak sesini çykaryp ýöremek, çybşyldy döremek.
II. çybşyldamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] daşardan çybşyldap geldi.

**Çybyklamak[çy:byklamak]**

A1 I. çybyklamak 2 : Çybyk bilen urmak, saýgylamak.
II. çybyklamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Şol wagtda bir selleli garryja molla gelip, itleriň gandyzyna[Kime] çybyklady.

**Çydamak**

A1 I. çydamak 2 : Agyra ýa-da başga bir zada dözmek, çydam etmek, döz gelmek.
II. çydamak→ [Kim], [Kime]

Ör. Näsag janyma[Kime] şu bela[Kim] çydajak boldum.

A2 I. çydamak 2 : Sabyr etmek, garaşmak.
II. çydamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Gowusy[Kimi] çydaýyn, oba barýançam, Ony özüm gözüm bilen görýänçäm.

A3 I. çydamak 1 : (Göçme manyda) Ýeterlikli bolmak, ýetmek.
II. çydamak→ [Kim]
Ör. Bu harç edişiňe pul[Kim] çydamaz.

**Çygjarmak[çy:gjarmak]**

A1 I. çygjarmak 1 : Birneme der gelmek, çala derlemek.
II. çygjarmak→ [Kim]
Ör. Horjunuň agramyňdan ýana garrynyn arkasy[Kim] çygjardy.

**Çygşyldamak**

A1 I. çygşyldamak 2 : Çygşyldyly ses çykarmak, çygyş-çygyş edip çala seslenmek.
II. çygşyldamak→[Kim]
Ör. Çaly, çerkezler[Kim] sähelçejik şemala çygşaldap otyr.

**Çygylmak**

A1 I. çygylmak 1 : Az salymlykça demiňi tutup hyklamak, özüňe zor salmak, iginmek.
II. çygylmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme, beýle çygylýarsyň?!

**Çygyrmak[çy:gyrmak]**

A1 I. çygyrmak 1 : Inçeden ýiti ses bilen gygyrmak.
II. çygyrmak→ [Kim]
Ör. Ol çaga[Kim] çyr-çyr çygyrdy.

**Çykamak**

A1 I. çykamak 2 : Odun-çöp ýaly zatlary mala ýüklemek üçin ykjam edip daňmak.
II. çykamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] iki düýelik oduny[Kimi] çykap goýdular.

**Çykarmak**

A1 I. çykarmak 2 : Içinden daşyna alyp çykmak.
II. çykarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Kitaby[Kimi] sumkasyndan çykardy.

A2 I. çykarmak 2 : Egninden aýyrmak.

II. çykarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Keýmir[Kim] paltosyny[Kimi] egninden çykaryp, tamyň burçundaky asawaçdan asdy.

A3 I. çykarmak 3 : Gullyk wezipesinden aýyrmak, boşatmak.
II. çykarmak→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Meredi[Kimi] işden[Kimden] çykarypdyr.

A4 I. çykarmak 2 : Gyz maşgalany gözli-başly etmek, äre bermek.
II. çykarmak→[Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] meni[Kimi] çykaryp, gysymynyň içinde saklajak bolýar.

A5 I. çykarmak 2 : Iýer ýaly we ş. m. zady salyp alyp bermek, getirmek.
II. çykarmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Aýna[Kim] okara doly gowurma[Ne] çykardy.

A6 I. çykarmak 2 : Bir ýerden başga bir ýere sürüp alyp gitmek.
II. çykarmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Eger men hem alada etsem, onda guma[Kime] goýun[Kim] çykarmaly bolarys.

A7 I. çykarmak 2 : Meseläni çözmek, işlemek.
II. çykarmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Mesele[Ne] çykarmak için köp wagt gerek bolar.

A8 I. çykarmak 2 : Öndürip ýetişdirmek, önüm bermek.
II. çykarmak→[Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] zawod ýag önümlerini[Kimi] çykarýar.

A9 I. çykarmak 2 : Ýerasty baýlyklary gazyp almak.
II. çykarmak→ [Kim], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. Ol işçiler[Kim] şahtada kömür{Ne} çykarýarlar.

A10 I. çykarmak 3 : (Göçme manyda) Zadyň bahasyny belli derejä ýetirmek, belli bir nyrha getirmek.
II. çykarmak→ [Kim], [Kimi], [ZÖ]
Ör. Aşgabatda çaýyň gadagyny[Kimi] men[Kim] üç manada[ZÖ] -da çykaryp bilerin.

**Çykmak**

A1 I. çykmak 2 : Belli bir zadyň içinden saýlanyp aýrylmak, gitmek.
II. çykmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden[Kimden] ýaş[Kim] çykar.

A2 I. çykmak 2 : Belentlige göterilmek, ýokary galmak.
II. çykmak→ [Kim], [Kime]

Ör. (Ol)[Kim] Artyk gurşun ýaly akýan çägäniň belent raýyşyna[Kime] çykdy.

A3 I. çykmak 1 : Öz wagtyndan öň peýda bolmak.
II. çykmak→ [Kim]
Ör. Ýaz[Kim] ir çykypdy.

A4 I. çykmak 2 : Ýaşaýan ýerinden göçüp gitmek.
II. çykmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Men[Kim] ol jaýdan[Kimden] çykdym.

A5 I. çykmak 2 : Gullukdan, işden aýrylmak.
II. çykmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] mekdepden[Kimden] çykypdyr.

A6 I. çykmak 1 : Öňe saýlanmak, öň tarapa berilmek.
II. çykmak→ [Kim]
Ör. Tamyň burçy[Kim] ileri çykypdur.

A7 I. çykmak 1 : Ýaryşdan ozmak, öň gelmek.
II. çykmak→ [Kim]
Ör. Saýlawda obanyň aty[Kim] çykdy.

A8 I. çykmak 2 : Äre barmak, durmuşa gitmek.
II. çykmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Olaryň gyzy[Kim] durmuşa[Kime] çykypdyr.

A9 I. çykmak 1 : Emele gelmek, dömmek.
II. çykmak→ [Kim]
Ör. Onuň boýnuna çyban[Kim] çykypdyr.

A10 I. çykmak 2 : Belli bir derejä ýetmek, barmak.
II. çykmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Bu oýnalýan oýnuň derejesi artyp, ozal bir köpük bolsa, soňabaka bir şaýa, iki şaýa, soň bir apbasa[Kime] çykdy.

A11 I. çykmak 1 : (Göçme manyda) Ses gelmek, eşidilmek.
II. çykmak→ [Kim]
Ör. Ýene çykdy jaňyň owazy[Kim], Enaýy jaňňyrdap çagyrdy bizi.

**Çylpyklamak**

A1 I. çylpyklamak 1 : Göze iriňli şepbeşik ýygnanmak, gözde çylpyk emele gelmek.
II. çylpyklamak→ [Kim]
Ör. Onuň gözleri[Kim] çylpyklady.

**Çyngarmak**
A1 I. çyngarmak 1 : Çyna, hakykata öwrülip başlamak.
II. çyngarmak→ [Kim]
Ör. Ol eşiden habarymyz[Kim] çyngardy.

**Çyňkyrmak**
A1 I. çyňkyrmak 1 : Urulmakdan, dalanmakdan yzly-yzyna inçe gaty ses çykarmak (it hakda).
II. çyňkyrmak→ [Kim]
Ör. Güjük[Kim] çyňkyrdy.

**Çyňsamak**
A1 I. çyňsamak 1 : Belli bir sebäbe göre inçejik, nayyncar uzyn ses çykarmak (it hakda).
II. çyňsamak→ [Kim]
Ör. Ertesi danylgy köpek[Kim] çynsap başlaýar.

A2 I. çyňsamak 1 : (Göçme manyda) ağlamak
II. çyňsamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Goý sesiňi, näme çyňsap otyrsyn!

**Çypdyrmak**
A1 I. çypdyrmak 1 : Ýalan söz aýtmak, ýalan sözlemek.
II. çypdyrmak→ [Kim]
Ör. Üçünji[Kim] seýle bir çypdyrýar welin (Ezizow, 1995: 195)

**Çyrçyklamak**
A1 I. çyrçyklamak 1 : Kesel degmek, ýeňiljek syrkawlamak (çaga hakda).
II. çyrçyklamak→ [Kim]
Ör. Çaga[Kim] çyrçyklady.

**Çyrlamak**
A1 I. çyrlamak 1 : Çirkin sesli aglamak (çaga hakda).
II. çyrlamak→ [Kim]
Ör. Eşidilýär sesi, çaga[Kim] çyrlaýar.

**Çyrmamak**
A1 I. çyrmamak 2 : Bir zadyň daşyna çolamak, orap almak.
II. çyrmamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gyzgyn ýüreginiň daşyny[Kimi] çyrmap alan söýginiň ýüpek tarlaryny çözmek isledi.

**Çyrpmak1**
A1 I. çyrpmak 2 : Ujundan, ýokarsyndan kesmek, kesip aýyrmak.

II. çyrpmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] üzüm çybyklarynyn ujuny[Kimi] çyrpmaly.

**Çyrpmak2**

A1 I. çyrpmak 2 : Ýuwlan kiri ahyrky gezek arassalamak üçin arassa suwa sokup çykarmak, batyrmak, durlamak.
II. çyrpmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] geýimleri[Kimi] çyrpdy.

A2 I. çyrpmak 2 : Çyrpyny boýuň deňerägine galdyryp, batly silkip, şarpyldyly ses çykarmak.
II. çyrpmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Üzüm sakçysy[Kim] çyrpysyny[Kimi] birsyhly çyrpýardy.

**Çyrpynmak**

A1 I. çyrpynmak 1 : Abşaryp, guýrugyny tarpyldadyp esremek.
II. çyrpynmak→ [Kim]
Ör. Öz ineri[Kim] çyrpynyp durýar.

A2 I. çyrpynmak 1 : (Göçme manyda) Möwç almak, joşmak.
II. çyrpynmak→ [Kim]
Ör. Çyrpynýar deňizler[Kim] balyklar towsýar,gaýalar gögerip, al-ýaşyp öwsýär.

A3 I. çyrpynmak 1 : (Göçme manyda) Biriniň üstüne çöwşemek, hondan bärsi bolup dyzamak, haýbat atmak.
II. çyrpynmak→ [Kim]
Ör. Eýsem[Kim], seniň çyrpynyp, şeyle öwnüşüň ýalanmy?

**Çyrryldamak**

A1 I. çyrryldamak 1 : Çyrryldyly ses çykmak, çyrryldyly seslenmek.
II. çyrryldamak→ [Kim]
Ör. Peçde gara çekirtgä[Kim] çyrryldaýar.

**Çyrşamak**

A1 I. çyrşamak 2 : Degrip, çalyp hapalamak.
II. çyrşamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen) [Kim] Gawunyň şiresini[Kimi] köýnegiňe-de çyrşapsyň.

A2 I. çyrşamak 2 : (Göçme manyda) Çalyp suwamak, suwag çekmek.
II. çyrşamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tamyň diwarynyň kerpiçleri[Kimi] görnüp durmasyn! -- diýip, özüm[Kim] çyrşap çykdym.

A3 I. çyrşamak 3 : (Göçme manyda) Hat ýazmak.
II. çyrşamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Men)[Kim] Pikirimi[Kimi] kagyza[Kime] çyrşap başlamda güller gelip gördi taýýar erlerin.

**Çytawlaşmak**

A1 I. çytawlaşmak 1 : Göreşde, durmuşda we ş. m. üstün çykmak üçin jan etmek, güýç sarp etmek, gaýrat etmek, dyrjaşmak.
II. çytawlaşmak→ [Kim]
Ör.Emma (men)[Kim] çytalaşýardym, dişimi gyjaýardym.

**Çytmak**

A1 I. çytmak 1 : Ýygyrmak, büzmek.
II. çytmak→ [Kim]
Ör. Ýüzü[Kim] çytýardy.

**Çyzgamak**

A1 I. çyzgamak 2 : Ýokary çermemek, ýokary çekmek (geýim hakynda).
II. çyzgamak→[Kim], [Kimi]
Ör. Adam[Kim] geýimini[Kimi] çyzgady.

**Çyzmak**

A1 I. çyzmak 2 : Çyzyk çekmek, çyzyk geçirmek.
II. çyzmak→ [Kim], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. Ol galamyny pugta basyp durdy-da, (ol)[Kim] kese çyzyk{Ne} çyzdy.

A2 I. çyzmak 2 : Bir zadyň çyzgysyny, şeklini çekmek.
II. çyzmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen) [Kim] Tagta şu şekilleri[Kimi] çyz.

A3 I. çyzmak 2 : (Göçme manyda) Sypjyryp yz galdyrmak, ýaralamak.
II. çyzmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Myradyň bolsa bileginden bir-iki ýerini[Kimi] çyzypdyr.

**-D**

**Dabanaklamak[da:banaklamak]**

A1 I. dabanaklamak 1 : Eýläk-beýläk çapmak, ylgamak.
II. dabanaklamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme iki baka dabanaklap ýörsüň!

**Dabanlamak[da:banlamak]**

A1 I. dabanlamak 2 : Daban basyp ölçemek, aýagyň durky, uzynlygy bilen ölçemek.
II. dabanlamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Artyk çäji dikeldip, (ol)[Kim] daşyny[Kimi] dabanlady, segsen bäş daban çykdy.

**Dabaralanmak**

A1 I. dabaralanmak 2 : Şadyýanlyk edilmek, baýram edilmek.
II. dabaralanmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Ýubileý[Ne] dabaralandy (TTS).

A2 I. dabaralanmak 1 : Üstün çykmak, ýeňmek, makul bilinmek.
II. dabaralanmak→ [Kim]
Ör. Beýik ideýalar[Kim] dabaralandy.

A3 I. dabaralanmak 1 : At-abraýy göterilmek, taryplanmak, şöhratlanmak.
II. dabaralanmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] barha dabaralanýardy.

**Dabyramak[da:byramak]**

A1 I. dabyramak 1 : At salyp howlukmaç barmak, gidip gelmek; içinden çalasyn urup geçmek.
II. dabyramak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gözel dabyrap derrew tamyna bardy.

**Dadynmak[da:dynmak]**

A1 I. dadynmak 1 : Agzyňy suwartmak, bir zada gyzygyp aldanmak, ymsynmak, emenmek.
II. dadynmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] dadynyp galmak

**Dadyrmak[da:dyrmak]**

A1 I. dadyrmak 3 : Azajyk mukdarda bermek.
II. dadyrmak→[Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Üç put igdesinden çagalara[Kime] ýekejesini[Kimi] dadyrmaga gurby çatmadyk Taýlak Hyzzyn çagalaryň içýän süýdünden, iýýän gaýmagyndan tamakin bolup, bokurdagyny gulkuldadyp otyr.

**Dagamak[da:gamak]**

A1 I. dagamak 1 : Pytrap gitmek, dagynyk hala geçmek, ýaýramak.
II. dagamak→ [Kim]
Ör. Bugdaý[Kim] dagapdyr.

A2 I. dagamak 1 : Her kim öz ugruna gitmek, dargamak, pytramak.
II. dagamak→ [Kim]
Ör. Myhmanlar[Kim] giçden soň dagadylar.

A3 I. dagamak 1 : Bölünip her haýsy bir ýerde bolmak, böleklere bölünip gitmek.
II. dagamak→ [Kim]
Ör. Yakutlaryn urugçylyk gurluşlary[Kim] 18 asyrda dagap ugrapdyr.

A4 I. dagamak 1 : Köp ulanmak zerarly sandan galmak, ýyrtylmak.
II. dagamak→ [Kim]
Ör. Onuň eşigi[Kim] dagapdyr.

A5 I. dagamak 1 : Weýran bolmak, çaşmak.
II. dagamak→ [Kim]
Ör. Köne çatma[Kim] halys dagandyr.

**Dagdyramak**

A1 I. dagdyramak 1 : Näsaglyk, gorky zerarly sandyramak, titremek, galpyldamak, dagyrdamak.
II. dagdyramak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] duran ýerinde dagdyrap başlady.

**Daglamak[da:glamak]**

A1 I. daglamak 2 : Dag basmak, tagma basmak, gyzdyrylan metal bilen tagmalamak.
II. daglamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýogyn zynjyr bilen gollaryp baglap, Kesdi (ol)[Kim] dillerini[Kimi] ot bilen daglap.

A2 I. daglamak 2 : Eti, sogany ýaga gowurmaçlamak.
II. daglamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] eti[Kimi] daglamak

A3 I. daglamak 2 : (Könelişen söz) Käbir agyra, ýara gyzdyrylan metal basmak (tebipleriň, medisina ylmyna esaslanmadyk tebipçilik usuly).
II. daglamak→ [Kim], [Kimi]
Ör.(Ol)[Kim] ony[Kimi] gyzan sim bilen daglamak (TTS).

**Dakmak**

A1 I. dakmak 3 : Tikip berkitmek (ilik, bagjyk we ş. m. zat hakynda).
II. dakmak→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. (Men)[Kim] Köýnegimiň ýeňine[Kime] ilik[Ne] dakdym.

A2 I. dakmak 3 : Ýük, goş-golaň urmak.
II. dakmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Men[Kim] ýükümi[Kimi] olaryň düýesine[Kime] dakdym.

A3 I. dakmak 3 : Baglamak, iltemek, asmak.

II. dakmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Olaryň boýunlaryna[Kime] gulçulyk zynjyryny[Kimi] dakmak isleýen adamhor jellatlaryň ýigrenç pygyllaryny paş etdi.

A4 I. dakmak 3 : Äri ölen aýaly äriniň doganyna äre bermek, çatmak.
II. dakmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Uly agasy ölse, onuň aýalyny[Kimi] kiçisine[Kime] dakardylar.

**Daknyşmak**
A1 I. daknyşmak 2 : Goş-golaňyňy ýükläp, goşulyşyp gitmek, barýan ýolagça goşulyp gitmek.
II. daknyşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Olar[Kim] düýelä[Kime] daknyşyp gitdiler.

**Dalaklamak [da:laklamak]**
A1 I. dalaklamak 1 : Dalak keseline duçar bolmak.
II. dalaklamak→ [Kim]
Ör. Soltan eje, ogluň[Kim] dalaklapdyr.

**Dalamak[da:lamak]**
A1 I. dalamak 2 : Basyp-basmarlap, agyz urup çeýnemek, ýarmak, ýaryp horlamak, ýaralamak.
II. dalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Töweregime üýşen aç itler[Kim] meni[Kimi] daladylar.

A2 I. dalamak 2 : (Göçme manyda) Ýüzüni almak, ýüzüne jabjynmak, azgyrylmak.
II. dalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Halnazar[Kim] hem Saryny[Kimi] zarply, ajy sözler bilen dalamak isledi.

**Dalaşmak[da:laşmak]**
A1 I. dalaşmak 2 : Biri-biriň bilen basalaşmak, tutluşmak, çekeleşmek, oýun edişmek.
II. dalaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. (Men)[Kim] Düşümde-de Maşenka bilen[Kimle] dalaşyaryn.

A2 I. dalaşmak 2 : (Göçme manyda) Iş salyşmak, baş goşmak, tokunmak, erjeşmek.
II. dalaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Biziň ýalylar[Kim] dworýanlar bilen[Kimle] baş dalaşyp bilmeýär.

**Dalawlamak**
A1 I. dalawlamak 2 : Urjak bolup çenemek, gezemek, galdyrmak.
II. dalawlamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Şol mahal hem Oraz ýagly diýen namysjaň bir kaşaň ýigit[Kim] egri gylyjyny[Kimi] dalawlap, gynyndan çykarypdyr.

**Daldalamak**

A1 I. daldalamak 2 : Pena edinmek, eliňi öňüňde tutup gorag edinmek, hemaýat edinmek.
II. daldalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Aşyr ikinji gezek elini galdyranda, ýaňagy gyzan Mawy[Kim] elini[Kimi] daldalady.

A2 I. daldalamak 2 : Goluňy galdyrmak, eliňi bulaýlamak.
II. daldalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýok, ýok, beýle zat bolmaz! -- diýip, Öwez[Kim] elini[Kimi] daldalady.

**Daljygmak[da:ljygmak]**

A1 I. daljygmak 1 : Ylgamak ýa-da çalt işlemek we ş. m. zerarly kynlyk bilen dem almak.
II. daljygmak→ [Kim]
Ör. Ýegorjyk, onuň bu teklibine garşy boldy, sebäbi ol[Kim] daljygyp, gaty ýadapdy.

**Dalmynmak**

A1 I. dalmynmak 1 **:** Ýalym-ýulum etmek, ýalanyp, tamşanyp durmak.
II. dalmynmak→ [Kim]
Ör. Bir görsem, ol[Kim] dalmynyp oturan eken diyipdir (Özkan, 1999: 305).

A2 I. dalmynmak 1 : Guwançly, arzuwly ýagdaýda bolmak.
II. dalmynmak→ [Kim]
Ör. Dodaklar[Kim] dalmyndy, göwünler şatlykly galkyndy.

**Damjalamak**

A1 I. damjalamak 1 : Damja-damja bolup dammak, .
II. damjalamak→ [Kim]
Ör. Şäheriň yşyklary gijäniň garaňky perdesini ýyrtýardy, ýagyş[Kim] damjalaýar ýol açýana meňzeýärdi.

A2 I. damjalamak 1 : Iki-ýeke damyp, ýagyp başlamak.
II. damjalamak→ [Kim]
Ör. Stansiýa üç werst galanda, ýagyş[Kim] damjalap ugrady.

**Dammak**

A1 I. dammak 1 : Damjalap gaçmak, damja-damja bolup düşmek, damjalamak.
II. dammak→ [Kim]
Ör. Iri-iri ýagyş damjalary[Kim] damyp başlady.

**Dandamak**

A1 I. dandamak 2 : Her bir zady seljermek, tapawut goýmak, saýlamak, saýgarmak.
II. dandamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Işde diýeniň şunuňky ýaly bolaýsa, (ol)[Kim] zat[Ne] dandamasy ýok!

**Daňmak**

A1 I. daňmak 2 : Ýüpüň we ş. m. zatlaryň uçlaryny birleşdirip baglamak, uçlaryny düwmek.
II. daňmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Botinkaň bagyny[Kimi] daňmak

A2 I. daňmak 2 : Bir zady baglap goýmak, berkidip goýmak, iltemek.
II. daňmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Düýäni[Kimi] gazygyna daňmak.

A3 I. daňmak 2 : Daşyny saramak, baglamak.
II. daňmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Duşmanlar[Kim] muny öldir ýaly urup, elini-aýagyny[Kimi] pugta arkasyna daňypdyrlar.

**Daraklamak**

A1 I. daraklamak 2 : Barmaklaryňy içinden geçirip daramak (saç, sakgal we ş. m. hakda).
II. daraklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Salym geçirmän sakgalyny[Kimi] gabarçykly elleri bilen daraklaýardy.

**Daralmak2[da:ralmak]**

A1 I. daralmak 1 : Dar bolmak, öňküsinden kiçelmek, girmek.
II. daralmak→ [Kim]
Ör. Çayın içi[Kim] daralypdyr (TTS).

A2 I. daralmak 1 : Insiz bolmak, kiçelmek (giňişlik barada).
II. daralmak→ [Kim]
Ör. Köynegim[Kim] daralypdyr (TTS).

A4 I. daralmak 1 : (Göçme manyda) darykmak
II. daralmak→ [Kim]
Ör. Baý öýünde giň dünýäsi[Kim] daraldy, igledi-de, günbe-günden saraldy.

**Daramak1**

A1 I.daramak 2 : Darak bilen saça timar bermek, bulaşygyny aýyrmak.
II. daramak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çalşyrdy iş lybasyn, (ol)[Kim] gara saçyn[Kimi] darady.

A2 I. daramak 2 : Darakdan geçirmek, darak bilen tämizlemek.
II. daramak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Çäkmenlik ýüň[Ne] daramak.

**Daramak2[da:ramak]**

A1 I. daramak 1 : Ýakyn aralyga çapyp geçmek (at hakda).
II. daramak→ {Kim}Tamamlayıcı
Ör. At{Kim} darap gidyär (TTS).

A2 I. daramak 2 : Hüjüm etmek, okdurylyp topulmak, çozmak.
II. daramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Olar[Kim] Watany goraýar, ganyma[Kime] gurt dek daraýar.

**Darsyldamak**

A1 I. darsyldamak 1 : Düňk-düňk edip otlukly ýaly ýöremek.
II. darsyldamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] başyny dik tutup, dünýäde gaýşaryp gezmelidir hem öz ýoly bilen darsyldap gitmelidir ( çevrimiçi: http://turkmenkultur.com/menu/ml/t1/ oech. html, 11.3. 2015).

**Darykmak[da:rykmak]**

A1 I. darykmak 1 : Ýüregiňi, içiňi gysdyrmak, gysynmak, gaýgylanmak, gussalanmak.
II. darykmak→ [Kim]
Ör. Men[Kim] nämeden darykýaryn.

**Darytmak[da:rytmak]**

A1 I. darytmak 2 : Ýakyn aralyga at çapdyryp geçmek.
II. darytmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Atlaryny[Kimi] onuň özi[Kim] darydyp görýärdi.

**Daşamak**

A1 I. daşamak 2 : Bir ýerden ikinji bir ýere çekmek, tirmek, äkitmek, eltmek.
II. daşamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Biziň bilen galaý, araba münersiň, (sen)[Kim] arabaly ýüň[Ne] daşarsyň!

**Daşlamak1**

A1 I. daşlamak 2 : Bir zadyň daşyna daş etmek, örtük etmek, jilt etmek.
II. daşlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Kitaby[Kimi] daşlamak (TTS).

**Daşlamak2 [da:şlamak]**

A1 I. daşlamak 2 : Daş zyňmak, daş bilen urmak, daş taşlamak, daş atmak.
II. daşlamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Oglanlar[Kim] ýylany[Kimi] derrew daşlap, taýaklap ýylany öldüripdirler.

A2 I. daşlamak 2 : Daş düşemek, daş bilen örtmek(ýola, geçelgä we ş. m.).
II. daşlamak→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. (Ol) [Kim] ýoly{Kimi} daşlamak (TTS).

**Daşlaşmak1**
A1 I.daşlaşmak 2 : Bir ýerden ýa-da bir zatdan uzaklaşmak, araňy açmak.
II. daşlaşmak→ [Kim],[Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] öýden[Kimden] daşlaşmak (TTS).

A2 I. daşlaşmak 2 : (Göçme manyda) Bir esasy meseleden, esasy temadan uzaga gitmek, çetleşmek.
II. daşlaşmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol) [Kim] öňki pikirinden[Kimden] daşlaşmak

**Daşmak[da:şmak]**
A1 I. daşmak 1 : joşmak
II. daşmak→ [Kim]
Ör. Jomartlyk gazany[Kim] gaýnady daşdy.

**Datlamak [da:tlamak]**
A1 I. datlamak 1 : «Dat, dady-bidat» diýip, gygyryp haraý islemek.
II. datlamak→ [Kim]
Ör. Şol aýdan hüwdileriň, Ýürejigim[Kim] datlaýar (çevrimiçi: http://vk.com /wall -45069907_490 ,11.03.2015.).

**Datmak[da:tmak]**
A1 I. datmak 2 : Tagamyny görmek, duzuny görmek.
II. datmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Çorbanyň tagamyny[Kimi] dadyp görmek

**Dawalaşmak[da:wa:laşmak]**
A1 I. dawalaşmak 2 : Dawa etmek, bir zat dogrusynda jedelleşmek, jenjel turuzmak, galmagal etmek.
II. dawalaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Eýsem biz nätmeli, (ol)[Kim] erbap bilen[Kimle] dawalaşyp bilmeris ahyry!

**Daýamak**
A1 I. daýamak 2 : Bir zadyň gapdalyndan söýeg urmak, direg urmak, paýalamak.
II. daýamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] agaja[Kime] daýamak

A2 I. daýamak ₃ : Iki zady ýykylmazlyk üçin biri-birine söýemek.
II. daýamak→[Kim],[Kimi], [Kime]
Ör. (Ol) [Kim] Haltalary[Kimi] bir-birine[Kime] daýamak

**Daýanmak1**

A1 I. daýanmak 1 : Aýak üstüne galmak, guratlanmak, sagalmak.
II. daýanmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] indi birneme daýandy.

**Daýanmak2**

A1 I. daýanmak 2 : Birine, bir zada bil baglamak, arkalanmak.
II. daýanmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Kakaň hem kakaň welin, (ol)[Kim] öz garyňa[Kime] hem daýanmak gerek.

A2 I. daýanmak 2 : Esas edinmek, esaslanmak.
II. daýanmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] beýik elindäki kanuna[Kime] daýanyp, ýalkasa, ýaz, gargasa, gyş edip bilýär (Gowşudow, 1989: 380).

A3 I. daýanmak 2 : Aýak çekmek, durmak, togtamak, säginmek.
II. daýanmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Biz)[Kim] Şol barmana bir dagyň düýbüne[Kime] baryp daýandyk.

**Daýyrdamak**

A1 I. daýyrdamak 1 : Daýyrdyly ses çykmak.
II. daýyrdamak→ [Kim]
Ör. Atlylar[Kim] daýyrdaýyp geçýärdiler.

**Dazarylmak**

A1 I. dazarylmak 2 : Haýbat atmak, hemle urmak, ýüzüni almak, herrelmek.
II. dazarylmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] Artyga[Kime] gazap bilen dazaryldy.

**Dazlamak**

A1 I. dazlamak 1 : Çalt ýöremek, gaty-gaty ýöräp gitmek, tiz, çalt hereket etmek.
II. dazlamak→ [Kim]
Ör. Dynjyny alan aýy sürüsi[Kim] dazlap geçdi.

A2 I. dazlamak 1 : Sesli, bat bilen zyňlyp gitmek, wazlamak, dazyrdyly ses çykmak.
II. dazlamak→ [Kim]

Ör. Ol[Kim] çeşme beyik uçut gayadan dazlap aşak inyärdi (Gowşudow, 1989: 730).

**Dazzarmak**

A1 I. dazzarmak 1 : Açylyp, somalyp görnüp durmak, ýalaňaç bolup görünmek.
II. dazzarmak→ [Kim]
Ör. Onuň syrylan kellesi[Kim] dazzaryp göründi.

**Debsemek**

A1 I. debsemek 2 : At, eşek we ş. m. ulag münlende, böwrüne aýagyň ökjesi bilen urmak, depmek.
II. debsemek→ [Kim], {Kimi}Tamamlaýyjy
Ör. Atly[Kim] atyny{Kimi} debsedi-de, Sähet golakdan gamçy saldy.

**Degişmek**

A1 I. degişmek 2 : Özara oýun edişip, bälçireşip gürrüň etmek ýa-da bir hereket etmek, wäşilik bilen biri-biriňe söz gatmak.
II. degişmek→ [Kim],[Kimle]
Ör. Begenç adatda gelin-gyzlar bilen[Kimle] sözleşmäge, (ol)[Kim] degişmäge çekinmeýän, wäşi, şowhun bir ýigitdi.

A2 I. degişmek 3 : Çalyşmak, alyşmak.
II. degişmek→ [Kim], [Kimi], [Kimle]
Ör. Men[Kim] kitabymy[Kimi] ýoldaşym bilen[Kimle] degişdim.

A3 I. degişmek 1 : Özgermek, üýtgemek.
II. degişmek→ [Kim]
Ör. Emma häzir ýagdaý üýtgedi, syýasat[Kim] degişdi.

**Degmek**

A1 I. degmek 2 : Bir zat ikinji bir zat bilen galtaşmak, ýanaşmak.
II. degmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Agacyň şahalary[Kim] äpişgä[Kime] degyärdi (TTS).

A2 I. degmek 2 : Atyp ýa-da salyp nyşana we ş. m. galtaşdyrmak, urmak.
II. degmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Iki sany ok[Kim] maşynyň gapdal demrine[Kime] degipdir

A3 I. degmek 2 : Ýokuşmak, sürtülmek.
II. degmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Wepanyň eline[Kime] bir hili ýelmeşik zat[Kim] degdi.

A4 I. degmek 2 : Öz bahasyna, nyrhyna, gymmatyna mynasyp bolmak.
II. degmek→ [Kim], [Kime]

Ör. (Ol)[Kim] Kyrk guzuly goýna[Kime] degip duran mata-da bereýin.

A5 I. degmek 2 : Azar bermek, ynjatmak.
II. degmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Gowusy sen[Kim] maňa[Kime] degme.

A6 I. degmek 2 : (Göçme manyda) Oýun etmek, bälçireşmek.
II. degmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ýöne bu zatlary[Kim] bize[Kime] degip aýdýarsyň-la?

**Degşirmek**

A1 I. degşirmek 2 : Deňeşdirip görmek, garşy goýup barlap görmek.
II. degşirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Iki haty[Kimi] -da degşirip gördüler.

A2 I. degşirmek 2 : Barlamak, derňemek.
II. degşirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Halk rowaýatlaryny[Kimi] ýeterlik degşirip görmändir.

**Delillendirmek[deli:llendirmek]**

A1 I. delillendirmek 2 : Delil getirip subut etmek, delile getirmek, özüçe esaslandyrmak.
II. delillendirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] maglumatlaryn dogrulygyny[Kim] delillendirmek (TTS).

**Delmirmek**

A1 I. delmirmek 1 : Birine zaryn, naýynjar garaýyş bilen seretmek, boýun burup haýyş etmek, iki baka urunmak.
II. delmirmek→ [Kim]
Ör. Ejesi[Kim] delmirip oňa bakypdur, Gizlese-de, gözden ýaşy akyp dur.

**Demikmek**

A1 I. demikmek 1 : Dem tutulmak, bir sebäbe görä demiňi kynlyk bilen , bogulmak, demjikmek.
II. demikmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] demigýär, huşundan gidip sojaýar.

**Demlemek**

A1 I. demlemek 2 : Çäýnege çaý atyp, gaýnan suw guýmak.
II. demlemek→ [Kim], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. Aýjemal[Kim] bir çäýnek çaý{Ne} demläp, onuň öňünde goýdy.

A2 I. demlemek 2 : Demine goýup bişirmek (palaw hakda).
II. demlemek→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] palawy{Kimi} demlepdir.

**Demrikmek**

A1 I. demrikmek 1 : Depelenip ýa-da basgylanyp baslykmak, synçgylanmak, gatalmak.
II. demrikmek→ [Kim]
Ör. Jaýyň garşysyndaky asfalt[Kim] heniz onçakly demrikmändi.

**Deňeşmek**

A1 I. deňeşmek 2 : Biri bilen boýuňy ölçäp görmek, boýuňy deňäp görmek.
II. deňeşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] hiç haçan menim bilen[Kimle] deneşip bilmez (TTS).

A2 I. deňeşmek 2 : Birine taý gelmek, biri bilen barabar boljak bolmak (işde, okuwda we ş. m. ýerlerde).
II. deňeşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Bilbil aldap tutmakda (ol)[Kim] Ýermolaý bilen[Kimle] deňeşip biljek adam ýokdy.

**Deňlemek**

A1 I. deňlemek 2 : Bir zady ikinji bir zat bilen deň etmek, barabar etmek, laýyk etmek, möçberi boýunça meňzeş etmek.
II. deňlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol) [Kim] Terezini[Kimi] deňlemek

A2 I. deňlemek 2 : Birini ikinji biri bilen bir hatarda tutmak.
II. deňlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Mele[Kim] ýorga oba tarap başy öwrülenden soň, gulaklaryny[Kimi] deňledi.

**Depmek**

A1 I. depmek 2 : Toýnak salmak (mal barada) ; aýagyň bilen urmak (adam barada).
II. depmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eşek semrese, eýesini[Kimi] deper.

A2 I. depmek 2 : Ýeri pil bilen agdarmak, agdaryp bejermek.
II. depmek→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] yeri{Kimi} depmek

A3 I. depmek 2 : (Göçme manyda) Ulagy çalt sürmek, çapmak, at salmak.
II. depmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Meret[Kim] derrew ol iňňildi sesiň çykan ýerine ýabysyny[Kimi] depdi.

A4 I. depmek 1 : Tüpeň göçende, bady yzyna urmak.
II. depmek→ {Kim}Tamamlayıcı

Ör. Ýok, sen atyp bilmersiň, bu tüpeň{Kim} gaty depýär.

**Depelemek**

A1 I. depelemek 2 : Aýak bilen döweläp, basgylap baslykdyrmak, berkitmek, gataltmak.
II. depelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Wepa[Kim] döläni[Kimi] ätiýaçsyz depeleýärdi.

A2 I. depelemek 2 : (Göçme manyda) Äsgermezlik edip ezýet bermek, zulum etmek, sütem etmek, horlamak.
II. depelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] başlykdyryn diýen bolup, adamyny[Kimi] äsgermän, depeläp ýörmeli däl ahyry.

**Depeşeklemek**

A1 I. depeşeklemek 1 : Birsyhly aýak bilen depýän ýaly hereket etmek.
II. depeşeklemek→ [Kim]
Ör. Italmaz[Kim] depeşekläp, nadaralyk edýär.

**Depgilemek**

A1 I. depgilemek 2 : Aýak bilen basgylamak, depelemek, depmek.
II. depgilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýaş ekinleri[Kimi] depgilemek bolmaz.

A2 I. depgilemek 2 : (Göçme manyda) Azar bermek, zulum, sütem etmek, horlamak, ezmek.
II. depgilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Mugthorlary[Kimi] depgiläp, gam laýyna batyrdyň.

**Depirjiklemek**

A1 I. depirjiklemek 1 : Aýak bilen yzly-yzyna depeşeklemek, çalt hereket edip ýöremek.
II. depirjiklemek→ [Kim]
Ör. Işe göýdük üsti ýükli eşegim[Kim] depirjikläp batly-batly ýörýärdi.

**Depjemek**

A1 I. depjemek 2 : Geýimlik matanyň ýa-da geýimiň ýyrtylan ýerini, gyrasyny biri-birine ýabşyryp, gapjap tikmek.
II. depjemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gyzlar[Kim] tikinleri[Kimi] depjemegiň tärleri bilen tanyş bolýardylar.

**Depremek**

A1 I. depremek 1 : Tutanýerli, gujurly hereket etmek, ýapyşmak.
II. depremek→ [Kim]

Ör. Ol[Kim] heniz başyna irişme, arkasyna howut degmedik tez mal ýaly depredi.

**Derdinmek**

A1 I. derdinmek **1** : Öz derdiňi birine aýtmak, içiňi dökmek, zeýrenmek.
II. derdinmek→ [Kim]
Ör. Biz[Kim] derdinirdik.

**Dereklemek**

A1 I. dereklemek **2** : Birini ýa-da bir zady gözlemek, yzarlamak, idemek.
II. dereklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýitiren zadyňy[Kimi] derekledi.

**Derjikmek**

A1 I. derjikmek **1** : Çala derlemek, çygjarmak.
II. derjikmek→ [Kim]
Ör. Bugdaýreňk ýüzü[Kim] derjigedi.

**Derjiremek**

A1 I. derjiremek **1** : Sähelçe derlemek, çyg çykmak.
II. derjiremek→ [Kim]
Ör. Maňlaýyny[Kim] derjirädi.

**Derlemek**

A1 I. derlemek **1** : Der çykarmak, endamyňa der, çyg çykmak.
II. derlemek→ [Kim]
Ör. Uzak ýoly ýören adamlar[Kim] burçak-burçak derleýärdi.

A2 I. derlemek **1** : (Göçme manyda) Bir zadyň üstünde köp zähmet çekmek.
II. derlemek→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Mazalyja derlemeseň iş bitmez.

A3 I. derlemek **1** : (Göçme manyda) Çyg, nem bilen üsti, ýüzi örtülmek.
II. derlemek→ [Kim]
Ör. Aýnanyň ýüzi[Kim] derleýär.

**Derňemek**

A1 I. derňemek **2** : Bir işiň dogrudygyny we kanunalaýyk gelýändigini barlamak, barlag etmek.
II. derňemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] kassany[Kimi] derňemek

A2 I. derňemek **2** : Ylmy taýdan öwrenmek.
II. derňemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] fiziki jisimleriň hereketiniň kanunlaryny[Kimi] derňäpdir.

**Derslemek**

A1 I. derslemek 2 : Ýeriň mesligini ýokarlandyrmak üçin ders dökmek.
II. derslemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol) [Kim] Ýerleri[Kimi] derslemek işi gutardy.

**Dertlemek**

A1 I. dertlemek 1 : Düýpli kesele uçramak, kesellemek.
II. dertlemek→ [Kim]
Ör. İt[Kim] dertlepdir.

**Dertleşmek**

A1 I. dertleşmek 2 : Biri-biriňe derdiňi, aladaňy aýdyşmak, içiňi döküşmek, derdinişmek.
II. dertleşmek→[Kim], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] biri bilen[Kimle] dertleşere özi ýaly bir adam tapdy.

**Desselemek**

A1 I. desselemek 2 : Desse edip bogmak, desse etmek, desse baglamak, desse-desse edip goýmak.
II. desselemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gülü[Kimi] dessele-de sen[Kim] ysga, Täze durmuş gülüň bar.

**Deşmek**

A1 I. deşmek 2 : Deşik etmek, deşik açmak.
II. deşmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Suw[Kim] aşak urup böwedi[Kimi] deşdi-de, ýüzüniň ugruna şaggyldap gitdi.

**Däbşeneklemek**

A1 I. däbşeneklemek 1 : Ýatan ýeriňde aýaklaryňy dumly-duşa uzadyp hereket etmek, däbşeklemek.
II. däbşeneklemek→ [Kim]
Ör. Indi bu ýaşdan soň şeýdip (ol)[Kim] däbşenekläp ýatmak saňa-ha gelşenok.

**Däliremek**

A1 I. däliremek 1 : Psihiki we ruhy taýdan bozulmak, nähoşlamak.
II. däliremek→ [Kim]
Ör. Ol adam[Kim] däliripdir.

A2 I. däliremek 1 : (Gepleşik dili) Akyldan azaşmak, akyly ýitirmek, tentek bolmak, akylsyzlyk etmek.
II. däliremek→ [Kim]
Ör. Bä, kaka, sen[Kim] däliredińmi?

**Dänelemek**

A1 I. dänelemek **1** : Däne görnüşini almak, başlap ugramak, baş getirmek.
II. dänelemek→ [Kim]
Ör. Bugdaý[Kim] dänelep başlapdyr (TTS).

**Dänjiremek**

A1 I. dänjiremek **1** : Bolelin zadyň içinde her bir zada göwnüýetmezçilik etmek, aýnamak.
II. dänjiremek→ [Kim]
Ör. (Sen) [Kim] Dänjiremek näme gerek?

**Dänmek**

A1 I. dänmek **2** : Bir işi etmäge söz berip, soňra boýuntowlamak, boýun gaçyrmak, beren sözüňden dönmek.
II. dänmek→ [Kim], {Kimden}Tamamlayıcı
Ör. Mert adam[Kim] hiç wagt sözünden{Kimden} dänmez.

**Digdeneklemek**

A1 I. digdeneklemek **2** : Sowukdan ýaňa üşäp titremek, üşäp ýa-da üşüdip sandyraklamak.
II. digdeneklemek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] sowukdan[Kimden] ýaňa digdeneklemek (TTS).

**Digirdemek**

A1 I. digirdemek **1** : Bir zat sebäpli endam-janyňda maýdaja digir peýda bolmak, sandyramak.
II. digirdemek→ [Kim]
Ör. Ahmediniň endam-jany[Kim] digirdäp gitdi.

**Diglemek**

A1 I. diglemek **1** : Garaşylmadyk täsir netijesinde endamyňdan sowuk suw guýlan ýaly bolmak, endamyň tikeneklemek.
II. diglemek→ [Kim]
Ör. Onuň endamy[Kim] digledi.

**Dikanlamak[dika:nlamak**]

A1 I. dikanlamak **1** : Birine ýa-da bir za da gönüläp nazar dikmek, gönülemek, dogrulamak, dikarynlamak.
II. dikanlamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] dikanlap gaýta gaýta seretdi.

**Dikelmek**

A1 I. dikelmek **2** : Ýeriňden galmak, ýeriňden turmak.
II. dikelmek→ [Kim], [Kimden]

Ör. Oglan[Kim] birden tisgindi we ýeriňden[Kimden] dikeldi.

A2 I. dikelmek 1 : Boýuna ösmek, beýgelmek.
II. dikelmek→ [Kim]
Ör. Jaýyň gurluşygy gowy gidýäni üçin, gün-günden boýy[Kim] dikelýär.

**Dikgermek**

A1 I. dikgermek 1 : Keýpiň kök bolup, başyňy ýokary tutmak; hekgermek.
II. dikgermek→ [Kim]
Ör. Meniň gözüm ýitelip, başym[Kim] dikgerdi.

**Dikgirdemek**

A1 I. dikgirdemek 1 : Çalt hereket edip ýöremek, dikgirdili ýöremek (eşek barada).
II. dikgirdemek→ {Kim}Tamamlayıcı
Ör. Eşek{Kimi} dikgirdep gidiberdi.

**Dikleşmek**

A1 I. dikleşmek 1 : Art aýaklarynyň üstüne galyp garpyşmak.
II. dikleşmek→ [Kim]
Ör. Uruşýan itler[Kim] dikleşip, biri-birine agyz saldylar.

A2 I. dikleşmek 2 : Ýüzbe-ýüz bolup sögüşmek, aýdyşmak, dawalaşmak.
II. dikleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Men[Kim] iň soňunda onuň bilen[Kimle] dikleşmäge mejbur boldum.

**Dikmek**

A1 I. dikmek 3 : Ýere oturtmak, dik edip düýbüni ýere gömmek, dikip goýmak, oturtmak.
II. dikmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Pürsi[Kimi] ýere[Kime] dikmek (TTS).

A2 I. dikmek 2 : Gurmak, salmak.
II. dikmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Olar)[Kim] Bu gün çatma[Ne] dikmek hem başga işler bilen meşgul boldular .

**Dilemek**

A1 I. dilemek 2 : Birinden bir zat sorap ýüz tutmak, dileg etmek.
II.dilemek→ [Kim], [Ne]
Ör. Artyk Eziz[Kim] hanyňkydan dolanyp gelenden soň, baýtal[Ne] dilemek bahanasy bilen Meretlere bardy.

A2 I. dilemek 2 : Arzuw etmek, islemek.
II. dilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Ýumşa gideniň eglenip gelenini[Kimi] dile.

A3 I. dilemek 2 : Satyn almak üçin bahalaşyp, öz kesgitlän bahaňy aýtmak.
II. dilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň bazara çykaran keçesini[Kimi] dilemedi.

**Dillenmek**

A1 I. dillenmek 1 : Bir zat barada aýdyp bilmän ýören pikiriňi mälim etmek, söz açmak.
II. dillenmek→ [Kim]
Ör. Bahar[Kim] dillenmedik hem bolsa, Gözel eje onuň ýüzünde igenç alamatlaryny gören bolmaga çemeli.

**Dilleşmek**

A1 I. dilleşmek 1 : Biri bilen bir zat barada öňünden konkret pikire gelmek, wadalaşmak.
II. dilleşmek→ [Kim]
Ör. Olar ikisi[Kim] dilleşipdirler (TTS).

**Dilmek**

A1 I. dilmek 2 : Dilim-dilim edip kesmek.
II. dilmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] kak[Ne] dilmek (TTS).

A2 I. dilmek 2 : Dilik açmak, ýirmek.
II. dilmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Saldamly gamçy[Kim] ýaş ýigidiň ýuka köýnegini[Kimi] dilip geçdi.

**Diňirgemek**

A1 I. diňirgemek 1 : Bir zat hakda böwrüňi diňlemek, pikir etmek.
II. diňirgemek→ [Kim]
Ör. Berdi aga[Kim] diňirgep, hat getireniň ýüzüne seredip durdy.

**Diňlemek**

A1 I. diňlemek 2 : Gulak salmak, eşitmek.
II. diňlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] goşgy[Kimi] diňlemek (TTS).

A2 I. diňlemek 2 : Bir gürrüňe gizlin gulak asmak, diň salmak, diňşirgäp gulak asmak.
II. diňlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol adam[Kim] biziň ogryň gürrüňimizi[Kimi] diňlepdir (TTS).

A3 I. diňlemek 2 : (Göçme manyda) Biriniň aýdan-diýenine gulak asmak, makul bilmek.
II. diňlemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Ol) [Kim] Ululарыň aýdanyny[Kimi] diňlemek (TTS).

**Diňmek**

A1 I. diňmek **1** : Aglamagyny bes etmek, sesi kesilmek, sesini goýmak.
II. diňmek→ [Kim]
Ör. Men henize çenli ony elime alan adam däl, özi aglap, özi[Kim] diňer.

A2 I. diňmek **1** : Bes etmek, kesilmek, gutarmak.
II. diňmek→ [Kim]
Ör. Ýagyş[Kim] diňdi.

**Diňşirgemek**

A1 I. diňşirgemek **2** : Bir ýerden çykýan sesi aňşyrjak bolup gulak asmak.
II. diňşirgemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] möjek sesine[Kime] diňşirgemek (TTS)

**Direlmek1[di:relmek]**

A1 I. direlmek **1** : Jan gelmek, jan girmek, janlanmak (janly zatlar hakda).
II. direlmek→ [Kim]
Ör. Ynanman duramok weli, gury agaj janlandy ölen[Kim] direldi.

A2 I. direlmek **1** : Öňki kaddyna gelmek, öňki derejesine ýetmek, dikelmek.
II. direlmek→ [Kim]
Ör. Täzeden direldi seniň ruhuň[Kim].

A3 I. direlmek **1** : Agyr keselden açylyp sagalmak, ölümiň gyrasyndan gaýtmak.
II. direlmek→ [Kim]
Ör. Mazaly, Çary aga[Kim] direläýdi -- diýşip, bir goýun soýup, toý edip, obany-da çagyrdylar.

**Direlmek2[di:relmek]**

A1 I. direlmek **2** : Direg bolmak, daýalmak, söýget bolmak, söýelmek.
II. direlmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Içine sulfat gapgarylan kagyz haltalar[Kim] biri-birlerine[Kime] direlip goýlupdyr.

A2 I. direlmek **2** : Bir zadyň ujy ikinji bir zada degip durmak, degmek, dürtülmek.
II. direlmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Halnazar[Kim] sandyrady, ýokaryk galdyran kepjesi kem-kemden aşak indi, ýere[Kime] direldi.

A3 I. direlmek **2** : Ünsi dikilmek, nazar düşmek, göz öňüne gelmek, seredilmek.

II. direlmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Artygyň gözüniň öňüne[Kime] birdenkä üýtgeşik bir ýagdaý[Kim] gelip direldi.

**Diremek[di:remek]**

A1 I. diremek 2 : Bir zady saklamak üçin söýeg, direg urmak.
II. diremek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gapyny[Kimi] tagta[Kim] direp yapmak (TTS)

A2 I. diremek 3 : Söýenmek, daýanmak üçin eliňi ýa-da başga bir ýeriňi ikinji bir zada urmak.
II. diremek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] çep elini[Kimi] tamyň diwaryna[Kime] diräp, gapa tarap ugrady.

A3 I. diremek 3 : Gezemek, çenemek.
II. diremek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Duşman[Kim] özüniň ganly hanjaryny[Kimi] Watanyň bagryna[Kime] dirän wagty, gorkunç howpuň Watanyň üstüne abanan wagty, Wepa ýaly gujurly ýigitler heý durup bilermi!

**Diskriminirlemek**

A1 I. diskriminirlemek 2 : Hukuklylygy çäklendirmek, deň hukuklylykdan mahrum etmek.
II. diskriminirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ukrainada bolsa Rusça gepleýänleri[Kimi] diskriminirlemek ýokary derejede amala aşyrylýar (çevrimiçi: http://wap.ertir. com/ index.php?q=blog&view=82625, 12.03.2015.)

**Dişemek[di:şemek]**

A1 I. dişemek 2 : Oragyň, arynyň we ş. m. ýüzüni ýörite gural bilen diş-diş etmek, dişlerini ýiti etmek, diş çykarmak.
II. dişemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ussa[Kim] kümesine baryp, getirilen pyçaklary taplamak, oraklary[Kimi] dişemek ýaly işler bilen meşgul boldy.

**Dişlemek[di:şlemek]**

A1 I. dişlemek 2 : Agyz salyp, dişiňi geçirmek, ýaralamak.
II. dişlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Käte itler, käte gurtlar[Kim] ony[Kimi] dişledi.

A2 I. dişlemek 2 : Dişiň bilen bölüp almak, iýmek; dişiň bilen tutmak.
II. dişlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] çöregi[Kimi] dişlep almak (TTS)

**Diýmek1**

A1 I. diýmek 3 : Birine bir zat aýtmak, habar bermek, duýdurmak.
II. diýmek→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. Ol[Kim] mana[Kime] hiç zat[Ne] diymedi (TTS).

**Doganlaşmak**

A1 I. doganlaşmak 1 : Doganlyk aragatnaşygynda bolmak, dogan bolmak, dogan okuşmak.
II. doganlaşmak→ [Kim]
Ör. Doganlaşdy Rus[Kim], Türkmen birleşip, bolşewigin berýen peýdesi şudur.

**Dogmak**

A1 I. dogmak 1 : Eneden bolmak, dünýä inmek.
II. dogmak→[Kim]
Ör. Mollanepes[Kim], takmynan, 1810-njy ýylda Saragt sebitlerinde eneden dogupdyr.

A2 I. dogmak 1 : Peýda bolmak, görünmek, çykmak, ýüze çykmak.
II. dogmak→ [Kim]
Ör. Dogdy Watanmyzyň ýaşmasyz Aýy[Kim], Ýalpyldap şöhlesi artýar günsaýy.

**Dogralmak1**

A1 I. dogralmak 1 : Dogry bolmak, gönelip durmak, göni bolmak, gönelmek.
II. dogralmak→ [Kim]
Ör. Ýol[Kim] dograldy.

**Dogramak**

A1 I. dogramak 2 : Kesip böleklemek, bölek-bölek etmek, tike-tike etmek.
II. dogramak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] et[Ne] dagrady.

**Dogrulamak**

A1 I. dogrulamak 2 : Dogry etmek, gönülemek.
II. dogrulamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] simi[Kimi] dogrulady.

A2 I. dogrulamak 3 : Nyşana almak, çenemek.
II. dogrulamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Mergen[Kim] tüpeňini[Kimi] oturan guşa[Kime] dogrulap atdy.

A3 I. dogrulamak 1 : Bir zada gönüläp gitmek, dogry gitmek.
II. dogrulamak→ [Kim]

Ör. (Ol)[Kim] Käbir ýerde gorkman, dogrulady, käýerde hem ýoldan çykman sürdi.

**Dogumlanmak**

A1 I. dogumlanmak 1 : Dogumly bolmak, ýürekli bolmak, batyr bolmak, gujurlanmak, gaýratlanmak.
II. dogumlanmak→ [Kim]
Ör. Bu sölperip ýörmegiňi taşla, (sen)[Kim] dogumlan, sen hem bir hepbelije bol!

**Dogurmak**

A1 I. dogurmak 2 : Dünýä indirmek, guzlamak, çagalamak.
II. dogurmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ejem[Kim] pahyr hem bir pälwan ogul[Ne] dograýmandyr.

A2 I. dogurmak 2 : Günüň çykmagyna garaşmak.
II. dogurmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Güni[Kimi] ýolda dograly--diýip, jogap beripdir.

**Dokamak**

A1 I. dokamak 2 : Çitip ýa-da erişden argaç geçirip taýýar etmek, häzirlemek, öndürmek (haly, mata we ş. m. hakda).
II. dokamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] uzak gijesi gulaç[Ne] dokardy.

**Dolamak**

A1 I. dolamak 3 : Daşyna aýlap daňmak, daşyna saramak, oramak.
II. dolamak→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Aýagyna[Kime] dolak[Ne] dolady.

A2 I. dolamak 3 : Bir zadyň daşyny örtüp daňmak, baglamak, üstüni örtmek.
II. dolamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] hatlaryny[Kimi] ýüpek ýaglyga[Kime] dolap saklaýardy.

A3 I. dolamak 3 : Yzyna gaýtarmak, yzyna tarap öwürmek.
II. dolamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Çapan[Kim] sürini[Kimi] yzyna[Kime] dolady.

A4 I. dolamak 3 : (Göçme manyda) Bir tarapa sowmak, äheňini üýtgetmek.
II. dolamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Gürrüňi[Kimi] ekerançylyk meýdanyna baka[Kime] doladylar.

**Dolaşmak**

A1 I. dolaşmak 2 : Biri-biriniň boýnuna gol salmak, çyrmaşmak, gujaklaşmak.
II. dolaşmak→ [Kim], [Kime]

Ör. Tatýanan boýnuna[Kime] dolaşýar gollar[Kim], göýe dyrmyşan dek renbe ren güller.

A2 I. dolaşmak 2 : (Göçme manyda) Aldawa düşmek, aldanmak, çolaşmak.
II.dolaşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ahyr zalym baýlaryň dolaşdyň sen[Kim] duzagna[Kime].

**Dolmak[do:lmak]**

A1 I. dolmak 2 : Içine salnyp, agzyna, erňegine çenli gelmek, püre-pür bolmak.
II. dolmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] bir ýaşçigi[Kimi] dolyp iberdim.

A2 I. dolmak 1 : Ýygnanmak, üýşmek, toplanmak.
II. dolmak→ [Kim]
Ör. Az salymdan soň meýdan[Kim] adamdan doldy.

A3 I. dolmak 2 : Ýerine ýetmek, berjaý bolmak.
II. dolmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ençe bagt garankyda gezdiniz, täze durmuş[Kim] öýüne[Kime] dolmaly gündür.

A4 I. dolmak 2 : Ýaýramak, tutmak.
II. dolmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Dokuz aý bolanda, bir ogluň bolsun, Onuň batyr ady[Kim] äleme[Kime] dolsun.

A5 I. dolmak 1 : Boý almak, boýy-ini ýetmek.
II. dolmak→ [Kim]
Ör. Aý[Kim] dolýar giň äleme şöhle seçýärdi.

**Dommarylmak**

A1 I. dommarylmak 1 : Doňan, doňdurylan ýaly bolmak, tüňňerilmek.
II. dommarylmak→ [Kim]
Ör. Bu sözden soň Gylyç Gajarow az salym sesini çykarman, kellesini sypalap, kesilýän äpet toraňňynyň töňňesi ýaly (ol)[Kim] dommarylyp oturdy.

**Doňmak**

A1 I. doňmak 1 : Buza öwrülmek, buz bolmak, buz halyna geçmek.
II. doňmak→ [Kim]
Ör. Suw[Kim] doňupdyr.

A2 I. doňmak 1 : Gaty üşemek.
II. doňmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] doňupdyr haw, geplemäge agzy ysanok.

A3 I. doňmak 1 : Sowap gatamak, yzgary gidip gatamak, berkemek.
II. doňmak→ [Kim]
Ör. Eýýäm ýer[Kim] doňupdyr.

A4 I. doňmak 1 : Hereket edip bilmän galmak, gymyldap bilmän durmak, gatap galmak.
II. doňmak→ [Kim]
Ör. Nätanyş gür agaçlyga seretdi-de, (ol)[Kim] doňup galdy.

**Dostlaşmak[do:stlaşmak]**

A1 I. dostlaşmak 2 : Biri bilen dost bolmak, dostluk aragatnaşygyny açmak.
II. dostlaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Çaga[Kim] başga jynsdan bolan çagalar bilen[Kimle] dostlaşypdyr.

**Doýmak**

A1 I. doýmak 1 : Doýýançaň iýmek, geregiňçe iýmek, mazaly naharlanmak.
II. doýmak→ [Kim]
Ör.Kaştanka örän kän iýdi, emma weli (ol)[Kim] doýmady, ýöne nahar iýmekden melul boldy.

A2 I. doýmak 1 : Baý bolmak, baýlaşmak.
II. doýmak→ [Kim]
Ör.Dok, çaýkanman, aç[Kim] doýmaz.

A3 I. doýmak 1 : (Göçme manyda) Görüp ganmak, kanagatlanmak.
II. doýmak→ [Kim]
Ör. Suratyňy gördüm, gözüm[Kim] doýanok, Basmasam bagryma, ýürek goýanok.

A4 I. doýmak 2 : (Göçme manyda) Bizar bolmak, irmek, ýadamak, armak.
II. doýmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Men[Kim] ondan[Kidenm] tüýs doýdum.

**Doýgunlaşmak**

A1 I. doýgunlaşmak 1 : Doýgun bolmak, ýeterlikli ganyşmak.
II. doýgunlaşmak→ [Kim]
Ör. Adamyň gyzyl gan bedenjikleriniň möçberi-de, formasy-da[Kim] gemoglobiniň kisloroddan has doly we çalt doýgunlaşmagyny üpjün edýär.

**Dökmek**

A1 I. dökmek 3 : Bir zady bir ýere guýmak, agdarmak.
II. dökmek→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Üstüne[Kime] çaý[Ne] dökermi, suwa ýykylarmy, garaz bilemok.

A2 I. dökmek 3 : Saçmak, ýaýratmak, örtmek.
II. dökmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Günüň joşgunly çogy[Kim] bütin gözýetime[Kime] kümüş nuruny[Kimi] heniz bolluk bilen dökýärdi.

A3 I. dökmek 3 : Sepmek, pytratmak, dargatmak, ýaýratmak.
II. dökmek→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. Mahmal ýaly mylaýym meýdanda seýalkalar[Kim] hatara[Kime] tohum[Ne] dökýärdi.

A4 I. dökmek 3 : Silkip gabyň içindäkini aýyrmak, boşatmak.
II. dökmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] bugdaýly çuwaly[Kimi] göterip, gapanda çekip, ammara[Kime] dökerdi.

A5 I. dökmek 2 : Bir zadyň içini barlamak, bir zat agtarmak, gözlemek.
II. dökmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Içerini[Kimi] döküp çykmak.

A6 I. dökmek 1 : Deşilenligi ýa-da zaýalananlygy zerarly akmak, suwuklyk goýbermek.
II. dökmek→ [Kim]
Ör. Çelek[Kim] birneme dökýär.

A7 I. dökmek 2 : Akdyrmak, saçmak (ýaş, gan hakda).
II. dökmek→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] gözyaşy{Kimi} dökdü.

**Döllemek**

A1 I. döllemek 1 : Döle durmak, goýun, geçi guzlap başlamak.
II. döllemek→ [Kim]
Ör. Bu ýaşuly çopanyň sürüsi[Kim] Gamakly oýy diýen ýerde dölleýärdi.

A2 I. döllemek 1 : Hasyla durmak, düwüp hasyl berip başlamak (gawun, garpyz, hyýar we ş. m. gaýtalap düwýän ekinler barada).
II. döllemek→ [Kim]
Ör. Garpyz[Kim] ýazda döller.

**Dömmek**

A1 I. dömmek 1 : Bedeniň içinden döräp, çişip çykmak, iriňläp ýarylmak, çişip ýarylmak.
II. dömmek → [Kim]
Ör. Onuň aýagy[Kim] dömüpdir.

A2 I. dömmek 1 : (Göçme manyda) Birden içiňi dökmek, pikir edip ýörän zadyňy aýtmak.
II. dömmek→ [Kim]
Ör. Ahyry durup bilmän, ol ýigit[Kim] dömdi.

**Dönmek[dö:nmek]**

A1 I. dönmek 2 : Bir tarapyňdan beýleki tarapyňa öwrülmek, dolanmak, agdarylmak, düňderilmek.
II. dönmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] leňňeç ýaly derrew beýleligine[Kime] döndi.

A2 I. dönmek 2 : Yzyna gaýtmak, yzyna öwrülmek.
II. dönmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Men)[Kim] Söweşden[Kimden] dönmerin, kasam içýärin.

A3 I. dönmek 2 : Bir zada öwrülmek, bir zada meňzemek.
II. dönmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ertekidäki dek belent çäç önýär, Gün düşende, ol[Kim] çäç altyna[Kime] dönýär.

**Döremek**

A1 I. döremek 1 : Täze bir zat emele gelmek, peýda bolmak, ýüze çykmak, hasyl bolmak.
II. döremek→ [Kim]
Ör. Türkmen halkynyň ykdysady-syýasy we medeni taýdan ymykly ösmegine mümkinçilikler[Kim] döreýär.

A2 I. döremek 1 : Dünýä inmek, eneden bolmak, dogulmak, dogmak.
II. döremek→ [Kim]
Ör. Şu obada döräp, şunda ösen gyz[Kim].

**Dörmek[dö:rmek]**

A1 I. dörmek 2 : Eýläk-beýläk peşemek, gorjap garyşdyrmak, gorjamak.
II. dörmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýeri[Kimi] dörmek üçin kätmenden peýdalanypdyrlar.

A2 I. dörmek 2 : Bir zadyň içini döküp gözlemek, agtarmak.
II. dörmek→[Kim], [Ne]
Ör. Dolmaz petekeleriniň ýesiri bolan towuklar[Kim] demir dyrnaklary bilen tezek[Ne] dörýärler.

**Döwmek**

A1 I. döwmek 2 : Egip, egreldip, büküp ýa-da bir ýere güýçli urup böleklere bölmek, bölek-bölek etmek, syndyrmak.
II. döwmek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Seresap bol, (sen)[Kim] eliňdäki gapyrjagy[Kimi] döwme!

A2 I. döwmek 2 : Uşatmak, maýdalamak, ýarmak, owratmak.
II. döwmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Gant[Ne] döwmek.

A3 I. döwmek 2 : Üwemek, owratmak.
II. döwmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Et[Ne] döwmek.

A4 I. döwmek 2 : Gabykdan arassalamak (döwek, miwe hakda).
II. döwmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Biz[Kim] hem harmanlarmyzy[Kimi] maşynda döwüp , senagat döwrüni guralyn, ýaşlar!

A5 I. döwmek 2 : Beden süňkleriň bir ýeri synmak.
II. döwmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eşekden ýykylyp, (ol)[Kim] elini[Kimi] döwüpdir.

A6 I. döwmek 2 : Sandan çykarmak, bozmak, zaýalamak.
II. döwmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Adamlar horlanarlar: (olar)[Kim] maşynlaryny[Kimi] döwerler, suwlarynyň hemmesini içerler! -- diýip oýlandym.

**Döwnemek**

A1 I. döwnemek 2 : Bir zadyň üstünde köp urunmak, köp gaýtalamak, lenç etmek.
II. döwnemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] ony[Kimi] döwnedi.

**Döwümlemek**

A1 I. döwümlemek 2 : Döwüm-döwüm etmek, bölek-bölek döwmek, uşatmak, maýdalamak.
II. döwümlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] äýnegiň saplaryny[Kimi] döwümledi.

**Döwüşmek2**

A1 I. döwüşmek 2 : (Gepleşik dili) Uruşmak, söweşmek, çaknyşmak.
II. döwüşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Döwüşseň, (sen)[Kim] mert bilen[Kimle] döwüş, Namardy kowujy bolma!

**Dözmek**

A1 I. dözmek 2 : Birehim bolmak, rehimsizlik etmek, göz gyýmak, nebsiň agyrmazlyk.

II. dözmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Siz[Kim] neneň meni şoňa bermäge[Kime] dözjek.

A2 I. dözmek 2 : Çydam etmek, döz gelmek, çydamak.
II. dözmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Mydam sen diýp gezerin, (men)[Kim] Jebriňe[Kime] -de dözerin.

**Dulamak[du:lamak]**
A1 I. dulamak 2 : Dolamak, büremek, örtmek, çolamak.
II. dulamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Argyn günüň şöhleleri[Kim] kä bulutlary[Kimi] dulaýar.

A2 I. dulamak 2 : Jaýlamak, ýerlemek (ölen adam hakda).
II. dulamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Siz)[Kim] Iň soňunda öz doganlaryňyzy[Kimi] öz eliňiz bilen dulaň!

**Dumanlamak[duma:nlamak]**
A1 I. dumanlamak 1 : Duman gurşap almak, duman örtmek, duman büremek.
II. dumanlamak→ [Kim]
Ör. Howanyň ýüzi[Kim] dumanlap, jahan, gapyşan ýaly boldy.

A2 I. dumanlamak 1 : (Göçme manyda) Garaňkyramak, ümezlemek (göz hakda).
II. dumanlamak→ [Kim]
Ör. Gözümiň öňi[Kim] dumanlapdur.

A3 I. dumanlamak 1 : (Göçme manyda) Garjaşmak,bulaşmak(pikir hakda).
II.dumanlamak→ [Kim]
Ör. Onuň kellesi[Kim] dumanlap durdy.

**Durguşmak**
A1 I. durguşmak 1 : Ençeme wagt durup arassalanmak, durup durlanmak.
II. durguşmak→ [Kim]
Ör. Şerap[Kim] durguşupdur, ol ony gülli käsä guýup, hormat bilen hödürledi.

A2 I. durguşmak 2 : Ýaşyň bir çene barmak, gartaşmak.
II. durguşmak→ [Kim]
Ör. Adamyň ýaşy[Kim] durguşdy.

**Durlamak**
A1 I. durlamak 2 : Suwuklyklary hapadan arassalamak, hapadan saplamak, dury görnüşine getirmek.
II. durlamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Bedreläp alnan suw laý bolandygy üçin, (olar)[Kim] suwy[Kimi] durlamaga goýdular.

**Durmak**

A1 I. durmak 1 : Aýak çekmek, saklanmak, togtamak.
II. durmak→ [Kim]
Ör. Sagat[Kim] birden durdy (TTS).

A2 I. durmak 2 : Aýak üstüne galmak, dim-dik ýagdaýda bolmak, dikelmek.
II. durmak → [Kim], [Kimde]
Ör. Onuň ýigitleri[Kim] meýdanyň bir çetinde[Kimde] durdular.

A3 I. durmak 2 : Bir ýerde ýerleşmek, bar bolmak.
II. durmak → [Kim], [Kimde]
Ör. Maşyn[Kim] garajda[Kimde] durýar (TTS).

A4 I. durmak 2 : Bir käre eýe bolmak, bir wezipäniň başynda bolmak, bir guramanyň agzasy bolmak.
II. durmak → [Kim], [Kimde]
Ör .Häkimiýet başynda[Kimde] işçiler we daýhanlar[Kim] durýarlar.

**Duruzmak**

A1 I. duruzmak 2 :Dik, wertikal ýagdaýda goýmak, saklap bilmek.
II. duruzmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Taýagy[Kimi] barmagyň üstünde dik durzup bilmek.

**Duşaklamak**

A1 I. duşaklamak 2 : Duşak salmak, duşak bilen aýaklaryny baglamak.
II. duşaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Eşegi[Kimi] duşaklamak.

**Duşmak[du:şmak]**

A1 I. duşmak 2 : Birine duş gelmek, sataşmak, gabat gelmek.
II. duşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Eziz[Kim] şol günüň ertesi Nyýazbege[Kime] duşdy.

A2 I. duşmak 2 : Bir ýagdaýa sezewar bolmak, duçar bolmak, uçramak.
II. duşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] bela betere[Kime] duşdu.

A3 I. duşmak 2 : Gabat gelmek, şowuna düşmek.
II. duşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] örän gowy sözlüge[Kime] duşdum (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/hvo16495/,13.03.2015.)

**Duýmak**

A1 I. duýmak **2** : Öňünden bilmek, aňmak.
II. duýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] ejizleýändigimi[Kimi] tiz duýdum.

A2 I. duýmak **2** : Syzmak. Agyryny duýmak.
II. duýmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Onuň teni[Kim] zat[Ne] duýanok (TTS).

**Duzaklamak**

A1 I. duzaklamak **2** : Duzaga salmak, duzakda saklamak.
II. duzaklamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Biz)[Kim] Çürçüri tutmak üçin oňa[Kime] duzakladyk.

A2 I. duzaklamak **2** : (Göçme manyda) Hile gurmak, mekirlik etmek.
II. duzaklamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Duşmanlar[Kim] bütin töwerege[Kime] duzakladylar.

**Duzlamak[du:zlamak]**

A1 I. duzlamak **2** : Tagamlyk üçin duz sepmek.
II. duzlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Böreklik eti[Kimi] duzlamak.

A2 I. duzlamak **2** : Duza ýatyrmak, duza basmak.
II. duzlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] garaköl baganalaryny[Kimi] soýmak, duzlamak, eýlemek, bejermek baradaky iş prosesleriniň hemmesine ýolbaşçylyk edýär.

A3 I. duzlamak **2** : (Göçme manyda) Duzly sözler bilen ýüzüni almak, ýüzüni gyzdyrmak.
II. duzlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tul-tullap gaty azary bar gyz -- diýip, gyzlar[Kim] çişigi[Kimi] duzlardylar.

**Düblemek**

A1 I. düblemek **2** : Yrsarap, mesirgäp, agzyňa gelenini samrap durmak, biriniň üstüne gyzarylmak.
II. düblemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] ýumruklaryny düwüp, sesini endiredip, aýalynyň üstüne[Kime] dübledi (*çevrimiçi:*wap.ertir.com/index.php?q=blog&view=95471&sitata =1864276, 13.03.2015.)

**Dükürdemek**

A1 I. dükürdemek **1** : Dükürdili ses çykmak, dükür-dükür etmek.
II. dükürdemek→ [Kim]

Ör. Paýtun köçeden-köçä aýlandy, atlaryň nally toýnaklary[Kim] dükürdedi.

**Dümewlemek**

A1 I. dümewlemek 1 : Sowuklamak zerarly ýeňilräk syrkawlamak, sowuklamak, nähoşlamak.
II. dümewlemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] azajyk dümewläpdir.

**Dümtünmek**

A1 I. dümtünmek 1 : Bir hysyrdyly iş bilen güýmenip oturmak, başagaý bolup oturmak.
II. dümtünmek→ [Kim]
Ör. Gyzym, Bahar, biz[Kim] bu halylaryň üstünde gözümizi gerip dümtünýäris.

**Düňdermek**

A1 I. düňdermek 2 : Düýbüni ýokaryk edip agdarmak, düýbüni ýokaryk edip öwürmek, agzyny aşak edip goýmak.
II. düňdermek→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] tamdyrynyň agzyna köne çoýun gazan[Ne] düňderip goýdy.

**Düňküldemek**

A1 I. düňküldemek 2 : Gaty ylgap gitmek, aýak aldygyňa ylgap gitmek.
II. düňküldemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol gyz[Kim] ýüzüniň ugruna[Kime] düňküldäp gitdi.

A2 I. düňküldemek 1 : Düňküldili ses çykmak, düňküldili ses eşidilmek.
II. düňküldemek→ [Kim]
Ör. Olar[Kim] soky daşyny ellerinden düşürmän, gijegündiz Düňküldedýärler (Gowşudow, 1989: 250).

**Düňňürdemek**

A1 I. düňňürdemek 1 : Düňňürdili ses çykmak, düňňürdili ses eşidilmek.
II. düňňürdemek→ [Kim]
Ör. Düwmeler[Kim] dünňürdedi.

**Dürrelemek**

A1 I. dürrelemek 2 : Dürre bilen urmak, ýençmek.
II. dürrelemek→ [Kim], {Kimi}Tamamlaýıcı
Ör. Oglum[Kim] aty{Kimi} dürreler (çevrimiçi: http://www.ertir.com /modules/ blog.php?view=18326, 13.03.2015.)

**Dürsemek**

A1 I. dürsemek 2 : Ýagdaýyňy gowulandyrmak, hal-ýagdaýyňy oňatlaşdyrmak, özüňi tutmak, özüňi rastlamak.
II. dürsemek→ [Kim], [Kimi]

Ör .Her näme hem bolsa, ol[Kim] özüni[Kimi] birneme dürsedi.

**Dürteklemek**

A1 I. dürteklemek 2 : Yzly-yzyna dürtmek, birnäçe gezek dürtüp azar bermek.
II. dürteklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] meni[Kimi] dürtekläp oturtmady.

A2 I. dürteklemek 2 : Dürtük-dürtük etmek.
II. dürteklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Petirlik hamyryň ýüzüni[Kimi] dürtekläp çykmak.

A3 I. dürteklemek 1 : Bir zady hemişe ýadyna salyp durmak, gaýtalap-gaýtalap aýdyp etdirmek.
II. dürteklemek→ [Kim]
Ör. Ýüreginde dörep bir açan söygi[Kim], myngçgalaýar, dürtekleýer, goýmaýar.

**Dürtermek**

A1 I. dürtermek 1 : Ýaňy gögerip çykyp durmak, ýaňy gögerip ösüp başlamak.
II. dürtermek→ [Kim]
Ör. Gögeren bugdaýlar[Kim] ýylak ýaly dürterip galypdy.

A2 I. dürtermek 1 : Syh-syh bolmak, syh-syh bolup durmak.
II. dürtermek→ [Kim]
Ör. Sakgalynyň--öňünde we duluklarynyň üstünde gyllar[Kim] dürterip durýardy.

**Dürtmek**

A1 I. dürtmek 3 : Bir zadyň ýiti ujuny bir ýere sançmak, sokmak.
II. dürtmek→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň tenine[Kime] naýza[Ne] dürtüp soranlarynda-da, «bilemokdan» başga jogap bermedi.

A2 I. dürtmek 2 : Bir zadyň ýüzüni deşik-deşik, dürtük-dürtük edip çykmak.
II. dürtmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Çöregiň ýüzüni[Kimi] dürtmek.

A3 I. dürtmek 3 : Ýere sanjyp ekmek, oturtmak.
II. dürtmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Pomidor, kelem,burç şitillerini[Kimi] ýere[Kime] dürtüp ekýerler.

A4 I. dürtmek 2 : Biriniň böwrüne kakmak, duýdurmak.
II. dürtmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] dostunyň böwrüne[Kime] dürtdü.

A5 I. dürtmek 1 : (Göçme manyda) Bir işi etmeklige ündemek, bir işi etmekligini duýdurtmak, ýatladyp durmak.
II. dürtmek→ [Kim]
Ör. Heniz hem onuň ýoldaşlary[Kim] eýlesinden-beýlesinden, dürtüp: -- Annaguly, aýagyňy düz, aňkarma! -- diýip goldap barýarlar.

**Düşemek**

A1 I. düşemek 2 : Düşek ýazyp goýmak, düşek ýazmak.
II. düşemek→ [Kim], [Ne]
Ör. Gülüşip, oýnaşyp dargadylar tiz, kölge haly[Ne] düşäp çykdy iki gyz[Kim].

A2 I. düşemek 3 : Üstüni (ýoluň, köçäniň) gaty zat bilen örtmek, örtüp çykmak.
II. düşemek→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. (Ol) [Kim] Köçelere[Kime] daş[Ne] düşedi (TTS).

**Düşlemek**

A1 I. düşlemek 2 : Çaý içmek, nahar edinmek, dynç almak üçin bir ýerde düşmek, gonmak ýa-da iş wagtynda ara kesip, dem-dynç almak.
II. düşlemek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Ýükli arabalar kerweni[Kim] derýanyň obadan tarapky kenarynda[Kimde] düşledi.

**Düşmek**

A1 I. düşmek 2 : Ýokardan aşaklygyna gaçmak, dökülmek.
II. düşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Alma[Kim], biş, agzyma[Kime] düş.

A2 I. düşmek 2 : Aşak inmek, aşaklygyna ýöremek, oturan ýa-da duran zadyň üstünden aýrylmak.
II. düşmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Kabinadaky gara köýnekli ýigit[Kim] hem maşyndan[Kimden] düşdi.

A3 I. düşmek 1 : Ýuwunmak.
II. düşmek→ [Kim]
Ör. (Men)[Kim] Gelelim bäri, iki gezek narzana düşdüm.

A4 I. düşmek 2 : Akyl ýetirmek, pähim etmek, aňlamak, aňşyrmak, bilmek, düşünmek.
II. düşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] oňa näme ýamanlyk edýänligime[Kime] düşemok.

A5 I. düşmek 2 : Peýda bolmak, getirilmek, görünmek (bazarda).

II. düşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Bazara[Kime] gawun[Kim] düşüpdir.

A6 I. düşmek 2 : Peýda bermek, haýyr etmek, ýaramak.
II. düşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Gyzyl goşun güllügi[Kim] saňa[Kime] düşüpdür.

A7 I. düşmek 1 : Peselmek, azalmak.
II. düşmek→ [Kim]
Ör. Derýanyň suwy[Kim] gün-günden düşýär.

**Düşündirmek**

A1 I. düşündirmek 2 : Düşündiriş bermek, bir zady anyklaşdyrmak üçin gürrüň bermek, bir zady aýdyňlaşdyrmak üçin düşündirişli gürrüň etmek, aňyna ýetirmek.
II. düşündirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Komandir[Kim] birnäçe günläp şu kazarmada bolmalydygyny[Kimi] düşündirdi.

**düşünmek**

A1 I. düşünmek 2 : Pikirlenip manysyny aňlamak, oýlanyp manysyny bilmek, akyl ýetirmek, bilmek.
II. düşünmek→[Kim], [Ne]
Ör. Daýhan[Kim] hiç bir zat[Ne] düşünmeýär -- diýen oý seniň göwnüňe gelmesin.

**Düwdeneklemek**

A1 I. düwdeneklemek 1 : Çaltlyk bilen ylgap gitmek, düňk ýasap gitmek.
II. düwdeneklemek→ [Kim]
Ör. Bolýar oglum -- diýip, ejesi[Kim] düwdenekläp gitdi.

**Düwmek**

A1 I. düwmek 2 : Bir zady matanyň, ýaglygyň içine salyp, dolap daňmak, düwünçek edip baglamak.
II. düwmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gyzlar, şu ýartyja almany görýäňizmi? Şuny[Kimi] men[Kim] häzir bir düwünçejige düwüp goýýaryn.

A2 I. düwmek 2 : Ýüpüň, ýüplügiň we ş. m. ujuny daňmak, çigmek.
II. düwmek→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] Ýüplügiň ujuny{Kimi} düwmek.

A3 I. düwmek 2 : Miwe getirmek, miwelemek.
II. düwmek→ [Kim], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. Men garaşdym agaç[Kim] miwe{Ne} düwende.

**Düwmelemek**

A1 I. düwmelemek 1 : Düwme-düwme bolmak, bir näçe düwme emele gelmek, togalajyk-togalajyk bolmak, damja-damja bolmak.
II. düwmelemek→ [Kim]
Ör. Onuň gözlerinde ýaş[Kim] düwmeläp-düwmeläp akýar.

**Düwnükmek**

A1 I. düwnükmek 1 : Bir zat iýlip otyrka kynlyk bilen ýuwdunmak.
II. düwnükmek→ [Kim]
Ör. Sähetdurdy bir zat diýip düşündirjek ýaly etdi-de, (ol)[Kim] gözüniň ýaşyny syryp düwnükdi.

**Düwünçeklemek**

A1 I. düwünçeklemek 1 : Düwünçek düwüp başlamak, düwünçek atyp başlamak, düwüp başlamak (gök ekin, miweli agaçlar barada).
II. düwünçeklemek→ [Kim]
Ör. Bir düýp garalynyň we şetdalynyň şahalarynda pomidor[Kim] düwünçekläp gyzaryşyp oturmagy gaty geň.

**Düwürtiklemek**

A1 I. düwürtiklemek 1 : Düwürtik çykarmak, köp düwürtik örmek.
II. düwürtiklemek→ [Kim]
Ör. Onyň yüzi[Kim] düwürtiklepdir.

**Düýbemek**

A1 I. düýbemek 2 : Düýbüni ýolup aýyrmak, düýbüni ýolup arassalamak.
II. düýbemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gökli somsa bişirjek bolup, (men)[Kim] selmäni[Kimi] düýbäp otyrdym.

**Düýnemek**

A1 I. düýnemek 2 : Zyýarat etmek, öwlüýäniň «güýjüne» ynanyp, oňa aýlanmak.
II. düýnemek→ [Kim], [Ne]
Ör. Keramatyn synap gördüm, (men)[Kim] Telim öwlüýä[Ne] düýnäp gördüm.

**Düýplemek**

A1 I. düýplemek 2 : Düýp oturtmak, düýp goýmak.
II. düýplemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Demirçi ussa[Kim] bedre[Ne] düýpledi.

**Düýrlemek**

A1 I. düýrlemek 2 : Orap düýrmek, birnäçe gezek towlap, turba şekilli etmek, togalamak.

II. düýrlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol gelin[Kim] keçeleri[Kimi] düýrläp, öýe oklady.

A2 I. düýrlemek 2 : (Göçme manyda) Howlugyp işdäli iýmek, nebsewürlik bilen çalt-çalt iýmek.
II. düýrlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] käselerdäkileri bir bada başlaryna çekip, gowurmany[Kimi] düýrläp başladylar.

**Düýrmeklemek**
A1 I. düýrmeklemek 2 : Düýrüp topbak, üýşmek edip başlamak.
II. düýrmeklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Üçbir-üçbir oturyp, seçelenip duran palawy[Kimi] düýrmekläp başladylar.

**Düýrükmek**
A1 I. düýrükmek 1 : Gysylyp ýygrylmak, kiçelmek, gorkmak.
II. düýrükmek→ [Kim]
Ör. Näme üçin ol gijikdi? Näm bolduka Nabada? Birdenkä ol[Kim] düýrükdi, Aýbyn saldy-da ýada.

**Düýşürgemek**
A1 I. düýşürgemek 1 : Uklap ýatan adamyň kellesinde bir zat hakda hyýal, pikir peýda bolmak, düýş görmek.
II. düýşürgemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] gice düýşürgedi.

**Düýtmek**
A1 I. düýtmek 2 : Köp geýdirmek, uzaga gitmek, çydamak (geýim-gejim hakda).
II. düýtmek→ [Kim], [Ne]
Ör. Oňa näçe aýakgap alyp berdik, (ol)[Kim] emma hiç zat[Ne] düýtmeýär.

**Düzelmek**
A1 I. düzelmek 1 : Abat bolmak, ýola goýulmak, dikelmek, bejerilmek, abatlanmak.
II. düzelmek→ [Kim]
Ör. Köneni ýatlasak, kendir derdimiz, düzelendir bibat bolan ýurdumuz[Kim].

A2 I. düzelmek 1 : (Göçme manyda) Öňki normal we adamkärçilikli ýagdaýyna geçmek, adam bolmak.
II. düzelmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] indi kemsiz düzelipdir.

**Düzetmek**

A1 I. düzetmek 2 : Abat etmek, dikeltmek, bejermek, abatlamak.
II. düzetmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çerkez [Kim] oturgyçlary[Kimi] düzetdi.

A2 I. düzetmek 2 : (Göçme manyda) Öňki normal we adamkärçilikli ýagdaýyna getirmek, adam hataryna goşmak.
II. düzetmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Öýkeleşigiň ýaraşygy şonda bolup biler, haçan ýalňyşan tarapyň öz ýalňyşyny[Kimi] (ol)[Kim] düzetmek üçin ýüreginde guýçli isleg dörese .

A3 I. düzetmek 2 : Belli bir derejede tertibe salmak, düzgüne salmak.
II. düzetmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Wüşi kel çommalyp (ol)[Kim] oturyşyny[Kimi] düzedip ynjalyklaşdy.

**Düzgünleşmek**

A1 I. düzgünleşmek 1 : Belli bir tertibe, kada, düzgüne girip başlamak, ýola goýlup başlamak.
II. düzgünleşmek→ [Kim]
Ör. Türkmen dilindeki goşma sözlerin ýazuwy düzgünleşdi (TTS).

**Düzlemek**

A1 I. düzlemek 2 : Bejerişdirip tekizlemek, tekiz etmek.
II. düzlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] köçäni[Kimi] düzledi.

A2 I. düzlemek 2 : Ýola goýmak, sazlamak, dogrulamak.
II. düzlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Olaryň arasyndaky düşünilişmeýän gürrüňleri[Kimi] düzläp geldi.

**Düzmek**

A1 I. düzmek 3 : Birnäçe zady ýüpe, çişe we ş. m. yzygiderli ötürip çykmak.
II. düzmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Jigitler[Kim] gulan etini[Kimi] tüpeň çybygyna[Kime] düzüp, kebap bişirdiler.

A2 I. düzmek 2 : Böleklerini, şaýlaryny ýygnaşdyryp, gurnap ýola goýmak.
II. düzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bäşatary[Kimi] söküp, ýaňadan düzmek.

A3 I. düzmek 2 : Kirişlerini çekip, sesini sazlaşdyrmak.
II. düzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Dutary[Kimi] düzmek.

A4 I. düzmek 2 : Hasyl etmek, emele getirmek.
II. düzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Amyderýanyň çökündileri[Kim] Garagumy[Kimi] düzýärler.

A5 I. düzmek 2 : Döretmek, ýazmak (şygyr, hat we ş. m. hakda).
II. düzmek→ [Kim], {Ne}Tamamlaýjy
Ör. Bu ikisi[Kim] goşgujyklar we aýdymlar{Ne} düzerdiler.

A6 I. düzmek 2 : Köpçüligiň güýjüni çekmek ýoly bilen esaslandyrmak, gurmak.
II. düzmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Komsomollardan on-on beş adamdan ybarat brugada[Ne] düzmeli.

**Dyglamak**

A1 I. dyglamak 1 : Endamyň, bedeniň çümşüldäp, tikenekläp gitmek.
II. dyglamak→ [Kim]
Ör. Artygyň adyny eşidende, onuň gamçysy ýadyna düşende, Mawynyň endamy[Kim] dyglady.

**Dykmak**

A1 I. dykmak 2 : Bir zady pugta basyşdyryp, örän ýerleşikli edip gaba salmak.
II. dykmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Haltany[Kimi] dykyp, otdan doldurmak gerek.

A2 I. dykmak 2 : (Gepleşik dili) Nebsewürlik bilen ýetişibildiginden iýmek, açlykdan çykan ýaly bolup nahar iýmek.
II. dykmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] restoranda nahary[Kimi] dykýar.

A3 I. dykmak 3 : Bir zadyň agzyny, deşigini beklemek, ýapmak.
II. dykmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Küýzäniň agzyna[Kime] dykysyny[Kimi] dykmak.

**Dyknyşmak**

A1 I. dyknyşmak 1 : Iteleşip gysylyşmak, gysylyşyp ýerleşmek, itnişmek.
II. dyknyşmak→ [Kim]
Ör. Maşynyň içindeki ýolagçylar[Kim] dyknyşyp durýar.

**Dykylmak**

A1 I. dykylmak 1 : Dyky bilen ýapylmak, dyky bilen berkidilmek.
II. dykylmak→ [Kim]
Ör. Çüýşeleriň agzy[Kim] dykyldy.

A2 I. dykylmak 1 : Dykyn emele gelmek, beklenmek, tutulmak.

II. dykylmak→ [Kim]
Ör. Onda skwajinanyn turbasy[Kim] dykylandyr.

A3 I. dykylmak 2 : (Göçme manyda) Sokulyp barmak, sokulyp girmek, sokjarylmak.
II. dykylmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Märekäniň arasyna[Kime] dykylyp girmek.

**Dylmyldamak**

A1 I. dylmyldamak 1 : Dylym-dylym etmek, gülümsiremek, ýylgyrmak.
II. dylmyldamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim], çeper ýazyjymyz Agahan Durdyýewiň «taryp edýän» Bally mollasy ýaly, Hatyjanyň öňünde dylmyldap, ýagşy görünjek, boldy.

**Dymjykmak**

A1 I. dymjykmak 1 : Derläp ýumşamak, çygjaryp gowşamak.
II. dymjykmak→ [Kim]
Ör. Şol ys, şol tämiz howa Begenjyň tam içinde uzak gije endamy[Kim] dymjyýar, gowşan damarlaryna gurp-kuwwat berýärdi.

A2 I. dymjykmak 1 : Howa ýetmezçiligi we ş. m. sebäplere görä, birneme zaýalanyp yslanmak (et, azyk önümleri we ş. m. hakda).
II. dymjykmak→ [Kim]
Ör. Et[Kim] dymjykdy.

**Dymmak**

A1 I. dymmak 1 : Sesiňi-üýnüňi çykarman oturmak, geplemän oturmak.
II. dymmak→ [Kim]
Ör. Wepa[Kim] öňki bolşunda erinjigini sallap, garaja gözlerini gyrpyldadyp, dymyp durdy.

A2 I. dymmak 1 : (Göçme manada) Petiş bolmak, şemal ösmän, asuda ýagdaýda bolmak.
II. dymmak→ [Kim]
Ör. Howa[Kim] dymýar.

**Dymykmak**

A1 I. dymykmak 1 : Yssylyk zerarly kapas bolmak, dymyk bolmak, petişlenmek.
II. dymykmak→ [Kim]
Ör. Gijäniň maýyl ysy[Kim] dymygyp ýüzüňize urar.

**Dynmak[dy:nmak]**

A1 I. dynmak 2 : Halas bolmak, başyňdan sowmak, azat bolmak, gutulmak.
II. dynmak→ [Kim], [Kimden]

Ör. Damagy çalynjak bolup duran goýunlar[Kim] häzirlikçe ölüm howpundan[Kimden] dyndylar.

A2 I. dynmak 1 : Bes etmek, goýmak, durmak.
II. dynmak→ [Kim]
Ör. Ýagyş[Kim] dyndy.

A3 I. dynmak 1 : Ynjalyk tapmak, karar tapmak, gutulmak, başdan sowmak, rahatlanmak.
II. dynmak→ [Kim]
Ör. Maşgalam[Kim] dyndy.

**Dyňzamak**
A1 I. dyňzamak 1 : Suwuk zatdan mazaly dolup tyňkarmak, dolup çişmek.
II. dyňzamak→ [Kim]
Ör. Diýdi: -- Suw[Kim] dyňzap gelsedi şu taýa.

A2 I. dyňzamak 1 : Möwç almak, joşmak, batlanmak.
II. dyňzamak→ [Kim]
Ör. Güç[Kim] dyňzap durýar.

**Dyrjaşmak**
A1 I. dyrjaşmak 1 : Jan çekmek, jan etmek, yhlas bilen ýapyşmak, bar güýjüňi goýmak, çalyşmak, dyryşmak.
II. dyrjaşmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bar güýji bilen böwedi saklamaga dyrjaşdy.

**Dyrmalamak**
A1 I. dyrmalamak 2 : Dörjeläp köwmek, gorjalap oýmak, dyrnak ýa-da başga bir zat bilen ýüzüňi dyrmamak, sydyrmak.
II. dyrmalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ine, şu ýerde bir zat bar! -- diýip, (ol) [Kim] agajyň bir ýerini[Kimi] eli bilen dyrmalady.

**Dyrmanmak**
A1 I. dyrmanmak 2 : Bir zat bilen meşgul bolmak, güýmenmek, dümtünmek, dörjenmek.
II. dyrmanmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Onuň içinde bir aýal bar zatlar bişirýämi, nämemi, (ol)[Kim] öz işi bilen[Kimle] dyrmanýardy.

**Dyrmyklamak**
A1 I. dyrmyklamak 2 : Dyrmyk bilen owradyp ýumşatmak, dyrmyk bilen düzlemek.
II. dyrmyklamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Ol[Kim] çygjaryp ýatan pelleri[Kimi] ýene dyrmyklady (çevrimiçi: nepesov.info/Works/Kone.html, 13.03.2015).

**Dyrmyldamak**

A1 I. dyrmyldamak 1 : Bir işi örän haýal ýerine ýetirmek, juda haýal işlemek, güýmenmek.
II. dyrmyldamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Bu dyrmyldap oturyşyň bilen işiňi agşama-da gutarmarsyň.

**Dyrnaçaklamak**

A1 I. dyrnaçaklamak 2 : Bedeniň ýa-da başga bir zadyň ýüzüne dyrnagyňy çümdürip, yz galdyrmak, dyrmamak, dyrnagyňy geçirmek, dyrnaklamak, dyrnaçak-dyrnaçak etmek.
II. dyrnaçaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Pişik[Kim] Çerkeziň elini[Kimi], ýüzüni[Kimi] dyrnaçaklamaga mejbur boldy.

**Dyrnamak**

A1 I. dyrnamak 2 : Bir zadyň ýiti ujy bilen ýüzüni sydyrmak.
II. dyrnamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Köne gyzgany[Kim] goparyp zyňsaň-da, ahmal bolsaň dyrnaýar.

**Dyzamak**

A1 I. dyzamak 2 : Çor berip topuljak bolmak, okduryljak bolmak.
II. dyzamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Çagajyk[Kim] emedeklejek bolup öňe[Kime] tarap dyzaýar (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=dyza&lang=tk&search=Search&key=&tax=-1, 13.03.2015).

A2 I. dyzamak 2 : Biriniň ýa-da bir zadyň üstüne ileri-ileri omzamak.
II. dyzamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Halnazar[Kim] töweregini itlere aldyran ýekegapan ýaly bolup, her haýsyny bir ýana[Kime] itekleşdirip dyzady.

**Dyzanaklamak[dy:zanaklamak]**

A1 I. dyzanaklamak 1 : Iki dyzyňy ýere urup, çöke düşüp ýöremek.
II. dyzanaklamak→ [Kim]
Ör. Ýasawul[Kim] dyzanaklap, gapa süýşüp başlady.

**Dyzarlamak[dy:zarlamak]**

A1 I. dyzarlamak 2 : Çökerilen düýe tarsa turmazlyk üçin, bir ýa-da iki öň dyzyny ýüp bilen sarap daňmak, dyzlamak.
II. dyzarlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] baý düýesini[Kimi] çökerip dyzarlady.

**-E**

**Ebedileşdirmek [ebedi:leşdirmek]**

A1 I. ebedileşdirmek 2 : Hemişelik etmek, mydamalyk etmek.
II. ebedileşdirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Şahyryn ýadigärligini[Kimi] ebedileşdirmek (TTS)

**Ebşirlemek[ebşi:rlemek]**

A1 I. ebşirlemek 2 : Berk, mäkäm tutmak, gapjap tutmak.
II. ebşirlemek→ [Kim],[Kimi]
Ör. Ahmyrly galan Tarhan bar güýjüni jemläp, gelne tarap atyldy-da, (ol)[Kim] keteni[Kimi] köýnegiň ýagyrnysyndan ebşirläp tutdy.

**Eçilmek**

A1 I. eçilmek 1 : Jomart bolmak, merhemetli bolmak, sahylyk etmek, joşmak.
II. eçilmek→ [Kim]
Ör. Mama[Kim] has hem eçildi.

**Egelenmek**

A1 I. egelenmek 2 :Bir zadyň daşyna egele bolup durmak, aýlanmak.
II. egelenmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Myhmanlar[Kim] stoluň daşyna[Kime] gysby egelenip oturdylar.

**Egilmek**

A1 I. egilmek 1 : Biliňi epmek, aşaklygyna eňňit etmek, egmek, epilmek.
II. egilmek→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Egilme-de bükülme.

**Egirmek**

A1 I. egirmek 2 : Süýümi towlamak, burmak bilen sapak etmek, eriş etmek.
II. egirmek → [Kim], [Ne]
Ör. Garry ene[Kim] ýüp[Ne] egirýär, gulaç dokaýar, onuň-munuň ýüpegini çekip berýär, kişi hyzmatyny edýär, garaz, ýykma-ýykylma bir mydar bilen gün dolandyrýar.

A2 I. egirmek 3 : (Göçme manyda) Bir ýere, bir zadyň daşyna ýygnamak, toplamak, üýşürmek, goýmak, oturtmak.
II. egirmek→[Kim], [Kimi], [Kime]
Ör.Ol[Kim] bu wagt päkize stoluň daşyna[Kim] myhmanlaryny[Kimi] egirdi.

**Egismek**

A1 I. egismek 2 : Az etmek, azlatmak, peseltmek, möçberini kemeltmek.
II. egismek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sen[Kim] puluňy[Kimi] egisdiňmi (TTS)?

**Eglemek**

A1 I. eglemek 2 : Bir iş ýa-da bir sebäp bilen birnäçe wagt saklamak, duruzmak, saklap durmak, gijikdirmek.
II. eglemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Dostuňy[Kimi] egleme, nepden galmasyn, Duşmanyň saklama, syryň bilmesin.

**Egmek**

A1 I. egmek 2 : Bir zadyň uçlaryny biri-birine ýakynlaşdyryp, duga görnüşinde etmek; başyny, ýokary tarapyny aşak bükmek, epmek, tutmak, gyşartmak.
II. egmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Düzüm-düzüm gozalar[Kim] gowaçalaryň şahalaryny[Kimi] aşak egipdirler.

**Egrelmek**

A1 I. egrelmek 1 : Egri bolmak, göni bolmazlyk, gyşarmak, bükülmek.
II. egrelmek→ [Kim]
Ör. Onuň burny[Kim] ýyrtyjy guşuňky ýaly egrelipdir.

A2 I. egrelmek 2 : (Göçme manyda) Ters ugur bilen gitmek, bir zada garşy bolmak, hakykatdan, dogry ýoldan gyşarmak.
II. egrelmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Meniň ýolum gaty dogrudyr, indi ony[Kimi] hiç kim[Kim] egreldip bilmez! -- diýip, Gurt berk aýtdy.

**Egremlemek**

A1 I. egremlemek 2 : Egri ýol bilen gitmek, egrem-bugram, sowa ýol bilen barmak.
II. egremlemek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Barsaň-da, (ol)[Kim] jülgeleriň içi bilen[Kimle] egrerlip barmaly bolar.

**Egşitmek**

A1 I. egşitmek 2 : Ýüzüňi egşitmek-gaşyňy çytyp gaharly görünmek, gaharly bolmak.
II. egşitmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýüzüni[Kimi] egşidip gaýtdy.

**Ejizlemek[eji:zlemek]**

A1 I. ejizlemek 1 : Güýçden-gurpdan düşmek, güýç-kuwwaty az bolmak, güýçsiz bolmak, ysgynsyz bolmak.
II. ejizlemek→ [Kim]
Ör. Ylaýta-da Kerimiň eline düşen[Kim] ejizläpdir.

A2 I. ejizlemek 1 : Göçme manyda Pese düşmek, asgynlamak, gowşamak.
II. ejizlemek→ [Kim]

Ör. Çaknyşyk netijesinde Reýhan[Kim] ejizleýär.

A3 I. ejizlemek 1 : (Göçme manyda) Hor ýagdaýda bolmak, biçäre halda bolmak.
II. ejizlemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] soňky wagtlarda has ejizledi.

**Ekabyrsyramak[eka:byrsyramak]**

A1 I. ekabyrsyramak 1 : Güýçli, zor bolan bolmak, dogumlysyramak, batyrsyramak.
II. ekabyrsyramak→ [Kim]
Ör. Muhat[Kim] ekabyrsyrap, Şirniň kabinetini kakman girdi.

**Ekezlenmek**

A1 I. ekezlenmek 1 : Dogumlanmak, özüňi tijemek, tijenmek; batlanmak, güýçlenmek.
II. ekezlenmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] birneme ekezlendi.

**Ekjeşmek**

A1 I. ekjeşmek 2 : (Dialektal söz Tersleşmek, sene-mene edişmek, sögüşmek.
II. ekjeşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. (Men) [Kim] Seň bilen[Kimle] ekjeşmek hajat däl maňa!

**Eklemek**

A1 I. eklemek 2 : Birini iýdirip-geýdirip saklamak, biriniň durmuşyna kömek etmek, idetmek.
II. eklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol öz maşgalasynyň arasynda otursa, men[Kim] ony[Kimi] eklejek ahyry.

**Ekmek**

A1 I. ekmek 2 : Gögertmek üçin ýere tohum sepmek, agaç oturtmak.
II. ekmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Agdaryp çykan ýerine bolsa bugdaý, gawun, mekgejöwen[Ne] ekýär.

A2 I. ekmek 2 : (Göçme manyda) Döwmek, ýoklamak, puja çykarmak.
II. ekmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] biriniň töhmetiňi[Kimi] ekdi.

**Elemek**

A1 I. elemek 2 : Elekden geçirip arassalamak.
II. elemek→[Kim], [Ne]
Ör. Olar harman atýardylar, (olar)[Kim] bugdaý[Ne] eleýärdiler.

A2 I. elemek 2 : (Göçme manyda) Saýlamak, seçmek, barlamak.
II. elemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Tüwiniň çeltigini[Kimi] elemek.

**Elenmek**
A1 I. elenmek 1 : Elekden geçirilmek.
II. elenmek→ [Kim]
Ör. Un[Kim] elendi.

A2 I. elenmek 1 : Saýlanmak, seçilmek, barlanmak.
II. elenmek→ [Kim]
Ör. Ertir arçyn[Kim] saýlanjakdyr.

A3 I. elenmek 1 : (Göçme manyda) Çaýkanmak, yranmak, sandyramak, titremek.
II. elenmek→ [Kim]
Ör. Atly gelip daýananda, at[Kim] elendi.

A4 I. elenmek 1 : (Göçme manyda) Kynçylyk çekmek, horlanmak, kaňkamak.
II. elenmek→ [Kim]
Ör. Muny gapy-gapy (ol)[Kim] elenip ýörmekden gutaralyň!

**Eleslemek**
A1 I. eleslemek 1 : Aýyl-saýyl bolup durmak, görüpmek.
II. eleslemek→ [Kim]
Ör. Esewan etse, kyblasynda bir gala[Kim] elesläp görünýär.

A2 I. eleslemek 1 : Galgap barmak, çalt hereket edip gitmek.
II. eleslemek→ [Kim]
Ör. At[Kim] eleslep, gidiberedi ýoluna.

**Elewremek**
A1 I. elewremek 1 : Bir zat üçin güýçli duýgy bilen aladalanmak, aljyramak, howsala düşmek, näme etjegini bilmän ýörmek.
II. elewremek→ [Kim]
Ör. Bike eje[Kim] ogluny gapynyň agzynda garşylady, onuň keýpiniň bozukdygyny görüp, daşynda elewräp başlady.

**Elikmek**
A1 I. elikmek 2 : El öwrenmek, öwrenişmek.
II. elikmek→ [Kim],[Kime]
Ör. Men[Kim] muňa[Kime] elikmändirin.

**Eljiremek**
A1 I. eljiremek 1 : Ynjyklyk etmek, näziksiremek, lälirgemek, aýnamak.

II. eljiremek→ [Kim]
Ör. Çaga[Kim] eljiräp ýörer.

**Ellemek**

A1 I. ellemek 2 : Eliňi birine ýa-da bir zada degirmek, degrip görmeki bir zady eliň bilen tutup görmek, barlap görmek.
II. ellemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Hapa eliň bilen çagany[Kimi] elleme!

A2 I. ellemek 2 : (Göçme manyda) Aýal maşgalanyň namysyna degmek, el degirmek, el urmak, ynjatmak.
II. ellemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Ýaman işlere[Kime] elleseň ýüzüňe gara geler (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=ellemek&search=Search&key=&tax=-1, 12/05/2015).

A3 I. ellemek 2 : (Göçme manyda) Bir zady edinmek, ele salmak.
II. ellemek→ [Kim],[Kimi]
Ör. **Ol**[Kim] Ýaňky kitabyň[Kimi] ellemeli.

**Elleşmek**

A1 I. elleşmek 2 : Hoşallyk bildirmek, nyşany hökmünde biri-biriň elini gysmak, el berişmek, biri biriň bilen el tutuşmak, salamlaşmak.
II. elleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol adam[Kim] Durdy aga bilen[Kimle] elleşdi.

**Eltmek**

A1 I. eltmek 3 : Bir zady bir ýere özüň bilen alyp barmak, äkitmek, gowşurmak.
II. eltmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Uly dogany[Kim] pili[Kimi] begene-begene öýüne[Kime] eltipdir.

A2 I. eltmek 2 : Bir zada sezewar etmek, duşurmak, uçratmak, duçar etmek.
II. eltmek→ [Kim],[Kimden]
Ör. (Sen)[Kim] Bir işiň üstünden[Kimden] eltjekdiň, eltdiň-de dyndyň!

A3 I. eltmek 3 : Goýbermek, ýakynlaşdyrmak, ýakynyna bardyrmak.
II. eltmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Köplenç wagt düýeler[Kim] öz öňüne dökülen otuna[Kime] başga mallary[Kimi] eltmeýärler.

**Emedeklemek**

A1 I. emedeklemek 1 : Göwräňi aşak ýapyryp, eliňi we aýagyňy öňe hereket etmek (dyzyňy).
II. emedeklemek→ [Kim]

Ör. Babaly[Kim] emedekläp baryp, onuň ýagyny gujaklady.

**Emenmek**

A1 I. emenmek 1 : Bir zada ymtylmak, ünsüňi bermek, hantama bolmak, tamakin bolup, dykgat bilen seretmek, ät galmak.
II. emenmek→ [Kim]
Ör. Gözleri[Kim] emenýär, döwüm nan diläp.

**Emgeklemek**

A1 I. emgeklemek 1 : Kesele sataşmak, derde duçar bolmak, syrkawlamak, hassalamak, kesellemek.
II. emgeklemek→ [Kim]
Ör. Gurçugymyz[Kim] emgekledi.

**Emgemek**

A1 I. emgemek 2 : Bir zady etmek üçin janyňy gynamak, özüňe agram salmak.
II. emgemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Han küýli[Kim] janyny[Kimi] emgemeli ýerinde tapylmaýardy.

**Emlemek**

A1 I. emlemek 2 : Bermek.
II. emlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Daýhanda[Kim] malyna[Kime] emlemäge artykmaç gala nirede?!

A2 I. emlemek 2 : (Göçme manyda) Para bermek.
II. emlemek→ [Kim],[Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Dawany satyn almak üçin, olara[Kime] hem birneme emlemek gerek.

**Emmek**

A1 I. emmek 2 : Bir zady sormak, suwuk zady (süýdi) sorup almak.
II. emmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýagşyny-ýamany saýgaryp bilmeýän ümmülmez çaga[Kim] emejin tokly ýaly sokjap, ejesini[Kimi] emdi.

**Endiganlamak[endiga:nlamak]**

A1 I. endiganlamak 2 : Endigan etmek, düz etmek, düzlemek, tekiz etmek, tekizlemek, dogrulamak, deňlemek, birsydyrgyn etmek.
II. endiganlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýeri[Kimi] endiganlapdyr.

**Endiremek**

A1 I. endiremek 1 : Ýygy-ýygydan titremek, sandyramak esasynda bolýan sarsmak, yranmak.
II. endiremek→ {kim}tamamlayıcı

Ör. Zarbyňyzdan daglar-daşlar{Kim} endiresin!

A2 I. endiremek 1 : Bir zadyň täsiri, gyzma, gahar netijesinde bozulmak, erbet bolmak.
II. endiremek→ [Kim]
Ör. Olaryň kelleleri dumanlap, ýürekleri[Kim] endiräp durdy.

A3 I. endiremek 2 : Endigandeň bolmazlyk, kadaly çykmazlyk, kesilip-kesilip sandyrap çykmak.
II. endiremek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ogulnur ejäniň agzyndan[Kimden] sözler[Kim] endiräp çykdy, Nurjahana aýratyn täsir etdi.

**Enjamlaşdyrmak[enja:mlaşdyrmak]**

A1 I. enjamlaşdyrmak 3 : Hemme gerek zatlar, iş gurallary bilen üpjün etmek, gerekli enjamlar bilen üpjün etmek.
II. enjamlaşdyrmak→ [Kim], [Kimi], [Kimle]
Ör. (Ol)[Kim] Nebit promiselleri[Kimi] täze tehnika bilen[Kimle] enjamlaşdyrdy.

**Entemek**

A1 I. entemek 1 : Deňagramlylygy saklap bilmän iki baka çaýkanmak, yranmak, entireklemek.
II. entemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] göýä diýersiň, aýaklanmadyk köşek ýaly enteýärdi.

A2 I. entemek 1 : (Göçme manyda) Biderek ygyp ýörmek, işsiz aýlanyp ýörmek, gezip ýörmek.
II. entemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Onda-munda entäp ýörmek.

A3 I. entemek 1 : (Göçme manyda) Mal-mülksüz galmak, garyp düşmek, batmak, lüt düşmek.
II. entemek→ [Kim]
Ör. Sen[Kim] sähel entädin.

A4 I. entemek 1 : Horluk çekmek, kynçylyk görmek.
II. entemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gije-gündiz entäp lüti çykýardy.

A5 I. entemek 2 : (Göçme manyda) Bir zadyň yzynda sergezdan bolmak, bir zat üçin kynçylyk çekmek.
II. entemek→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Olar)[Kim] Onuň yzynda[Kimde] entädiler.

**Eňekleşmek**

A1 I. eňekleşmek 1 : Bir zat hakynda jedel edişmek, sanaşyp oturmak, jedelleşmek, dawalaşmak, kejeleşmek.
II. eňekleşmek→ [Kim]
Ör. Olar[Kim] Şirniň çykarylyşy barada eňekleşip başladylar.

**Eňmek**

A1 I. eňmek 2 : Aşaklygyna gaýtmak, inmek.
II. eňmek→ [Kim],[Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Duşmanyň alty sanysy göwresini saklap bilmän aşaga[Kime] eňdi.

A2 I. eňmek 2 : Bir tarapa ýüzlenmek, gitmek.
II. eňmek→ [Kim],[Kime]
Ör. Biz[Kim] gündogar tarapa[Kime] eňmeli.

A3 I. eňmek 2 : Hüjüm etmek, çozmak, topulmak.
II. eňmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Duşmanyň üstüne[Kime] baka eňdiler.

**Eňremek**

A1 I. eňremek 1 : Gynançdan ýaňa zaryndan gözýaş etmek, zar-zar aglamak, aglamak.
II. eňremek→ [Kim]
Ör. Köp eňredi Nabat pahyr, Çagalary[Kim] hem aglaşdy.

**Eňtermek**

A1 I. eňtermek 2 : Gaby aşak tutup, egip bir zady dökmek, akdyrmak, guýmak.
II. eňtermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň üstünden bedreli suwy[Kimi] hem eňteripdi.

A2 I. eňtermek 3 : Bir zat bilen basyrmak, üstüni ýapmak, gömmek.
II. eňtermek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Hawa, (siz)[Kim] ol maşyny[Kimi] şol ýere[Kime] eňteriň, üstüne kenary eňteriň, düşüdiňizmi? --diýip, Patan ata öz adamlaryna buýruklar berdi.

A3 I. eňtermek 2 : Bir tarapa agdarmak, itekläp ýykyp goýbermek.
II. eňtermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Şeýle-de bolsa, meniň yralan agajymy[Kim] sen[Kimi] eňterip goýberdiň.

A4 I. eňtermek 2 : (Göçme manyda) Erbet taraplaryny, etmişini görkezip geplemek, üstünden düşmek, tankyt etmek, ýamanlamak.
II. eňtermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] öz kömekçilerimi[Kimi] eňterdim.

A5 I. eňtermek 2 : Bir zat bilen urmak, depesinden indirmek.
II. eňtermek→[Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Hyrçyny dişläp eýmenç baý[Kim], birdenkä çolugyň gerşinden gamçysyny{Kimi} eňterdi.

A6 I. eňtermek 2 : (Göçme manyda) Bir bada içmek, başyňa çekmek, götermek.
II. eňtermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Hany, dostlar[Kim], badalary[Kimi] eňteriň!

**Epeýlenmek**

A1 I. epeýlenmek 1 : Epeý görnüşi almak, ulumsyramak, dogumlysyramak.
II. epeýlenmek→ [Kim]
Ör. Ballyýew[Kim], epeýlenip, ynjalykly oturýar.

**Epilmek**

A1 I. epilmek 1 : Epin emele gelmek, epin tutmak, gasyn atmak.
II. epilmek→ [Kim]
Ör. Onuň köýnegi[Kim] epilipdir.

A2 I. epilmek 1 : Duga formasynda bolmak, egilmek, bükülmek, eplenmek.
II. epilmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] epilip salam berdi.

**Eplemek**

A1 I. eplemek 2 : Bir zady bükmek, gat-gat etmek.
II. eplemek→[Kim],[Kimi]
Ör. Ol[Kim] ony[Kimi] epläp jübüsine saldy.

**Erbetlemek**

A1 I. erbetlemek 1 : Hil taýdan erbet bolmak, ýaman bolmak, ýaramazlamak.
II. erbetlemek→ [Kim]
Ör. Emma howa[Kim] erbetledi.

A2 I. erbetlemek 1 : Pese düşmek, beterlemek.
II. erbetlemek→ [Kim]
Ör. Göýä Günüň öňün bulut alan ýaly, Ene erbetledi Hasanyň haly[Kim].

**Erejekletmek**

A1 I. erejekletmek 2 : Gözüňi elek-çelek, etdirmek, hereketlendirmek.
II. erejekletmek→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Ertirden soň gözüni açdy hem bir hili gorkýan ýaly, (ol)[Kim] gözlerini{Kimi} erejekledip, töweregine seretdi.

**Eremek**

A1 I. eremek 1 : Ergin hala çekmek, ýylylyk zerarly suwuk hala öwrülmek.
II. eremek→ [Kim]
Ör. Gijeki syrap ýatan gar[Kim] eremändir.

A2 I. eremek 2 : Suwuklykda dargamak, suwuk hala geçmek.
II. eremek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Duz[Kim] suwda[Kimde] eredi.

A3 I. eremek 1 : (Göçme manyda) Fiziki taýdan çekilmek, horlanmak.
II. eremek→ [Kim]
Ör. Jontuk sygry[Kim] öz gözüniň öňünde günsaýyn eräp çykdy.

A4 I. eremek 1 : (Göçme manyda) Mähirli, ýüregi ýuka ýagdaýda bolmak.
II. eremek→ [Kim]
Ör. Ýürek-bagry[Kim] eredi.

**Erişmek**
A1 I. erişmek 2 : Biriniň garşysyna çykmak, birine hüjüm etmek.
II. erişmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Onsoň hem kim bolupmyş ol, Meredow[Kim] diýilýän, maňa[Kime] erşer ýaly?

**Erkanlaşdyrmak**
A1 I. erkanlaşdyrmak 2 : Kinoda görkezmek üçin taýýar etmek, dogry getirmek, uýgunlaşdyryp suratyny almak.
II. erkanlaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Pýesany[Kimi] ekranlaşdyrmak.

**Erňeklemek**
A1 I. erňeklemek 2 : Bir zadyň ýakasyny, kenaryny tutup durmak, bir ýeriň gyrasy boýunça ýerleşmek.
II. erňeklemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Araçäge golaý, dag etegine[Kime] çaklaňrak bir oba[Kim] erňekläp görünýärdi.

**Ersmek**
A1 I. ersmek 1 : Üýtgemek, özgermek.
II. ersmek→ [Kim]
Ör. Seniň ýüregiň[Kim] ersmek üçin aýdaýypsyň.

**Esaslanmak[esa:slanmak]**
A1 I. esaslanmak 2 : Bir zada (delile, tutaryga) daýanmak, bir zady esas edinmek.
II.esaslanmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ony[Kimi] siz[Kim] näme esaslanyp diýdiňiz?!

**Eselmek**

A1 I. eselmek 1 : Hondan bärisi bolmak, gopbarmak.
II. eselmek→ [Kim]
Ör. Merde ýalbarsaň peseler, (olar)[Kim] namarda ýalbarsaň eseler.

**Esetmek**

A1 I. esetmek 2 : Birini, bir zady görmek maksady bilen seretmek, barmak, äňetmek, garamak; syn etmek.
II. esetmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Gözün gyrpman, atasyna[Kime] esetdi.

**Esreşmek**

A1 I. esreşmek 1 : Köpçülikleýin esremek, lummur-lummur edişip ses çykarmak, kükreşmek.
II. esreşmek→ [Kim]
Ör. Esreşýär erkekler[Kim], kükreşýär nerler.

**Eşiklemek**

A1 I. eşiklemek 2 : Bir zadyň üstüne eşik örtmek, eşik ýapmak, eşikli etmek.
II. eşiklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ony[Kimi] täze keçeler bilen eşikläp, ak gümmez ýaly etdi.

**Eşitmek**

A1 I. eşitmek 2 : Eşidiş organy arkaly kabul etmek, gulaga ilmek.
II. eşitmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Öz sesini[Kimi] güýçli ýelde çala eşidýärdi.

A2 I. eşitmek 1 : Eşidiş ukyby bolmak.
II. eşitmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] oňat eşidýär, emma sen oňat eşitmeýärsiň!

A3 I. eşitmek 2 : Bir habary, maglumaty bilmek.
II. eşitmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çünki ol[Kim], Çernyşowyň öz ortýady bilen Mara baka öten gije çekilen habaryny[Kimi] eşidipdi.

A4 I. eşitmek 2 : Diňlemek, gulak salmak.
II. eşitmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Saz[Ne] eşitdi.

A6 I. eşitmek 2 : Aýdylan zady berkleşdirmek, tassyklamak.
II. eşitmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] gün tertibini[Kimi] eşidýär.

**Eteklemek**

A1 I. eteklemek 2 : Bir ýeriň etegi bilen gitmek, etegi tutup durmak: etegi düşmek, aşaklamak.
II. eteklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ukrainanyň Borisenko diýen obasy[Kim] gür tokaýlygy[Kimi] etekläp otyrdy.

**Etigmek**

A1 I. etigmek 1 : Özüňi tutmak, gurplanmak, daýanmak, semremek.
II. etigmek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Ýaňy etigenje köşek ene düýän emjeklerini taýly gezek sokjaýardy.

**Etmek**

A1 I. etmek 2 : Bir işi amala aşyrmak, ýüze çykarmak, ýerine ýetirmek.
II. etmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bu işleri[Kimi] onuň özi[Kim] etdi.

**Eýelemek**

A1 I. eýelemek 2 : Bir zady özüňki etmek, öz ygtyýaryňa geçirmek, eýe bolmak.
II. eýelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] kitaby[Kimi] eýýäm eýeläpdir.

A2 I. eýelemek 2 : Ele almak, ele salmak, basyp almak.
II. eýelemek→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Olar[Kim] on ikinji iýulda Aşgabatda hem Gyzylarbatda häkimiýeti{Kimi} eýelediler.

A3 I. eýelemek 2 : Bir ýerde jaýlaşmak, ýerleşmek, ornaşmak.
II. eýelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ellerini işden boşanan beýleki adamlar-da[Kim] özleriniň at-abraýlaryna laýyk bolan ýerlerini[Kimi] eýelediler.

**Eýerlemek**

A1 I. eýerlemek 2 : Gylýala ýer salmak, gylýalyň üstüne eýer berkitmek.
II. eýerlemek. → [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Musa aga[Kim] boz aty{Kimi} eýerledi.

**Eýermek**

A1 I. eýermek 2 : Biriniň ýa-da bir zadyň ýany bilen gitmek, yz ýanyndan barmak, yzyna düşüp galmazlyk.
II. eýermek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ýaňky iki atly-da[Kim] onuň yzyna[Kime] eýerdiler.

A2 I. eýermek 2 : Bir zatda deň barmak, bir zada ýetişmek.
II. eýermek→ [Kim], [Kime]
Ör. Emma bagyşla, durmuş guramakda men[Kim] seniň yzyňa[Kime] eýerip bilmen!

A3 I. eýermek 2 : Bir zady esas edinmek, bir zada esaslanmak, daýanmak, bir zatdan ugur alma, bir zadyň ugry bilen gitmek(pikire).
II. eýermek→ [Kim], [Kime]
Ör. Siz[Kim] olara[Kime] körlerçe eýerýärsiňiz.

**Eýesiremek**

A1 I. eýesiremek 2 : Bir zadyň eýesi bolan bolmak, bir zada eýe çykan bolmak, özüňi bir zadyň eýesi hökmünde görezmäge synanyşmak özüňkisirmek, hojaýynsyramak, eýesiremek.
II. eýesiremek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Indi ata[Kime] has eýesiredi.

**Eýgermek**

A1 I. eýgermek 2 : Bir zady etmegi başarmak, oňarmak, bir işi ýerine ýetirip bilmek, hötdesinden gelmek.
II. eýgermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Mämmet[Kim] indi kemsiz özün ony[Kimi] eýgerýär.

**Eýikmek**

A1 I. eýikmek 1 : Özüňi tutmak, ösmek, güýçlenmek, aýaga galmak, daýanmak, rowançlanmak.
II. eýikmek→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Käbir ýerde eýikmedik, Çaly-çerkez bitip otyr.

**Eýlemek1**

A1 I. eýlemek 2 : Eý bermek, derini eýe ýatyrmak, eý berip bejermek.
II. eýlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Stepan[Kim] gaplaňyň derisini[Kimi] eýlemek bilen meşgul boldy.

A2 I. eýlemek 3 : Bir zady ikinji bir zat bilen garyşdyryp, gatyşdyryp gysmak, basmak, owkalamak bilen olary biri-birine utgaşdyrmak, durnukly etmek, eýini ýetirmek.
II. eýlemek→ [Kim], [Kimi], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] sygyr tezegi bilen[Kimle] samany[Kimi] garyp, eýläp oturan eken.

**Eýlemek2**

A1 I. eýlemek 3 : (Könelişen söz) etmek1
II. eýlemek→ [Kim], [Kime], {Ne} tamamlayıcı,
Ör. Atam-enem[Kim] kast{Ne} eýledi janyma[Kime].

**Eýmenmek**

A1 I. eýmenmek 2 : Birinden ýa-da bir zatdan gorkmak, çekinmek, ätiýaç etmek, heder etmek, üýşenmek.
II. eýmenmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Sizden[Kimden] Görogly[Kim] çigit ýaly hem eýmenmäz.

**Ezberleşmek**

A1 I. ezberleşmek 1 : Iş başarjaň bolmak, öz işiňe ökde bolmaklyga endik edip başalamak, ökdeleşmek.
II. ezberleşmek→ [Kim]
Ör. Halk şahyryň soňky şygyrlarynda ýerlikli çeperçilik serişdelerini ulanyşy[Kim] ezberleşdi we güýçlendi (Gurbanowa, 2011: 285).

**Ezelenmek**

A1 I. ezelenmek 1 : Ýürekden syzdyryp aýtmak, haýyş etmek, ýalbarmak.
II. ezelenmek→ [Kim]
Ör. Saçyndan ak görnen tanyş bir adam[Kim] ezelenip, ýalbaryp duransoň Gurbanyň razylaşmakdan başga alajy bolmady.

A2 I. ezelenmek 1 : Janyň-teniň bilen hereket etmek, bir zady etjek bolup çalyşmak, urunmak.
II. ezelenmek→ [Kim]
Ör. Gaýgy-gamyň gujagynda her zaman Ot içinde ezelenýär Şirin jan[Kim].

**Ezmek**

A1 I. ezmek 2 : Bir zady öllemek, öl etmek, bir zady suwa ýatyrmak, suwa salyp goýmak.
II. ezmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. İrden gür ýagýan ýagyş[Kim] eşikleri[Kimi] derrew ezýärdi.

A2 I. ezmek 2 : (Göçme manyda) Rehimsiz gysmak, zulum, sütem bermek, hak-hukuksyz horlamak.
II. ezmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] İsledik maksatlary zähmetkeşi[Kimi] ezmekdir.

**Äbermek**

A1 I. äbermek 3 : Bir zady birine bermek, alyp bermek.
II. äbermek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Oglum, ajygansyň, men goýultmak bişirdim! -- diýip, bir çanak goýultmagy[Kimi] Annagulyň öňüne[Kime] äberdi.

A2 I. äbermek 3 : Bir zady biri üçin alyp bermek, satyn alyp bermek.
II. äbermek→[Kim], [Kime], [Ne]
Ör. Ol[Kim] dükandan ogluna[Kime] oýunjak[Ne] äberdi.

**Ädimlemek**

A1 I. ädimlemek 1: Ädim ätmek, ädim ädip gitmek, barmak, ýörmek.
II. ädimlemek→ [Kim]
Ör. Çünki gorkusyndan ýaňa düýeleriň aýaklary bütin göwresine çenli saňňyldaýar we aýaklary[Kim] darajyk duşalan ýaly zordan ädimleýärdiler.

A2 I. ädimlemek 2 : Ädim ädip belli bir aralygy, giňligi ölçemek, ölçäp görmek.
II. ädimlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Öküziň meýidine çenli bolan aralygy[Kimi]-da ädimläp ölçedi.

A3 I. ädimlemek 2 : (Göçme manyda) Hereket etmek, gadam basmak, öňe gitmek.
II. ädimlemek→[Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Beýle sözler bilen geljege[Kime] ädimläp bolmaz.

**Äginmek**

A1 I. äginmek 1 : Aýak çekmek, biraz durmak.
II. äginmek→ [Kim], [ZÖ]
Ör. Bir garryja aýal içeri girdi, (ol)[Kim] Ägindi az wagt[ZÖ], geçmedi dula.

A2 I. äginmek 1 : Giden ýeriňde ýa bir iş edeňde saklanmak, eglenmek.
II. äginmek→ [Kim]
Ör. Seniň eger janyňa haýpyň gelýän bolsa, (sen)[Kim] äginme-de derrew torbany doldur!

**Ähtleşmek**

A1 I. ähtleşmek 2 : Äht edişmek, şert edişmek, söz berişmek, wadalaşmak.
II. ähtleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Sen[Kim] meniň bilen[Kimle] ähtleş (çevrimiçi: http://wap.ertir.com/index.php?q=blog &view=104916, 06.03.2015)).

**Äkelmek**

A1 I. äkelmek 2 : getirmek, alyp gelmek
II. äkelmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Päkize[Kim] bir gyz[Kimi] hem äkelipdir. Bar, oglum[Kim], taýyňy[Kimi] äkel!

**Äkitmek**

A1 I. äkitmek 2 : Bir zady ýa-da birini özüň bilen alyp gitmek, özüň bilen alyp barmak, eltmek.
II. äkitmek → [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] yk tarapa bakyp duran ýerinden hemme kuwwatyny ýygnap, zarp bilen ätmekçi boldy weli, çäge goşantly ýel donuň we köýnegiň içine doldy-da, ony[Kimi] ýuwaşlyk bilen ýerden göterip äkitdi.

**Äklemek**

A1 I. äklemek 2 : Geýim-gejim äk urmak, äk goýmak, äk salmak, äk bilen tikmek. II. äklemek → [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Geýiminiň ýyrtylan ýerini[Kimi] äklemek.

**Äňetmek**

A1 I. äňetmek 2 : Seretmek, garamak, bakmak, görmek, esetmek.
II. äňetmek → [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] oňa[Kime] näçe äňetse-de, kimdigini aňşyryp bilmedi.

A2 I. äňetmek 2 : Bir zada gözegçilik etmek, bir zat hakynda alada etmek, agyry etmek, bir zadyň ugruna seretmek, esetmek.
II. äňetmek→[Kim],[Kime]
Ör. Aýaly[Kim] kesellä[Kime] äňetmelidi.

A3 I. äňetmek 2 : Belli bir maksat bilen bakmak, gözden geçirmek, barlap görmek.
II. äňetmek→[Kim], [Kime]
Ör. Suhan[Kim] gaty asmana seredip, üstüne abanan uzyn adamyň ýüzüne[Kime] äňetdi-de, ýaňy aýak biten oglan ýaly, entirek-tentirek götinläp sowuldy (Derýaýew, 83).

A4 I. äňetmek 2 : Bir tarapa bakyp durmak, bir tarapa ýüzlenen bolmak.
II. äňetmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Onuň äpişgesi[Kim] baýra[Kime] äňedip giňden açykdy.

**Äsgermek**

A1 I. äsgermek 2 : Bir zat hökmünde görmek, derekli hasaplamak, sana goşmak, bir zar diýip bilmek.
II. äsgermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sen[Kim] ony[Kimi] äsgerer ýaly, ol[Kim] seni[Kimi] äsgerdimi näme?!

A2 I. äsgermek 2 : Birinden çekinmek, gorkmak, üýşenmek.
II. äsgermek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] şeýle adamdyr, hiç kimden[Kimden] äsgermese, her zat eder.

**Ätlemek**

A1 I. ätlemek 2 : Bir zadyň üstünden ädip geçmek, ötmek.
II. ätlemek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Şolaryň üstünden[Kimden] ätlemelidi.

A2 I. ätlemek 2 : Aýgytly-hereket etmek, öňe gitmek.
II. ätlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Biz)[Kim] Öňe[Kime] tarap ätleýäris.

**Ätmek**

A1 I. ätmek 1 : Öňe aýak basmak, gitmek, ýöremek.
II. ätmek→[Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Dur aýagyňy ätme, goý, iýsin!

**Äwmek**

A1 I. äwmek 1 : Howlukmak, gyssanmak, alňasamak.
II. äwmek→ [Kim]
Ör. (Siz)[Kim] Ýeri, onda näme äweňizok?

**-F**

**Filtrlemek**

A1 I. filtrlemek 2 : Filtr arkaly arassalamak, filtrden geçirmek.
II. filtrlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Tüweleý görnüşli hereketi döretmek üçin enjamlar; iri howany guratmak üçin enjamlar; howany[Kimi] filtrlemek üçin suwy ýumşatmak üçin gurluşlar (çevrimiçi: http://kak.znate.ru/docs/index-103189.html?page=84,15.03.2015).

**Formalaşmak**

A1 I. formalaşmak 1 : Belli bir forma gelmek, belli bir formany kabul etmek.
II. formalaşmak→ [Kim]
Ör. Sözüň üýtgeýişi[Kim] formalaşdy.

**Formulirlemek**

A1 I. formulirlemek 1 : Pikiriňi gysga we anyk aýtmak.
II. formulirlemek→ [Kim]
Ör. B.İ. Lenin[Kim] rewolýutsiyadan son erine etirmeli bolan saglygy saklaýşyn düýp manysyny beýik oktýabr sotsialistik rewolýutsiýasyndan ozal formulirlepdi.

**-G**

**Gabamak[ga:bamak]**

A1 I. gabamak 2 : Töwerek-daşyny gurşap almak, töweregine halkalaýyn aýlanmak, gabawa salmak.
II. gabamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] meni görüp derrew daşymy[Kimi] gabadylar.

A2 I. gabamak 2 : Biriniň daşyna üýşmek, bir zadyň töweregine ýygnanmak, toplanmak, halkalaýyn aýlanmak.
II. gabamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Toplanan märeke[Kim] onuň daşyny[Kimi] gabady.

**Gabanmak[ga:banmak]**

A1 I. gabanmak 2 : Gabanjaňlyk etmek, gabanjaň gylykda bolmak, özgelerden gysganmak.
II. gabanmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eger Pökgen aga[Kim] gyzyny[Kimi] beýle gabansa, biz-näme diýjegimizi bilemzok.

**Gabarmak[ga:barmak]**

A1 I. gabarmak 1 : Göwrümi ulalmak, pökgermek, güberilmek, çişmek.
II. gabarmak→ [Kim]
Ör. Fartuklary[Kim] gitdigiçe gabarýar, uzakdaky harman gar dek agarýar.

A2 I. gabarmak 1 : Gabarçyk emele gelmek, pakgarmak.
II. gabarmak→ [Kim]
Ör. Elimiň aýasy[Kim] gabardy.

A3 I. gabarmak 1 : (Göçme manyda)Ýerliksiz öwünmek, güplemek, çişmek.
II. gabarmak→ [Kim]
Ör. Bolsa-da ol[Kim] gabarmagyň we çişmegi gadyryny bilip, hötdesinden gelýän adam ekeni.

**Gabatlamak**

A1 I. gabatlamak 1 : Gabatma-gabat etmek, garşyma-garşy etmek, biri-birine göni getirmek, gönülemek.
II. gabatlamak→ [Kim]
Ör. Iki hatar[Kim] gabatlap duraýsadyk.

A2 I. gabatlamak 2 : Bir zada ýa-da wagta laýyk geler ýaly hereket etmek, niýet edip iş görmek.
II. gabatlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Biz)[Kim] Festiwala[Kime] gabatlap Moskwa gitdik.

A3 I. gabatlamak 2 : Gabat öňünden çykmak, öňünden garşylamak. Pete-pet gelmek.
II. gabatlamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Onuň özünden, gapdalyndan[Kimden] hem ýörite iberilen otrýadlar[Kim] gabatlady.

**Gabsalamak**

A1 I. gabsalamak 2 : Gabsa oturtmak, gapy oturtdyrmak.
II. gabsalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Jaýy[Kimi] gabsalamak.

**Gabsamak[ga:bsamak]**

A1 I. gabsamak 1 : Daşyny almak, daşyna aýlanyp ugramak.

II. gabsamak→ [Kim]
Ör. Öýümiziň gamşyna dyrmaşyp ugrandan, ejem ikimiz[Kim] gyrkylyk bilen ýerli-ýerden gabsap ugradyk.

A2 I. gabsamak 2 : Büräp almak, urmak, dolmak (el, tüsse we ş. m. hakda).
II. gabsamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Onuň burlan uzyn murtlaryny, gyrçuw sakgalyny[Kimi] tüsse[Kim] gabsady.

**Gabşyrmak**
A1 I. gabşyrmak 2 : Iki zady biri-birine söýäp goýmak, ýanaşyk goýmak.
II. gabşyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] tagtalary[Kimi] gabşyrdy.

**Gabzamak**
A1 I. gabzamak 2 : Bolýan hereketiň, ýagdaýyň öňüni almak, päsgel bermek, hereketiň amala aşmagyna bökdenç bolmak, düýrüp almak.
II. gabzamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Aşyr owsala ýüregini aldyrman, (ol)[Kim] onuň öňüni[Kimi] gabzady.

**Gaçalaklamak**
A1 I. gaçalaklamak 2 : Boýun gaçyrmak, gaçalak etmek, sapalak atmak, sypjyklamak.
II. gaçalaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýüzüni[Kimi] iki ýana sowup gaçaklady.

**Gaçgaklamak**
A1 I. gaçgaklamak 2 : Gaça durmak, bir işden sowa durup sypçaklamak, gaçyp gezip ýörmek, ol ýüzüni iki ýana sowup gaçgaklady.
II. gaçgaklamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Artyk (ol)[Kim] Halnazaryň karam bijesinden[Kimden] gaçgaklap, neneň niçik bolýança şäher düşdi.

**Gaçmak**
A1 I. gaçmak 2 : Duran ýerinden bir tarapa gaty ylgap gitmek, yza çekilmek, bir sebäbe görä bolýan ýerinden işden ýa-da baş ga bir zatdan ygtyýarsyz çykyp gitmek, uzaklaşmak.
II. gaçmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Oraz serdar[Kim] Eýrana[Kime] gaçdy.

A2 I. gaçmak 2 : Elinden ýa-da ýokardan ýere düşmek.
II. gaçmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Bu suraty görseň, diýýärsiň göýä, Aýyň bir bölegi[Kim] ýere[Kime] gaçypdyr.

A3 I. gaçmak 1 : Peselmek, çekilmek, azalmak (suw hakda).
II. gaçmak→ [Kim]
Ör. Derýanyň suwy[Kim] gaçypdyr.

**Gadaklamak**
A1 I. gadaklamak 2 : Gadak bilen ölçemek, gadak bilen çekmek.
II. gadaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Çaýy[Kimi] gadaklap ölçemek.

**Gadyrlanmak**
A1 I. gadyrlanmak 1 : Gadyrly bolmak, alçaklanmak, sylagly garamak.
II. gadyrlanmak→ [Kim]
Ör. Jeren[Kim] gadyrlanypdyr.

**Gagşamak**
A1 I. gagşamak 1 : Gyzdyrmak, gorkmak ýa-da üşümek zerarly sandyramak, titremek, galdyramak.
II.gagşamak→ [Kim]
Ör. Mämmet aga[Kim] sowukdan gagşady.

**Gagyldamak[ga:gyldamak]**
A1 I. gagyldamak 1 : Gagyldyly ses çykarmak (gargalaryň, gazlaryň, ördekleriz gagyldysy hakda).
II. gagyldamak→ [Kim]
Ör. Garga[Kim] gagyldap, gaz bolmaz, kempir bezenip-gyz.

**Gagyrdamak[ga:gyrdamak]**
A1 I. gagyrdamak 1 : Gagyldamak.
II. gagyrdamak→ [Kim]
Ör. Garga[Kim] muň gagyrsa-da ýaz çykmaz, Gaz[Kim] bir gagyrsa -ýaz.

A2 I. gagyrdamak 1 : Bogazyňy sesli arçamak, gakylygyňy tüýkürmek.
II. gagyrdamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] gan gagyrdaýar.

**Gaharlandyrmak**
A1 I. gaharlandyrmak 2 : Gaharyň gelmek, gaharyň gyzmak, herrelmek, dazarylmak, gazaplanmak.
II. gaharlandyrmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Nabat eje[Kim] saňa[Kime] gaharlandy.

**Galagoplanmak**
A1 I. galagoplanmak 1 : Galagop bolmak, ynjalygyň gaçmak, howsala düşmek, aljyraňňy, başagaý ýagdaýda bolmak.
A1 I. gozgamak 2 : Ýerinden üýtgetmek, ýerinden süýşürmek, ýerinden gymyldatmak, ellemek.
II. gozgamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Ody[Kimi] gozgasaň-öçer, goňşyňy[Kimi] gozgasaň-göçer.

A2 I. gozgamak 2 : Bir zat ýa-da mesele hakda gürrüň gozgamak.
II. gozgamak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Planyň ýerine ýetişi hakynda mesele[Ne] gozgamak.

A3 I. gozgamak 2 : Täsir etmek, ynjytmak, rahatsyzlandyrmak.
II. gozgamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Soňky gürrüňler[Kim] ony[Kimi] has hem gozgady.

**Göçmek**

A1 I. göçmek 2 : Ýaşaýan ýerini üýtgetmek, bir ýerden ikinji bir ýere baryp ýaşamak.
II. göçmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] täze jaýa[Kime] göçdü.

A2 I. göçmek 2 : Küşt, damka we ş. m. oýunda çöpi bir öýden başga öýe süýşürmek, göçüm etmek.
II. göçmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Pyýada[Ne] göçmek.

A3 I. göçmek 1 : Ýarylmak, partlamak, ot almak (ok, tüpeň barada).
II. göçmek→ [Kim]
Ör. Ol çenäp tüpeňiň çakmagyny gysdy, (ol)[Kim] emma göçmedi.

**Gögermek[gö:germek]**

A1 I. gögermek 1 : Ýere taşlanan tohumyndan şine ýaryp ýeriň ýüzüne çykmak, baldak çykarmak, tohum alyp ösüp başlamak.
II. gögermek→ [Kim]
Ör. Tohum[Kim] al-da, ýere bar, gögermese, maňa gel.

A2 I. gögermek 1 : Gök reňke öwrülmek, gök reňke meňzemek.
II. gögermek→ [Kim]
Ör. Sowukdan ýaňa elleri[Kim] gögeripdi.

A3 I. gögermek 1 : Teniňe zarba düşüp, gan öýmek.
II. gögermek→ [Kim]
Ör. Onuň gözüniň öňi[Kim] gögeripdir.

**Gölemek[gö:lemek]**

A1 I. gölemek 2 : Gölegi, ölüni jaýlamak.
II. gölemek→ [Kim],[Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ölini[Kimi] gölemek.

**Gölermek[gö:lermek]**

A1 I. gölermek 1 : Aýaklaryny uzyn salyp-çäşerip çişip ýatmak (haýwan barada).
II.gölermek→ [Kim]
Ör. Düýämyz[Kim] göleripdir.

**Gömmek**

A1 I. gömmek 2 : Zadyň üstüni gum we ş. m. bilen örtmek.
II. gömmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] hiniň agzyny[Kimi] gömüp, däneleri gyşa gamlap goýupdyrlar.

A2 I. gömmek 2 : Jaýlamak, dulamak (adamy).
II. gömmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Garyplar bolsa öz ölülerini[Kimi] hiçbir balzamlaşdyrman, ýere gömüpdirler.

**Göndermek3**

A1 I. göndermek 3 : Ýola salmak, ugratmak, ibermek.
II. göndermek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] iki sany kenizi[Kimi] erkek lybasynda soltanyň üstüne[Kime] gönderip, şeýle mälim ediň diýipdir.

A2 I. göndermek 2 : (Göçme manyda) Bir başa çekmek, hemmesini bir bada içmek.
II. göndermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Käsedäki gatygyň baryny[Kimi] gönderdi.

**Gönelmek**

A1 I. gönelmek 1 : Dogralmak, göni bolmak, ýazylmak.
II. gönelmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] bütin göwresi bilen gönelip, bir tarapa seredip dur.

A2 I. gönelmek 1 : (Göçme manyda) Çynyňy aýtmak, hakykaty aýartmak, dogryňdan gelmek.
II. gönelmek→ [Kim]

Ör. Sen[Kim] gönel-de, dogryňy aýt!

**Gönenmek**

A1 I. gönenmek 2 : Janyň lezzet tapmak; hezil etmek, begenmek.
II. gönenmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Sen[Kim] ondan[Kimden] gönenipdirsin.

A2 I. gönenmek 2 : Bir zat bir doly üpjün bolmak, ýeterlik kanagatlanmak.
II. gönenmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Iýmitden[Kimden] gönenmek.

**Gönükmek**

A1 I. gönükmek 2 : Barylmaly ýere ugur boýunça göni gitmek, ugramak.
II. gönükmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Soň tamlaryň gapdaly bilen dolandy we öz ýoluna[Kime] (ol)[Kim] gönügip, gök otlaryň üsti bilen ädimleýärdi.

A2 I. gönükmek 2 : Dogry usul, ugur bilen hereket edip başlamak, işe türgenleşmek, ugrukmak.
II. gönükmek→ [Kim], {Kime}Tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] İşe{Kime} gönükmek.

**Gönülemek**

A1 I. gönülemek 1 : Göni ýol bilen gitmek, dogrulamak.
II. gönülemek→ [Kim]
Ör. Galmagal turzup nätjek, sürüber-dä (sen)[Kim] gönüle-de!

A2 I. gönülemek 1 : (Göçme manyda) Dogry sözlemek, çynyňyaýtmak, dogryndaň gelmek, dogryňy aýtmak.
II. gönülemek→ [Kim]
Ör. (Men)[Kim] Gönülesem, gyzym, meniň hem çaga hüwdüläsim, sallançak üwräsim gelýär.

**Göreşmek**

A1 I. göreşmek 1 : Göreş sporty boýunja güýç synaşyp, biri-birini ýykjak bolmak, göreş tutmak.
II. göreşmek→ [Kim]
Ör. Şu gün stadionyň göreş meýdançasynda ýaş pälwanlar[Kim] göreşjekdir.

A2 I. göreşmek 1 : Göreşi alyp barmak, söweşmek, uruşmak.
II. göreşmek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Azatlyk ugrunda göreşmek.

A3 I. göreşmek 2 : Bir zadyň ugrunda çalyşmak, alada etmek.
II. göreşmek→ [Kim], [ZÖ]

Ör. Kolhozyň maldarlary[Kim] täze ýylda has köp üstünlik gazanmak ugrunda[ZÖ] göreşýärler.

**Görkezmek**

A1 I. görkezmek 3 : Zady aýdyň görer ýaly etmek, zada gözüni düşürmek, görmäge mümkinçilik bermek.
II. görkezmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Sen[Kim] maňa[Kime] öýüňizi[Kimi] görkez -- diýdi.

A2 I. görkezmek 3 : Seretmek, äňetmek, tanyş bolmak üçin birine görmäge bermek.
II. görkezmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Men)[Kim] Makalamy[Kimi] oglanlara[Kime] görkezdim.

**Görmek1**

A1 I. görmek 2 : Görüş ukybyna eýe bolmak.
II. görmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] indi öz ýoluny[Kimi] görýär.

A2 I. görmek 2 : (Göçme manyda) Biri bilen duşuşmak, birine gabat gelmek.
II. görmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] Atany[Kimi] şäherde gördüm.

A3 I. görmek 2 : (Göçme manyda) Başdan geçirmek.
II. görmek→ [Kim], [Ne]
Ör. Patyşa wagtynda sakgalymyzyň reňki üýtgän wagtynda, biziň gözümiz[Kim] nämeler[Ne] görmedi.

**Görüşmek**

A1 I. görüşmek 2 : Ýüzbe-ýüz bolmak, biri-biriňi görmek, duşuşmak.
II. görüşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Biz[Kim] biri-birimiz bilen[Kimle] seýrek görüşýäris.

A2 I. görüşmek 2 : Elleşip salamlaşmak.
II. görüşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Sary[Kim] onuň bilen[Kimle] gadyrly görüşse-de, ilki bada ony tanamady.

**Götergilemek**

A1 I. götergilemek 2 : Köp bolup dabara bilen birini ýokary galdyrmak, götermek.
II. götergilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýigitler Amany, gyzlar[Kim] Gülnary[Kimi] götergiläp, şondan öýe saldylar.

A2 I. götergilemek 2 : (Göçme manyda) Abraýyny galdyrmak, ýokary götermek.
II. götergilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Mämetweli[Kim] ony[Kimi] götergiledi.

A3 I. götergilemek 2 : (Göçme manyda) Üstüňden gülmek maksady bilen ýalandan öwmek, oýnamak.
II. götergilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sen[Kim] onlary[Kimi] götergilepdir.

**Göterimlemek**

A1 I. göterimlemek 1 : Arryklygy we horlugy ze rarly guzlajak guzlajagynyň öň ýanynda sürä eýermän galmak, sürüden galmak (goýun, geçi hakda).
II. göterimlemek→ [Kim]
Ör. Bu geçi[Kim] göterimläpdir.

**Götermek**

A1 I. götermek 2 : Ýokary galdyrmak, ýere degirmän saklamak, ele ýa arka almak.
II. götermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Musa aga[Kim] suwly küýzesini[Kimi] göterdi.

A2 I. götermek 3 : (Göçme manyda) Kabul etmek, almak.
II. götermek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] ony[Kimi] işe[Kime] göterdi.

A3 I. götermek 2 : (Göçme manyda) Noş etmek, içmek.
II. götermek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Gelen myhmanlaryň saglygyna[Kime] göterdiler.

**Götinjeklemek[göti:njeklemek]**

A1 I. götinjeklemek 1 : Yzyna ýöremek, götin çekilmek, götinligine hereket etmek.
II. götinjeklemek→ [Kim]
Ör. Başlygyň aty[Kim] bir-iki ädim götinjekledi.

A2 I. götinjeklemek 1 : İkirjiňläp durmak, yza serpip başlamak.
II. götinjeklemek→ [Kim]
Ör. Goşun[Kim] götinjekläp durdy.

A3 I. götinjeklemek 2 : Öz aýdanyndaň boýun towlajak bolmak, öz diýeniňden dänip başlamak, dönmek.
II. götinjeklemek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] indi öz aýdan sözünden[Kimden] götinjekläp başlady.

A4 I. götinjeklemek 1 : Azary gaýdyp başlamak, peselmek.
II. götinjeklemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Kesel[Kim] indi birneme götinjekläp başlady.

**Götinlemek[göti:nlemek]**
A1 I. götinlemek 1 : Götin ýöremek, yzyňa ýöremek.
II. götinlemek→ [Kim]
Ör. Duşman[Kim] götinläp başlady.

**Göwdükmek**
A1 I. göwdükmek 1 : Açdan-aç gezmek (Mal hakynda).
II. göwdükmek→ [Kim]
Ör. Bu goýun[Kim] göwdügipdir.

**Göwnemek**
A1 I. göwnemek 2 : Razy bolmak, kaýyl bolmak, islemek.
II. göwnemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Bä men ýerli- suwly, öz erkli adam bolarmykam, eýsem, halnazar baý[Kim] oňa[Kime] göwnärmikä?

**Göwşüldemek**
A1 I. göwşüldemek 1 : Täzelik görki gitmek, könelmek.
II. göwşüldemek→ [Kim]
Ör. Gara öýüň kilimi[Kim] göwşüldedi.

**Göýdükmek**
A1 I. göýdükmek 1 : Ýaşlykda ene süýdünde mähri ganman horluk çekmek, kadaly iýmitlenmän horlanmak, göýdük ösmek.
II. göýdükmek→ [Kim]
Ör. Çaga[Kim] göýdügipdir.

A2 I. göýdükmek 1 : Suw, dökün ýetmezçiligi zerarly ösmän galmak.
II. göýdükmek→ [Kim]
Ör. Ekiniň ýerleri[Kim] göýdükdi.

**Gözemek**
A1 I. gözemek 2 : Çuwalyň horjuny we ş. m. gabyň içinden zat dökülmez ýaly köjüklerinden eýlek- beýlak atanaklaýyn ýüp geçirip daňmak.
II. gözemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Agaýunus[Kim] iki horjunyň agzyny[Kimi] gözap özüniň hem zerli- zerli geýimlerini aldy.

**Gözetlemek**
A1 I. gözetlemek 2 : Seretmek bakmak, garamak.
II. gözetlemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Ol[Kim] signaly[Kimi] gözetleýär.

A2 I. gözetlemek 2 : Garaşyp durmak.
II. gözetlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Birini[Kimi] gözetläp durmak.

**Gözlemek**
A1 I. gözlemek 2 : Tapmak maksady bilen agtarmak, barlamak, yzarlamak.
II. gözlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eli taýakly adamlar[Kim], asyrynlyk bilen bukdaklap, kimidir birini[Kimi] gözleýärdiler.

A2 I. gözlemek 2 : Bir ýana äňetmek, seretmek.
II. gözlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gülnar[Kim] gyzyň giden taýyn[Kimi] gözleýär.

**Gözükmek**
A1 I. gözükmek : Işe birneme öwrenişmek, hünäri ele alyp başlamak; berilýän tälime öwrenişmek (mal hakda).
II. gözükmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] indi gözügip ugrapdyr.

A2 I. gözükmek 1 : Dini düşünjä göra: çaga we ş. m. göz-dil degmek.
II. gözükmek→ [Kim]
Ör. Bu sapar biziň çagamyz[Kim] gözükdi.

**Gubarlamak[guba:rlamak]**
A1 I. gubarlamak 1 : Dumanlamak, ümürlenmek.
II. gubarlamak→ [Kim]
Ör. Daglaryň başy[Kim] gubarlaýar.

A2 I. gubarlamak 1 : Gözüň öňi ümezlenmek.
II. gubarlamak→ [Kim]
Ör. Gözüm[Kim] gubarlady.

**Guçmak**
A1 I. guçmak 2 : Bagryňa basmak, gujagyňa gysmak, gujaklamak.
II. guçmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Üzüm aram tapyp, uzadyp golun, Gaýtadan gol salyp (ol)[Kim] guçdy serwini[Kim]. (N. Pomma, Saýlanan eserler)

**Guduramak[gu:duramak]**
A1 I. guduramak 1 : Örän begenmek, çakdanaşa guwanmak.
II. guduramak→ [Kim]

Ör. Özem çopanyň ilki bilmeli zady şol — diýip, alaşanyň daşynda ýören Tarhan[Kim] gudurap gürledi (Seýıdow, 1986:286)

A2 I. guduramak 1 : Ýakymsyzlyk etmek, bezzatlyk etmek, göze düşme bolmak, garagolluk etmek (köplenç çaga barada).
II. guduramak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme beýle guduraýarsyň?

**Guduzlamak**

A1 I. guduzlamak 1 : Ýokançly nerw keseli bilen kesellemek, guduz açmak.
II. guduzlamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] guduzlapdyr.

A2 I. guduzlamak 1 : (Göçme manyda) Çendenaşa zabun bolmak, rehimsizlik etmek, däliremek.
II. guduzlamak→ [Kim]
Ör. Duşman[Kim] guduzlady, ony derbi-dagyn etmek gerek.

**Gugarmak[gu:garmak]**

A1 I. gugarmak 1 : Boşap galmak, taňkyrap galmak, hiç zatsyz galmak.
II. gugarmak→ [Kim]
Ör. Men özümi bilelim bäri, ol[Kim] gugaryp duran haraba.

**Gujaklamak**

A1 I. gujaklamak 2 : Iki eliň bilen daşynda aýlap tutmak, gujagyna gyrmak, almak.
II. gujaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Oňa bakan topulypdyr-da, (ol)[Kim] ony[Kim] mäkäm gujaklapdyr.

**Gulkullatmak**

A1 I. gulkullatmak 1 : Gul-gulk edip işdäli içmek, jyňkydyp içmek, başyňa çekmek.
II. gulkullatmak→ [Kim]
Ör. Ýermolaý[Kim] bir demde gulkullatdy.

**Gulplamak**

A1 I. gulplamak 2 : Gulp ildirip ýapmak, gulp bilen baglamak, gulp bilen berkitmek.
II. gulplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Haýwanlaryň baryny bir saraýa gabaň-da (sen)[Kim] agzyny[Kim] daşyndan gulplaň!

**Gultunmak**

A1 I. gultunmak 1 : Bir zatdan hantama bolup ýuwdunmak, garaşmak, at galmak.

II. gultunmak→ [Kim]
Ör. Artyk, seniň söýgüliň bukjasyny baglap, saňa garaşyp, (sen)[Kim] gultunyp otyr.

**Gulunlamak**
A1 I. gulunlamak 1 : Taýçanak guzlamak (baýtal hakda).
II. gulunlamak→ [Kim]
Ör. Gör-le, baba, oguşýa[Kim] gulunlaýan.

**Gumalaklamak**
A1 I. gumalaklamak 1 : Gumalak gaçyrmak, tezeklemek.
II. gumalaklamak→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Çay uğrunda bir köşek, gumalaklamazmışdık, gumalagı, tomusgan togalaklamazmışdık.

**Gumlamak**
A1 I. gumlamak 2 : Ösümligiň we ş. m. düýbüne gum dökmek, düýbüne gum üýşürmek, düýbüni ýumşatmak.
II. gumlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Pomidoryň düýbüni[Kimi] gumlamak.

**Gunçalamak**
A1 I. gunçalamak 1 : Gunça getirmek, gunça düwmek, gozalyp başlamak.
II. gunçalamak→ [Kim]
Ör. Gowaçalar[Kim] gunçalady, gülledi, gozalady.

**Gundamak**
A1 I. gundamak 2 : Çagany gundaga dolamak.
II. gundamak→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. (Olar)[Kim] Çagany{Kimi} galyň edip gundadylar.

**Gunuşmak**
A1 I. gunuşmak 2 : Hereket edip başlamak, topulmak, girişmek.
II. gunuşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Onsoň biz[Kim]-de sana[Kime] gunuşdyk.

**Guraklaşmak**
A1 I. guraklaşmak 1 : Gary, ýagyş ýagman, ygal düşmän başlamak, ot-çöp gurap başlamak.
II. guraklaşmak→ [Kim]
Ör. Sähradaky klimat[Kim] barha guraklaşypdyr.

**Guramak1**

A1 I. guramak 2 : Jemgyýetçilik güýçlerini jemlemek arkaly syýasy we ş. m. guramanyň esasyny düzmek, esasyny tutmak, döretmek, bir zady, bir işi düzmek, ugrukdyrmak.
II. guramak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] sport jemgyýetini[Kimi] gurady.

A2 I. guramak 2 : Bina etmek, salmak (jaý we ş. m.).
II. guramak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] täze jaý[Ne] gurady.

A3 I. guramak 2 : Ýola goýmak, terbiýe salmak.
II. guramak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eý, ýok biz[Kim] işi[Kimi] geregiçe guramaga henizem ýetişeris.

**Guramak2[gu:ramak]**

A1 I. guramak 1 : Öli, çygy, nemi aýrylmak, gury bolup galmak, sarykmak.
II. guramak→ [Kim]
Ör. Ýuwlup serlen geýimleriň hemmesi[Kim] gurapdyr.

A2 I. guramak 1 : (Gepleşik dili) Juda arryklamak gaty horlanmak, iglemek.
II. guramak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gerek öňküsinden hem beter gurapdyr.

A3 I. guramak 1 : (Göçme manyda) Ýok bolmak.
II. guramak→ [Kim]
Ör. Garyplyk[Kim] gurasyn! -- diýip, Musa aga oňa seretdi.

A4 I. guramak 1 : Ösümlik dünýäsinde: ýaşaýyş prosesi kesilmek gutarmak, solup gitmek.
II. guramak→ [Kim]
Ör. Şu ýyl biziň iki düýp erigimiz[Kim] gurady.

**Gurawlaşmak**

A1 I. gurawlaşmak 1 : Sagalyp başlamak, ýagşylamak, gowulaşmak, ganymatlaşmak.
II. gurawlaşmak→ [Kim]
Ör. Men[Kim] birneme gurawlaşdym.

**Gurdamak[gu:rdamak]**

A1 I. gurdamak 2 : Malyň ýarasyna düşen gurdy aýyrmak.
II. gurdamak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Goýun[Ne] gurdamak.

**Gurdukmak2[gu:rdukmak]**

A1 I. gurdukmak 2 : Gurt çozup sürüni, maly zaýalamasy, sürä, goýna gurt degmek, gurt daramak.
II. gurdukmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Goýun[Ne] gurdugypdyr.

**Gurgunlaşmak**

A1 I. gurgunlaşmak 2 : Keselden açylyşmak, ýagşylaşmak, ganymatlaşmak.
II. gurgunlaşmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Men)[Kim] Keselden[Kimden] soň birneme gurgunlaşdym.

A2 I. gurgunlaşmak 1 : Semräp başlamak, guratlaşmak (mal hakynda).
II. gurgunlaşmak→ [Kim]
Ör. Goýunlar[Kim] birneme gurgunlaşyp başlapdyrlar.

A3 I. gurgunlaşmak 1 : (Göçme manyda) Oňat ýaşap başlamak, gurplanmak.
II. gurgunlaşmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gowy işläp gurgunlaşmak.

**Gurmak**

A1 I. gurmak 2 : Bina ertmek, salmak, dikmek.
II. gurmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] köpri[Ne] gurupdyr.

A2 I. gurmak 2 : Emele getirmek, düzmek, döretmek.
II. gurmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] kolhoz[Ne] gurdy.

A3 I. gurmak 2 : Gapan, duzak ýaly emeli usul bilen aw awlanýan gurallary aw tutmaga taýýar edip goýmak.
II. gurmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim]Tilkä gapan[Ne] gurmak.

A4 I. gurmak 2 : Sökülen zady täzeden jemlemek, ýygnamak, öňki görnüşine getirmek.
II. gurmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Alan şkafymyzy[Kimi] ussa[Kim] gelip gurup berdi.

**Gurnamak**

A1 I. gurnamak 2 : Bölek- büçek zatdan ýasamak, tikmek, dikeltmek.
II. gurnamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] motory[Kimi] gurnady.

**Gurplanmak**

A1 I. gurplanmak 1 : Ysgyna gelmek, sagadyna çykmak, daýawlanmak.
II. gurplanmak→ [Kim]

Ör. Ata aga[Kim] doktora seretdirip ugraly bäri birneme gurplandy, öňki bolşy öwerlikli däldi.

A2 I. gurplanmak 1 : Durmuş ýagdaýyň ýagşylaşmak, oňatlaşmak, gowulaşmak.
II. gurplanmak→ [Kim]
Ör. Indi kolhozçylarymyz[Kim] gurplandy, indi olar medeniýetleşerler.

A3 I. gurplanmak 1 : Güýçlenmek, kuwwatlanmak, ruhlanmak.
II. gurşalmak→ [Kim]
Ör. Durdynyň üýleri[Kim] gurplandy.

**Gurşamak**
A1 I. gurşamak 2 : Halkalaýyn daşyny almak, daş- töweregini gabamak.
II. gurşamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Duşman[Kim] goşunyn daşyny[Kimi] gurşaýar.

**Gurşunlamak**
A1 I. gurşunlamak 2 : Gurşun bilen tutdurmak, gurşun guýmak.
II. gurşunlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] bedreleriň deşiklerini[Kimi] gurşunladylar.

**Gurtlamak[gu:rtlamak]**
A1 I. gurtlamak 1 : Gurt düşmek, gurt döremek.
II. gurtlamak→ [Kim]
Ör. Et[Kim] gurtlapdyr.

**Gurumlamak**
A1 I. gurumlamak 1 : Gurum baglamak, tüsse siňip garalmak, gara ört bolmak.
II. gurumlamak→ [Kim]
Ör. Gara böwürdäki giden iki telpek[Kim] ýabada gurumlap asylgy durdy.

**Gusmak**
A1 I. gusmak 1 : İýeniň agzyňdan gelmek, iýeniňi gaýtarmak, gaýtarmak.
II. gusmak→ [Kim]
Ör. Çaga[Kim] gusýar.

**Gussalamak**
A1 I. gussalamak 2 : Gussa çekmek, gaýgylamak, aladalanmak.
II. gussalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ine ol eýýäm ýarym sagat oturdy, bir sagat oturdy we bu[Kim]ony[Kimi] gussalanmaga çenli irizdi.

**Guşamak**
A1 I. guşamak 2 : Biline guşak daňmak, oramak, baglamak.

II. guşamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Çaltlyk bilen ýerinden galyp, donuny geýip, bilini[Kimi] guşamaga durdy.

**Gutarmak**

A1 I. gutarmak 1 : Zat galmazlyk, tükenmek, baýamak.
II. gutarmak→ [Kim]
Ör. Meniň gözel döwranym[Kim] gutardy.

A2 I. gutarmak 2 : Bes etmek, tamamlamak, tükellemek.
II. gutarmak→ [Kim],[Kimi]
Ör.(Ol)[Kim] Gürrüňi[Kimi] gutarmak.

A3 I. gutarmak 3 : Aladadan, işden we ş. m. halas etmek, dyndarmak.
II. gutarmak→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. (Siz)[Kim] Muny[Kimi] gapy-gapy elenip ýörmekden[Kimden] gutaralyň.

A4 I. gutarmak 1 : (Göçme manyda) Aradan çykmak, ýogalmak, ölmek.
II. gutarmak→ [Kim]
Ör. Aşyryň gelni[Kim] gutardy.

**Gutlamak**

A1 I. gutlamak 2 : Biriniň oňat eden işini, üstünligini, baýramçylygy, şatlykly habary mübäreklemek.
II. gutlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýubilýary[Kimi] gutlaýar.

**Gutulmak**

A1 I. gutulmak 1 : Keselden açylmak, sagalmak.
II. gutulmak→ [Kim]
Ör. Ol çaga[Kim] gutulýar.

A2 I. gutulmak 1 : Howpdan halas bolmak, howpdan sypmak, dynmak.
II. gutulmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim]Ýalan sözleseň, tutularsyň, düz sözleseň, gutularsyň.

**Guwanmak**

A1 I. guwanmak 2 : Höwesiň artmak, begenmek, şatlanmak, ruhlanmak.
II. guwanmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Seniň dabaraňa[Kime] guwanýan.

**Guýlunmak**

A1 I. guýlunmak 1 : Towlam - towlam ýygyrylmak, düýrülmek.
II. guýlunmak→ [Kim]

Ör. Garaja öýün gözeneginde ýatan ala ganjyk[Kim] guýlanyp ok ýaly geldi-de, ýabynyň guýrygyndan agyz saldy.

**Guýmak1**

A1 I. guýmak 3 : Bir gapdan başka gaba dökmek, gapgarmak.
II. guýmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Kösesyndaky çaýy[Kimi] çaýneýine[Kime] guýjak balonda, daşyna dökdi.

A2 I. guýmak 2 : Metal ergininden ýa-da palçykdan bir zat ýasamak, etmek.
II. guýmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Kerpiç[Ne] guýmak.

**Guzlamak**

A1 I. guzlamak 1 : Gölesi bolmak, guzusy, owlagy bolmak (kabir haýwanlar hakda).
II .guzlamak→[Kim]
Ör. Eje, sygryň[Kim] guzladymy?

A2 I. guzlamak 1 : Ýumurtgalamak.
II. guzlamak→ [Kim]
Ör. Bu towuklar[Kim] guzlaýar.

**Gübermek**

A1 I. gübermek 1 : İçine ýel düşen ýaly çişmek, ýokary galyp durmak, gabarmak, pökgermek.
II. gübermek→ [Kim]
Ör. Onuň manlaýy[Kim] güberipdir.

A2 I. gübermek 1 : (Göçme manyda) Tekepbirlik etmek, çişmek, gabarylmak, gopbamsyramak.
II. gübermek→ [Kim]
Ör. Sen[Kim] güberme seniň ulumsylygyň hiç kimse geregi ýok.

**Gübürdemek**

A1 I. gübürdemek 1 : Ýyldyrym çakmak arkaly gümmürdemek gübürdili ses çykmak.
II. gübürdemek→ {Kim}Tamamlayıcı
Ör. Howa näçe ýakymly, mylaýym bolsa-da, bir görseň, ýyldyrym çakyp, gök{Kim} gübürdäp güýçli çabga ýagyp dur.

**Güjeňlemek**

A1 I. güjeňlemek 1 : Tamşandyrjak bolup, zadyny buýsanyp görkezmek, güjeň-güjeň etmek.
II. güjeňlemek→ [Kim]

Ör. Tilkiler[Kim] ýüni ýeten guýruklaryny bulaýlaýardylar, güjenleýärdiler.

**Güjüklemek**

A1 I. güjüklemek 1 : İtiň we ş. m. ýaşajyk çagasy bolmak.
II. güjüklemek→ [Kim]
Ör. Ganjyk[Kim] güjüklepdir.

**Güjürdemek**

A1 I. güjürdemek 1 : Güjür-güjür edip geplemek, wüjürdemek (çaga gepleşigi hakynda).
II. güjürdemek→ [Kim]
Ör. Çagalaryň hemmesi[Kim] güjürdeşdi.

**Güžžüldemek**

A1 I. güžžüldemek 1 : Güžžüldili seslenmek, güžžüldili ses çykmak.
II. güžžüldemek→ [Kim]
Ör. Düýe[Kim] üç-dört gezek güžžüldedi.

**Gülçülmek**

A1 I. gülçülmek 2 : Gütläp ýere gaçmak, ykjam ýere ýykylmak.
II. gülçülmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Ýere[Kime] gülçüldäp ýykylmak.

**Güllemek**

A1 I. güllemek 1 : Gül açmak, gül çykarmak, gül getirmek.
II. güllemek→ [Kim]
Ör. Özleriniň ýaşaýyşynyň belli bir döwründe olar[Kim] gülleýärler.

A2 I. güllemek 1 : (Göçme manyda) Ýokary ösüş derejesinde bolmak, pajarlap ösmek.
II. güllemek→ [Kim]
Ör. Respublikamyz[Kim] gülleýär.

A3 I. güllemek 1 : Almadyk hamyrdan çörek birilende garalyp ýüzi galmak.
II. güllemek→ [Kim]
Ör. Çörek[Kim] gülleýär.

**Gülmek**

A1 I. gülmek 1 : Gülki döretmek, yzly yzyna gülküli ses çykarmak.
II. gülmek→ [Kim]
Ör. Aýsoltan[Kim] jakgyldap güldi. (B. Kerbabaýew, Aýsoltan)

**Gülümjiremek**

A1 I. gülümjiremek 1 : Çala ýylgyrmak, gülümsiremek.
II. gülümjiremek→ [Kim]

Ör. Atynyň agyzzyrygyny aýryp, Altyna (ol)[Kim] gülümjiräp bakdy.

**Gümansyratmak[güma:nsyratmak]**

A1 I. gümansyratmak 1 : İkuçly etmek, näbelli etmek.
II. gümansyratmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gümansyradyp jogap bermek.

**Gümmezeklemek**

A1 I. gümmezeklemek 1 : Gümmez ýaly bolup durmak.
II. gümmezeklemek→ [Kim]
Ör. Esenaly çaýdan soň, garymyň içinde baýyr ýaly galan bugdaý[Kim] gümmezekläp syn etdi.

**Gümmürdemek**

A1 I. gümmürdemek 1 : Gümmürdili ses döretmek, yzly-yzyna atylmak (top sesi we ş. m. baraldy.
II. gümmürdemek→ [Kim]
Ör. Toplar[Kim] gümmürdäp başlady.

**Gümpüldemek**

A1 I. gümpüldemek 1 : Gümpüldili ses emele gelmek, tüpeň atylandaky ýaly ses çykmak, atylyp gitmek.
II. gümpüldemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gümpüldäp tüsse çykanda, Gurban wagşy bir ses etdi.

**Gümremek**

A1 I. gümremek 1 : (Dialektal söz) Gübürdäp ýanmak, közügip ýanyp durmak (ot hakynda).
II. gümremek→ [Kim]
Ör. Gemre[Kim] ojakda gümräp ýanar.

**Güneşlemek**

A1 I. güneşlemek 1 : Güneşde oturmak, günüň gyzgynyna ýylynmak.
II. güneşlemek→ [Kim]
Ör. Ýatan möjek[Kim] güneşläpdi, Sähediň duýdman baryp, çalasynlyk bilen onuň garnyny silkeçyndy.

**Günälemek**

A1 I. günälemek 2 : Günä ýüklemek, günäli etmek, ýazykly etmek, aýyplamak, günäkärlemek.
II. günälemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Sud prosesinde jenaýatçyny[Kimi] günälemek.

**Güpbermek**

A1 I. güpbermek 1 : Çişip tümmermek, gabarmak, gübermek.

II. güpbermek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Pagtaly galyň don geýip güpbermek.

**Güpbüldemek**
A1 I. güpbüldemek 1 : Güp-güp edip ses çykmak, güpbüldili ses döremek.
II. güpbüldemek→ [Kim]
Ör. Ol enjamlar[Kim] güpbüldedi.

**Güplemek**
A1 I. güplemek 1 : Çakdanaşa özüňi öwmek, öwnüp gürlemek, öwünmek.
II. güplemek→ [Kim]
Ör. Ýygnak, meýlise barsam, (biz)[Kim] boş güpläp gürlämok.

A2 I. güplemek 1 : Batly degmek, güpbüldili seslenmek, ýykylmak.
II. güplemek→ [Kim]
Ör. Çyňlan top[Kim] güpläp onuň arkasyna degdi.

**Güpürdemek**
A1 I. güpürdemek 1 : Güpürdili seslenmek, güpürdili ses çykmak, tapyrdamak.
II. güpürdemek→ [Kim]
Ör. Çagalar[Kim] bir salym güpürdediler, oýnap keýpden çykdylar.

**Gürelmek**
A1 I. gürelmek 1 : Arasy biri-birine ýakyn bolmak, ýygy bolmak, ýygalmak.
II. gürelmek→ [Kim]
Ör. Tokaýyň agajy[Kim] barha gürelýär.

A2 I. gürelmek 1 : Ýygy-ýygydan, çalt-çaltdan, tiz-tizden ýüze çykmak.
II. gürelmek→ [Kim]
Ör. Emma tüpeň sesi[Kim] kem-kemden güreldi.

**Gürlemek**
A1 I. gürlemek 1 : Gürrüň etmek, söz sözlemek, geplemek.
II. gürlemek→ [Kim]
Ör. Häkim[Kim] kel köp gürledi.

A2 I. gürlemek 1 : Gürrüldili ses etmek, arlamak (ýolbars, gaplaň we ş. m. hakda).
II. gürlemek→ [Kim]
Ör. Gök[Kim] gürläp, ýyldyrym çakyp, ýagyş ýagmaga başlady.

**Gürpüldemek**
A1 I. gürpüldemek 1 : Gürpüldili ses çykmak, gürpüldili seslenmek.
II. gürpüldemek→ [Kim]
Ör. Batly basýan aýak sesi[Kim] gürpüldedi.

A2 I. gürpüldemek 1 : (Göçme manyda) Ýykylmak.
II. gürpüldemek→ [Kim]
Ör. Göwnüme bolmasa, onuň hem aýagynyň asty gorp atýan ýaly, şu gün ýa erte ol[Kim]-da gürpüldär.

**Gürrüldemek**
A1 I. gürüldemek 1 : Gürrüldili ses çykmak, gürrüldäp seslenmek.
II. gürrüldemek→ [Kim]
Ör. Motor sesleri[Kim] gürrüldeýär.

**Gürrüňleşmek**
A1 I. gürrüňleşmek 2 : Pikir alyşmak üçin gürrüň edişmek, özara gepleşmek, sözleşmek.
II. gürrüňleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] daýhanlar bilen[Kimle] gürrüňleşmegi gowy görýärdi.

**Gürsüldemek**
A1 I. gürsüldemek 1 : Gürsüldili işlemek, gürs-gürs edip seslenmek.
II. gürsüldemek→ [Kim]
Ör. Onuň başy aýlanyp, ýüregi[Kim] gürsüldeýärdi.

**Güsürdemek**
A1 I. güsürdemek : Güsürdili ses çykmak, güsürdili seslenmek.
II. güsürdemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Sülgünler[Kim] güsürdepdir.

**Gütlemek**
A1 I. gütlemek 2 : Güt edip bir ýere zarply degmek, bat bilen bir zada urulmak.
II. gütlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Sanýa kä ýerde şyr takyp gary sowrup, giden buzly örküçlere[Kime] gütläp degýärdi.

**Gütürdemek**
A1 I. gütürdemek 1 : Gütürdili, gütür-gütür edip ses çykmak.
II. gütürdemek→[Kim]
Ör. Daşarda garyň üstünde biriniň aýak sesi[Kim] gütürdep gelýärdi.

**Güwlempaçlamak[güwlempa:çlamak]**
A1 I. güwlempaçlamak 1 : Güýçli lowlap ýanmak.
II. güwlempaçlamak→ [Kim]
Ör. Odun[Kim] güwlempaçlap ýanýar.

A2 I. güwlempaçlamak 1 : (Göçme manyda) Gaty gyzmak (howa hakda).
II. güwlempaçlamak→ [Kim], [Kime]

Ör. Süýrdepä galan Günüň ody[Kim] güwlempaçlap ýanýardy.

**Güwwüldemek**

A1 I. güwwüldemek 1 : Güwlap ses etmek, güwwüldili seslenmek, güwlemek.
II. güwwüldemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim]Güwwüldeýär deredaky sil ýaly.

**Güýçlenmek**

A1 I. güýçlenmek 1 : Güýçli bolmak, güýji köpetmek, kuwwatlanmak.
II. güýçlenmek→ [Kim]
Ör. Adam[Kim] otuz ýaşlarynda has güýlenýär.

A2 I. güýçlenmek 1 : Barda güýji artmak, güýjäp başlamak, batlanmak.
II. güýçlenmek→ [Kim]
Ör. Stansiýada adamlaryň janly hereketi[Kim] güýçlendi.

**Güýlmek**

A1 I. güýlmek 2 : Gyrkmak ýa öldürmek maksady bilen maly ýatyryp, dört aýagyny hem bir ýere getirip daňmak.
II. güýlmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] goýunu[Kimi] güýlüpdür.

A2 I. güýlmek 2 : El-aýagyny baglamak, daňmak.
II. güýlmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] adamy[Kimi] güýlüp atypdyrlar.

**Güýmemek**

A1 I. güýmemek 2 : Dürli sebäp, bahana we ş. m. zatlar bilen eglemek, wagtyňy geçirmek, ünsüňi özüňe çekmek.
II. güýmemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Aman, bar sen[Kim] olary[Kimi] birneme güýme!

**Güýürdetmek**

A1 I. güýürdetmek 2 : Güýürdili ses çykarmak, güýürdedip çeýnemek, iýmek (at, eşek hakda).
II. güýürdetmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýadaw atlar[Kim] dürüşde oty[Kimi] güýürdedip çeýnediler.

**Güzlemek**

A1 I. güzlemek 1 : Güzzüldäp seslenmek, güzzüldäp ses çykarmak (maşyn, motor we ş. m. sesi hakda).
II. güzlemek→ [Kim]
Ör. Niredendir maşynyň sesi[Kim] güzläp eşidildi.

A2 I. güzlemek 1 : Işläp, ýöräp durmak, hereket etmek.

II. güzlemek→ [Kim]
Ör. Onuň öýünde bolsa radiopriýomnigi[Kim] güzläpdur.

**Güzzüldemek**
A1 I. güzzüldemek 1 : Güzzüldili ses çykmak, güzzüldili seslenmek.
II. güzzüldemek→ [Kim]
Ör. Düýe[Kim] üç-dört gezek güzzüldedi.

**Gybyrdamak**
A1 I. gybyrdamak 1 : Ýygjam-ýygjam ädimläp ýöremek, gybyrt-gybyrt edip ýöremek.
II. gybyrdamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gybyrdap ýöremek.

A2 I. gybyrdamak 1 : Gyrmyl-gyrmyl, gybyrt-gybyrt etmek, gymyldamak.
II. gybyrdamak→ [Kim]
Ör. Ýeňimiň içinde nämedir bir zat[Kim] gybyrdaýar.

**Gydyrdamak**
A1 I. gydyrdamak 1 : Başardygyňdan zähmet çekmek, ukybyňa görä işlemek.
II. gydyrdamak→ [Kim]
Ör. Biz[Kim] hem bolşuna göre gydyrdap ýöris.

**Gygyrmak[gy:gyrmak]**
A1 I. gygyrmak 1 : Zowwam ses çykarmak, gaty ses emele getirmek, berk seslenmek.
II. gygyrmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gygyryp, döşüni tutup, ökjäni göterdi.

A2 I. gygyrmak 1 : Biriniň adyny tutup çagyrmak.
II. gygyrmak→ [Kim]
Ör. Sähet! -- diýip, Aman poşçy[Kim] gygyrýar.

A3 I. gygyrmak 2 : Käýinmek, azgyrylmak.
II. gygyrmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Bigünä adamyň üstüne[Kime] gygyrma.

**Gyjyklamak**
A1 I. gyjyklamak 2 : Adamyň gyjygyny getirmek üçin tenini dyrmalamak.
II. gyjyklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýene Marýanany[Kimi] gyjyklamaga başlady.

**Gyjynmak**
A1 I. gyjynmak 2 : Bir zada hyjuw etmek, ahmyr çekmek.
II. gyjynmak→ [Kim], [Kime]

Ör. (Ol)[Kim] Geçen zada[Kime] gyjynmak.

A2 I. gyjynmak 1 : Gahar-gazaba münmek, gaharlanmak.
II. gyjynmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] aşaky küti dodagyny dişläp gyjyndy, gazabyna çydaman sandyrady.

**Gyjyrdamak**
A1 I. gyjyrdamak 1 : Çeýnelende, dişiň arasynda zat galyp gyjyrdyly ses çykmak, gyjyrt-gyjyrt etmek.
II. gyjyrdamak→ [Kim]
Ör. Dişiň arasynda iýýen zad[Kim] gyjyrdamak.

A2 I. gyjyrdamak 1 : (Göçme manyda) Sähel zada gaharlanmak, gaharyň gelmek.
II. gyjyrdamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme beýle gyjyrdap otyrsyň?

**Gykuwlamak[gy:kuwlamak]**
A1 I. gykuwlamak 2 : Gykuw urmak, «gyw!» diýip alazenzele turuzmak.
II. gykuwlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Duşmany[Kimi] gykuwlap sürüň, ýigitler[Kim]!

**Gykylyklamak[gy:kylyklamak]**
A1 I. gykylyklamak 1 : Galmagal etmek, gykylyk etmek, galmagallamak.
II. gykylyklamak→ [Kim]
Ör. Ejeligim[Kim] sumak Halnazarlara bakan gykylyklap gitdi.

A2 I. gykylyklamak 1 : (Göçme manyda) Dawa etmek, dawalaşmak.
II. gykylyklamak→ [Kim]
Ör. Bilbil bilen Selbi[Kim] iş üstünde gykylykladylar.

**Gylawlamak**
A1 I. gylawlamak 1 : Ýüzi gylaw almak, ýüzünde emele gelmek.
II. gylawlamak→ [Kim]
Ör. Gawunyň ýüzi[Kim] gylawlapdyr.

**gylawlanmak**
A1 I. gylawlanmak 1 : Eden işiň bir gezek şowuna düşmegine buýsanmak, öňki eden işiň rowaç tapandygy üçin, ýene täzesine ymtylmak.
II. gylawlanmak→ [Kim]
Ör. Täzeden bäri sen[Kim] gylawlanypsyň.

**Gylyçlamak**
A1 I. gylyçlamak 2 : Gylyç urmak, gylyç bilen kesmek, gylyç bilen çapmak.

II. gylyçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] duşmany[Kimi] gylyçlady.

**Gymmatlamak**
A1 I. gymmatlamak 1 : Öňki bahasyndan nyrhy ýokarlamak, bahasy artmak.
II. gymmatlamak→ [Kim]
Ör. Kapitalistik ýurtlarda harytlaryň bahasy[Kim] gymmatlaýar.

**Gymyldamak[gy:myldamak]**
A1 I. gymyldamak 1 : Ýuwaşjadan hereketlenmek, eýläk-beýläk gozganmak, süýşmek.
II. gymyldamak→ [Kim]
Ör. Dodaklary[Kim] çala gymyldady.

A2 I. gymyldamak 1 : (Göçme manyda) Ýöremek, ugramak.
II. gymyldamak→ [Kim]
Ör. Sanýaçylar we kuçer[Kim] gymyldadylar.

**Gymyrsamak**
A1 I. gymyrsamak 1 : Köpçülik bolup ýörmek, topar bolup bir ugra barmak, gymyldamak.
II. gymyrsamak→ [Kim]
Ör. Ýere gurt düşen ýaly, (ol)[Kim] gymyrsap barýar goşun.

**Gynamak[gy:namak]**
A1 I. gynamak 2 : Sütem etmek, zorluk etmek, jebir çekdirmek, horlamak.
II. gynamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Ertesi bulary[Kimi] ýene birin-birin soraga çagyryp, öňki ýaly gynamaklaryny dowam etdiler.

A2 I. gynamak 2 : Gaty ynjytmak, azar bermek, janyny ýakmak.
II. gynamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Obadaşlyk hatyrasyna, sen[Kim] meni[Kimi] mundan artyk gynama.

**Gynanmak[gy:nanmak]**
A1 I. gynanmak 1 : Ýüregiň awamak, nebsiň agyrmak, gussa çekmek, ökünmek.
II. gynanmak→ [Kim]
Ör. Biz[Kim] gynansak-da, onuň näme hakynda gürrüň berýendigini aňşyryp bilmedik

**Gyňralmak**
A1 I. gyňralmak 1 : Azm urmak, dazarylmak, herrelmek.
II. gyňralmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim]Ters bakyp, gyňralyp sowluberdi.

A2 I. gyňralmak 1 : Gyňyr bolmak, hyrsyzlanmak.
II. gyňralmak→ [Kim]
Ör. Bu gelin[Kim şu wagtdan şeýle gyňralyp görünýär.

**Gypjynmak**

A1 I. gypjynmak 1 : Bedeniň bir ýerine agram düşüp agyrmak.
II. gypjynmak→ [Kim]
Ör. Bilim[Kim] gypjynypdyr.

A2 I. gypjynmak 1 : Bir ýeriňe deger öýdüp tisginmek, gorkup ziňkildemek.
II. gypjynmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme beýle gypjynyp otyrsyň?

**Gypmak**

A1 I. gypmak 2 : Birine yşarat edip, gözüňi ýumup goýbermek, gabaklary çalt hereket etdirip, göz açyp ýummak.
II. gypmak→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. Ýeroşka[Kim] gözüni{Kimi} gypyp, Oleniniň ýüzüne soragly seretdi.

A2 I. gypmak 2 : Ýapyrmak.
II. gypmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. At[Kim] gulagyny[Kimi] gypyp, gazygyň daşyna aýlandy.

**Gypydyklamak**

A1 I. gypydyklamak 1 : Bir hili ýepberilip, agsabrak ýöremek.
II. gypydyklamak→ [Kim]
Ör. Babahan arçyn[Kim] gypydyklap, olaryň ýanyna bardy.

**Gypyrtmak**

A1 I. gypyrtmak 2 : Bir ýan ujundan başlap kesmek, baryny ýatyrmak, pürdemek, pürrelemek.
II. gypyrtmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Wüşi[Kim] kel oragy alyp, gören çybygyny[Kimi] gypyrdyp başlady.

**Gyratlamak[gyra:tlamak]**

A1 I. gyratlamak 2 : Deň, doly, barabar etmek.
II. gyratlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Käsäni[Kimi] gyratlap tüwi ölçemek.

**Gyrawlamak**

A1 I. gyrawlamak : Gyraw düşmek, gyraw baglamak, gyraw emele gelmek.
II. gyrawlamak→ [Kim]
Ör. Daş[Kim] gyrawlap ol ellikleri bilen atlaryň uýanlaryny saýhallamaga başlady.

A2 I. gyrawlamak 1 : (Göçme manyda) Sakgal-saçy agaryp ugramak, çalarmak.
II. gyrawlamak→ [Kim]
Ör. Toýlyň buýra gara saçy[Kim] gyrawlap ýaly bolupdyr.

**Gyrçamak**

A1 I. gyrçamak 2 : Suw geçýän ýabyň ýa-da bir ýeriň ot-çöpüni, üstki gatlagyny we ş. m. ýüzleý gyrmak, gyryp aýyrmak, arassalamak.
II. gyrçamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] ýap[Ne] gyrçady.

A2 I. gyrçamak 2 : Orak we ş. m. ýiti ýarag bilen maýda edip kerçemek, gyryp kesmek.
II. gyrçamak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Mala bermek üçin ýorunja[Ne] gyrçapdyr..

**Gyrdamak**

A1 I. gyrdamak 2 : Büdür-südür ýerini gyryp düzlemek, ýonup ýylmamak, rendelemek, tekizlemek.
II. gyrdamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Agajyň düwünlerini[Kimi] pyçak bilen gyrdamak.

**Gyrkmak**

A1 I. gyrkmak 2 : Malyň ýüňüni gyrkylyk bilen almak.
II. gyrkmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] size öldür diýenok-da, ýüňüni[Kimi] gyrk diýýär.

**Gyrmak1**

A1 I. gyrmak 2 : Baryny, hemmesini öldürmek, ýok etmek, öldürişdirip çykmak.
II. gyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Öz ýerinde duşmany[Kimi] gyrýar gyzyl esgerler[Kim].

**Gyrmak2**

A1 I. gyrmak 2 : Gazamak, ýonmak, ýüzüni ýylmamak.
II. gyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gyrgyç bilen gawunyň etini[Kimi] gyrmak.

A2 I. gyrmak 2 : Kesmek, gyrkmak.
II. gyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Dokmaçylar[Kim], ilki biri-biriniň ertirden bäri näçe gyranyny[Kimi] gyryp, näçe çitenini bilişdiler.

A3 I. gyrmak 2 : Üzmek, ýolmak, ýok etmek.

II. gyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Möýüň kerebin[Kimi] gyrdylar.

**Gyrmyldamak**

A1 I. gyrmyldamak 1 : Ýuwaşjadan gymyldamak, haýal ýöremek, hereket etmek.
II. gyrmyldamak→ [Kim]
Ör. Artygyň murtlary[Kim] Aýnanyň burnunyň aşagynda garynja ýaly gyrmyldady.

**Gyrpajaklatmak**

A1 I. gyrpajaklatmak 2 : Gözüňi gyrp-gyrp edip durmak, yzly-yzyna gyrpyp durmak.
II. gyrpajaklatmak→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. Pýotr[Kim] kiçiräk gözlerini{Kimi} gyrpajakladyp, Wepa baka dikdi.

**Gyrpaklamak**

A1 I. gyrpaklamak 1 : Ýüzi çalaja doňmak, ýüzi bolgusyzja doňmak, gaýmaklamak.
II. gyrpaklamak→ {Kim}Tamamlayıcı
Ör. Suwlaryň ýüzi{Kim} gyrpaklaýar.

**Gyrpmak**

A1 I. gyrpmak 2 : Gözüňi çalt ýumup açmak.
II. gyrpmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] göz[Ne] gyrpman seredýärdi.

**Gyrpyldamak**

A1 I. gyrpyldamak 1 : Gyrp-gyrp etmek, gabak açylyp-ýumlup durmak (göz hakda).
II. gyrpyldamak→ [Kim]
Ör. Jepbar[Kim] sözleýen wagtynda, bulaşyk kirpikleri[Kimi] dynuwsyz gyrpyldaýardy.

A2 I. gyrpyldamak 1 : (Göçme manyda) Asuda hereket etmek, ülpüldemek, ýylpyldamak.
II. gyrpyldamak→ [Kim]
Ör. Garaňkyda tanyş otjagazlar[Kim] gyrpyldap peýda boldular.

**Gyrylmak**

A1 I. gyrylmak 1 : Kesilmek, ýolunmak, üzülmek.
II. gyrylmak→ [Kim]
Ör. Onuň üstünden guş bolup uçsaň, ganatyň[Kim] gyryljak.

A2 I. gyrylmak 1 : Gyryk çykmak, bogulmak, garjaşmak (ses hakynda).

II. gyrylmak→ {Kim}Tamamlayıcı
Ör. Sesiň[Kim] gyrlypdyr.

A3 I. gyrylmak 1 : Köpçülikleýin ölmek, ölüp gutarmak.
II. gyrylmak→ [Kim]
Ör. Gyşyna bir siňek[Kim] hem galman gyrlar.

**Gysgalmak[gy:sgalmak]**
A1 I. gysgalmak 1 : Uzynlygy kemelmek, keltelmek, girmek.
II. gysgalmak→ [Kim]
Ör. Köýnek[Kim] gysgalypdyr.

A2 I. gysgalmak 1 : Wagty, möhleti azalmak.
II. gysgalmak→ [Kim]
Ör. Baýyr maýsa bilen özün bezäpdi, Gijeler[Kim] gysgalyp, günler uzapdy.

**Gysganmak**
A1 I. gysganmak 2 : Husytlyk etmek, gysgançlyk etmek.
II. gysganmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Baý[Kim] malyny[Kimi] bahyl gysganar.

**Gysmak**
A1 I. gysmak 2 : Iki zadyň arasyna salyp berk basmak ýa-da el bilen tutmak, sykmak.
II. gysmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] tahýany[Kimi] gursagyna[Kime] gysdy.

A2 I. gysmak 2 : Dar bolmak.
II. gysmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tufliniň çep taýy[Kim] aýagymy[Kimi] gysýar.

A3 I. gysmak 2 : Göçme manyda Bir iş, zat babatda gyssamak, käýemek.
II. gysmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ýok, Muhammet[Kim], menä[Kime] gysmak üçin seni çagyrmandym.

A4 I. gysmak 2 : (Göçme manyda) Sütem etmek, ezmek.
II. gysmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Amerikada negrleri[Kimi] gysýarlar.

**Gysmyljyramak**
A1 I. gysmyljyramak 2 : Birine garşy gysylybrak durmak, ýakyn durmak, gysyljyramak.
II. gysmyljyramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] oňa[Kime] her neçe gysmyljyrasa-da, Aýnanyň göwni Umsagülde bir ýigrenjilik syzdy.

**Gyssamak**

A1 I. gyssamak 2 : Bir zady wagtyndan öň, tiz gutarmak üçin howlukdyrmak.
II. gyssamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Il şeýle bosga düşse-de, ony[Kimi] kowalaýan, (ol)[Kim] gyssaýan ýokdy.

A2 I. gyssamak 2 : Belli bir habar almak maksady bilen käýemek, öz erkine goýmazlyk.
II. gyssamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk ony[Kim] erkine goýman gyssady.

A3 I. gyssamak 2 : Öz erkine, peýwagtyna goýman sürmek (mal hakynda).
II. gyssamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Malyňy[Kimi] gaty gyssama-da, arkaýynlyk bilen sür.

A4 I. gyssamak 2 : Janhowluna azar bermek (keselli hakda).
II. gyssamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Syrkaw[Kim] ýatan adamy[Kimi] gyssaýar.

**Gysymlamak**

A1 I. gysymlamak 2 : Eliň bilen gysyp tutmak, gysymyň bilen gysyp tutmak.
II. gysymlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gapydan gelen Aşyr sesini çykarman, Artygyň düşeginiň ýanynda çöküp, onuň elini[Kimi] gysymlady.

**Gyşarmak[gy:şarmak]**

A1 I. gyşarmak 1 : Bir gapdala ýaplanybrak, keseribräk durmak.
II. gyşarmak→ [Kim]
Ör. Dikilen agaçlar[Kim] gyşarypdyr.

A2 I. gyşarmak 2 : Ýatmak, uklamak.
II. gyşarmak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Firidun[Kim] harmanyň gapdalynda, heniz döwülmedik bugdaýyň ýanynda[Kimde] gyşarypdy.

A3 I. gyşarmak 1 : Göni ýoldan bir gapdala sowulmak, göni ýoldan çykmak.
II. gyşarmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Bir gradus gyşarsaň, agyr batgalyga çümersiň.

A4 I. gyşarmak 2 : Kine etmek, öýkelemek.
II. gyşarmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Sen)[Kim] Näme menden[Kimden] ýüzüňi sowup, gyşaryp ýörsüň?

**Gyşlamak**

A1 I. gyşlamak 2 : Gyşyna bir ýerde ýaşamak, gyşyňy bir ýerde geçirmek.

II. gyşlamak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Polýusyň üstünde[Kim] mertler[Kim]gyşlap, hormatly kän salam Ata Salyhdan.

**Gytaklamak[gy:taklamak]**
A1 I. gytaklamak 2 : Gytak ýöremek, aýlanybrak ýöräp ýakynlaşmak, gabatlap golaýlaşmak.
II. gytaklamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ozaldan düzgün eden düýe[Kim], her wagt bir agzyny ota urup, keýiklere[Kime] gytaklap ugrady.

**Gytalmak**
A1 I. gytalmak 1 : Gyt bolmak, selçeň tapylmak, azalmak.
II. gytalmak→ [Kim]
Ör. Zatlar[Kim] gytalypdyr.

**Gytyrdamak**
A1 I. gytyrdamak 1 : Gytyrt-gytyrt etmek, gytyrdyly ses çykmak, gytyrdatmak.
II. gytyrdamak→ [Kim]
Ör. Çuwalyň içinde syçan[Kim] gytyrdaýar.

**Gywlamak[gy:wlamak]**
A1 I. gywlamak 2 : «Gyw!» -- diýip gygyrmak, «Gyw!» -- diýip seslenmek.
II. gywlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Maňa[Kime] kim[Kim] gywlady?

**Gyýalamak**
A1 I. gyýalamak 2 : Aralygy gysgaltmak maksady bilen gönülemek.
II. gyýalamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Ýeliň ugruna[Kime] gyýalasana! -- diýip gygyrýanlygy eşidilýärdi.

**Gyýmak**
A1 I. gyýmak 2 : Kesip ýaralamak, dilmek ýa-da ýyrtmak.
II. gyýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Pyçak[Kim] onuň eliniň aýasyny[Kimi] biraz gyýdy.

A2 I. gyýmak 2 : Bütewi matanyň ujundan zolaklaýyn gyýa kesmek.
II. gyýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] matanyň ujunu[Kimi] gyýdylar.

**Gyzarmak**
A1 I. gyzarmak 1 : Gyzyl reňke öwrülmek, gyzyl reňke geçmek, gyzgylt öwşün atmak; gan öýmek.
II. gyzarmak→ [Kim]

Ör. Gamçynyň degen ýerleri[Kim] zaw-zaw bolup gyzardy.

A2 I. gyzarmak 1 : Ýokary temperatura zerarly köz ýaly gyzyl bolmak, çym gyzyl bolmak (demir we ş. m. hakda).
II. gyzarmak→ [Kim]
Ör. Körüge sokan simleriň[Kim]-de köz ýaly gyzarypdyr.

A3 I. gyzarmak 1 : (Göçme manyda) Gahar gelmek, gaharlanmak.
II. gyzarmak→ [Kim]
Ör. Annatuwak, sen[Kim] nähak gyzarýarsyň, rahatlan!

**Gyzmak**
A1 I. gyzmak 1 : Temperatura, gyzgynlyk derejesi ýokary galmak.
II. gyzmak→ [Kim]
Ör. Gün dogup, eýýäm howa[Kim] gyzyp ugrapdy.

A2 I. gyzmak 1 : (Göçme manyda) Dargursaklyk etmek, gaharyň gelmek, girriklik etmek.
II. gyzmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] tiz gyzýardy, sözleýärdi, öýkeleýärdi, tiz-de sowaýardy, mylaýymlanýardy.

A3 I. gyzmak 1 : (Göçme manyda) Gyzgalaňly bolmak.
II. gyzmak→ [Kim]
Ör. Bazar[Kim] ýaňyja gyzyp başlanda, Myrat ýolagçylaryň gelmegine garaşýardy.

A4 I. gyzmak 2 : (Göçme manyda) Bir zada gaty höweslenmek, höwesiň artmak.
II. gyzmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Köplük[Kim] bugdaýa[Kime] gyzar-da esasy mesele zyýan berer.

**Gyzykmak**
A1 I. gyzykmak 2 : Höwes bilen, yhlas bilen ýapyşmak, üns bermek, höweslenmek, gyzyklanmak.
II. gyzykmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Iki atyň haýsynyň ökde çykjagyna[Kime] hemmeler[Kim] gyzygýardylar.

A2 I. gyzykmak 2 : Möwç almak, gyzmak.
II. gyzykmak→ [Kim]
Ör. Olaryň arasynda gürrüň[Kim] gyzykdy.

**Gyzyllamak**
A1 I. gyzyllamak 2 : Gyzyl çaýmak, gyzyl çalmak, gyzyl suwuny bermek.
II. gyzyllamak→ [Kim], [Kime]

Ör. (Ol)[Kim] Bezeg şaýynyň ýüzüni[Kimi] gyzyllamak.

A2 I. gyzyllamak 1 : (Botanika) Bugdaý ýaňy tümmüle duranda, bulutlyk, dymyklyk sebäpli kesellemek, dänesi arryklamak.
II. gyzyllamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Şol ýyl, hakykatdan hem, bugdaý[Kim] bitginli bolup, sümmüle duranda gyzyllapdy.

**Gyzyşmak**

A1 I. gyzyşmak 1 : Üşekligiňi aýyrmak üçin işlemek, hereket etmek, hereket edip ýylynmak.
II. gyzyşmak→ [Kim]
Ör. Toparçak esgerler[Kim] gyzyşmak üçin tans edýärler.

A2 I. gyzyşmak 2 : Bir iş we ş. m. zat bilen gyzygyp gitmek, gyzyp başlamak.
II. gyzyşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Gürrüňe[Kime] gyzyşmak.

**-H**

**Hababaýlamak**

A1 I. hababaýlamak 1 : Gaty üşemek, gyzzyrma tutmak we ş. m. zerarly gagşamak, sesli titremek.
II. hababaýlamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] başyny pugta basyryndy-da, üşüdýän ýaly hababaýlap başlady.

**Habarlaşmak**

A1 I. habarlaşmak 2 : Bir zat barada maglumat almak maksady bilen bir ýerden, birinden habar tutmak, gürleşmek.
II. habarlaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Gazan beg[Kim] bu yerde yurt bilen[Kimle] habarlaşmyş ( Gorkut Ata, 1999).

**Hahahaýlamak**

A1 I. hahahaýlamak 1 : Gaty ses bilen gülmek, ha-ha-ha edip, sesli gülmek.
II. hahahaýlamak→ [Kim]
Ör. Pökgi[Kim] wala hahahaýlap güldi.

**Hažžyldamak**

A1 I. hažžyldamak 1 : Hažžyldyly ses çykmak, hažžyldyly seslenmek.
II. hažžyldamak→ [Kim]
Ör. Bir zad[Kim] gymyldady, käte bolsa hažžyldady.

**Haklamak**

A1 I. haklamak 2 : Berjaý etmek, ýerine ýetirmek, ödemek.

II. haklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Agyr jeňde doganlygňy[Kimi] hakladyň.

**Halallamak [hala:llamak]**

A1 I. halallamak 2 : Maly özi ölmänkä, öz eliň bilen damagyny çalyp öldürmek, etini iýer ýaly etmek.
II. halallamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] maşyn uran sygyrlaryny[Kimi] halallapdyrlar.

A2 I. halallamak 2 : (Göçme manyda) Tabşyrylan işi arassa ýerine ýetirmek, ynamy ödemek, alan hakyňy ödemek.
II. halallamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] hakyny[Kimi] halallap aldy, işi gowy ýerine ýetirdi.

**Halamak[ha:lamak]**

A1 I. halamak 2 : Ýürekden söýmek, mähriň almak, gowy görmek, göwne ýakmak, ýaramak.
II. halamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Annaguly[Kim] Altyny[Kimi] halady.
Ör. Mikola[Kim] bu ýeriň çagalaryny[Kimi] gaty halady.

**Halkalamak**

A1 I. halkalamak 2 : Ýüpüň, sapagyň ujuny halka edip daňmak, halka edip baglamak.
II. halkalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Göz açyp-ýumasy salymda ýüpüň ujuny[Kimi] halkalap, Abylpaýyza oklady.

**Hallanlamak[halla:nlamak]**

A1 I. hallanlamak 1 : Eýläk-beýläk galgamak, hallan atmak, eýläk-beýläk çaýkanmak, güýçli, yrgyldamak, hellewlemek.
II. hallanlamak→ [Kim]
Ör. Indi bu ýogyn direg hem öý bilen birlikde hallanlap çaýkanýardy.

**Hallaslamak[halla:slamak]**

A1 I. hallaslamak 1 : Bir zadyň ugrunda eýläk-beýläk haýdamak, alakjamak, hallas atmak.
II. hallaslamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Çar tarapa bakyp hallaslap geldi.

**Haltyldamak**

A1 I. haltyldamak 1 : Bir zadyň ugrunda selpeşmek, hars urdurmak.
II. haltyldamak→ [Kim]
Ör. Aldyrany bar ýaly gelýän sygyrlar[Kim] haltyldaşyp molaşýardylar.

**Halymsyramak[ha:lymsyramak]**

A1 I. halymsyramak 1 : Ýaramadyksyran bolmak, hykgy -- çokgy etmek, näziňi çekdirmek, jögüsiremek.
II. halymsyramak→ [Kim]
Ör. Men gyzzyrmaly ahyry! -- diýip (ol)[Kim] halymsyrady.

**Hamsykmak**

A1 I. hamsykmak 1 : Kemşerip aglamjyramak, bogazyň dolup aglamjyramak.
II. hamsykmak→ [Kim]
Ör. Şol sese Aşyryň enesi[Kim] hamsygyp çykdy.
Ör. Aýna[Kim] şol agyr pikirleri ýüregine sygdyryp bilmän hamsykdy.

**Hamyrlamak[hamy:rlamak]**

A1 I. hamyrlamak 2 : Hamyr çalyp ýelmemek, berkitmek.
II. hamyrlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Bukjanyň agzyny[Kimi] hamyrlapdyrlar.

**Hanjarlamak**

A1 I. hanjarlamak 2 : Hanjar-gama bilen urmak, suhlamak, ýaralamak.
II. hanjarlamak → [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Duşmany[Kimi] hanjarlamak.

**Haňkarmak**

A1 I. haňkarmak 1 : Içi zatsyz köwelip durmak, agzy açylyp, boş durmak.
II. haňkarmak→ [Kim]
Ör. Içi darakdişli gara gäz börügi[Kim] pyşdylyň köwegi ýaly haňkarýar.

**Haňlamak**

A1 I. haňlamak 1 : Içi hiç zatsyz boşap, haňzap galmak.
II. haňlamak→ [Kim]
Ör. Ýöne weli, otaglar[Kim] haňlap durandyr.

**Haňzamak**

A1 I. haňzamak 1 : (Dialektal söz) haňlamak
II. haňzamak→ [Kim]
Ör. Galardy yzynda dykyz, dok körek, hem-de gury çaňňalak[Kim] haňzap boşardy.

**Hapalamak**

A1 I. hapalamak 2 : Hapa etmek, kirletmek, çorlatmak.
II. hapalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Eliňi[Kimi] hapalama!

A2 I. hapalamak 2 : Başga zatlar goşup, garyp zaýalamak, iýer-içer ýaly etmek.

II. hapalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Mallar[Kim] öňüne dökülen otuny[Kimi] hapalaýar.

**Haplamak**

A1 I. haplamak 2 :Gyzgyn howur, gyzgyn ýel we ş. m. ýüzüňe urmak, çabyramak.
II. haplamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Gyzgyn tamdyryň howry[Kim] ýüzüňe[Kime] haplady.

A2 I. haplamak 2 :Ýakymsyz, porsy ys burnuňa urmak.
II. haplamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Maslygyň ysy[Kim] burnuma[Kime] haplap urdy.

**Haraplamak [hara:plamak]**

A1 I. haraplamak 2 : Harap etmek, bibat etmek, sandan çykarmak, derege ýaramaz ýaly etmek, zaýalamak.
II. haraplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sen[Kim] maşyny[Kimi] harapladyň, ýene biz seniň bilen deň bolmadyk.

A2 I. haraplamak 2 : Hapa etmek, bulam-bujar etmek, hapalamak.
II. haraplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Towuklaryň[Kim] dünýäni[Kimi] haraplaýar.

A3 I. haraplamak 2 : Porsatmak, yslandyrmak, zaýalamak (Iýilýän önümler hakda).
II. haraplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Gök önümleri[Kimi] wagtynda ýygnaman haraplapdyrlar.

A4 I. haraplamak 2 : (Göçme manyda) Ugruny gaçyrmak, mazasyny bozmak.
II. haraplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sen[Kim] onuň keýpini[Kimi] haraplapsyň.

**Harçaňlaşmak**

A1 I. harçaňlaşmak 2 : Bolgusyz zat üçin biri-biriňe söz gaýtaryşyp durmak, biriň diýenini ikinjiň diýip sögüşmek, salyşmak.
II. harçaňlaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň bilen[Kimle] harçaňlaşmany özüne-laýyk bilmäni üçin, sesini çykarman, diňe ajymtyk ýylgyrdy.
Ör. Möwlam[Kim] olar bilen[Kimle] harçaňlaşyp durmaga çekindi.

**Harçlamak**

A1 I. harçlamak 2 : Harç etmek, sarp etmek, sowmak, ýoklamak.
II. harçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Myrat aga, sen[Kim] munça puly[Kimi] nirä harçlaýarsyň?!

**Harlamak1**

A1 I. harlamak 1 : Harryldyly ses çykmak, harryldyly seslenmek.
II. harlamak→ [Kim]
Ör. Reýhan[Kim] zaňňar bir beýik sypanyň üstünde harlap ýatyr.

**Harlamak2 [ha:rlamak]**

A1 I. harlamak 2 : Har tutmak, bigadyr saklamak, gymmatyny gaçyrmak, aýak astyna almak, üstünden basmak.
II. harlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Näme, zadyňy[Kimi] harlaýarsyň?!

**Harryldamak**

A1 I. harryldamak 1 : Harryldyly ses çykmak, harryldyly seslenmek.
II. harryldamak→ [Kim]
Ör. Aýy[Kim] harryldaýar.

**Harsyldamak**

A1 I. harsyldamak 1 : Bir zadyň ugrunda hars urmak, alakjamak.
II. harsyldamak→ [Kim]
Ör. Ýüzlerine gulaklaryna kül oturan ýigitler[Kim] harsyldadylar.

A2 I. harsyldamak 1 : Gart-gart gaşanmak.
II. harsyldamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bir agja baryp, gapdalyny oýkap gaşanypdyr.

**Hasanaklamak**

A1 I. hasanaklamak 1 : Alňasaklyk bilen çalt hereket etmek, howlukmaç hereket etmek, aladaly çalasyn ýöremek.
II. hasanaklamak→ [Kim]
Ör. Aljyraňňylyga düşen Gulluhan bir zat[Kim] aýtmak niýeti bilen hasanaklap galdy.
Ör. Biri[Kim] hasanaklap, yzymdan ýetdi.

**Hasaplamak[hasa:plamak]**

A1 I. hasaplamak 2 : Hasap edip görmek, hasabyny almak, jemini çykarmak, jemlemek, sanamak.
II. hasaplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Siz)[Kim] Boýdan-başa hakyňy[Kimi] hasaplap alypbirin .

A2 I. hasaplamak 2 : Deň hasap etmek, saýmak, deňemek.
II. hasaplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Zelili[Kim] öz ülkesini[Kimi] edil gözüniň göreji hasaplapdyr.

**Haslamak**

A1 I. haslamak 1 : hassyldamak
II. haslamak→ [Kim]
Ör. Gyrat[Kim] haslap çişiberdi.

**Hassalamak**
A1 I. hassalamak 1 : syrkawlamak
II. hassalamak → [Kim]
Ör. Adam[Kim] hassalapdyr, ol wraça ýüz tutmaly.

**Hasyrdamak**
A1 I. hasyrdamak 1 : Çalasynlyk bilen howlukmaç hereket etmek, hasyrdyklamak.
II. hasyrdamak→ [Kim]
Ör. Sabry tükenen studentler[Kim] ýerli-ýerden hasyrdap turdular.

A2 I. hasyrdamak 1 : Hasyrdyly ses çykmak, hasyrdyly seslenmek.
II. hasyrdamak→ [Kim]
Ör. Möjegi agyzlaryndan sypdyran iki it[Kim] hem hasyrdap geçip gitdiler.

**Haşamlamak**
A1 I. haşamlamak 2 : Jaýa ýa-da agaç önümlerine görk bermek üçin bezeg etmek, nagyşlamak, owadanlyk, görk bermek.
II. haşamlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Zalda gurallary[Kimi] haşamlapdyr.

**Haşçyldamak**
A1 I. haşçyldamak 1 : Haşçyldyly ses çykmak, haşçyldyly seslenmek.
II. haşçyldamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Dur bakaly! -- diýip, zemzen ýaly haşçyldady.

**Haşlamak**
A1 I. haşlamak 1 : Haşçyldyly ses çykmak, haş-haş etmek, haşçyldyly seslenmek
II. haşlamak→ [Kim]
Ör. Nurjan[Kim] ygtyýarsyz haşlap dem aldy.

**Hatarlamak**
A1 I. hatarlamak 2 : Hatara düzmek, setir-setir edip goýmak, hatar-hatar etmek.
II. hatarlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Aşyklary[Kimi] mazaly hataplap dikenmişin.

**Hatlaşmak**

A1 I. hatlaşmak 2 : Bir zat barada edilen wadany ýazyp berkleşdirmek, hat üsti bilen söz edişmek, öňünden gol çekişmek, hat üsti bilen wadalaşmak, şertleşmek.
II. hatlaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Myradyň talyp ýyllarynda hem Ýazgül[Kim] mydama onuň bilen[Kimle] duşuşyp, gepleşip, hatlaşyp gezdi (çevrimiçi: http://www.azathabar.org/content/blog/2001344.html, 18.05.2015).

**Hatyralamak[ha:ty:ralamak]**

A1 I. hatyralamak 2 : Sylag-hormat goýmak, gadyr-gymmat saklamak, hatyra goýmak, hormatlamak, sylamak.
II. hatyralamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Türkmenistanyň ilkinji Prezidentini[Kimi] hatyralamak çäresi tamamlanansoň, hormatly Prezidentimiz "Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy" seýilgähiniň çäginde ýerine ýetirilen işler bilen tanyşdy (çevrimiçi: http://turkmenistan.gov.tm/_tmt/?id=5113, 18.05.2015).

**Hatyrdamak**

A1 I. hatyrdamak 1 : Hatyrdyly ses çykarmak, hatyrdyly seslendirmek.
II. hatyrdamak→ [Kim]
Ör. Ýaňy şu ýerde bir zat[Kim] hatyrdady.

**Hawlamak**

A1 I. hawlamak 1 : Hawwuldyly ses etmek, hawwuldyly ses çykarmak.
II. hawlamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bir gezek hawlady.

**Haýaljyramak**

A1 I. haýaljyramak 1 : Haýy gaçmak, bady gowşamak, uýaljyramak, utanjyramak, aljyramak.
II. haýaljyramak→ [Kim]
Ör. Aman poşçy[Kim] haýaljyrap: --Haýsy oglum! -- diýdi.
Ör. Nabat[Kim] haýaljyrap, içini çekdi.

**Haýallamak**

A1 I. haýallamak 1 **:** Bady gaçmak, hereketi peselmek, gowşamak, ýuwaşamak (hereket barada).
II. haýallamak→ [Kim]
Ör. Ýüreginiň işlemegi[Kim] haýallady.

**Haýbatlanmak**

A1 I. haýbatlanmak 1 : Haýbat atmak, herrelmek, dazarylmak.
II. haýbatlanmak→ [Kim]
Ör. Birden serdar[Kim] haýbatlanyp, ýaraglarňyz alyň! -- diýdi.

**Haýdamak**

A1 I. haýdamak 1 **:** Çalasyn hereket etmek, çalt gitmek, çalt iş etmek, depgini güýçlendirmek.
II. haýdamak→ [Kim]
Ör. Haýdaň, oglanlar[Kim] , agşama çenli gutaralyň!

A2 I. haýdamak 2 : Çalt sürmek, gyssagly kowup alyp gitmek.
II. haýdamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eziz[Kim] bagyrtlak butly, tüýli bugrany[Kimi] ýene çaltrak haýdady.

A3 I. haýdamak 1 : Howlukmaç ýöräp gitmek, ylgap gitmek, çalt ýöremek.
II. haýdamak→ [Kim]
Ör. Garly ussa[Kim] hem ýoluň gönüsi bilen öz öýüne baka haýdady.

A4 I. haýdamak 2 : Kowup goýbermek, kowmak.
II. haýdamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] seni[Kimi] şu wagtyň özünde ýeňsäňden itip haýdajak.

**haýkylyklamak**

A1 I. haýkylyklamak 1 : Galmagal etmek, gygyryp zenzele etmek, gykylyklamak.
II. haýkylyklamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme haýkylyklaýarsyň?!

**Haýkyrmak**

A1 I. haýkyrmak 1 : Galmagal etmek, zenzele turuzmak, batly aglamak.
II. haýkyrmak→ [Kim]
Ör. (Siz)[Kim] Näme haýkyryp dursuňyz!

A2 I. haýkyrmak 1 : Käýinip gygyrmak, gaty käýinmek.
II. haýkyrmak→ [Kim]
Ör. Tüpeňi ogurlatdyňmy? -- diýip, Pökgen[Kim] haýkyrdy.

A3 I. haýkyrmak 1 : (Gepleşik dili) Batly ses bilen kişňemek.
II. haýkyrmak→ [Kim]
Ör. Atlar[Kim] biri-birine haýbat atdylar, haýkyrdylar.

**Haýykmak**

A1 I. haýykmak 1 : Birinden ýa-da bir zatdan heder etmek, özünden ökde görüp çekinmek, geň görmek, haýran bolmak, sustun basylmak, geňirgemek.
II. haýykmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk onuň şol wagtky keşbini görende haýykdy.

**Haýyrlanmak**

A1 I. haýyrlanmak 2 : Peýdalanmak, ulanmak.
II. haýyrlanmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] biziň arabamyzy[Kimi] haýyrlanyp ýörler.

A2 I. haýyrlanmak 2 : Haýyr görmek, peýda görmek, girdeji almak (söwda-satyk hakda).
II. haýyrlanmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Olar)[Kim] Ýerden[Kimden] köp haýyrlanmak maksady bilen öýleriň ýokarky etažlaryna balkon edipdirler.

**Hazlamak**

A1 I. hazlamak 1 : Hazzyldyly ses çykmak, wazlap durmak (ýel hakda).
II. hazlamak→ [Kim]
Ör. Şemal[Kim] hazlap ösýärdi, köwsärlap urýardy.

**Heçjiklemek**

A1 I. hazlamak 1 : Okalanda sözleri bogna bölüp sakynyp, üzlem-saplam aýtmak.
II. heçjiklemek→ [Kim]
Ör. Oglanjyk[Kim] haty açyp, üzlem-saplam edip, heçjikläp diýen ýaly okamaga başlady. (A. Gowşudow, Powestler We Hekaýalar)
Ör.Halyçylar hakynda- diýip, (ol)[Kim] heçjikläp okamaga başlady.

**Hekgermek**

A1 I. hekgermek 1 : Dogumsyran bolup dikgermek, özüňi hondan bärsi tutmak.
II. hekgermek→ [Kim]
Ör. Äşebibi[Kim] aýaklaryny aşak sallap, diwanyň üstünde hekgerip oturdy.

**Heklemek**

A1 I. heklemek 2 : Hek çalmak, hek bilen agartmak.
II. heklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bular[Kim] hem alma, ülje, armyt baglaryny[Kimi] hekläp we dermanlap gutardylar.

**Heläklemek**

A1 I. heläklemek 2 : Gurban etmek, öldürmek, aldyrmak.
II. heläklemek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Bilip bolmaz, şowna düşmez birdenkä, örän hatarly iş[Ne] heläklär, belkä.

A2 I. heläklemek 2 : Heläk etmek, azap bermek, jepa çekdirmek, görgi görkezmek.
II. heläklemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Olar[Kim] Göroglyny[Kimi] birneme heläklejekdir.

**Hellewlemek**

A1 I. hellewlemek 1 : Yraň atmak, salgym atyp görünmek, galgamak.
II. hellewlemek → [Kim]
Ör. Ýap boýlarynyň her ýerinde bir düýp tut, uzakdan bolsa erik agaçlary[Kim] hellewläp görünýärdi.

A2 I. hellewlemek 1 : (Gepleşik dili) Biderek sölpüldäp ýörmek, biderek ykmak.
II. hellewlemek → [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Onsoň göreniň agzyna aňkarylyp, hellewläýärsiň.

**Heneklemek**

A1 I. heneklemek 1 : Gözüň bir zady açyk, dury görmän, gubar inen ýaly çala görmek, gözüň öňi gamaşmak.
II. heneklemek→ [Kim]
Ör. Men sizi bir gören adamyma meňzedýärin welin, nirede görenimi ýadyma salyp bilemok, belki, ýa-da meniň gözüm[Kim] henekleýändir! - diýdi.

**Heňkirmek**

A1 I. heňkirmek 1 : Sesli aglamak, möňňürmek, aglap oturmak.
II. heňkirmek→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Heňkirip oturma-da, bar gözüň ýaşyny süpür!

A2 I. heňkirmek 2 : Biriniň üstüne azmly gygyrmak, gykylyklamak.
II. heňkirmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Olar[Kim] olgusyz zadyň üstüne[Kim] heňkirişip keýpden çykdylar.

**Heňlemek**

A1 I. heňlemek 1 : Heň emele gelmek, heň baglamak, heň basmak, pilislemek.
II. heňlemek→ [Kim]
Ör. Çörekler[Kim] heňlendi, olary ýumşadyp towuklara berdiler.

**Hereketlenmek**

A1 I. hereketlenmek 1 : Herekete gelmek, hereket etmek, gymyldamak.
II. hereketlenmek→ [Kim]
Ör. Hatyja[Kim] onuň öňünde çyna berimsiz hereketlendi.

**Herrelmek**

A1 I. herrelmek 2 : Gaharlanyp geplemek, azm uruşmak, dazarylyşmak.
II. herrelmek→ [Kim], [Kime]

Ör. Ejesi bilen erkek dogany[Kim] oňa[Kime] herrelmekden başga jogap bermediler.

**Heserlenmek**

A1 I. heserlenmek 1 : Öz-özüne göwni ýetip, hondan bärsi bolup ýörmek, duýgusy göterilmek, hyjuwlanmak.
II. heserlenmek → [Kim]
Ör. Obanyň çilik oýnap, goh turzup ýören çagalary[Kim] gaýralygyna seredip heşerlendiler (Seýıdow, 1986:17).

**Heşerilmek**

A1 I. heşerilmek 1 : Täsin galyjylyk bilen çiňerilmek, dikgerilip seretmek, hekgerilmek.
II. heşerilmek→ [Kim]
Ör. Tagsyr[Kim] heşerildi.

**Hezzetlemek**

A1 I. hezzetlemek 2 : Hezzet etmek, sylag etmek, hormat etmek, oňat myhman almak.
II. hezzetlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Hojamyrat[Kim] komissiýa çlenlerinden käbirini[Kimi] öýüne çagyryp hezzetledi.

**Häsiýetlendirmek**

A1 I. häsiýetlendirmek 2 :Gylyk-häsiýetini beýan etmek gylyk- häsiýetini doly görkezmek, bolşuny aýtmak.
II. häsiýetlendirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Biz)[Kim] Agahany[Kimi] häsiýetlendirmek üçin, biz şol çopan hakyndaky şu wakany beýan etdik.

**Häzirlemek**

A1 I. häzirlemek 2 : Taýýar etmek, taýyn etmek, häzir etmek, taýýarlamak.
II. häzirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Näzik[Kim] gap-gajy[Kimi] häzirleýär, hamyr ýuguryar.

**Hikirdemek**

A1 I. hikirdemek 1 : Hikirdili gülmek, hikirdili ses etmek.
II. hikirdemek→ [Kim]
Ör. (Olar)[Kim] Yza dönüp, şeýle köp söz aýdansoň hikirdediler.

**Hiňlenmek**

A1 I. hiňlenmek 1 : Aýdymyň sözlerini eşidiler-eşidilmez aýdyp, çalajadan heň etmek, ýuwaşjadan aýdym aýtmak, hiňňildemek.
II. hiňlenmek→ [Kim]

Ör. Ol[Kim] at aýagynyň tabyrdysyna goşup hiňlendi. (B. Kerbabaýew, Aýgytly ädim)
Ör. (Ol)[Kim] Garlynyň uly ogly düýe etiniň gaýnatmasyndan garnyny dolduryp, ýuwaşja aýdyma hiňlenýärdi.

**Hokranmak**

A1 I. hokranmak 1 : Kişňeýän ýaly hykranyp, mylaýym seslenmek (Esasan at barada).
II. hokranmak→ [Kim]
Ör. Onýança ýedi-sekiz ädimdäki başga bir at[Kim] agzyndaky torbasyny ýere urup hokrandy.

A2 I. hokranmak 1 : Öz-özünden birine ýa-da bir zada sögünmek, garganmak.
II. hokranmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] "Gaýtma niýetiň ýokmy?" diýýän ýaly ýuwaşja hokrandy ( Seýıdow, 1986: 44).

**Hokurdamak**

A1 I. hokurdamak 1 : Hokurdyly ses çykmak, hokurdyly seslenmek.
II. hokurdamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] gazap bilen ýerinden gobsunanda, çep çigni bir hili hokurdady.

**Holpuldamak**

A1 I. holpuldamak 1 : Holpuldyly ses çykmak, holpuldyly seslenmek, larkyldamak.
II. holpuldamak → [Kim]
Ör. Ýokary çekilen keşdeli balagynyň agzyndan kiçijik gara injikleri darty ýaly görnüp, ýalaňaç aýaklary[Kim] giň galoşyň içinde holpuldaýardy.

**Hoňkarmak**

A1 I. hoňkarmak 1 : Köwelip durmak, oýulyp, deşilip durmak.
II. hoňkarmak → [Kim]
Ör. Guýynyň agzy ýaly deşik[Kim] hoňkaryp durdy.

**Hopbalamak**

A1 I. hopbalamak 1 : Arkaňa götermek, arkaňa hopba edip almak.
II. hopbalamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Hopbalap arkasyna, baýyrlyga gadam urdy.

**Hopmak**

A1 I. hopmak 1 : Çökmek, ýykylmak, ýuwutmak.
II. hopmak→ [Kim]
Ör. Asman[Kim] üstüme hopdy.

**Hopukmak**

A1 I. hopukmak 1 : Dem almagyň kynlaşmak, demikmek.
II. hopukmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk oňa elini berip-bermänkä, hopugyp oýandy.

A2 I. hopukmak 1 : Gorky aralaşmak, howsala düşmek.
II. hopukmak→ [Kim]
Ör. Aýna[Kim] şol ýandyryjy oýlara gark bolup, hopugyp dem alýardy.

**Hopurdatmak**

A1 I. hopurdatmak 2 : Hopurdyly ses çykarmak, hopurdyly içmek, owurtlamak.
II. hopurdatmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Jepbar[Kim] bir käse çaýy[Kimi] hopurdadyp içdi.

**Horgurmak**

A1 I. horgurmak 1 : Hokranýan ýaly burnuny parryldadyp seslenmek.
II. horgurmak→ [Kim]
Ör. Alaşa[Kim] aýagynyň agyrysyna garaman, olaryň üýtgeşik seslerini oňanda horgurdy.

**Horkuldamak**

A1 I. horkuldamak 1 : Horkuldyly seslenmek, hork-hork edip aglamak.
II.horkuldamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] Artygy görenden gujaklady, gözleriniň ýaşyny seçip horkuldady.

**Horlamak1**

A1 I. horlamak 1 : Horruldyly seslenmek, uklap hor çekmek.
II. horlamak→ [Kim]
Ör. Mama[Kim] gözenekde ýanyn gyşaryp, horlap ýatyrdy.

**Horlamak2 [ho:rlamak]**

A1 I. horlamak 2 : Arryklatmak, igletmek.
II. horlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ony[Kimi] horlap, çöpe dönüpdir.

A2 I. horlamak 2 : Jebir, sütem etmek, görgi görkezmek, ezýet bermek, gynamak; ezmek.
II. horlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Artygyň agyr ýagdaýyndan habardar Iwan Timofeýewiç[Kim] ony[Kimi] artyk horlamady.

**Hormatlamak**

A1 I. hormatlamak 2 : Birine hormat goýmak, sylag, hormat etmek, biriniň ýa-da bir zadyň hatyrasyny tutmak, hezzet goýmak.
II. hormatlamak → [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] Altyny[Kimi] gyzlaryň seresi diýip hormatlardylar.

**Horukmak[ho:rukmak]**
A1 I. horukmak 1 : Bir zadyň ýetmezçilik etmegi zerarly horluk çekmek, hor düşmek, horlanmak.
II. horukmak→ [Kim]
Ör. Sürüleriň ýagdaýyny wagtal-wagtal barlap, mallar[Kim] horukup, olaryn wagtynda sürüden aýrylmagyny, olara sagaldyş punktlarynda ideg edilmegini kada girizmeli.

**Hoşallanmak[hoşa:llanmak]**
A1 I. hoşallanmak 2 : Göwnüň hoş bolmak, hoşal bolmak, göwnüň bitmek, minnetdar bolma.
II. hoşallanmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Garry[Kim] oglundan[Kimden] örän hoşallanypdyr.

**Hoşlamak**
A1 I. hoşlamak 2 : Gowulygy göwnüňe jaý bolmak, gowudygyny makullamak, makul bilmek.
II. hoşlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ahun[Kim] , öz içinden pälini-niýetini ýerine ýetirenine göwnüni[Kimi] hoşlap gitdi (Gowşudow,1989:639).

**Hoşlaşmak**
A1 I. hoşlaşmak 2 : Biriniň ýanyndan aýrylyp gideniňde, ugradanyňda we ş. m. ýagdaýda «hoş, sag bol» diýişmek, hoş arzuw edişmek, sagbollaşmak.
II. hoşlaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Durdy[Kim] oturanlar bilen[Kimle] hoşlaşdy-da, çykyp gitdi.

**Howalamak [howa:lamak]**
A1 I. howalamak 1 : Uzakdan beýgelip görünmek, salgym atmak, salgymlap görünmek.
II. howalamak→ [Kim]
Ör. Uzakdan Kümmethowzuň belent minarasy[Kim] howalanyp göründi.

**Howatyrlanmak[howa:ty:rlanmak]**
A1 I. howatyrlanmak 1 : Ätiýaç etmek, howatyr etmek, howatyrly bolmak.
II. howatyrlanmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme howatyrlanýarsyň? Sapa, goý ýagsa ýagsyn, bereketdir!

**Howlamak**

A1 I. howlamak 1 : Howsala düşmek, darykmak, gyssanmak.
II. howlamak→ [Kim]
Ör. (Siz)[Kim] Hiçbir zat ýok ýerinden howlap barýarsyňyz!

A2 I. howlamak 1 : Üýrmek, jabjynmak, topulmak (it hakda).
II. howlamak→ [Kim]
Ör. Hälki it[Kim] ýene onuň yzyndan howlap geldi.

**Howlukmak**

A1 I. howlukmak 1 : Howlukmaç deprenmek, gyssagly ýagdaýa düşmek, gyssanmak.
II. howlukmak → [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme, beýle howlukdyň?!
Ör. Ol[Kim] çörek bişirmek, nahar häzirlemek işine howlugýardy.

A2 I. howlukmak 1 : Bisabyrlyk etmek, alňasamak.
II. howlukmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Sabyr et, oglum, howlukma, basym bolar!
Ör. Oglan[Kim] howlugar, tut wagtynda bişer.

**Howplanmak**

A1 I. howplanmak 1 : Howpa düşmek, howp etmek, gorky aralaşmak, wehim etmek.
II. howplanmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Işim gaýtdy! -- diýip howplanýar.

**Howsalalanmak**

A1 I. howsalalanmak 1 : Howsala düşmek, gorka düşmek, dowla düşmek, howatyrlanmak, wehimlenmek.
II. howsalalanmak→ [Kim]
Ör. Arina[Kim] howsalalanyp başlady.

**Howutlamak**

A1 I. howutlamak 2 : Howut salmak, düýäniň howut-halygyny salyp taýýarlamak.
II. howutlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bäş-alty ineri[Kimi] howutlap, Genjim kakasynyň ýanyna gidiberdi.

**Hozanaklamak**

A1 I. hozanaklamak 1 : Bir zadyň ugrunda içgin aladanyp, çalasyn hereket etmek, oda-köze düşmek, hasanaklamak.
II. hozanaklamak → [Kim]
Ör. Aknabat eje[Kim] begenjinden «bolýar» diýip hozanaklap gitdi.

**Hödürlemek**

A1 I. hödürlemek 2 : «Al, iý» diýip, nahar iýmegini soramak, hödür etmek, hormat, hezzet etmek.
II. hödürlemek → [Kim], [Kime]
Ör. Mister Nelson[Kim] stoluň üstünde ýatan sigary alyp, Ahmede[Kime] hödürledi.

A2 I. hödürlemek 3 : Özüňde bar bolan bir zady biriniň almagyny ündemek.
II. hödürlemek → [Kim], [Kime] , [Ne]
Ör. Köne pikir bolup, men[Kim] näme saňa[Kime] altmyş ýaşly gyz[Ne] hödürledimmi-ýa heleý üstüne heleý al diýdimmi?

**Hökgermek**

A1 I. hökgermek 1 : Tümmerip durmak, tammaryp görünmek, küýkermek, bükülmek.
II. hökgermek→ [Kim]
Ör. Ýagyrnysy[Kim] bir azajyk hökgerip görünýän Ýagşymyrat sahna çykanda, hemmeler oňa seredişdiler.

**Höküdiklemek**

A1 I. höküdiklemek 1 : Hompuldap, tagaşyksyz ýöremek, höküdik-höküdik edip ylgamak.
II. höküdiklemek → [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Elli ýaşyň içinde öýlenjek diýip, höküdikläp ýörmezdiň.

**Höltüldemek**

A1 I. höltüldemek 1 : Çalasyn hereket etmek.
II. höltüldeme→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] geýnüwlirak ýigit geçse, onuň yzyndan höltüldäp ylgaýar.

**Höňküldemek**

A1 I. höňküldemek 1 : Loňkuldap ýöremek, hereket etmek.
II. höňküldemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] sebäpden biziň indi mundan beýläk höňküldejek bolmamyz bir salgyma çapan ýaly zat bolýa (Derýaýew, 1937: 195).

**Höweslenmek**

A1 I. höweslenmek 2 : Bir zada gyzyklanmak, höwesli bolmak, isleg döretmek.
II. höweslenmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk Günüň şöhlesine[Kime] höweslenmek bilen buýsananda, gapy şakyrdady.

**Höwrükmek**

A1 I. höwrükmek 2 : Bir adam ýa-da mal bilen öwrenişmek, ysnyşmak, höwür edinmek, hemra edinmek.
II. höwrükmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Çünki bary bilen[Kimle] höwrügerdim men[Kim]. (Ezizow, 1995:196).

**Höwürtgelemek**

A1 I. höwürtgelemek 1 : Höwürtge edinmek, höwürtge ýasanmak.
II. höwürtgelemek→ [Kim]
Ör. Guşlar[Kim] höwürtgeläp başladylar.

**humarlanmak[huma:rlanmak]**

A1 I. humarlanmak 1 : Bir zatdan keýpiň kök bolup oturmak, keýpiň tutmak.
II. humarlanmak→ [Kim]
Ör. Göwreler owlap, kelleler[Kim] humarlanyp hem rahatlyk talap edýärdi.

**Humrarylmak**

A1 I. humrarylmak 1 : Tüňňerilip, gaharly seretmek.
II. humrarylmak→ [Kim]
Ör. Bu garakçylaryň baştutany bolan şu eňegi daňylgy adam[Kim] humrarylyp, Wepa baka seretdi.

**Hurmalamak**

A1 I. hurmalamak 1 : Hurma getirmek, hurma düwmek.
II. hurmalamak→ [Kim]
Ör. Gyzyletregiň subtropiki sowhozyndaky hurma agaçlary[Kim] şu ýyl oňat hurmalapdyr.

A2 I. hurmalamak 1 : Oňat hoşa baglamak, oňat hoşalamak, hoşalaýan ýaly dänelemek (üzüm we käbir ösümlikler hakda).
II. hurmalamak→ [Kim]
Ör. Üzüm baglary[Kim] hurmalady.

**Hüžžermek**

A1 I. hüžžermek 1 : Tagaşyksyz galşyp durmak, bulaşyp durmak, bulam-bujar, çalam-çaş bolmak.
II. hüžžermek → [Kim]
Ör. Saçlary[Kim] hüžžerip durýar.

A2 I. hüžžermek 1 : (Göçme manyda) Haýbat atmak.
II. hüžžermek → [Kim]
Ör. Pişijek[Kim] hüžžerdi.

**hümerlenişmek**

A1 I. hümerlenişmek 2 : Köpçülik bolup üýşmek, bir ýere köp bolup toplanyşmak.

II. hümerlenişmek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Olar[Kim] altynjy «B» klasynyň agzyna gelip, koridorda[Kimde] hümerlenişýärler.

**Hümletmek**

A1 I. hümletmek 2 Öz özüňden küýlenip geplemek, küý basmak; gaharly, hyjuwly pikirde içiňi gepletmek.
II. hümletmek→ [Kim], {Kimi}Tamamlaýycı
Ör. Ýüzi güne ýanan üç bölek sakgally bir adam[Kim], sakgalyny taýly gezek sypady-da, içini{Kimi} hümletdi.
Ör. Ogultäç[Kim] içini{Kimi} hümletdi-de, basyrylgy çäýnekleriň kiçirägini oglunyň öňünde goýdy.

**Hümürdemek**

A1 I. hümürdemek 1 : Hümürdili ses çykmak, hümürdili seslenmek, geplemek.
II. hümürdemek → [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bulutly gije boldy, asmanyň ýyldyzlaryndan hem bize haýyr bolmady, ýogsa ýyldyzlardan çen tutmak, goram etmek bolardy -- diýip, ýuwaşça hümürdedi.

**Hüňmek**

A1 I. hüňmek 2 : Içini çuň köwmek, çuň oýmak, gazmak.
II. hüňmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] tümi ýerdöle şekilinde, agzyndan bir adam girip biler ýaly edip aşak gazypdyr-da, ony[Kimi] hem bir gapdala hüňüpdir (Gowşudow, 1989:139).

**Hüňürdemek**

A1 I. hüňürdemek 1 : Özbaşyňa igençli geplemek zeýrenip, käýinip, öz ugruňa geplemek.
II. hüňürdemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Elegiň başyňy iýsin! -- diýip, hüňürdäp gidýär.

**Hüplemek**

A1 I. hüplemek 1 : Birden batly urmak, gelmek (Esasan tüsse, ýel we ş. m. barada).
II. hüplemek→ [Kim]
Ör. Okara ýalyn[Kim] hüpläp urdy.

**Hürseklemek**

A1 I. hürseklemek 2 : Ýumruk, tirsek bilen bir-biriniň gapdalyna dürtmek, urup, dürtüp duýdurmak.
II. hürseklemek → [Kim], [Kime]
Ör. (Biz)[Kim] Biri-birimiziň böwrümize[Kime] hürsekläp, okaradan, çemçeden nobat ýeterine garaşyp, bokurdagymyzy gulkuldadyp otyrys.

**Hütürdemek**

A1 I. hütürdemek 1 : Hütürdili ses çykmak, hütürdili seslenmek.
II. hütürdemek→ [Kim]
Ör. Ululygy gapak[Kim] bir-birine sürtülip hütürdeyär. (Seýıdow, 1986: 399).

**Hüwdülemek**

A1 I. hüwdülemek 2 : Ýaş çagany hüwdi bilen allalap ýatyrmak, hüwdi aýdyp uklatjak bolmak.
II. hüwdülemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Näzik oýandy-da, daşaryk çykman, (ol)[Kim] gyzyny[Kimi] hüwdüläp ýatdy.

**Hüýlemek**

A1 I. hüýlemek 1 : Ýaramazlyk tapynmak, bir kemi bolmaklyk (ýaş çaga hakda).
II. hüýlemek→ [Kim]
Ör. Gözeliň çagasy[Kim] hüýläpdyr.

**Hyžžyldamak**

A1 I. hyžžyldamak 1 : Hyžžyldyly ses çykarmak, hyžžyldyly seslenmek.
II. hyžžyldamak→ [Kim]
Ör. Onuň sesi-de dogumly hem şadyýan däl-de, umytsyz perişandy hem-de wagtal-wagtal gaharly owazlar[Kim] hyžžyldap eşidilýärdi.

**Hykgyldamak**

A1 I. hykgyldamak 1 : Hykgyldyly ses çykarmak, hykgyldyly seslenmek, hyklamak.
II. hykgyldamak→ [Kim]
Ör. Weranyň mamasy[Kim] hykgyldap, otaga girdi.

**Hyklamak**

A1 I. hyklamak 1 : hykgyldamak
II. hyklamak → [Kim]
Ör. Mirahyr[Kim] hyklap, gözüni açdy.

**Hykyrdamak**

A1 I. hykyrdamak 1 : Hykyrdyly ses çykmak, hykyrdyly seslenmek.
II. hykyrdamak→ [Kim]
Ör. Soltan[Kim], näme beýle hykyrdaýarsyň güler ýaly näme bar?!

**Hylçyldamak**

A1 I. hylçyldamak 2 : Ýere özüňi batly goýbermek, bir ýere baryp batly urulmak.

II. hylçyldamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Ýene oturgyja[Kime] hylçyldap goýyldy.

**Hynalamak[hy:nalamak]**

A1 I. hynalamak 2 : Hyna çalmak, hyna bilen reňklemek, hyna urmak.
II. hynalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim], dyrnagyny[Kimi] hynalamaga oturdy.

**Hynçgyrmak**

A1 I. hynçgyrmak 1 : Aňňyrjak ýaly edip çala ses çykarmak, sojamak (eşek hakda).
II. hynçgyrmak→ [Kim]
Ör. Gandym awçynyň howla girenini görüp, sygyr-goýunlar hantamaçylyk bilen dyzynyşdylar, eşek[Kim] hynçgyrdy.

A2 I. hynçgyrmak 1 : (Göçme manyda) Demini içine çekip, içigip aglamak, demi içine sygman demigip aglamak.
II. hynçgyrmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Çyrany ýakyp, uklap ýatan Aýnanyn ýüzüne seredip, içi-içine sygman, hynçgyryp başlady (Aşyr, 1986:54).

**Hyňranmak**

A1 I. hyňranmak 1 : Üýrjek ýaly edip çala hyrlamak, üýrmäge meýil edip hyrlamak.
II. hyňranmak→ [Kim]
Ör. Küle köpek[Kim] art penjeleri bilen ýer dörüp, ýüzüni nobura bakan tutup hyňranýardy.

**Hyňzamak**

A1 I. hyňzamak 1 : Joşup daşmak, möwç urmak, püre-pür dolup batlanmak.
II. hyňzamak → [Kim]
Ör. Gözýaşlary[Kim] hyňzap garry aýalyň gözleriniň öňüni gubarlandyrdy.

**Hyrkyldamak**

A1 I. hyrkyldamak 1 : Hyrkyldyly ses çykmak, agyr halda kynlyk bilen dem almak.
II. hyrkyldamak → [Kim]
Ör. Ol[Kim] hyrkyldap dem alýardy.

**Hyrlamak**

A1 I. hyrlamak 1 : Hyrryldyly ses çykmak, hyrryldyly seslenmek.
II. hyrlamak→ [Kim]
Ör. Köpek[Kim] hyrlaýar, Pişik myrlaýar, Iş düzelenin syçanlar duýar.

**Hyrryldamak**

A1 I. hyrryldamak ₁ : Hyrryldyly ses çykmak, hyrryldyly seslenmek.
II. hyrryldamak→ [Kim]
Ör. Byçgy[Kim] hyrryldaýardy.

**Hyrsyzlanmak[hy:rsyzlanmak]**

A1 I. hyrsyzlanmak 1 : Mylaýymlyk keşbinden aýrylmak, gaharjaňlyk sypatyna geçmek.
II. hyrsyzlanmak→ [Kim]
Ör. Artygyň aňlaşyna görä, ol[Kim] kime haýbat atýanyny-da unudyp, öz adatyna görä gaşlaryny çytýar, durdugyça hyrsyzlanýar.

**Hyssyldamak**

A1 I. hyssyldamak 1 : Hyssyldyly ses çykmak, hyssyldyly seslenmek.
II. hyssyldamak → [Kim]
Ör. Hol aňyrrakda (ol)[Kim] hyssyldap ýatan äpet ýekegapan bolsa eýýäm art aýaklaryndan başlap döşüne çenli garny böwsülip, gyzyl gana bulaşyp ýatyrdy (çevrimiçi: http://vk.com/wall262265879_1, 18.05.2015))

**Hysyrdamak**

A1 I. hysyrdamak 2 : Iş, alada bilen özbaşyňa güýmenip ýörmek, iş bilen meşgullanyp ýörmek.
II. hysyrdamak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Aşyryň ejesi[Kim] bolsa çaý-çörek aladasy bilen[Kimle] hysyrdap ýördi.

**Hytlatmak**

A1 I. hytlatmak 2 : Berk urmak, pugta urmak, gaty urmak.
II. hytlatmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Tüpeňiň teýi bilen böwrüne[Kime] hytlatdy.

**Hytyrdamak**

A1 I. hytyrdamak 1 : Hytyrdyly ses çykmak, hytyrdyly seslenmek.
II. hytyrdamak→ [Kim]
Ör. Şu ýerde bir zat[Kim] hytyrdaýar welin, unly çuwalyňy syçan kertýän bolaýmasa ýagşy?!

**Hyýallanmak[hyýa:llanmak]**

A1 I. hyýallanmak 2 : Bir işi ýa-da bir zady ýerine ýetirmäge hyýal etmek, hyýala münmek, ýürege düwmek.
II. hyýallanmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk sapançasyna ýapyşyp, ony atmaga[Kime] hyýallandy.
Ör. Ussa jan[Kim] , «eliň-gözüň dert görmesin» -- diýip, aýagyna galoşyny geýmäge[Kime] hyýallandy.

**Hyzlamak**

A1 I. hyzlamak 1 : Hyzzyldyly ses çykmak, hyzzyldyly seslenmek.
II. hyzlamak→ [Kim]
Ör. İňrik garalyp çirkeý[Kim] hyzlaýar, Topbak gögeýin irmän wyzlaýar.

**hyzzynlamak[hyzzy:nlamak]**
A1 I. hyzzynlamak 1 : jyzzynlamak
II. hyzzynlamak → [Kim]
Ör. Eşek[Kim] hem hyzzynlap böküberdi.

**-İ**
**İbermek[i:bermek]**
A1 I. ibermek 3 : Birini ýa-da bir zady bir ýere ugratmak, ýollamak, göndermek.
II. ibermek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Aşgabatdan Gyzylarbada, Guşga hem başga birnäçe ýerlere[Kime] öz ündewçilerini[Kimi] iberdiler.

**İçikmek**
A1 I. içikmek 1 : Urulmak zerarly demiň içiňe dolmak, gaty urulmak.
II. içikmek→ [Kim]
Ör. Urulýan ýigid[Kim] içikdi.

**İçmek1**
A1 I. içmek 2 : Suwuk zady owurtlap ýuwutmak.
II. içmek→ [Kim], [Ne]
Ör. Garly ussa[Kim] bir çäýnek gök çaý[Ne] içdi.

**İçirgilemek**
A1 I. içirgilemek 2 : At, eşek we ş. m. mallaryň arkasyna içirgi salyp eýerlemek.
II. içirgilemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Annaguly[Kim] atynyň agyzdyrygyny salyp atyny[Kimi] içirgiledi.

**İçirmek**
A1 I. içirmek 3 : Haýsy-da bolsa bir suwuklygy içmäge bermek ýuwutdyrmak.
II.içirmek→ [Kim], [Kime], {Ne}tamamlayıcı
Ör. Doktor[Kim] derrew Akmyrada[Kime] derman{Ne} içirdi-de: -- Hany munuň ejesi? -- diýdi.

A2 I. içirmek 3 : (Göçme manyda) Gep öwretmek, ynandyrmak.
II. içirmek→ [Kim], [Kime], [Ne]
Ör. Ol[Kim] oňa[Kime] aýtmaly zatlaryn aýdyp, eýýäm[Ne] içirendir.

**İçlemek**
A1 I. içlemek 1 : Bir neme ýag ýygnap semräp ugramak (mal barada).

II. içlemek→ [Kim]
Ör. Baga bakylýan goýunlaryň guýrugy[Kim] içläp ugrapdyr.

**İdeglemek[i:deglemek]**
A1 I. ideglemek 2 : Biri ýa-da bir zat barada soraşdyryp bilmek, gözleg etmek.
II. ideglemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gyz[Kim] Aždary[Kimi] idegledi.

**İdemek[i:demek]**
A1 I. idemek 2 : Gözleg etmek, agtarmak, gözlemek.
II. idemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gyrat diýp agtarsam dagy-düzleri, (siz)[Kim] bir ýylda gelmesek, idäň bizleri[Kimi].

A2 I. idemek 2 : İdeg-sorag etmek, habar tutmak, sorap durmak.
II. idemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] Ýaslidäki çagalary[Kimi] idedi.

**İdeneklemek**
A1 I. ideneklemek 1 : Baş aýlanmak, büdremek we ş. m. zerarly entirekläp gitmek.
II. ideneklemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň başy aýlanyp, idenekläp gitti.

**İdenekletmek**
A1 I. idenekletmek 2 : İtmek, güýç bilen çekmek we ş. m. zerarly entirekletmek; zor bilen itenekläp ýöretmek, südürlemek.
II. idenekletmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Meni[Kimi] idenekledip, getirip zawodyň howlusyna dykdy.

**İdetmek[i:detmek]**
A1 I. idetmek 2 : Ekläp-saklamak ekläp-terbiýeläp ösdürmek (adam barada) ; ot-iým berip bakmak, äňetmek (mal barada).
II. idetmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Oglum, sen[Kim] daglarda aw at-da, geziber hem malyňy[Kimi] idet.

**İdirdetmek**
A1 I. idirdetmek 3 : Ýeňsesinden güýç bilen itip ýöretmek, güýç bilen iteläp, ýöredip alyp gitmek, güýç bilen özüňe garşy çekmek.
II. idirdetmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Çerkez hem onuň bir ýanyndan ýapyşyp, ony[Kimi] çeträge[Kime] idirdetdiler.

**İgelemek[i:gelemek]**
A1 I. igelemek 2 : İge bilen ýiteldilmek, ige bilen ýonmak, ýylmamak.

II. igelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Orsgeldi aga[Kim] eýwanyň aşak eteginde piliniň ýüzüniň gaýdan ýerlerini[Kimi] igeleýärdi.

**İgenmek[i:genmek]**

A1 I. igenmek 2 : Birinden ýa-da bir zatdan nägile bolup, igençli söz aýtmak, iňirdäp käýinmek, iňirdemek.
II. igenmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Näme saklaýarsyň -- diýip, şofýora[Kime] igendi.

**İglemek[i:lemek]**

A1 I. iglemek 1 : Kesel zerarly horlanmak, arryklamak.
II. iglemek→ [Kim]
Ör. Adam[Kim] gulagyndan iglär.

A2 I. iglemek 1 : Köp ulanylmak zerarly könelmek, iýlip inçelmek (metal gurallar hakda).
II. iglemek→ [Kim]
Ör. Pyçak[Kim] iglepdir (TTS).

**İkilemek**

A1 I. ikilemek 2 : Bir işi bileleşip etmek, iki bolup ýerine ýetirmek.
II. ikilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Biz)[Kim] Bu agajy ikiläp ýykdyk.

A2 I. ikilemek 2 : Biriniň daşyna iki bolup geçmek, birini iki bolup urmak.
II. ikilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] ony[Kimi] ikiläpdirler.

**İkirjiňlemek**

A1 I. ikirjiňlemek 1 : İkigöwünlilik etmek, böwrüňi dinläp durmak, aýgyt edip bilmän durmak, ýaýdanjyramak.
II. ikirjiňlemek→ [Kim]
Ör. Öwez[Kim] ilki ikirjiňleýär.

**İldirmek[i:ldirmek]**

A1 I. ildirmek 3 : Bir zady ildirgiçden asmak, asyp, ötürip goýmak.
II. ildirmek→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. Biline gylyç guşanan Artyk[Kim], Halnazaryň goşasyny[Kimi] hem egninden[Kimden] ildirdi.

**İlerlemek**

A1 I. ilerlemek 2 : Öňe tarap hereket, ileri süýşmek, golaýlaşmak.
II. ilerlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Sowet Goşuny[Kim] duşman pozitsiýasyna[Kime] tarap ilerleýärdi.

A2 I. ilerlemek 1 : Oňküsinden has ösmek, pugtalanmak, berkemek.
II. ilerlemek→ [Kim]
Ör. Hökümet[Kim] ilerläp baryşy, Ýylba-ýyldan köpdür peýda berişi.

**İlmek[i:lmek]**

A1 I. ilmek 2 : Asylyp, çolaşyp galmak, ýapyşmak.
II. ilmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Düýe bir agaja gapdalyny öýkap gaşanypdyr we şonda gök sapaklar[Kim] ona[Kime] ilipdir.

A2 I. ilmek 2 : Degmek, düşmek, gapjalmak.
II. ilmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Bir küti kitap[Kim] onuň eline[Kime] ildi.

**İltemek[i:ltemek]**

A1 I. iltemek 3 : Çala daňyp goýmak, çala çatmak, baglamak.
II. iltemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk Meleguşuň irişme tanapyny[Kimi] gazyga[Kime] iltedi-de, nirädir gyssanmaç howlukdy.

A2 I. iltemek 3 : Birine bir iş ýüklemek, tabşyrmak.
II. iltemek→ [Kim],[Kimi], [Kimden]
Ör. (Biz)[Kim] Hany bu muraplygy[Kimi] kimiň ýakasyndan[Kimden] iltäris? -- diýen sowala dürli ýerden dürli atlar tutuldy.

A3 I. iltemek 3 : (Göçme manyda) Adamsy aradan çykyp, dul galan gelni adamsynyň doganyna, doganoglanyna äre bermek.
II. iltemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Ol gelni[Kimi] gaýyn agasyna[Kime] iltediler.

**İmeşmek[i:meşmek]**

A1 I. imeşmek 1 : Bulaşyp durmak, bulaşyp galmak, bulaşmak.
II. imeşmek→ [Kim]
Ör. Eňegindäki tüýler[Kim] imeşip durýardy.

**İmrinmek**

A1 I. imrinmek 2 : Mähirli söýmek, gowy görmek, mähir inmek, ynanmak, berilmek.
II. imrinmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň edeni em bolmalydyr diýýän sözlerine[Kime] -de biraz imrindi.

**İnçelmek[i:nçelmek]**

A1 I. inçelmek 1 : Ýogynlykdan inçe hala gelmek, inçe bolup başlamak.
II. inçelmek→ [Kim]
Ör. Ol çylgamlar[Kim] gitdikçe inçelip, ahyrsoňy çölde ýitip gidýär.

A2 I. inçelmek 1 : Horlanmak, arryklamak.
II. inçelmek→ [Kim]
Ör. Onuň doly göwresi[Kim] elip ýaly inçelip, gapyrgasy garnyna ýelmeşdi.

**İndemek**
A1 I. indemek 1 : Biri ýa-da bir zat barada aladalanmak, ynjalyksyzlanmak.
II. indemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] çagalar hakynda indemek.

A2 I. indemek 2 : Birini ýa-da bir zady idemek, sorag-ideg etmek, gözlemek.
II. indemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] myhmany[Kimi] idedi.

**İndirmek[i:ndirmek]**
A1 I. indirmek 2 : Sürüp, kowup, belli bir ýeriň üstünden alyp gelmek.
II. indirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sygyrlarymy derrew toplap, ýüzümi oba tarap göneltdim we (men)[Kim] obanyň ýokary çetinden çaňjardyp sygyrlarymy[Kimi] indirdim.

**İnmek[inmek]**
A1 I. inmek 2 : Ýokardan aşaklygyna düşmek, aşaklamak.
II. inmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Guşlar[Kim] agajyn üstünden birden aşaga[Kime] inýärdiler.

A2 I. inmek 2 : (Göçme manyda) Biriniň üstünden düşmek, eňmek, dökülmek.
II. inmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Görýän weli, ol[Kim] seniň üstüňden[Kimden] inip başlasa gerek.

**İntilmek**
A1 I. intilmek 2 : Bir zada üns bilen seretmek, köp garaşmak.
II. intilmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] saňa[Kime] intilip köp garaşdym (TTS).

**İňirdemek**
A1 I. iňirdemek 2 : Närazlyk bildirmek, igençli geplemek, teýene etmek.
II. iňirdemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Halha, goňşyň gelni baldyzy bilen kino gidýär, hi gaýny[Kim] gelnine, gyzyna[Kime] iňirdeýarmi?!

**İňlemek**

A1 I. iňlemek 1 : Iňňildili ses çykarmak, iňňildili ses etmek, iňremek, iňrenmek.
II. iňlemek→ [Kim]
Ör. Artyk onuň ýanyna baryp görse, hälki şaýly gelin[Kim] iňläp ýatyrdy.

**İrinmek**
A1 I. irinmek 2 : Bir işi göwünli-göwünsiz etmek, irinjeňlik bilen ýerine getirmek.
II. irinmek→ [Kim], *{kime}tamamlayıcı*
Ör. (Sen)[Kim] Çagyrylan ýere{Kime} irinme, çagyrylmadyk ýerde görünme.

**İriňlemek**
A1 I. iriňlemek 1 : Organizmiň öýjüklerinde iriň emele gelmek, iriň emele gelip başlamak.
II. iriňlemek→ [Kim]
Ör. Hojam, onuň degen ýeri[Kim] azyp iriňlemese-de biridir.

**İrizmek[i:rizmek]**
A1 I. irizmek 2 : Bizar etmek, ýürege düşmek, bizar peteňe getirmek, ýadatmak.
II. irizmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bu eşikler[Kim] meni[Kimi] halys irizdi. (N. Saryhanow, Saýlanan eserler)

**İrkilmek**
A1 I. irkilmek 1 : Çala uka gitmek, uklamak, ymyzganmak.
II. irkilmek→ [Kim]
Ör. Bahar daňa golaý azajyk (ol)[Kim] irkilip bildi.

A2 I. irkilmek 1 : (Göçme manyda) Asuda, ýuwaş, parahat halda bolmak; irginsiz garaşmak.
II. irkilmek→ [Kim]
Ör. Garagum[Kim] irkilipdir («Sowet edebiýaty» žurnaly)

**İrlemek[i:rlemek]**
A1 I. irlemek 1 : Wagtyndan öň gelmek, ir bilen gelmek.
II. irlemek→ [Kim]
Ör. Bu[Kim] näme beýle irledikä!

**İrmek[i:rmek]**
A1 I. irmek 2 : Bizar bolmak, halys bolmak, lütüň çykmak, ýadamak.
II. irmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] Geldiniň towlanyp ýörüşinden[Kimden] halys irindi.

**İslemek**

A1 I. islemek 2 : Biriniň ýa-da bir zadyň islegini etmek, bir zady höwes etmek, bir zada meýil, arzuw etmek.
II. islemek→ [Kim], [Ne]
Ör. Siz[Kim] näme[Ne] isleyärsiniz (TTS).

**İşlemek[i:şlemek]**

A1 I. işlemek 1 : Zähmet çekmek, bir iş bilen meşgul bolmak.
II. işlemek→ [Kim]
Ör. Uly başlar[Kim], kiçi işlär.

A2 I. işlemek 1 : Hereketde bolmak bilen bir zady öndürmek, çykarmak.
II. işlemek→ [Kim]
Ör. Zawot[Kim] işleýär.

A3 I. işlemek 2 : Bir edarada gulluk etmek, bir wezipäni, käri ýerine ýetirmek.
II. işlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ylmy[Kimi] işgär bolup işlemek.

A4 I. işlemek 1 :Abat bolup ýöräp durmak.
II. işlemek→ [Kim]
Ör. Sagat[Kim] işleýer.

.

**İşmek[i:şmek]**

A1 I. işmek 2 : Ýüp, ýüplük we ş. m. zatlaryň dinini, taryny birikdirip berkitmek, sapaga, tanapa öwürmek, bükdürmek, towlap ýüp, sapak etmek.
II. işmek→ [Kim], [Ne]
Ör. Olaryň biri çöpür darap, pişge edip ýetişdirýär, biri[Kim] hem eliniň aldygyna haýdap ýüp[Ne] işýär.

**İteklemek**

A1 I. iteklemek 3 : Itip, iteläp öňe süýşürmek, itelemek.
II. iteklemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Reduktoryň gapagynyň bir çetini[Kimi] öňe[Kime] itekleýärdi.

A2 I. iteklemek 3 : (Göçme manyda) Bir işe ýa-da bir zada ündemek, ugrakdyrmak.
II. iteklemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Onuň bu söýgüsü[Kim] ony[Kimi] dogry ýola[Kime] itekledi.

**İtmek2[i:tmek]**

A1 I. itmek 2 : Bir zady çekip, öz yzyň bilen alyp gitmek.
II. itmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Agta ýabysyny[Kimi] idip ugrady.

A2 I. itmek 3 : (Göçme manyda) Biriniň ygtyýaryny ele alyp, yzyň bilen ýöretmek, birini yzyňa eýertmek.
II. itmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör.Sen[Kim] bizi[Kimi] nirä[Kime] itseň idip ýörjek-ow!

**İýmek**

A1 I. iýmek 2 : İýmit kabul etmek, iýmitlenmek, naharlanmak.
II. iýmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] deňiz suwuna ýugrulan çöregi[Kimi] iýdim.

A2 I. iýmek 1 : Köp ulanmak, könelmek zerarly ýonup inçeltmek.
II. iýmek→ [Kim]
Ör. Motoryň zynjyry[Kim] iýdi (TTS).

**İýmitlenmek**

A1 I. iýmitlenmek 1 : Iýmit kabul etmek, iýmek.
II. iýmitlenmek→ [Kim]
Ör. Çaga[Kim] nädagry iýmitlendi.

A2 I. iýmitlenmek 2 : Organizme gerek bolan her hili ýokumly maddalary kabul etmek (ösümlikler hakda).
II. iýmitlenmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Agajyň ösýändiginiň sebäbi onuň toprakdan we howadan alýan maddalary[Kimi] iýmitlenýändigindendir.

**İýmlemek**

A1 I. iýmlemek 2 : Ot-iým bermek, iým iýdirmek, naharlamak.
II. iýmlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Uzakdan örülerde dowarlary[Kimi] (ol)[Kim] iýmlemegiň şertlerini gowulandyryp, ölüm-iýtimsiz saklanylmagyny gazanarys.

**İzolirlemek**

A1 I. izolirlemek 2 : (Fizika) Bir zady töweregindäki zatlardan aýrybaşgalaşdyrmak, bir ýerden (adamlaryň arasyndan we ş. m.) başga ýere aýryp çeşleşdirmek.
II. izolirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] elektrik simini[Kimi] izolirledi (çevrimiçi:http://www.ajapsozluk .com/ dictionary/russian-turkmen/dictionary /turkmen-russian/izolirlemek, 16.03.2015).

**-J**

**Jabjynmak**

A1 I. jabjynmak 1 : Gaharly üýrmek (it hakda).
II. jabjynmak→ {kim}tamamlayıcı

Ör. Olary gören itler{Kim} özlerini öldire getirip jabjyndylar.

A2 I. jabjynmak 2 : (Göçme manyda) Gaharly azgyrylmak, birine ajyňy pürkmek, biriniň ýüzüni almak.
II. jabjynmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] olaryň ýüzüne[Kime] jabjynman, kakam olara: -- Hojam, şu mesele üçin şundan soň biriňi garap hem bakma! -- diýip kowdy.

**Jadylamak[ja:dylamak]**
A1 I. jadylamak 1 : Jady etmek, owsunlamak, göz baglamak.
II. jadylamak→ [Kim]
Ör. Medeýa[Kim] jadylap hem-de jadyly dermanlar bilen aždarhany ukladypdyr.

A2 I. jadylamak 2 : (Göçme manyda) Täsin galdyrmak, özüňe çekmek, ýesir etmek, erkini almak.
II. jadylamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Oňa syn edýänler[Kim] ony[Kimi] edil jadyladylar.

**Jaggyldamak**
A1 I. jaggyldamak 1 : Jaggyldyly ses çykarmak, jaggyldyly seslenmek.
II. jaggyldamak→ [Kim]
Ör. Gür baglykda guşlar[Kim] jaggyldaýarlar.

**Jahyllanmak[ja:hy:llanmak]**
A1 I. jahyllanmak 1 : Daýanyp jahyl görünmek, ýigdelmek, juwanlanmak.
II. jahyllanmak→ [Kim]
Ör. Garrylar[Kim] jahyllap güýjelýär.

**Jakgyldamak**
A1 I. jakgyldamak 1 : Çasly ses bilen saýramak, jakgyldyly ses çykarmak, jak-jak etmek (guş, towuk hakda).
II. jakgyldamak→ [Kim]
Ör. Bilbil[Kim] jakgyldaýardy.

A2 I. jakgyldamak 1 : (Göçme manyda) Jak-jak edip gülmek, hahahaýlamak.
II. jakgyldamak→ [Kim]
Ör. Aýsoltan[Kim] jakgyldap gülenini hem duýman galdy.

**Janlanmak[ja:nlanmak]**
A1 I. janlanmak 1 : Ýaşap başlamak, jan girmek, direlmek.
II. janlanmak→ [Kim]
Ör. Yağış yagandın soň ekinler[Kim] bir näme janlandy.

A2 I. janlanmak 1 : (Göçme manyda) Herekete gelmek, oýanmak, ruhlanmak, başarjaňlygy artmak.
II. janlanmak→ [Kim]
Ör. Birnäçe ýörite toplar hem minomýotlar, tokaýyň içinde duşman[Kim] janlandy.

**Janykmak[ja:nykmak]**

A1 I. janykmak 1 : Bir zat etmeklige ýürek bilen çalyşmak, jan çekmek, yhlasly bolmak, gyzykmak.
II. janykmak→ [Kim]
Ör. A gyz, nämä gülýärsiň? Ynanaňokmy? Seret ahyry! -- diýip (ol)[Kim] janykdy.

**Jaňňyrdamak**

A1 I. jaňňyrdamak 1 : Jaňňyrdyly ses çykarmak, jaňňyrdyly seslenmek.
II. jaňňyrdamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Ýük üstünde jaň goýsaň, Jaňňyrdar ýar-ýar.

**Jarkyldamak**

A1 I. jarkyldamak 1 : Jarkyldyly ses çykarmak, jarkyldyly seslenmek.
II. jarkyldamak→ [Kim]
Ör. Gapy[Kim] jarkyldap açyldy we jaýyň içinden ýüregi ýangynly märeke baslygyp daşary çykdy.

**Jaslatmak**

A1 I. jaslatmak 2 : Awuly çakmak, sokmak (ýylan, içýan, ary hakda).
II. jaslatmak→ {kim}tamamlayıcı, [Kimi]
Ör. Ony[Kimi] ary{Kim} jaslatypdyr (TTS).

A2 I. jaslatmak 2 : (Gepleşik dili) Atyp goýbermek, atmak.
II. jaslatmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Tüpeňi[Kimi] jaslatmak.

**Jatyrdamak**

A1 I. jatyrdamak 1 : Jatyrdyly ses çykmak, agram düşmek, zor görmek zerarly jatyrdyly seslenmek.
II. jatyrdamak→ [Kim]
Ör. Teläriň üstündeki agaç[Kim] jatyrdap döwüldi.

**Jaýlamak[ja:ýlamak]**

A1 I. jaýlamak 2 : Ýerli-ýerinde, jaýba-jaý goýmak, tygşytlyja goýmak, ýerleşdirmek.
II. jaýlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Biz)[Kim] Aýrylan agaçlary[Kimi] tama salyp, jaýlap goýduk.

A2 I. jaýlamak 2 :Aradan çykan adamyny ýerlemek, depin etmek.
II.Jaýlamak→[Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] hem atasyny[Kimi] şu ýerde jaýlady.

**Jaýrylmak**
A1 I. jaýrylmak 1 : Jaýryk, ýaryk emele gelmek, çat açmak, ýarylmak.
II. jaýrylmak→ [Kim]
Ör. Gawunlaryň käbiriniň syrty[Kim] jaýrylyp ýatyr.

**Jaýtarmak**
A1 I. jaýtarmak 1 : Towlanyp galyp durmak, gaňtarylyp durmak, öňe çykyp durmak; gaýşarylmak.
II. jaýtarmak→ [Kim]
Ör. Murty[Kim] jaýtaryp durýar.

**Jaýyrdamak**
A1 I. jaýyrdamak 1 : Jaýyrdyly ses çykmak, jaýyrdyly seslenmek, jaýyrt-jaýyrt etmek, gaty jygyldamak.
II. jaýyrdamak→ [Kim]
Ör. Orazyň täze köwşi[Kim] jaýyrdaýardy.

A2 I. jaýyrdamak 1 : Ýyrtylyp gitmek (ýukajyk mata hakda).
II. jaýyrdamak→ [Kim]
Ör. Onyň köýneği[Kim] jaýyrdap gitdi (TTS).

**Jazlamak**
A1 I. jazlamak 2 : Nahary jaz bilen bişirmek, nahara jaz goşmak.
II. jazlamak→ [Kim],[Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] ysmanagy[Kimi] jazlaýar (TTS).

**Jazzyldamak**
A1 I. jazzyldamak 1 : Jazzyldyly ses çykmak, jazzyldyly seslenmek, jazyrdamak.
II. jazzyldamak→ [Kim]
Ör. Gazanda gowrulýan et[Kim] jazzyldaýardy.

**Jebislemek**
A1 I. jebislemek 3 : Biri-birine degrip pugta birleşdirmek, jebis getirmek, jebis etmek, laýyk getirmek.
II. jebislemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Çynjyry[Kimi] ýerine[Kime] jebisledi-de, ony berkitmege başlady.

A2 I. jebislemek 2 : (Göçme manyda) Agzybirlik gazanyp birleşdirmek.
II. jebislemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Ol)[Kim] Halk köpçüligini[Kimi] jebislemek.

**Jedelleşmek**

A1 I. jedelleşmek 2 : Jedel edişmek, çekişmek.
II. jedelleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. (Men)[Kim] Öýde jigilerim bilen[Kimle] jedelleşdim.

A2 I. jedelleşmek 2 : Dawa edişmek, galmagallaşmak.
II. jedelleşmek→ [Kim],[Kimle]
Ör. (Men)[Kim] Seniň bilen[Kimle] jedelleşip durmaga wagtym ýok.

**Jedirdemek**

A1 I. jedirdemek 1 : Jedir-jedir edip gürlemek, örän çalt we çalasyn geplemek.
II. jedirdemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] jedirdäp başlady.

**Jemlemek**

A1 I. jemlemek 2 : Jem etmek, bir ýere toplamak, üýşürmek, ýygnamak.
II. jemlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Deň-duşlaryndan karz alyp, dört ýüz tyllany[Kimi] jemledi.

A2 I. jemlemek 2 : (Mat.) Goşup jemini çykarmak, hasabyny çykarmak.
II. jemlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýygnagyň işini[Kimi] jemlemek.

A3 I. jemlemek 2 : Belli bir netijä gelmek, netije çykarmak.
II. jemlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kelhan[Kim] iň soňunda gürrüňi[Kimi] bir ýere jemledi.
Ör. Garry[Kim] öz pikirini[Kimi] jemlemek üçin üsgüresi gelmese-de üsgüren boldy.

A4 I. jemlemek 2 : Bes etmek, gutarmak, tamamlamak.
II. jemlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Pionerler[Kim] öz ýygnanyşyklaryny[Kimi] «Meniň mähriban ýurdum giňdir» diýen aýdym bilen jemleýärdi.

**Jenjelleşmek**

A1 I. jenjelleşmek 2 : Biri bilen jenjel etmek, dawalaşmak, käýişmek, gygyryşmak.
II. jenjelleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Aman aga[Kim] onuň bilen[Kimle] jenjelleşip durmany uslyp bilmedi.

**Jetleşmek**

A1 I. jetleşmek 2 : Biri bilen jet bolmak, biri bilen tersleşmek.
II. jetleşmek→ [Kim], [Kimle]

Ör. Öz[Kim] biri-biriň bilen[Kimle] jetleşmek.

A2 I. jetleşmek 2 : Dawalaşmak, galmagal edişmek.
II. jetleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] dostuň bilen[Kimle] jetleşmek.

**Jezalamak[jeza:lamak]**
A1 I. jezalamak 2 : Jeza bermek, berk temmi bermek, jezalandyrmak.
II. jezalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sud[Kim] günäkärleri[Kimi] jezalady.

**Jägildemek**
A1 I. jägildemek 1 : Jägildili ses çykarmak, jägildili seslenmek, jäk-jäk edip aglamak.
II. jägildemek→ [Kim]
Ör. Çaga[Kim] jägildäp aglaýardy.

**Jäheklemek**
A1 I. jäheklemek 2 : Gyrasyna jähek çekmek, jähek tutmak.
II. jäheklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Meniň köýnegimi[Kimi] gyzyl ýüpek bilen jähekläpdirler.

**Jibirdemek**
A1 I. jibirdemek 1 : Zaryn ses bilen jüýgüldemek, jürküldemek (guş hakda).
II. jibirdemek→ [Kim]
Ör. Guşlar[Kim] jibirdedi.

**Jibrinmek**
A1 I. jibrinmek 1 : Zeýrenip käýinmek, nägilelik bildirmek, ýanyp gürrüň etmek, ýanyp-bişmek.
II. jibrinmek→ [Kim]
Ör. Ojar[Kim] ody basylan dek jibrinip, Eziz myhmanynyň tarapyn çaldy.

**Jikgermek**
A1 I. jikgermek 2 : Birine herrelip, gaharly seretmek, haýbat atmak.
II. jikgermek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ahmedow[Kim] Mergeniň syryny aňjak bolýan ýaly bolup, onuň gözlerine[Kime] jikgeripseretdi (çevrimiçi: http://vk.com/wall-71220728_2812?reply= 2815, 13.05.2015)).

**Jikgildemek**
A1 I. jikgildemek 1 : Jikgildili ses çykarmak, jik-jik edip seslenmek, jirkildemek (guş hakda).
II. jikgildemek→ [Kim]
Ör. Serceler[Kim] jikgideýärler (TTS).

**Jikjermek**

A1 I. jikjermek 2 : Ýoknasyzlyk etmek, sokuljyramak.

II. jikjermek→ [Kim], [Kime]

Ör. Seretsem, sary getiren ýaly bolup, bedýakym, betnyşan biri[Kim] ýüzüme[Kime] jikjerip dur (çevrimiçi:http://tehnokent.blogspot. com.tr/2014/01 /sowda. html,16.03.2015).

**Jiltlemek**

A1 I. jiltlemek 2 : Sahypalary jilde salyp berkitmek, sahaplamak.

II. jiltlemek→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı

Ör. (Ol)[Kim] kitaby{Kimi} jiltledi (TTS).

**Jiňkermek**

A1 I. jiňkermek 2 : Biriniň ýüzüne ýiti-ýiti seretmek, bakmak.

II. jiňkermek→ [Kim], [Kime]

Ör. (Ol)[Kim] Ýüzüne[Kime] jiňkerip seredýär.

**Jojuklamak[jo:juklamak]**

A1 I. jojuklamak 1 : Guzlamak (doňuz hakda).

II. jojuklamak→ {kim}tamamlayıcı

Ör. Doňuz{Kim} jojuklapdyr.

**Jomartlanmak[jo:ma:rtlanmak]**

A1 I. jomartlanmak 1 : Birneme sahy bolmak, jomart bolup başlamak, alçak bolmak.

II. jomartlanmak→ [Kim]

Ör. Mama[Kim] tirsegine galdy, gözüni ýaşartdy, jomartlandy.

**Jomurmak**

A1 I. jomurmak 2 : Döwüp aýyrmak, döwmek, döwüşdirmek.

II. jomurmak→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Ol)[Kim] Taýagy[Kimi] jomrup taşlamak.

**Jontarmak**

A1 I. jontarmak 1 : Jontuk bolup galmak.

II. jontarmak→ [Kim]

Ör. Onuň süýem barmagy[Kim] jontaryp durýar.

**Jontmak**

A1 I. jontmak 2 : Bir zadyň ujuny kesip ýa-da döwüp aýyrmak, jontuk etmek.

II. jontmak→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Ol)[Kim] Çäýnegiň jüründigini[Kimi] jontmak.

**Joňkuldamak**

A1 I. joňkuldamak 1 : Joňk-joňk edip ýöremek, bökjekläp ýöremek, loňkuldamak.
II. joňkuldamak→ [Kim]
Ör. Guşlar[Kim] joňkuldap ýördüler.

**Jorkuldamak**

A1 I. jorkuldamak 1 : Jork bolmak, uly batgalyga öwrülmek, bütinleý lüýk bolmak; suw dökülip, batga bolup ýatmak.
II. jorkuldamak→ [Kim]
Ör. Tagamly şóhlat[Kim] jorkuldap gidip bokurdakdan gowy geçip duran bolmaga çemeli ( çevrimiçi: m.ertir.com/index.php?q=blog&view=100927 &sitata = 1996226, 16.03.2015).

**Jorlamak**

A1 I. jorlamak 1 : Sesli akmak, dökülmek (suwuklyk hakda).
II. jorlamak→ [Kim]
Ör. Ternawdan suw[Kim] jorlap akýardy.

**Joşmak[jo:şmak]**

A1 I. joşmak 1 : Örän güýçli akmak, suw köplük edip daşmak, kenardan agmak.
II. joşmak→ [Kim]
Ör. Tejeniň derýasy[Kim] bu ýyl alabahardan joşup gelipdi.

A2 I. joşmak 1 : (Göçme manyda) Güýçli duýgy döremek, möwç almak, hyjuwlanmak.
II. joşmak→ [Kim]
Ör. Mährijemalyň ýüreginde Wepa bolan söýgi[Kim] has beter joşýardy.

A3 I. joşmak 1 : (Göçme manyda) Jomartlyk etmek, eçilmek.
II. joşmak→ [Kim]
Ör. Mahal[Kim] joşsa, saňa bir teňňe-iki teňňe berer.

**Jowranmak**

A1 I. jowranmak 1 : Ýiti agyry zerarly awunmak.
II. jowranmak→ [Kim]
Ör. Bagryňyz[Kim] jowransyn.

A2 I. jowranmak 1 : (Göçme manyda) Ýitgi zerarly gynanmak, çürkenmek.
II. jowranmak→ [Kim]
Ör. Aşakdaky sözleri ýazýar Anna[Kim] jowranyp.

**Joýalamak[jo:ýalamak]**

A1 I. joýalamak 3 : Joýa gazyp çykmak, joýa çekmek.
II. joýalamak→[Kim], [Kimi], [Kime]

Ör. Rejep aga[Kim] kartoşkalary[Kimi] bu sapar, günortadan demirgazyga[Kime] joýalap ekmaän, günbatardan gündogara joýa çekip ekdi (çevrimiçi:http:// nepesov.info/Works/Kone.html,16.03.2015)

**Jugurdamak**

A1 I. jugurdamak 1 : Jugurdyly ses çykarmak, jugurdyly seslenmek.
II. jugurdamak→ [Kim]
Ör. Onuň içi[Kim] jugurdaýar.

**Jukguldamak**

A1 I. jukguldamak 1 : Jukguldyly ses çykarmak, jukguldyly seslenmek.
II. jukguldamak→ [Kim]
Ör. Sagadam[Kim] jukguldap dursa (çevrimiçi: http://wap.ertir.com /index.php?q =blog&view =104251,16.03.2015)

**Jülpüldemek**

A1 I. jülpüldemek 1 : Jülpüldili ses çykarmak, suwa çümüp ýa-da batyp, jülpüldili seslenmek.
II. jülpüldemek→ [Kim]
Ör. Adamlar[Kim] jülpüldep, suwuň içi bilen ädimleýärler.

**Jümşüldemek**

A1 I. jümşüldemek 1 : Endamyňa tiken dürtülen ýaly bolmak, endamyň tikeneklemek.
II. jümşüldemek→ [Kim]
Ör. Bir hili üşüdýän ýaly, onuň endamy[Kim] jümşüldedi.

**Jürküldemek**

A1 I. jürküldemek 1 : Jürk-jürk etmek, jürküldili seslenmek.
II. jürküldemek→ [Kim]
Ör. Guşlar[Kim] jürküldeşýärler.

**Jürrüldemek**

A1 I. jürrüldemek 1 : Jürrüldili ses çykarmak, jürrüldili seslenmek, jürlemek.
II. jürrüldemek→ [Kim]
Ör. Guşlar[Kim] jürrüldep sesleri eşidilýär.

**Jüýgüldemek**

A1 I. jüýgüldemek 1 : Jüýk-jüýk etmek, jüýk-jüýk edip seslenmek, jüýgüldili seslenmek (guş, jüýje hakda).
II. jüýgüldemek→ [Kim]
Ör. Çöpüň düýbünde bir guşjagaz[Kim] jüýgüldedi.

**Jybarlamak[jyba:rlamak]**

A1 I. jybarlamak 1 : Çalaja sepeläp gubarly ownuk ýagyş ýagmak, çisňäp durmak.
II. jybarlamak→ [Kim]
Ör. Gün ýerden bir az saýlanandan soň, ýagyş[Kim] jybarlap ýagdy, ýeriň ýüzüni ýylmap, tozanyny ýatyrdy-da, diňdi.

**Jyglamak**

A1 I. jyglamak 1 : Jyg-jyg edip ses çykarmak, jyggyldyly seslenmek.
II. jyglamak→ [Kim]
Ör. Semawar[Kim] jyglaýar.

**Jygyldamak[jy:gyldamak]**

A1 I. jygyldamak 1 : Jygyldyly ses çykarmak, jygyldyly seslenmek.
II. jygyldamak→ [Kim]
Ör. Ýykyljak araba[Kim] kyrk gün öňünden jygyldar.

**Jyklamak[jy:klamak]**

A1 I. jyklamak[1] : Pagtany jykdan geçirip arassalamak.

A2 I. jyklamak 2 : Ogrynça garamak, özüňi görkezmän seretmek, yşyklamak.
II. jyklamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Gyz[Kim] durlugyň deşiginden[Kimden] jyklap oturyşyna Annagylyjy gördi.

**Jykyrdamak**

A1 I. jykyrdamak 1 : Jykyrdyly ses etmek, jykyrdy döremek.
II. jykyrdamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Näme üçindir jykyrdap gülüşýär.

A2 I. jykyrdamak 1 : (Göçme manyda) Sesli gülmek, yzly-yzyna gülki sesi çykmak.
II. jykyrdamak→ [Kim]
Ör. Çagajyklar[Kim] jykyrdap gülýärler.

**Jylawlamak**

A1 I. jylawlamak 2 : Jylaw geýdirmek, jylaw salmak.
II. jylawlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] atlary[Kimi] jylawlamak.

A2 I. jylawlamak 2 : Jylawyny tutup saklamak.
II. jylawlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gürzelek çal sakgalyň kimdigini täze hyzmatkär bilmese-de, onyň haýbatyndan sussy basylyp, (ol)[Kim] derrew ýabysyny[Kimi] jylawlady.

[1] Örnek cümle bulunamamıştır.

A3 I. jylawlamak 2 : (Göçme manyda) Boýun egdirmek, tabyn etmek.
II. jylawlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Birini[Kimi] jylawlamak.

**Jynlanmak**
A1 I. jynlanmak 1 : (Gepleşik dili) Gazaba münmek, gaty gaharlanmak.
II. jynlanmak→ [Kim]
Ör. Bu tam[Kim] jynlanypdyr.

**Jyňkytmak**
A1 I. jyňkytmak 2 : (Gepleşik dili) Nebsewürlik bilen içmek, bir başa çekmek.
II. jyňkytmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Taýmaz baba[Kim] sowan çaýy[Kimi] jyňkytdy.

**Jyňňyrdamak**
A1 I. jyňňyrdamak 1 : Jyňňyrdyly ses çykarmak, jyňňyrdyly seslenmek.
II. jyňňyrdamak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Başlyk raýondan öýüne gelip, ýaňy öňüne bir çäýnek çaý alanynda, telefon{Kim} jyňňyrdady.

**Jypydyklamak**
A1 I. jypydyklamak 1 : (Gepleşik dili) Ýüzüň ugruna çalt ýöräp gitmek, çapyp gitmek.
II. jypydyklamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Oňa meýil berip jypydyklady-da, Artygyň özi hem ylgady.

**Jyrkyldamak**
A1 I. jyrkyldamak 2 : Jyrkyldyly ses çykarmak, jyrkyldyly seslenmek.
II. jyrkyldamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol) Kim] Gapynyň kildini[Kimi] jyrkyldamak.

**Jyrlatmak**
A1 I. jyrlatmak 2 : (Gepleşik dili) Ýyrtyp goýbermek, ýyrtmak.
II. jyrlatmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Börügine ýapyşan el[Kim] onuň gyňajyny[Kim] parran jyrladyp goýberdi.

**Jyrmak1**
A1 I. jyrmak 2 : Mata bölegini ýyrtmak.
II. jyrmak→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] Matany{Kimi} jyrmak.

**Jyrmak2**
A1 I. jyrmak 2 : (Gepleşik dili) Gaçyp gitmek, gorkup ökjäni götermek.

II. jyrmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Gorkuly ýerden[Kimden] jyrmak.

**Jyssyldamak**
A1 I. jyssyldamak 1 : Jyssyldyly ses çykmak, jyssyldyly ses bilen atylmak.
II. jyssyldamak→ [Kim]
Ör. Tüpeň[Kim] jyssyldap gitdi.

**Jytlatmak**
A1 I. jytlatmak 1 : (Gepleşik dili) «Jyt» edip ses etdirmek, sesli tüýkürmek.
II. jytlatmak→ [Kim]
Ör. Pökgi[Kim] wala nasyny jytladyp jomartlyk satdy.

**Jyzlamak**
A1 I. jyzlamak 1 : Jyzzyldyly ses çykarmak, jyzzyldyly seslenmek (jyzlan hakda).
II. jyzlamak→ [Kim]
Ör. Ýaz aýlarynda jyzlanlar[Kim] jyzlap ses edýär.

A2 I. jyzlamak 1 : Awuşap gaty agyrmak (ýara ýa-da tene bir zat batan wagtynda).
II. jyzlamak→ [Kim]
Ör. Welmyradyň döşi[Kim] jyzlap gitdi.

**Jyzyrdamak**
A1 I. jyzyrdamak 1 : Jyzyrdyly ses çykarmak, jyzyrdyly seslenmek.
II. jyzyrdamak→ [Kim]
Ör. Gazanyň aşagyndaky otlar[Kim] jyzyrdaýr.

A2 I. jyzyrdamak 1 : (Göçme manyda) Güne ýanmak.
II. jyzyrdamak→ [Kim]
Ör. Şol eňegi daňylgy adam[Kim] tomsuň jöwzasynda güne jyzyrdap, hatara duran döwekçilere baka azm urdy.

**Jyzzynlamak[jyzzy:nlamak]**
A1 I. jyzzynlamak 1 : Jyzzyn atmak, jyrtyk atmak, art aýagy bilen depejeklemek.
II. jyzzynlamak→ [Kim]
Ör. Taýly baýtallar, kürreli eşekler[Kim] biri-birini kowalaşyp, jyzzynlap obanyň töweregini torç ederdiler.

**-K**
**Kadalaşdyrmak[ka:dalaşdyrmak]**
A1 I. kadalaşdyrmak 2 : Belli bir kada salmak.
II. kadalaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Ol[Kim] Türkmen edebi gepleşiýşini[Kimi] kadalaşdyrmak

A2 I. kadalaşdyrmak 2 : Kanunlaşdyrmak,düzgünleşdirmek,tertipleşdirmek, sazlamak.
II. kadalaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ilkibada käbir etmezçilikler-de ýüze çykdy. (Olar)[Kim] Nazar şol zatlaryň hemmesini[Kimi] kadalaşdyrdylar.

**Kakamak**

A1 I. kakamak 1 : Suwy çekilmek, sarygyp gurap başlamak, gatamak.
II. kakamak→ [Kim]
Ör. Serlen kaklar[Kim] kakap başlapdyr.

A2 I. kakamak 1 : Eti çekilmek, horlanyp gurap galmak, gaty arryk düşmek.
II. kakamak→ [Kim]
Ör. Garybyň göwresi[Kim] kakapdyr.

**Kaklamak**

A1 I. kaklamak 2 : Ýukajyk edip dilmek, kakatmak üçin dilmek, kesmek (et barada).
II. kaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] şaralyk et kesişdirip ony[Kimi] kaklap otyrdy.

A2 I. kaklamak 2 : (Göçme manyda) Ýok etmek, öldürmek.
II. kaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] düşmany[Kimi] kaklamak

**Kaklyşmak**

A1 I. kaklyşmak 2 : Sähelçe degmek, galtaşyp geçmek, galtaşmak, süýkeşmek.
II. kaklyşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Awtomobil[Kim] agaja[Kime] kaklyşman geçip gitdi.

A2 I. kaklyşmak 1 : (Göçme manyda) Golaýlaşmak, ýakynlaşmak.
II. kaklyşmak→ [Kim]
Ör. (Ol) [Kim] Kaklyşsa garbap aljak.

**Kakmaçlamak**

A1 I. kakmaçlamak 2 : Kakmaç görnüşinde kesmek, eti ýukajyk dilişdirmek, kakmaç dilmek, bölek-bölek etmek, bölüşdirmek.
II. kakmaçlamak→ [Kim], {kimi}tamamlaýyjy
Ör. (Ol)[Kim] Eti{Kimi} kakmaçlap goýmak.

**Kakmak**

A1 I. kakmak 3 : Üstünden urup girizmek, üstünden urmak.
II. kakmak→ [Kim], [Kime], [Ne]

Ör. (Ol)[Kim] yere[Kime] gazyk[Ne] kakmak.

A2 I. kakmak 2 : Urup tarkyldatmak, tarkyldyly ses çykarmak.
II. kakmak→ [Kim], [Kimi]
Ör.Ynha otyryn weli, biri[Kim] gapyny[Kimi] kakýar.

A3 I. kakmak 2 : Urup tozanyny aýyrmak, silkmek.
II. kakmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Geýimiň tozanyny[Kimi] kakmak.

A4 I. kakmak 2 : Silkip gaçyrmak, yralap ýere düşürmek, urup düşürmek.
II. kakmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] tut[Ne] kakmak

A5 I. kakmak 2 : Garbap almak, birdenkä silkip almak.
II. kakmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Men)[Kim] Elinde saklap durka[Ne] kakyp goýberdim.

A6 I. kakmak 2 : Degmek, galtaşmak.
II. kakmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] elime[Kime] kakdy.

**Kakynlamak**
A1 I. kakynlamak 1 : Kakynly, tutgaýly bolmak, kakyn tapynmak.
II. kakynlamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] kakynlapdyr.

**Kanagatlanmak[kana:gatlanmak]**
A1 I. kanagatlanmak 2 : Kanagat etmek, razy bolmak, göwnüň jaý bolmak.
II. kanagatlanmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Men[Kim] mugallymyň leksiýasyndan[Kimden] doly kanagatlandym.

**Kanunlaşdyrmak[ka:nu:nlaşdyrmak]**
A1 I. kanunlaşdyrmak 2 : Kada-kanuna laýyk etmek, kada-kanuna dogry getirmek, kanuny güýje girizmek.
II. kanunlaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Toýjan[Kim] öz bahanasyny[Kimi] kanunlaşdyrmaga näçe çalyşsa-da, süňňi bir zat syzan ussa oňa ynanmady.

**Kaňkamak**
A1 I. kaňkamak 1 : Işsiz aýlanyp ýörmek, biderek gapy-gapy syryp ýörmek.
II. kaňkamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] It aýagyny iýen ýaly kaňkap ýörsüň.

A2 I. kaňkamak 1 : Ysyrganyp aýlanyp ýörmek.

II. kaňkamak→ [Kim]
Ör. Meger hem möjekdir, olar[Kim] bu ýerde gijesine köp kaňkaýarlar.

**Kararlaşmak[kara:rlaşmak]**
A1 I. kararlaşmak 1 : Belli bir netijä, karara gelmek, badalaşmak.
II. kararlaşmak→ [Kim]
Ör. Olar[Kim] kararlaşyp çykyp gitdiler.

**Kebeleklemek**
A1 I. kebeleklemek 1 : Gaýmalamak, pelpellemek, uçganaklamak.
II. kebeleklemek→ [Kim]
Ör. Ertir turanymyzda, gar[Kim] kebelekläp ýagýardy.

A2 I. kebeleklemek 2 : Daşynda aýlanmak, yhlas bilen birine hyzmat etmek, gulluk etmek, pyrlanmak.
II. kebeleklemek→ [Kim], {kimde}tamamlayıcı
Ör. Şepagat uýasy[Kim] syrkawyň daşynda[Kimde] kebelekläp ýördi.

A3 I. kebeleklemek 1 : Gözüň oňi uçganaklamak, ümezlemek.
II. kebeleklemek→ [Kim]
Ör.Ýerimden turanymda, gözümiň öňi[Kim] kebelekläp başlady.

**Kebşirlemek[kebşi:rlemek]**
A1 I. kebşirlemek 2 : Metaly we ş. m. biri-birine tutdurmak, seplemek.
II. kebşirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] turbanyň döwlen ýerini[Kimi] kebşirdedi.

**Kejeleşmek**
A1 I. kejeleşmek 2 : Kejine gaýtmak, biriniň tersine gitmek, sene-mene edişip durmak, jedelleşmek.
II. kejeleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Öz ogly ýaly adam bilen[Kimle] (ol)[Kim] kejeleşmegi özüne uslyp bilmedi.

**Kekeçlemek**
A1 I. kekeçlemek 1 : Sakynyp gürlemek, sakawlamak.
II. kekeçlemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Kekeçlemän geplemek.

**Kelemenlemek**
A1 I. kelemenlemek 1 : Beýiklikden başaşak kelemenläp gaýtmak.
II. kelemenlemek→ [Kim]
Ör. Horaz[Kim] dik başaşak kelemenledi-de, patlap ýere düşdi.

**Keleplemek**

A1 I. keleplemek 2 : Haly ýa-da tara dokamak üçin ýüplügi kelep agajyna kültürlemek, kelep etmek.
II. keleplemek→ [Kim], {Ne}tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] Ýüplük{Ne} kelepledi.

**Kellekilemek**
A1 I. kellekilemek 2 : Kelleki geýdirmek.
II. kellekilemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Aty[Kimi] kellekiläp mündi-de, ýola düşdi.

**Keltelmek**
A1 I. keltelmek 1 : Gysgalmak.
II. keltelmek→ [Kim]
Ör. Gyş aýlarynda gün[Kim] keltelýär.

A2 I. keltelmek 1 : Girip gysgalmak, girmek.
II. keltelmek→ [Kim]
Ör. Köýnegiň ýeňi[Kim] keltelipdir.

**Kemelmek**
A1 I. kemelmek 1 : Aşak düşmek, azalmak, peselmek, egsilmek, gowşamak.
II. kemelmek→ [Kim]
Ör. Derýanyň suwy[Kim] kemelipdir.

A2 I. kemelmek 1 : Agramy azalmak, ýeňlemek.
II. kemelmek→ [Kim]
Ör. Kakan etiň agramy[Kim] kemelýär.

A3 I. kemelmek 1 : Agralyşmak, pese düşmek, gowşamak.
II. kemelmek→ [Kim]
Ör. Öz dostlary[Kim] kemeldi.

**Kemmek**
A1 I. kemmek 1 : Nyrhyny azaltmak, bahasyndan aýyrmak, aýyrmak, azaltmak.
II. kemmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] goynun bahasyny[Kimi] kemdi.

**Kempermek**
A1 I. kempermek 1 : Oýulyp galmak, ýemrilmek.
II. kempermek→ [Kim]
Ör. Eňekleri[Kim] kemperip, durşuna dym-ak tüý bolup duran garry salamyny aldy.

**Kemsinmek**

A1 I. kemsinmek 2 : Bir zady özüňe kemlik bilmek, bir zatdan göwnüň galmak, nägile bolmak, çökgün göwünli bolmak.
II. kemsinmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] özüniň näme üçin şol gelýänçä pagta ýygyp bilmändigine[Kime] kemsinýärdi.

**Kemsitmek**

A1 I. kemsitmek 2 : Kemlik duýurmak, nägile etmek, çökgün göwünli etmek, bir zatdan göwnüni galdyrmak.
II. kemsitmek→[Kim],[Kimi]
Ör. Siz sergini gördüňizmi, ol niçik? Bu soragyňyz[Kim] bizi[Kimi] kemsidýär açyk.

**Kemşermek**

A1 I. kemşermek 1 : Kemiş-kemiş etmek, aglamjyramak.
II. kemşermek→ [Kim]
Ör. Onuň galyň dodaklary[Kim] gülmäge utanýan ýaly kemşerýärdi.

**Kepemek**

A1 I. kepemek 1 : Birneme guramak, öli aýrylyp gatamak, çalykmak.
II. kepemek→ [Kim]
Ör. Onuň göziniň ýaşlary[Kim] kepäpdir.

A2 I. kepemek 1 : Suwsuzlykdan guramak, suwsamak.
II. kepemek→ [Kim]
Ör. Ol meýdan[Kim] kepädi.

**Kerçelemek**

A1 I. kerçelemek 2 : Kerç-kerç etmek, kerçäp kesmek, kerçäp çykmak, käselemek.
II. kerçelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gawun dilimlerini[Kimi] kerçeläp, myhmanlaryň öňünde goýdy.

A2 I. kerçelemek 2 : Çapym-çapym etmek, kerçim-kerçim edip kesmek, kesip bölek -- bölek etmek.
II. kerçelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] eti[Kimi] kerçeläp dogramak.

**Kerçemek**

A1 I. kerçemek 2 : Kesip ýa-da çapyp bölek-bölek etmek, kesmek.
II. kerçemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýorunjany[Kimi] kerçedi.

**Kersenlemek**

A1 I. kersenlemek 2 : Kerseni doldurmak, kersene salmak.
II. kersenlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Onuň dilen kakyny[Kimi] garry aýaly[Kim] kersenläp göterip çöpüň üstüne serýärdi.

**Kertmek**

A1 I. kertmek 2 : Kertik etmek, kertik emele getirmek, pyçak bilen kesip bellik etmek.
II. kertmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çeke[Kim] her gezek çykarylanda, emin taýajygynyň ujuny[Kimi] kertýärdi.

A2 I. kertmek 2 : Yz etmek, yz galdyrmak, kesmek.
II. kertmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň zömmejik şypyrmasynyň tüýi düşen erňegi maňlaýyny[Kimi] kertýärdi.

A3 I. kertmek 2 : Ýolmak, üzmek.
II. kertmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Siz)[Kim] Meniň sargymy[Kimi] kertip, meni azat ediň.

**Keseklemek**

A1 I. keseklemek 2 : Kesek zyňmak, kesek salmak, kesek bilen urmak.
II. keseklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] itleri[Kimi] nabat bilen kesekläpdir.

**Kesellemek**

A1 I. kesellemek 1 : Syrkawlamak, nähoşlamak, näsaglamak, hassalamak.
II. kesellemek→ [Kim]
Ör. On ýylyň içinde adam[Kim] hem kesellemän ýaşaýar, emma bir gün görseň birden ýok bolýar.

**Kesermek**

A1 I. kesermek 1 : Keseligine uzalyp gitmek, uzalyp ýatmak.
II. kesermek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Gara dag{Kim} keserip ýatýar.

A2 I. kesermek 1 : Gyşarmak, süýnmek.
II. kesermek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] halynyň üstünde keserip ýatyrdy.

**Kesgitlemek**

A1 I. kesgitlemek 2 : Belli etmek, äşgär etmek, netije çykarmak, takyklamak.
II. kesgitlemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Garaköli[Kim] baganalaryň sortlaryny[Kimi] kesgitlemek işine onuň nähili beýle ökdelänligini soradyk.

**Kesilmek**

A1 I. kesilmek ₁ : Bölünip aýrylmak, bölünmek.
II. kesilmek→ [Kim]
Ör. Aglaýan çaganyň, üýrýän itleriň sesi[Kim] kesildi.

A2 I. kesilmek ₁ : Akmasy galmak, ýatmak.
II. kesilmek→ [Kim]
Ör. Ýabyň suwy[Kim] kesildi.

A3 I. kesilmek ₁ : (Göçme manyda ) Zaýalanmak, çüýremek.
II. kesilmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Süýt{Kim} kesildi.

A4 I. kesilmek ₁ : (Göçme manyda) Dowam etdirilmän galmak, goýbolsun edilmek, arasy ýolunmak, üzülmek.
II. kesilmek→ [Kim]
Ör. Sözü[Kim] kesildi.

**Kesmek1**

A1 I. kesmek ₂ : Ýarag bilen bölmek, bitin zatdan bölüp aýyrmak, bölek-bölek etmek.
II. kesmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bir zuwala hamyry[Kimi] aş bişirmek üçin kesdi.

A2 I. kesmek ₂ : Ýara sarmak, dilmek.
II. kesmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Pyçak[Kim] onuň elini[Kimi] kesdi.

A3 I. kesmek ₂ : Dilim-dilim etmek, ýarmak.
II. kesmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kerim[Kim] kyrkgünlügini[Kimi] kesjek bolup, ylgap kakasynyň ýanyna geldi.

A4 I. kesmek ₂ : Ujundan tutup alyp galmak, tutup saklamak.
II. kesmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Olar) [Kim] Aýlygymdan[Kimden] on manat kesipdirler.

A5 I. kesmek ₂ : Bes etmek, goýmak, üzmek.
II. kesmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Denis[Kim] gözüni gyrpyldatmagyny[Kimi] kesýär.

A6 I. kesmek ₂ : (Medisina) Operasiýa etmek, ýaryp bejermek.

II. kesmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Meni[Kimi] diňe Gadam[Kim] kessin, diňe Gadam kessin.

A7 I. kesmek 2 : Çapyp aýyrmak, çapmak.
II. kesmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Tut[Ne] kesip duran wagty, gapdalyndaky ýol bilen geçip gidipdirler.

A8 I. kesmek 2 : Pyçak bilen çalmak, öldürmek.
II. kesmek→ [Kim], [Ne]
Ör. Gan içen jellatlar[Kim] pyçagyn ýalap, Kän kelle[Ne] kesdiler köne döwürde.

**Kesmeklemek**

A1 I. kesmeklemek 1 : Kesmek baglamak, ýüzi gatamak (bir zadyň üsti hakda).
II. kesmeklemek→ [Kim]
Ör. Aradan birnäçe wagt geçenden soň, kepderjigiň ýarasy[Kim] kesmekledi.

A2 I. kesmeklemek 1 : Kesmek tutmak, aşa bişip kesmek emele gelmek.
II. kesmeklemek→ [Kim]
Ör. Gazanın düýbüni[Kim] kesmeklepdir.

**Keşdelemek**

A1 I. keşdelemek 2 : Keşde çekmek, nagyş salmak, nagyşlamak.
II. keşdelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tylla pioner[Kim] baýdagyny[Kimi] keşdeläp boldy.

**Keşlemek**

A1 I. keşlemek 2 : Keş çelmek, joýa çekmek suw akar ýaly ýapjagaz çekmek.
II. keşlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Pluglar[Kim] ýeri[Kimi] keşleýerler.

**Ketewlemek**

A1 I. ketewlemek 2 : Ketew keseli degmek, ketew keseli bilen kesellemek.
II. ketewlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] haýwanlary[Kimi] ketewledi.

**Keýermek**

A1 I. keýermek 2 : Töwerege seretmek, garanjyramak, keýkermek, dikelmek, üşerilmek, towsarmak.
II. keýermek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Näme töweregiňe[Kime] keýerýärsiň?!

**Keýplenmek**

A1 I. keýplenmek 1 : Keýpiňi götermek, gyzyklanmak, serhoş bolmak.
II. keýplenmek→ [Kim]
Ör. Öz-özüň[Kim] keýplenmek.

**Keýşermek**

A1 I. keýşermek 1 : Birneme egilmek, bükülmek (köplenç agyr zat göterilende).
II. keýşermek→ [Kim]
Ör. Aşyr egni doly haltaly[Kim] keýşerip barýardy.

**Keýşiklemek**

A1 I. keýşiklemek 1 : Agsap ýöremek, keýşerilip ýöremek.
II. keýşiklemek→[Kim]
Ör. Onuň sag aýagy[Kim] keýşiklepdir.

**Keýtiklemek**

A1 I. keýtiklemek 1 : Bir aýagyňa agsap ýöremek, agsaklamak.
II. keýtiklemek→ [Kim]
Ör. Öňden Gulluhan[Kim] keýtikläp barýady, aýak çekip yzyndakylara garady.

**Käkelemek**

A1 I. käkelemek 1 : «Kä-kä» edip, gygyryp ses etmek (towuk hakda).
II. käkelemek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Towuklar{Kim} käkeleýärler.

A2 I. käkelemek 1 : (Göçme manyda) Sabyrdan gaçmak, aýagyn bişen ýaly bolmak, näme etjegiňi bilmän elewräp ýörmek.
II. käkelemek→ [Kim]
Ör. Näme ertirden bäri (sen)[Kim] käkeläp ýörsüň, eýgilikmi?!

**Kämilleşmek[kami:lleşmek]**

A1 I. kämilleşmek 1 : Kämil bolmak, kämillik derejesine ýetmek, ýetişmek, berkleşmek.
II. kämilleşmek→ [Kim]
Ör. Şahyr[Kim] öz ussatlygda kämilleşýärdi.

**Käselemek**

A1 I. käselemek 2 : Gawuny ýa-da garpyzy kerç-kerç, käse-käse edip bölmek.
II. käselemek→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Olar[Kim] gawunlary{Kimi} käseleýärler.

**Kätmenlemek**

A1 I. kätmenlemek 2 : Ýeri kätmen bilen bejermek, kätmen bilen ýer işlemek, kätmen urmak.
II. kätmenlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Hatar aralaryny[Kimi] birnäçe gezek kätmenläpdi.

**Käýemek**

A1 I. käýemek 2 : Nädogry edilen iş üçin ýazgarmak, ýazykly adama öwüt-nesihat etmek.
II. käýemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Bu babatda oňa[Kime] düşündiripdirler, käýäpdirler.

**Käýinmek**

A1 I. käýinmek 2 : Birini ýa-da öz özüni ýazykly edip, käýäp durmak, kime-de nämä-de bolsa gaty käýinjiremek, biriniň eden işine ýa-da bolan waka öz nägilediginі käýinç bilen bildirmek.
II. käýinmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Oňa[Kime] her haýsy bir zat diýip käýindiler.

**Kibirdemek**

A1 I. kibirdemek 1 : Pytrap durmak, kibirt-kibirt edip durmak owranmak.
II. kibirdemek→ [Kim]
Ör. Köke[Kim] agzymda kibirdepdir (TTS).

**Kiçelmek**

A1 I. kiçelmek 1 : Göwrümi kiçi bolmak.
II. kiçelmek→ [Kim]
Ör. Annadurdy murtuň gözleri[Kim] kiçeldi.

A2 I. kiçelmek 1 : Sykylmak, horlanmak, inçelmek.
II. kiçelmek→ [Kim]
Ör. Adam[Kim] garradygyça kiçelýär.

A3 I. kiçelmek 1 : Aşak düşmek, aşaklamak, peselmek.
II. kiçelmek→ [Kim]
Ör. Onuň gullugy[Kim] kiçelipdir.

A4 I. kiçelmek 1 : (Göçme manyda) Ruhdan düşmek, peselmek.
II. kiçelmek→ [Kim]
Ör. Adam[Kim] kiçeldi.

**Kiltlemek**

A1 I. kiltlemek 2 : Kildini ildirmek, indirgijini, zülpüni ildirmek, gulplamak.
II. kiltlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bahar[Kim] turdy-da, açyk işigi[Kimi] çekip içinden kiltledi.

**Kinaýalamak[kina:ýalamak]**

A1 I. kinaýalamak 1 : Kinaýa etmek, kakdyryp aýtmak.

II. kinaýalamak→ [Kim]

Ör. (Ol)[Kim] Hanha, götergileýän adamyň, gör, näme iş edýär?--diýip kinaýalap güldi.

**Kiparlamak[kiparlamak]**

A1 I. kiparlamak 1 :Ýuwaşamak, peselmek, haýallamak, gowşamak.

II. kiparlamak→ [Kim]

Ör. Daşarda harasat, ol güýjemese, ol[Kim] kiparlamaýardy.

**Kirişlemek**

A1 I. kirişlemek 2 : Kiriş tutmak; kiriş çekip işlemek.

II. kirişlemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Ol[Kim] dutary[Kimi] kirişledi.

**Kirjikmek**

A1 I. kirjikmek 1 : Sähelçe kirlemek, kirikmek.

II. kirjikmek→ [Kim]

Ör. Kostýum[Kim] birneme kirjigipdir.

**Kirlemek**

A1 I. kirlemek 1 : Hapa bolmak, kir ýokuşmak, çirk bolmak, hapalanmak.

II. kirlemek→ [Kim]

Ör. Ak köýnek[Kim] tiz kirleýär.

**Kişçiklemek**

A1 I. kişçiklemek 2 : Kişçik-kişçik etmek, ýaş çagany towsakladyp oýnatmak, güýmemek.

II. kişçiklemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Ol[Kim] oglany[Kimi] kişçikledi.

**Kişňemek**

A1 I. kişňemek 1 : Sazlaşykly, çirkin ses çykarmak (at hakynda).

II. kişňemek→ {kim}tamamlayıcı

Ör. Göýä meni mün diýýän dek kişňeýär her biriniň tutulanda atlary{Kim}.

**Kitirdemek**

A1 I. kitirdemek 1 : Kitirt-kitirt etmek, kitirt-kitirt edip owranmak.

II. kitirdemek→ [Kim]

Ör. Köke[Kim] kitirdep iýildi.

**Kokamak**

A1 I. kokamak 1 : Ys gelmek, ýakymsyz ys bermek, aňkamak.

II. kokamak→ [Kim]

Ör. Turýar tupan, kokaýar gan[Kim].

**Kowmak**

A1 I. kowmak 2 : Yzyna düşmek, yzyndan ylgamak, gitmek, kowalamak.
II. kowmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Gorkagy[Kimi] kowsaň, batyr bolar.

A2 I. kowmak 3 : Bir ýerden ýa-da bir jaýdan mejbury ýagdaýda çykaryp goýbermek.
II. kowmak→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. (Ol) [Kim] Meni[Kimi] kowdy boş peliňden[Kimden], Şu käriňi goýgun indi.

A3 I. kowmak 3 : Wezipeden, işden, okuwdan we ş. m. boşatmak, çykarmak.
II. kowmak→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Meredi[Kimi] işden[Kimden] kowupdyr.

A4 I. kowmak 3 : Sürüp äkitmek sürüp gitmek, sürmek.
II. kowmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] sagylýan düýeleri[Kimi] örä[Kime] kowdy.

**Köjemek**

A1 I. köjemek 2 : Çuwalyň ýa-da horjunyň köjügini gözemek, gözäp agzyny daňmak. Horjunyň agzyny köjemek.
II. köjemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bugdaýdan doly çuwallaryň agzyny[Kim] köjedim.

**Kökelmek**

A1 I. kökelmek 1 : Mes bolmak, keýpiň kök bolmak, keýpiň artmak.
II. kökelmek→ [Kim]
Ör. Keýpimiz[Kim] kökeldi.

A2 I. kökelmek 1 : Keselden açylyp daýanmak, sagadyna çykmak, sagalmak, gowulaşmak.
II. kökelmek→ [Kim]
Ör. Syrkawlan adam[Kim] kökelyär.

**Kökermek**

A1 I. kökermek 2 : Kökene daňmak, kökene baglamak.
II. kökermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] dowarlary[Kimi] kökeripdir.

**Köklemek1**

A1 I. köklemek 2 : Kök atmak, kök çekmek.
II. köklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýorgany[Kimi] kökledi.

A2 I. köklemek 2 : Kök bilen berkitmek.
II. köklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Öýüň tärimini[Kimi] kökläp çykmak.

**Köklemek2**

A1 I. köklemek 2 : Wagtyňy hoş etmek, keýpiňi gowulandyrmak, keýpden çykmak.
II. köklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] keýplerini[Kimi] kökläp, gezelenje çykdylar.

**Kölegelemek**

A1 I. kölegelemek 2 : Kölegede oturmak, saýalamak.
II. kölegelemek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Olar[Kim] öýüň kölegesinde[Kimde] kölegeläp otyrdylar.

**Kömekleşmek**

A1 I. kömekleşmek 2 : Birine ýardam etmek, birine kömek bermek, kömek edişmek.
II. kömekleşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] eneme[Kime] kömekleşdim.

**Könelmek[kö:nelmek]**

A1 I. könelmek 1 : Köne bolmak, geýlip sary gitmek, täzeligini ýitirmek, köp ulanylyp sary gitmek.
II. könelmek→ [Kim]
Ör. Aýakgabym[Kim] könelipdir.

A2 I. könelmek 1 : Üstünden wagt geçmek, ýatdan çykmak.
II. könelmek→ [Kim]
Ör. Onuň ýarasy[Kim] könelipdir.

**Köpbilmişsiremek**

A1 I. köpbilmişsiremek 1 : Köpbilmişlik eden bolmak, köp bilýän ýaly bolmak, köp bilen bolmak, bilimsiremek.
II. köpbilmişsiremek→ [Kim]
Ör. Atak aganyň brigadasyna-ha baraýmaz şol; ne beýle (sen)[Kim] köpbilmişsirän bolýarsyň.

**Köpelmek**

A1 I. köpelmek 1 : San taýyndan köp bolmak, artmak, üýşmek, toplanmak, ýygnanmak.
II. köpelmek→ [Kim]
Ör. Adamlar[Kim] toý märekesi ýaly köpeldi.

**Köpeltmek**

A1 I. köpeltmek 2 : San taýyndan köp etmek, artdyrmak.
II. köpeltmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Seredip otursam, sen[Kim] geýim-eşigi[Kimi] köpeltmäge hiç pikir bermeýärsiň.

A2 I. köpeltmek 2 : Arasyny ýygaltmak çaltlaşdyrmak.
II. köpeltmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çaşçy çaman[Kim] bulara gelmesini[Kimi] has hem köpeltdi.

A3 I. köpeltmek 3 : (Matematika ) Bir sany ikinji bir sana götermek, göterip jemini çykarmak.
II. köpeltmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Bäşi[Kimi] bäşe[Kime] köpeltseň, näçe bolar?

**Köpemek**

A1 I. köpemek 2 : Kök atan ýaly edip tikmek, syrdamak.
II. köpemek→[Kim], [Ne]
Ör. Doktor[Kim] sançjak diýip, howut[Ne] köpäse, iňňesini barsyldadyp ursa, men nädip çydaryn.

A2 I. köpemek 1 : Çişmek, ýellenmek, gübermek.
II. köpemek→ [Kim]
Ör. Aglandan soň, Mähriniň ýüzi[Kim] köpepdir, ýellenen ýaly bolup, gözleri hem gyzarypdyr.

**Köpürjiklemek**

A1 I. köpürjiklemek 1 : Köpürjik emele gelmek, köpremek, köpüklemek, ýeljiklemek.
II. köpürjiklemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] şor suwda hem köpürjikleýär.

**Köremek[kö:remek]**

A1 I. köremek 1 : Tutaşyp ýanyp başlamak.
II. köremek→ [Kim]
Ör. Gandym kömri[Kim] köräp, dumly -- duşa uçgunlar syçraýardy.

**Kösemek1**

A1 I.kösemek 3 : gorsamak
II. kösemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] goýnun aýaklaryny[Kimi] oda[Kime] köseýär.

**Kösemek2**

A1 I. kösemek 2 : Azap çekdirmek, horlamak örtemek, jibrindirmek.
II. kösemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Aýratyn hem ony[Kimi] suwsuzlyk[Kim] köseýär.

**Kösseklemek**

A1 I. kösseklemek 2 : Kössek bilen ýabynyň ýa-da eşegiň aýagyny baglamak.
II. kösseklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýabynyň aýagyny[Kimi] kössekläp goýbermek.

**Kösüklemek**

A1 I. kösüklemek 1 : Kösük baglap başlamak, düýp tutup başlamak.
II. kösüklemek→ [Kim]
Ör. Käşir[Kim] kösükläp başlapdyr.

**Köşemek**

A1 I. köşemek 1 : Ýüregiň düşüşmek, rahatlanmak, ynjalmak.
II. köşemek→ [Kim]
Ör. Amanyň gahary[Kim] birneme köşedi.

A2 I. köşemek 1 : Ýatmak, ýatyşmak, ýuwaşamak, peselmek.
II. köşemek→ [Kim]
Ör. Ýel[Kim] birneme köşedi.

**Köteklemek**

A1 I. köteklemek 2 : Urmak, ýumruklamak.
II. köteklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] bigünä adamy[Kimi] kötekledi.

A2 I. köteklemek 2 : Käýemek, igenmek, ýazgarmak.
II. köteklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Şondan soň Wepanyň agalary[Kim] -da ony[Kimi] köteklemeklerini goýdular.

**Köwejeklemek**

A1 I. köwejeklemek 1 : Töweregine gorkuly, ätiýaçly garamak, garanjaklamak.
II. köwejeklemek→ [Kim]
Ör. Eşek bolsa ýykylyp ýatan seredip, gulagyny üşerdip, (ol)[Kim] köwejekläp gaçýardy.

A2 I. köwejeklemek 1 : Bir zadyň daşynda köw salyp aýlanmak.
II. köwejeklemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] köwejekläp durjak boldy.

**Köwelmek**

A1 I. köwelmek 1 : Oýnaklyk etmek, paňkarylmak, suwumsyzlyk etmek.
II. köwelmek→ [Kim]

Ör. Yakynda watanyma barjakdyryn, şu balagyna sygman ýörenler[Kim] köwelip bir elime düşayseda (çevrimiçi: http://wap.ertir.com/index.php?q =microblog&tag=watanym&page=6,25.03.2015).

**Köwlemek1**

A1 I. köwlemek 2 : Köwüp almak, düýbüni gazmak.
II.Köwlemek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Kömür[Ne] köwlemek-de, ony ýüklemek hem daşamak işleri-de maşyn güýji bilen ýerine ýetirilýär.

**Köwlemek2**

A1 I. köwlemek 2 : Gelip-gidip durmak, aýlanyp durmak, gara bermek, dolanyp gelmek.
II. köwlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Wepanyň şol gidişi boldy, ol[Kim] dolanyp oba[Kime] köwlemedi.

**Köwlenmek2**

A1 I. köwlenmek 2 : Aýlanyp gelmek, dolanyp gelmek, gara bermek.
II. köwlenmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Biz)[Kim] Agşamlaryna ýatak ýerine[Kime] köwlenenok.

A2 I. köwlenmek 1 : Girdap bolup aýlanmak, towlanyp akmak.
II. köwlenmek→ [Kim]
Ör. Akmak ýatyr öz ugruna towlanyp, käte bolsa şowhun edýär (ol)[Kim] köwlenip.

**Köwmek**

A1 I. köwmek 2 : Gazyp çukur etmek, oýmak, gazmak (köplenç bir zadyň düýbüni).
II. köwmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] kepçesi bilen guýynyň böwşeňräk tarapyny[Kimi] köwüp başlapdy.

**Köwsarlamak[köwsa:rlamak]**

A1 I. köwsarlamak 1 : Öwsüp şemal urmak, köwsar urup şemal düşmek.
II. köwsarlamak→ {kim} tamamlayıcı
Ör. Diňe şemal{Kim} köwsarlady, gamyşlaryň uzynja ýapraklary has gatyrak şygyrdaşýardylar.

**Köwzemek**

A1 I. köwzemek 2 : Sowrup ýa-da silkip hapasyny aýyrmak, sowurmak (bugdaýy, tüwini we ş. m.).
II. köwzemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bugdaýy[Kimi] ýele köwzäp, hapasyny aýyrmak.

**Köýlenmek[kö:ýlenmek]**

A1 I. köýlenmek 1 : Bir zadyň pikirini etmek, oýlanmak, pikirlenmek, hyýallanmak.
II. köýlenmek→ [Kim]
Ör. Ol näme aýlanýar, näme oýlanýar, ol[Kim] näme köýlenýär, näme köýlenýär.

**Köýmek**

A1 I. köýmek 1 : Aşa bişip ýanmak, ýanyp zaýalanmak, ýanmak.
II. köýmek→ [Kim]
Ör. Et[Kim] köýüpdür.

A2 I. köýmek 1 : (Göçme manyda) Janyňy ýakmak, jowranmak, örtenmek, käýinmek.
II. köýmek→ [Kim]
Ör. Biz gaty mes, içiňiz ýansyn, bagryňyz[Kim] köýsün! -- diýip gygyrdy.

A3 I. köýmek 1 : Derek tutman galmak, biderek gitmek, dereksiz gitmek.
II. köýmek→ [Kim]
Ör. Bizim zadymyz[Kim] köýüp gitmejek.

**Közemek[köezemek]**

A1 I. közemek 1 : Köze öwrülip ýanyp başlamak, köz bolup ýanmak.
II. közemek→ [Kim]
Ör. Ojar oduny[Kim] soňabaka közäp ýanyp başlady.

**Kuwwatlanmak[kuwwa:tlanmak]**

A1 I. kuwwatlanmak 1 : Kuwwatly bolmak, zor bolmak, gujurlanmak, güýçlenmek.
II. kuwwatlanmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gymmatly sözler bilen kuwwatlandy.

**Küdelemek**

A1 I. küdelemek 2 : Küde etmek, küde edip üýşürmek.
II. küdelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýatyrylan otlary[Kimi] küdelemek işi gutardy.

**Küjülemek**

A1 I. küjülemek 2 : Dokma küji etmek.
II. küjülemek→ [Kim], {kimi} tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] dokmamyzy{Kimi} küjüledik.

**Kükemek**

A1 I. kükemek 1 : Ýiti ys gelmek, ys bermek.
II. kükemek→ [Kim]

Ör. Şöhlesini döküän Günüň astynda, Gülden kükeýärdi duhi --atyrlar[Kim].

A2 I. kükemek 2 : Ýanman tüsseläp durmak, burugsamak.
II. kükemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] çilimi[Kimi] kükedi.

**Kükremek**

A1 I. kükremek 1 : Esremek.
II. kükremek→ [Kim]
Ör. İner[Kim] agzyndan ak köpük saçyp kükräp çyrpynýar.

A2 I. kükremek 2 : (Göçme manyda) Gaharlanyp gaty gygyrmak, üstüne dyzymak.
II. kükremek→ [Kim],[Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Ýigrenen adamsyna[Kime] şeýle bir şerebeli sözler bilen kükläp başlaýar welin, zada meňzeş däl.

A3 I. kükremek 1 : (Göçme manyda) Pýan, mes bolup gürlemek, düblemek.
II. kükremek→ [Kim]
Ör. Arkaýyn bol, ol geler, onda-da (ol)[Kim] kükräp geler.

**Küljermek**

A1 I. küljermek 1 : Kül ýaly bolmak, maýdalanmak, owranmak.
II. küljermek→ [Kim]
Ör. Onuň balkyldaýan gara gözlerindäki durmuş uçgunlary sönüp, (ol)[Kim] küljerip ojar közi ýaly umytsyz seredýärdi.

**Külkelemek**

A1 I. külkelemek 2 : Külke hala öwürmek, maýda-maýda etmek, ownuk etmek, owratmak.
II. külkelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] madeni[Kimi] külkeledi.

**Külterlemek**

A1 I. külterlemek 2 : Kelep şekilinde ýüp ýygnamak, kültem-kültem etmek.
II. külterlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Radionyň simlerini[Kimi] külterledi.

**Külüňlemek**

A1 I. külüňlemek 2 : Külüň bilen gazmak, külüň urup işlemek.
II. külüňlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] çagylly ýeri[Kimi] külüňledi.

**Kümşüldemek**

A1 I. kümşüldemek 2 : Alyn dişler bilen, çörek iýip, agzyny hereket etdirmek, agzyny gymyldatmak.
II. kümşüldemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Dişleri gädilişen Näzikjemal[Kim], iýmiti[Kimi] kümsüldäp iýdi.

**Küpürsemek**

A1 I. küpürsemek 1 : Boş, ýumşak halda bolmak (ýer, ýel we ş. m. hakda).
II. küpürsemek→ [Kim]
Ör. Kätmen uran ýeri[Kim] küpürsäp ýatyr.

A2 I. küpürsemek 1 : (Göçme manyda) Hyjuwly geplemek, çalt-çalt gödek, tagaşyksyz hereket, etmek.
II. küpürsemek→ [Kim]
Ör. Men muňa düýbünden garşy! -- diýip, Gyzyl aga[Kim] küpürsäp ýerinden turdy.

**Küreklemek**

A1 I. küreklemek 2 : Kürek bilen artmak, kürek bilen sowurmak.
II. küreklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Tamyň üstüniň garyny[Kimi] küreкläp artdylar.

A2 I. küreklemek 1 : Kürek urup gaýygy öňe hereket etdirmek, kürek bilen sürmek.
II. küreklemek→ [Kim]
Ör. Gaýykly barýanlar[Kim] küreкleýärdiler.

**Kürrelemek**

A1 I. kürrelemek 1 : Kürre dogurmak, guzlamak (eşek hakda).
II. kürrelemek→ [Kim]
Ör. Myradyň eşegi[Kim] kürreläpdir.

**Kürsemek**

A1 I. kürsemek 2 : Hasyrdap girmek, ýüzüň ugruna baryp batly girmek.
II. kürsemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Halyk[Kim], ylgawyny ýazdyrman, mekdebe[Kime] kürsäp girdi.

**Kürşermek**

A1 I. kürşermek 2 : Ýüzüňi turşatmak, närazylyk bildirmek, närazy, görnüşde bolmak, ýüzüni sortdurmak.
II. kürşermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] heççi ýüzüni[Kimi] kürşerdi.

**Kürtdürmek**

A1 I. kürtdürmek 1 : Birdenkä saklanyp durmak, birden aýak çekmek.
II. kürtdürmek→ [Kim]

Ör. Emma weli, ol[Kim] şu ýere ýeteninden soň, birdenkä kürtdürip durdy.

**Küssermek**

A1 I. küssermek **1** : Haýbaty gaçmak, susty pes bolmak, gowşamak.
II. küssermek→ [Kim]
Ör. Ol sazandanyň ýüzüne seredende, çal murty[Kim] küsserýärdi.

**Küşgürmek**

A1 I. küşgürmek **3** : Biriniň ýa bir zadyň üstüne iti öjükdirip ugrukdyrmak.
II. küşgürmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Tejribeli awçy[Kim] iti[Kimi] oňa[Kime] küşgürip awa saldy.

A2 I. küşgürmek **3** : (Göçme manyda) Göteriläp, azdyryp, birini başga biriniň üstüne öjükdirmek, erbet iş etmäge iteklemek.
II. küşgürmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Şony[Kim] Ahalyň üstüne[Kime] küşgürmeli (Seyıdow, 1986: 302).

**Kütelmek**

A1 I. kütelmek **1** : Kütek bolmak, kesmezek bolmak, ötmezek bolmak.
II. kütelmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Pyçak{Kim} kütelipdir.

A2 I. kütelmek **1** : (Göçme manyda) Körzehin bolmak, akyly kütek bolup başlamak.
II. kütelmek→ [Kim]
Ör. Gara gözüň bilen gyýa gaşyňy, akyl[Kim] kütelmejek huşuny söýýän.

A3 I. kütelmek **1** : (Göçme manyda) Erbet görmek, gowy görmekden galmak.
II. kütelmek→ [Kim]
Ör. Onuň göreji[Kim] küteldi.

A4 I. kütelmek **1** : (Göçme manyda) Küti bolmak, galňamak.
II. kütelmek→ [Kim]
Ör. Söýşen ýürklerinin arasyndaki diwar[Kim] küteldi

**Küýkermek**

A1 I. küýkermek **1** : Garrap biliň bükülmek.
II. küýkermek→ [Kim]
Ör. Adam[Kim] küýkerýär.

A2 I. küýkermek **1** : Aşak eglip ýöremek.
II. küýkermek→ [Kim]
Ör. Olaryn billeri[Kim] indi küýkerýärler.

**Küýlenmek**

A1 I. küýlenmek 1 : Bir işi etmegiň pikirine düşmek, bir zady amala aşyrmagy ýüregiňe düwmek, hyýallanmak, pikirlenmek.
II. küýlenmek→ [Kim]
Ör. Senem joşa geldi, uçdy (ol)[Kim] küýlenip, Ýöremäge göwni etmän kanagat.

**Küýsemek**

A1 I. küýsemek 2 : Arzuw etmek, islemek.
II. küýsemek→ [Kim], [Ne]
Ör. Men[Kim] turşy zat[Ne] küýseýärin.

A2 I. küýsemek 2 : Göresiň gelmek.
II. küýsemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Olaryň kiçi ogullaryny[Kimi] küýsemekleri has hem güýçlenipdi.

**Kylmak**

A1 I. kylmak 2 : (Könelişen söz) etmek
II. kylmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Serwiden tabyt[Ne] kylyp, gülden kepen etmek gerek.

**Kynalmak[ky:nalmak]**

A1 I. kynalmak 1 : Kyn bolmak, müşgil bolmak, çetinleşmek, agyrlaşmak.
II. kynalmak→ [Kim]
Ör. Çernyşowyň ýagdaýy[Kim] has kynaldy.

**-L**

**Labyrdamak**

A1 I. labyrdamak 1 : Labyrdyly ýanmak, tutaşyp gowy ýanmak, seslenip ýalynly ýanmak.
II. labyrdamak→ [Kim]
Ör. Ojar[Kim] labyrdap ýanýar.

**Lagnatlamak**

A1 I. lagnatlamak 2 : Gargyş etmek, nälet etmek.
II. lagnatlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Oglum, seniň kakaň pakyr jan berende, (ol)[Kim] şolaryň neslini[Kimi] lagnatlap gitdi.

**Lagşamak**

A1 I. lagşamak 1 : Könelmek, ugry gaçmak zerarly bozulmak, sandan çykmak.
II. lagşamak→ [Kim]
Ör. Maşynyň käber bölekleri[Kim] lagşapdyr (TTS).

A2 I. lagşamak 1 : Garrap, gujurdan galmak, sandan galmak.
II. lagşamak→ [Kim]
Ör. Göwresi[Kim] lagşamady, ýigitlik kuwwaty bilen ylgady.

**Lagyrdamak**
A1 I. lagyrdamak 1 : Bagyrdap ses etmek, bagyrmak (mal hakynda).
II. lagyrdamak→ [Kim]
Ör. Şahyryň göhertleri[Kim] lagyrdap durýar.

A2 I. lagyrdamak 1 : Galmagal etmek, köp geplemek, zeýrençli geplemek.
II. lagyrdamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Näme lagyrdap ýörsüň?!

A3 I. lagyrdamak 1 : Gorkudan ýaňa titremek, sandyramak.
II. lagyrdamak→ [Kim], [ZÖ]
Ör. Ol[Kim] gorkup[ZÖ] lagyrdap otyr.

**Lahhyldamak**
A1 I. lahhyldamak 1 : Bogazyňa salyp, gaty sesli gülmek, lah-lah edip gülmek.
II. lahhyldamak→ [Kim]
Ör. Maşynyň ýeňsesinde oturan gözi äýnekli adam[Kim] lahhyldap güldi.

**Lakgyldamak**
A1 I. lakgyldamak 1 : Biderek ýaňramak, bolgusyz gürlemek, laýygylyk etmek, ýaňramak.
II. lakgyldamak→ [Kim]
Ör. Her wagt söz oklap, (ol)[Kim] lakgyldap gülüp, Merediň goltugna kädi berýärdi.

**Lakyrdamak**
A1 I. lakyrdamak 1 : Gaýnap lakyrdyly ses etmek, gaýnamak.
II. lakyrdamak→ [Kim]
Ör. Semawar[Kim] lakyrdaýar.

A2 I. lakyrdamak 1 : Köp ulanylmak zerarly gowşamak, çagşamak, gowşap ses etmek.
II. lakyrdamak→ [Kim]
Ör. Stolux aýaklary[Kim] lakyrdaýar.

**Lalaýlamak**
A1 I. lalaýlamak 1 : (Gepleşik dili) Düşnüksiz geplemek, düşnüksiz seslenmek.
II. lalaýlamak→ [Kim]
Ör. Faşist köpekleri[Kim] guýruk bulaýlap, boýun burup, dyza çökýär lalaýlap.

**Laňňyldamak**

A1 I. laňňyldamak 1 : Bolgusyz gürrüň etmek, dereksiz ýaňramak, lakgyldamak.
II. laňňyldamak→ [Kim
Ör. (Sen)[Kim] Laňňyldap oturma-da, bar, işiň bilen bol!

**Laplamak**

A1 I. laplamak 1 : Ot alyp tutaşmak, tutaşanda ses edip ýanmak, lap-lap edip ýanmak.
II. laplamak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Ot{Kim} laplap ýanýar.

A2 I. laplamak 1 : (Göçme manyda) Gyzmak, ot ýaly ýanmak, temperatura ýokarlanmak.
II. laplamak→ [Kim]
Ör. Endamym[Kim] laplap gyzdy.

**Lapyrdatmak**

A1 I. lapyrdatmak 1 : (Gepleşik dili) Howlugyp şapyrdadyp iýmek, dökän-saçan owurtlap iýmek.
II. lapyrdatmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Lapyrdadyp unaş içmek.

**Larsyldamak**

A1 I. larsyldamak 1 : Lars-lars edip gaýnamak, larsyldyly gaýnamak.
II. larsyldamak→ [Kim]
Ör. Toşap[Kim] larsyldap , onuň elini ýakdy.

**Lasyrdamak**

A1 I. lasyrdamak 1 : Gaty gaýnap lasyrdyly ses etmek, gaty gaýnamak.
II. lasyrdamak→ [Kim]
Ör. Radiatoryň suwy[Kim] lasyrdap ugrady.

**Lasyrdatmak**

A1 I. lasyrdatmak 2 : Lasyrdyly gaýnatmak, gaty gaýnatyp lasyrdyly ses etdirmek, gaty gaýnatmak.
II. lasyrdatmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Radiatoryň suwuny[Kimi] lasyrdadyp we buguny burugsadyp, belent depelere çykmaly bolýardy.

A2 I. lasyrdatmak 1 : (Göçme manyda) Ýakyp barmak, gaty gyzdyrmak (gün hakda).
II. lasyrdatmak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Gün{Kim} lasyrdatdy, howry ýüregiňe urýardy.

**Laýyklamak[la:ýyklamak]**

A1 I. laýyklamak 2 : Deň getirmek, laýyk etmek, barabar etmek.
II. laýyklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Terezeni [Kimi] laýyklady (TTS).

A2 I. laýyklamak 3 : Dogry getirmek, dogrulamak, gönülemek.
II. laýyklamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Dürbüni[Kimi] öz gözüne[Kime] laýyklap, eýläk-beýläk gezdiren Annak seslenenini duýman galdy.

**Lejikmek**

A1 I. lejikmek 2 : Halys irmek, bizar bolmak, leji çykmak, ýadamak.
II. lejikmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Gurban[Kim] bu ýumuşlardan[Kimden] halys lejikdi, soň baýyň aýalyna we ogluna ýüzlenip: -- Zol Gurban bolup dur-la? ! -- diýip zeýrendi.

**Lellermek**

A1 I. lellermek 1 : Ysgynsyz bolmak, gowşak bolmak, sust bolmak, başarnyksyz bolmak.
II. lellermek→ [Kim]
Ör. Biz[Kim] juda lelleripdiris.

**Lemmerlenmek**

A1 I. lemmerlenmek 1 : Lemmer-lemmer bolmak, üsti-üstüne üýşmek, gat-gat bolmak.
II. lemmerlenmek→ [Kim]
Ör. Dag gerişleriniň iň belendiniň başynda pajarly gar[Kim] lemmerlenip ýatdy.

**Lenjikmek**

A1 I. lenjikmek 2 : Halys irmek, bizar bolmak.
II. lenjikmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Men)[Kim] Senin varsaky gürrüninden[Kimden] lenjikipdirin (TTS).

**Leňkildemek**

A1 I. leňkildemek 1 : Leňk-leňk edip ýöremek çalt we ýeňil ýöremek; leňk edip galmak.
II. leňkildemek→ [Kim]
Ör. Aşyr ir bilen nirädir (ol) [Kim] leňkildap barýardy.

**Lepbermek**

A1 I. lepbermek 2 : Ýapyrylyp oturmak, iki eplenen ýaly bolup oturmak, ýapbaşyp oturmak.
II. lepbermek→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Ol)[Kim] Iç işikde[Kimde] lepberip oturdy.

**Lezzetlenmek**

A1 I. lezzetlenmek ı : Gowy iýmitden, ýakymly we mylaýym ýagdaýdan lezzet almak, maza almak, häzil etmek, oňat täsir almak.
II. lezzetlenmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Sahawat[Kim] öz-özünden[Kimden] lezzetlenmek heseline gark bolup durdy.

**Lägirmek**

A1 I. lägirmek ı : Gaty ses bilen uzyn-uzyn çekip mälemek (owlak-guzy hakynda).
II. lägirmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Owlak{Kim} lägirýär.

A2 I. lägirmek ı : Aglap gaty gygyrmak (çaga hakda) ; gorkyňa gaty ses bilen gygyrmak (adam hakda).
II. lägirmek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Duran ýerinde agzyny hatap ýaly açyp: --Wä-ä, wä-ä! -- diýip lägirdi.

**Läliksiremek**

A1 I. läliksiremek ı : Lälik bolan bolmak, aýnan bolmak, ynjyksyramak.
II. läliksiremek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Läliksiremäge wagt bolmany üçin, Artyk onuň üzeňňisine basdy.

**Läşermek**

A1 I. läşermek ı : Öli ýaly ýatmak, çäşerip ýatmak, gölermek.
II. läşermek→ [Kim]
Ör. Mal-garalar[Kim] läşerip ýatdy.

A2 I. läşermek ı : Serrelip ýatmak, düňderilişip ýatmak.
II. läşermek→ [Kim]
Ör. Gök biýarada boýy ýeten gawunlar[Kim] läşerip ýatyrdylar.

**Ligirdemek**

A1 I. ligirdemek ı : Gybyr-gybyr edip ýöremek, kiçijik ädim bilen ýöremek, gybyrdamak.
II. ligirdemek→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Ligirdep yürüme (TTS).

**Liňkildemek**

A1 I. liňkildemek ı : Liňk-liňk edip ýöremek, agsaklap, keýtikläp ýöremek.
II. liňkildemek→ [Kim]

Ör. Sen kompaniýa ýygnanýançaň, men komandiriň ýanyna baryp geleýin! -- diýip, (ol)[Kim] liňkildäp sowuldy.

**Lokgalamak**

A1 I. lokgalamak 2 : Lokga-lokga etmek, bölek-bölek etmek, tokga-tokga etmek, tokgalamak.

II. lokgalamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Ol)[Kim] Hamyry[Kimi] lokgalamak.

**Lokguldamak**

A1 I. lokguldamak 1 : Lok-lok edip gülmek, ýogyn ses bilen gülmek.

II. lokguldamak→ [Kim]

Ör. Başlygyň özi[Kim] hem lokguldap güldi.

**Lokurdamak**

A1 I. lokurdamak 1 : Lokur-lokur edip ses çykarmak, lokurdyly ses etmek.

II. lokurdamak→ [Kim]

Ör. Sorulýan suw çilim[Kim] lokurdap ses edýärdi.

**Loňkuldamak**

A1 I. loňkuldamak 1 : Loňkuldyly ýöriş bilen gitmek, loňk-loňk edip ýöremek; ylgamak, löňk-löňk edip ýöremek, löňküldemek.

II. loňkuldamak→ [Kim]

Ör. Ýaby[Kim] loňkuldamaga başlady.

A2 I. loňkuldamak 2 : Arabanyň ýa-da ulagyň üstünde aşak-ýokary galyp towsup oturmak.

II. loňkuldamak→ [Kim], [Kimde]

Ör. Ol[Kim] arabanyň üstünde[Kimde] loňkuldaýärdy.

**Lowlamak**

A1 I. lowlamak 1 : Ot alyp sesli ýanmak, tutaşyp ýalynly ýanmak, güýçli ýanmak.

II. lowlamak→ [Kim]

Ör. Lowlaýar kömür[Kim], Gyzarýar demir.

A2 I. lowlamak 1 : (Göçme manyda) Gaty gaharyň gelmek, janyň ýanyp gyzmak.

II. lowlamak→ [Kim]

Ör. Ol[Kim] gahardan ýana lowlaýärdı (TTS).

A3 I. lowlamak 1 : (Göçme manyda) Endamyň gyzdyrmak, teniň gyzmak, gyzgynyň galmak.

II. lowlamak→ [Kim]

Ör. Onuň ýüzi[Kim] lowlap, gözleri ýaldyrap gitdi.

**Lowurdamak**

A1 I. lowurdamak 1 : Güýçli lowurdyly ýanmak, tutaşyp ýalynly ýanmak.
II. lowurdamak→ [Kim]
Ör. Her gapyda ojaklarda ýakylýan otlar[Kim] lowurdap, köne tamlaryň diwarlarynyň ýüzüne şöhle salýardy.

A2 I. lowurdamak 1 : Öwşün atmak, şöhle bermek, ýalpyldamak, ýylpyldamak.
II. lowurdamak→ [Kim]
Ör. Maňlaýy sakar al atyň endamy[Kim] lowurdaýardy.

**Lummurdamak**

A1 I. lummurdamak 1 : Lummur-lummur edip sesli esremek (düýe hakda).
II. lummurdamak→ [Kim]
Ör. Mes erkek[Kim] lummurdap daşlady.

A2 I. lummurdamak 1 : (Göçme manyda) Lummur-lummur edip ses çykarmak, lummurdyly seslenmek, lokurdamak.
II. lummurdamak→ [Kim]
Ör. Başy serpinjekli mähnet çilim elden-ele gezdi, yzly-yzyna (ol)[Kim] lummurdap esredi.

**Lükgelemek**

A1 I. lükgelemek 2 : Bir ýere toplamak, jemlemek, ýygnamak, düýrlemek.
II. lükgelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Hawa, Annaberdi ogluny sähelçe zat bilen öýerdi, (ol)[Kim] senem şujagaz zatlaryňy[Kimi] pul edipjik lükgeläýseň, bir zat bolar-da duruberer!

**Lygyrdamak**

A1 I. lygyrdamak 1 : Lygyrdyly ses çykarmak, lygyr-lygyr edip seslenmek, sesli gaýnamak.
II. lygyrdamak→ [Kim]
Ör. Bişen nahar[Kim] lygyrdap gaýnap durýardy.

**Lykyrdamak**

A1 I. lykyrdamak 1 : Lykyrdyly ses çykarmak, lykyr-lykyr edip seslenmek.
II. lykyrdamak→ [Kim]
Ör. Haçan küýzäniň agzyndan suw girip (ol)[Kim] lykyrdamaga başlanda, tilki: --Gap sesiňi, öljegiňe gülýärmiň? -- diýipdir.

**-M**

**Madyrdamak**

A1 I. madyrdamak 1 : Üznüksiz biderek geplemek, irginsiz ýaňrap oturmak.
II. madyrdamak→ [Kim]

Ör. Biz olaryň yzlaryna düşüp, garanjaklap ýörüs, emma olaryň aýdanlaryna düşünmeýäris --nemesçe (olar)[Kim] madyrdaýarlar.

**Magallaklamak**

A1 I. magallaklamak 2 : Ýanyndaky beýleki zatlardan saýlanyp, ýokarda elesläp görünmek, magallak atmak.

II. magallaklamak→ [Kim], [Kimde]

Ör. Obanyň ortasynda[Kimde] haýbatly beýik gala[Kim] magallaklaýardy.

**Magtamak**

A1 I. magtamak 2 : Gowy tarapyny aýtmak, öwmek, taryplamak.

II. magtamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Ol[Kim] derrew agtygynyň adyny sorap bildi we onuň arassa saklanyşyny[Kimi] magtady.

**Mahabatlamak[maha:batlamak]**

A1 I. mahabatlamak 2 : (Könelişen söz) Esassyz öwmek, biderek taryplamak, öwüp arşa çykarmak.

II. mahabatlamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Hawa-da ýetişerçe-de wagt geçipdir -- diýip, (ol) [Kim] doganyň gylyklaryny[Kimi] mahabatlap gürledi.

**Makullamak[ma:ku:llamak]**

A1 I. makullamak 2 : Maksada laýyk hasaplamak, dogry diýip tapmak, makul bilmek, ýerlikli hasap etmek, oňlamak.

II. makullamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Men)[Kim] Seniň häzirki maslahatyňy[Kimi] makullaýaryn.

**Malalamak[ma:lalamak]**

A1 I. malalamak 2 : Mala basyp, ýeri bejermek, mala basmak.

II. malalamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Ol)[Kim] Kesekleri[Kimi] owratmak we topragyň üstüni tekizlemek maksady bilen boronalamaly we malalamaly.

**Manipulirlemek**

A1 I. manipulirlemek 2 : Manipulýasiýa geçirmek.

II. manipulirlemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. 2009-njy ýylda "Serhetsiz lukmanlar" atly halkara gurama[Kim] , ýurduň saglygy saklaýyş ulgamyna degişli bolan statistiki sanlary[Kimi] manipulirlemek baradaky döwlet syýasatynyň bir bölegi bolmaklygy islemedi we ýurdy terk etmek kararyna geldi (Türkmenistandaky aýallar, 2013: 40).

**Masgaralamak**

A1 I. masgaralamak 2 : Masgara, biabraý etmek, ile gülki etmek, abraýdan düşürmek.
II. masgaralamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bu[Kim] meni[Kimi] masgaralamaga gelendir.

**Maslahatlaşmak**

A1 I. maslahatlaşmak 2 : Biri bilen bilelikde maslahat etmek, biri meseläni ara alyp, pikir alyşmak, bir zat barada biri bilen geňeş etmek, birine geňeş salmak, geňeşmek.
II. maslahatlaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Sen[Kim] häziriň özünde onuň bilen[Kimle] indi näme etmelidigini maslahatlaşmalysyň.

**Maşjarmak**

A1 I. maşjarmak 1 : Agram düşüp ýepbeşmek, ýemşertmek, maşjarylmak.
II. maşjarmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Labyr basan köpri ýaly aşak maşjardy.

**Maşynlamak[maşy:nlamak]**

A1 I. maşynlamak 2 : Mala emeli usul bilen tohum bermek.
II. maşynlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Goýunlary[Kimi] maşynlamakda hem bakmakda seniň birinji çopan -- diýip aýtmazdy.

**Mawlamak[ma:wlamak]**

A1 I. mawlamak 1 : Maw-maw edip gygyrmak, gygyryp seslenmek (pişik hakynda).
II. mawlamak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Daýzanyň penjesiniň astynda pişik{Kim} boguk sesi bilen mawlady.

**Maýdalamak**

A1 I. maýdalamak 2 : Maýda-maýda etmek, böleklere bölmek, ownatmak, uşatmak.
II. maýdalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Oduny[Kimi] maýdalady.

A2 I. maýdalamak 2 : Iri puly hyrdalamak, böleklemek, uşatmak.
II. maýdalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýüzlügi[Kimi] maýdalamak.

**Maýlamak**

A1 I. maýlamak 1 : Maýyl bolmak, ýylap başlamak, ýylamak (howa hakynda).
II. maýlamak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Howa{Kim} maýlap, mal-garalar gök otdan garynlaryny mazaly ýazanda bolsalar, dag başynyň gary heniz eremändi.

**Maýmyklamak**

A1 I. maýmyklamak 1 : İki gapdala çaýkanybrak ýöremek, çaýşygrak basyp ýöremek, maýmyldamak.
II. maýmyklamak→ [Kim]
Ör. Telim ördek çagasy[Kim] maýmyklap, çöplüklere sümüldiler.

**Maýyrmak**

A1 I. maýyrmak 2 : Agyr ýük ýa-da iş zerarly şikes ýetirmek, maýyp etmek, maýryk etmek.
II. maýyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Eşege agyr ýük urup, ony[Kimi] tiz maýryp taşladylar.

A2 I. maýyrmak 2 : (Göçme manyda) Işe ýarawsyz etmek, sandan çykarmak, döwmek.
II. maýyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Heniz bir ýyldan köp wagt geçmänkä, (ol)[Kim] dört sany ýük maýyny[Kimi] maýryp taşlady.

A3 I. maýyrmak 2 : (Göçme manyda) Halys etmek, irizmek, ýadatmak.
II. maýyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Hawa, hawa, meýt, ol betbagtlaryň çaýy, nasy, süýjüsi[Kim] hem adamyny[Kimi] maýyrjak.

**Mazamlamak[ma:zamlamak]**

A1 I. mazamlamak 2 : Bir zadyňy birine görkezip öwünmek, bir zady birine güjeňlemek
II. mazamlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýagşy gül, ýagşy gül! -- diýip, güllerini[Kimi] mazamlaýar.

**Medeniýetleşmek**

A1 I. medeniýetleşmek 1 : Birneme medeniýetli bolmak, medeniýetliräk bolmak, medeniýeti, düşünjeliligi artyp başlamak, medeniýetli bolmak.
II. medeniýetleşmek→ [Kim]
Ör. Onuň özi hem üýtgäpdir: (Olar)[Kim] Medeniýetleşipdir, salykatlanypdyr, gürlände-de has edepli gürlemäge endik edipdirler.

**Meniklenmek**

A1 I. meniklenmek 1 : Akyllanyp başlamak, düşbi bolmak, paýhaslanmak.
II. meniklenmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] meniklenipdir.

A2 I. meniklenmek 1 : Dogumly bolup başlamak dogumlanmak.
II. meniklenmek→ [Kim]

Ör. Sen[Kim] agaň bilen meniklenme, aga gözleşmeli bolsa, her kimiň hem agasy bardyr.

**Meňzemek**

A1 I. meňzemek 2 : Başga bir zada ogşamak, meňzeş bolmak, çalyşym etmek.
II. meňzemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Gurt uruşda bolan ahyrky iki ýylynda misli söýgniň we ýigrenijiň ýörde mekdebini gutaryp, hatymkerde bolan adama[Kime] meňzeýärdi.

**Merkezleşmek**

A1 I. merkezleşmek 2 : Bir merkeze jemlemek, bir merkeze garaşly bolmak.
II. merkezleşdmek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Biziň ýurdumyzyň territoriýasynda[Kimde] köpmilletli döwlet[Kim] merkezleşip emele gelip başlandyr.

**Mertebelemek**

A1 I. mertebelemek 2 : Derejesini götermek, hatyrasyny tutmak, hormatlamak.
II. mertebelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Garly[Kim] «başlyk» sözüni[Kimi] ýörite mertebeläp aýtdy.

**Meselmek**

A1 I. meselmek 1 : Mes bolup boşlamak, ykdysady durmuşyň ýagşylaşmak.
II. meselmek→ [Kim]
Ör. Ýaran[Kim] kolhoza çlen bolup gireli bäri örän meselipdir.

A2 I. meselmek 1 : Dökün dökülmek arkaly gurplanmak, mes bolmak.
II. meselmek→ [Kim]
Ör. Pagta ekiljek ýerler[Kim] örän meselipdir.

A3 I. meselmek 1 : Güýjäp başlamak, köpelmek, joşmak.
II. meselmek→ [Kim]
Ör. Suw[Kim] indi meseldi ahyry.

**Mesirgemek**

A1 I. mesirgemek 1 : Meslik etmek, mes bolmak.
II. mesirgemek→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Ýersiz ýere mesirgäp, götermediň doklugy.

A2 I. mesirgemek 1 : Möwç almak, hyjuwlanmak.
II. mesirgemek→ [Kim]
Ör. Joş alyp, çyrpynyp akyp, Ýaz derýa[Kim] mesirgäp galdy.

**Meşgullanmak[meşgu:llanmak]**

A1 I. meşgullanmak 2 : Bir iş ýa-da bir zat bilen meşgul bolmak, bir zada güýmenmek, gümra bolmak.
II. meşgullanmak→ [Kim],[Kimle]
Ör. Gazyp çykarmaklyk bilen[Kimle] arheologiýa ylmy[Kim] meşgullanýar.

**Meýillenmek**
A1 I. meýillenmek 2 : Meýil etmek, hyýal etmek, göwün etmek, hyýallanmak.
II. meýillenmek→ [Kim],[Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Gezelenje gitmäge[Kime] meýillenmek.

**Meýmiremek**
A1 I. meýmiremek 1 : Belli bir zadyň täsiri netijesinde ymyzganmak, irkilmek, irkiljiremek.
II. meýmiremek→ [Kim]
Ör. Men[Kim] meýmiremesem bolýar.

**Mäjumlamak[mäju:mlamak]**
A1 I. mäjumlamak 2 : Garym-gatym etmek, garjaşdyrmak, ezmek, mäjerlemek.
II. mäjumlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Onuň adatlanan elleri[Kim] suw bilen uny[Kimi] sanly salymda mäjumlady-da, güýçli, çalasyn ýumrugy hamyryň eýini ýetirdi.

**Mäkämlemek**
A1 I. mäkämlemek 2 : Mäkäm etmek, gaýym etmek, pugtalamak, berklemek.
II. mäkämlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Biz)[Kim] Dalbarlyk diken pürslerimiziň düýbüni[Kimi] pugta mäkämledik.

A2 I. mäkämlemek 2 : Pugta ildirmek, ýapmak, beklemek, berkitmek.
II. mäkämlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Siz)[Kim] Derwezäniň işigini[Kimi] mäkämläň!

**Mälemek**
A1 I. mälemek 1 : «Mä» edip seslenmek (geçi, goýun we ş. m. hakynda).
II. mälemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] häzir sowuk howada mälamäge --de ýaraman duran ýalydy.

**Mäzleşmek**
A1 I. mäzleşmek 1 : Gubarlap, ýaşaryp durmak.
II. mäzleşmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Onuň gözleri{Kim} mäzleşdi, mawyny tanan ýaly, çala gymyldady.

**Miwelemek[mi:welemek]**
A1 I. miwelemek 1 : Miwe getirmek, iýmiş getirmek.

II. miwelemek→ [Kim]
Ör. Biderek biten agaçlar[Kim] miweli agaçlary ösmäge, miwelemäge goýmazlar.

A2 I. miwelemek 1 : (Göçme manyda) Yzyny ýörediji nesil emele gelmek, nesil ýetişdirmek.
II. miwelemek→ [Kim]
Ör. Tämiz sürüp, eken bagyň[Kim] miweläp ýetişdi, Lenin.

**Molamak[mo:lamak]**
A1 I. molamak 1 : «Mo-o» edip seslenmek, gygyrmak (sygyr, öküz hakda).
II. molamak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Sygyrlar{Kim} ýogyn ses bilen howany ýaňlandyryp moloýardylar.

**Moýmuldamak**
A1 I. moýmuldamak 1 : Gaz ýörüşini edip ýöremek.
II. moýmuldamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Şol sözünden soň Halnazaryňka bakan moýmuldap ugrady.

**Möhürlemek**
A1 I. möhürlemek 2 : (Könelişen söz) Peçat basmak, Möhür goýmak, tagmalamak.
II. möhürlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Wagonlaryň agzyny[Kimi] möhürlediler.

**Möjükmek**
A1 I. möjükmek 1 : Bir zadyň degmegi, urulmagy zerarly bir ýeriňde inkes, zeper ýetmek.
II. möjükmek→ [Kim]
Ör. Amanowun dyzy[Kim] gaty möjüküp, agrysyny-da unudup derrew Poladow bilen boldy.

**Mölermek[mö:lermek]**
A1 I. mölermek 1 : Bir zada aňkaryp durmak, aňkaryp seretmek geň galyp, aňk bolup durmak.
II. mölermek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Baý ogly galpyl-da düşdi, gözleri{Kim} mölerdi.

**Mönsüremek[mö:nsüremek]**
A1 I. mönsüremek 1 : Bir zady bilmediksirän bolmak, jögülik etmek, hilegärlik bilen aňkawlyga salmak.
II. mönsüremek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk ýene mönsüräp azm urdy.

**Möňňürmek**

A1 I. möňňürmek 1 : Gaty sesli aglamak, uly iliň bilen aglamak.
II. möňňürmek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Waý, Aýjemalymdan aýryldym-leý! -- diýip, köçäniň ugrunda möňňürip aglady.

A2 I. möňňürmek 2 : (Göçme manyda) Bir zada çydaman dat etmek, bagyryp durmak.
II. möňňürmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol özüniň iki egninden basýan horluga çydap bilmän, (ol)[Kim] özüniň iki egninden basýan horluga[Kime] ) möňňürip goýbermäge çenli baryp ýetipdi.

**Möwjemek**
A1 I. möwjemek 1 : Möwç almak, güýji artmak, güýjemek, gazaplanmak.
II. möwjemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Esreşýär erkekler, kükreşýär kerler, aýazda möwjeýär olaryň joşy[Kim] .

**Möwlemek**
A1 I. möwlemek 1 : Ýala gelmek (it hakda) , mawa gelmek (pişik hakda).
II. möwlemek→ [Kim]
Ör. Olaryň arasynda biri[Kim] ganjyk eken, möwleýän eken.

**Mumlamak[mu:mlamak]**
A1 I. mumlamak 2 : Mum çalmak, mum sürtmek.
II. mumlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ädikçi[Kim] sapagy[Kimi] mumlap, soňra tikip başlaýan.

**Mumyýalamak[mu:myýalamak]**
A1 I. mumyýalamak 2 : Mumyýa çalmak, mumyýa sürtmek.
II. mumyýalamak→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] jeseti{Kimi} mumyýalamak.

**Murdarlanmak[murda:rlanmak]**
A1 I. murdarlanmak 1 : Murdar bolmak, ýigrenji görünmek, erbet bolmak, nejisligi artmak.
II. murdarlanmak→ [Kim]
Ör. Ak daş[Kim] murdarlanyp gabryň üstünde mese-mälim iki kölege durýar.

**Mübäreklemek**
A1 I. mübäreklemek 2 : Alkyşlamak, gutlamak.
II. mübäreklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eziz Nadežda Semýonowna[Kim], sizi[Kimi] dogan günüňiz bilen mübärekleýärin, size uzak ýaş, bagtly durmuş arzuw edýärin!

A2 I. mübäreklemek 2 : Tarypyny etmek, taryplamak.
II. mübäreklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Oglan[Kim] mün atyňa, özüňi[Kimi] mübärekläp, bir nama diý!

**Münderlemek**

A1 I. münderlemek 3 : Biri-biriniň üstüne goýmak, gat-gat edip basmak, üýşürmek.
II. münderlemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Transportioryň üsti billen ýokary çykýan kerpiçleri[Kimi] ussalar[Kim] çaltlyk bilen alyp, diwarlaryň üstüne[Kime] münderleýärler.

**Münmek**

A1 I. münmek 2 : Bir ýere gitmekçi bolup, ulag üstünde oturmak.
II. münmek→ [Kim], {kime}tamamlayıcı
Ör. Aýsoltan[Kim] şol tämiz howada samolýata{Kime} münmäge taýynlanýardy.

A2 I. münmek 2 : Bir zadyň üstüne, ýokary çykmak, üstünde oturmak.
II. münmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Ýene mündi ejesiniň dyzyna[Kime].

**Müňküldemek**

A1 I. müňküldemek 1 : Herekete gelmek, gymyldamak.
II. müňküldemek→ [Kim]
Ör. Halnazaryň dodaklary[Kim] müňküldedi, ýumrugyny ýokary galdyryp, galjak ýaly göründi.

**Müňkürlenmek**

A1 I. müňkürlenmek 2 : Müňkür bolmak, müňkürlik etmek, iňkislenmek, betgumanlyk etmek, şübhelenmek.
II. müňkürlenmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Onuň indi özi[Kim] hem hatyň güýjüne[Kime] müňkürleşip keýpi bozuldy.

**Müňzemek**

A1 I. müňzemek 1 : Öňe tarap hereket etmek, öňe omzamak, öňe sürünmek.
II.müňzemek→ [Kim]
Ör. Eje, sen zady gaýgy etme, ynha buldozer[Kim] gelip bir müňzär welin, köçeler edil süpürilene döner!

**Mürrelmek**

A1 I. mürrelmek 1 : Mürrik bolmak, mürrük bolup ösmek (gawun-garpuz, miwe we ş. m. hakda).
II. mürrelmek→ [Kim]
Ör. Alma[Kim] mürrelipdir.

A2 I. mürrelmek 1 : (Göçme manyda) Güýji, gujury gaçmak, horlanyp kiçelmek.
II. mürrelmek→[Kim]
Ör. Bossan eje[Kim] mürrelipdir.

**Mürreltmek**
A1 I. mürreltmek 1 : Erkini alyp ýygyrmak, bükmek.
II. mürreltmek→ {Kim}Tamamlayıcı
Ör. Uky{Kim} mürreldip barýan bolsa, ýatyber!

**Mürşermek**
A1 I. mürşermek 1 : Ýygyrt-ýygyrt bolmak, ýygrylmak, çytylmak.
II. mürşermek→ [Kim]
Ör. Onuň neşebent ýüzi[Kim] hasda mürşerdi.

**Müýnürgemek**
A1 I. müýnürgemek 1 : Müýnli bolmak, ýazykly, etmişli halda görünmek, utanjyramak.
II. müýnürgemek→ [Kim]
Ör. (Men)[Kim] Öz beren jogabymyň ýüzleýdigine müýnürgäp ýylgyrdym.

**Müzzermek**
A1 I. müzzermek 1 : Sust bakmak, ýygralyk etmek, müýnürgäp ýygryljyramak.
II. müzzermek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bally başyny aşak salyp müzzerdi.

A2 I. müzzermek 1 : (Göçme manyda) Ejizlik etmek, bir zatdan basylyp namartlamak.
II. müzzermek→ [Kim]
Ör. Görogly[Kim] kynçylygyň öňünde müzzermeýär.

**Myçmak**
A1 I. myçmak 2 : Nyşanasyz atmak, çenemän atmak.
II. myçmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Mergen[Kim] tisginip, tüpeňini[Kim] myçyp goýberipdir.

A2 I. myçmak 1 : Uly tizlik bilen ýöremek, örän çalt gitmek.
II. myçmak→ [Kim]
Ör. Otly[Kim] myçýar, polat ýoldan ýel ýaly.

A3 I. myçmak 1 : (Göçme manyda) Ýalan sözlemek, toslap ýok zady aýtmak, çypdyrmak.
II. myçmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Bay myçdyň-ow (TTS)!

**Mydyrdamak**

A1 I. mydyrdamak 1 : Ýuwaşjadan geplemek, eşidiler--eşidilmez ýaly geplemek. II. mydyrdamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Kagyzlary birin-birin okýaýar, öz içinden mydyrdaýar.

**Myhlamak[my:hlamak]**

A1 I. myhlamak 2 : Myh kakyp berkitmek, çüýlemek.
II. myhlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk çekiç bilen agaja[Kime] myhlady.

**Myhmanlamak[my:hma:nlamak]**

A1 I. myhmanlamak 1 : Myhmana hezzet etmek, myhman edip almak.
II. myhmanlamak→ [Kim]
Ör. Başlyk[Kim] hem bir gün eneli-ogly myhmanlady.

**Myžgamak**

A1 I. myžgamak 1 : Öl bolmak, çyg çekyp, myžžyk bolmak.
II. myžgamak→ [Kim]
Ör. Derlemekden ýaňa onuň köýnegi[Kim] myžgady.

**Myžžarmak**

A1 I. myžžarmak 1 : Suwy, şiresi çykyp durmak, myžžyk bolmak, ezilmek.
II. myžžarmak→ [Kim]
Ör. Çeleklerde çakyr üçin ezilen üzümler[Kim] myžžarypdyr.

A2 I. myžžarmak 1 : (Göçme manyda) Etli-ganlylyk ýa-da ýumşaklyk zerarly mylkyldap durmak.
II. myžžarmak→ [Kim]
Ör. Siz[Kim], eýlemi etmedik hamyr ýaly myžžarman, etiňizi gatadyň!

**Mylaýymlanmak[myla:ýymlanmak]**

A1 I. mylaýymlanmak 1 : Mylaýym, ýumşak bolmak, göwne ýaramly bolmak (predmet, zat hakda).
II. mylaýymlanmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] bir neme mylaýymlanypdyr (TTS).

A2 I. mylaýymlanmak 1 : Maýlap başlamak, jana ýaramly bolmak.
II. mylaýymlanmak→ [Kim]
Ör. Howa[Kim] mylaýymlanýar.

A3 I. mylaýymlanmak 1 : Ýyp-ýyly bolmak (suw hakynda).
II. mylaýymlanmak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Suw{Kim} mylaýymlanypdyr.

A4 I. mylaýymlanmak 1 : Gulaga ýakymly degip başlamak, hoş ýakmak, ýakymly täsir etmek (ses, owaz hakda).
II. mylaýymlanmak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Ýaş bagşynyň sesi{Kim} barha mylaýymlanýar.

A5 I. mylaýymlanmak 1 : Açyk göwünli hem hoş gylykly bolmak, süýji dili bolmak, alçaklyk etmek.
II. mylaýymlanmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] tyz gyzýardy, sözleýärdi, öýkeleýärdi, tizde sowaýardy, mylaýymlanýardy.

**Mylaýymsyramak[myla:ýymsyramak]**

A1 I. mylaýymsyramak 1 : Açyk göwünli, hoş gylykly bolan bolmak ýarnjaňlyk etmek.
II. mylaýymsyramak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] şeýle ýesrlik bilen mylaýymsyrady welin, komandir ýesirlikleriň düýp mazmynyny eýýäm aňlady we onuň ýüzünde ýigrenç alamatlary peýda boldy.

**Mylkyldamak**

A1 I. mylkyldamak 1 : Ýumşaklyk zerarly tulkuldap durmak, mylk-mylk edip durmak.
II. mylkyldamak→ [Kim]
Ör. Köçãniñ ýagdaýy[Kim] jaýyň içindãkiden-de erbetdi: asfalt alan hamyr ýaly ýumşapdy, mylkyldap ýatyrdy. (çevrimiçi: http://m.ertir.com/index.php?q=blog&view=97917, 12/05/2015).

**Mymyldamak[my:myldamak]**

A1 I. mymyldamak 1 : Endigan, siňňin yrgyldap durmak, hereket edip durmak.
II. mymyldamak→ [Kim]
Ör. Tamyň gapysynyň ýokary gapdalynda, kiçijik penjiraniň öňünde prujinaly üstünde duran ak krowaty[Kim] mymyldady.

**Mymyramak[my:myramak]**

A1 I. mymyramak 1 : Asuda halda bolmak.
II. mymyramak→ [Kim]
Ör. Mawy deňiz[Kim] rahat mymyraýardy, şelpelerini çala yralaýardy.

A2 I. mymyramak 1 : Janyň şypa tapyp, lezzet alyp, ukuly ýagdaýda meýmiremek.
II. mymyramak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk maňlaýyny iki eliniň aýasyna goýup gyzgyn gürrüň astynda mymyrady.

**Mynçgamak**

A1 I. mynçgamak 3 : Bir zady eliň içinde owkalamak, owkalap mynjyratmak, mynçgalap ezmek, owmak, mynçgalamak.
II. mynçgamak→ [Kim], [Kimi], [Kimde]
Ör. Ol[Kim] ýüpegi[Kimi] barmaklarynyň arasynda[Kimde] mynçgalap, garşysyndaky adama görkezýärdi.

**Mynjyramak**

A1 I. mynjyramak 1 : Baslygyp ýa-da zor görüp owranyp gitmek, pytramak, ezilmek.
II. mynjyramak→ [Kim]
Ör. Ýumurtga[Kim] mynjyrapdyr (TTS).

A2 I. mynjyramak 1 : (Göçme manyda) Ýok bolmak, ölmek.
II. mynjyramak→ [Kim]
Ör. (Olar)[Kim] Duşmanlaryň bosgunlary girere süren tapman, ibirtde-zibirt bolup, top oklarynyň astynda mynjyraýardylar.

**Myňňyldamak**

A1 I. myňňyldamak 1 : Endigan, siňňin yrgyldap durmak, hereket edip durmak.
II. myňňyldamak→ [Kim]
Ör. Duwan[Kim] myňňyldady.

A2 I. myňňyldamak 1 : Burnuňa salyp geplemek, myňňy-myňňy edip geplemek.
II. myňňyldamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Näme, agzyňa suw alan ýaly myňňyldaýar?

**Myrdyrdamak**

A1 I. myrdyrdamak 1 : Ýuwaşjadan geplemek, eşidiler-eşidilmez ýaly geplemek, .
II. myrdyrdamak→ [Kim]
Ör. Kagyzlary birin-birin okaýar, (ol)[Kim] öz içinden mydyrdaýar.

**Myrlamak**

A1 I. myrlamak 1 : Myr-myr edip seslenmek, myrryldyly ses çykarmak (pişik hakda).
II. myrlamak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Pişik{Kim} myrlaýar.

A2 I. myrlamak 1 : Çalaja hor çekip, süýji ukuda ýatmak.
II. myrlamak→ [Kim]
Ör. Onuň gapdalyndaky jigisi[Kim] guzy ýaly myrlap ýatyrdy.

**Myssarmak**

A1 I. myssarmak 1 : Myssyk bolmak, terligi gaçmak, ýumşamak (ir-iýmiş, miwe hakda).
II. myssarmak→ [Kim]
Ör. Gawun[Kim] myssarypdyr.

A2 I. myssarmak 1 : Solgun we gowşak görünmek.
II. myssarmak→ [Kim]
Ör. Heniz tüý çykmadyk ter ýaňaklary[Kim], myssaryp görünýär.

A3 I. myssarmak 1 : Gowzamak zerarly dykyzlygy gaçmak, boşlaň bolmak.
II. myssarmak→ [Kim]
Ör. Ýaşikleriň gapdalynda meşikler[Kim] myssarýardy.

**Myssyldamak**

A1 I. myssyldamak 1 : Myssyldyly dem almak, burnuň bilen asuda dem almak.
II. myssyldamak→ [Kim]
Ör. Süýji ukuda ýatan kentliler[Kim] myssyldaýar.

**Myşlamak**

A1 I. myşlamak 1 : Sesli dem almak.
II. myşlamak→ [Kim]
Ör. Sygyr as-kem tamşanan boldy-da (ol)[Kim] otdan ýüzini sowup, çalaja myşlady.

**Mytdyldamak**

A1 I. mytdyldamak 1 : Maýda ädimläp, ýuwaş ýöremek, haýal gitmek, haýal hereket etmek.
II. mytdyldamak→ [Kim]
Ör. Şol wagt ýol bilen Mergen aga[Kim] mytdyldap gelýärdi.

**-N**

**Naçarlamak[na:ça:rlamak]**

A1 I. naçarlamak 1 : Naçarlyk etmek, naçar galmak, erksizlenmek, ejizlemek.
II. naçarlamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] bir gapynyň agzynda gysmyljyrap we naçarlap çyňsamaga durdy.

**Nagyşlamak**

A1 I. nagyşlamak 2 : Nagyş bilen bejermek, nagyş salmak, nagyş çekmek.
II. nagyşlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Düzüpdir mekdebe şeýle bir albom, Goýupdyr oň gyralaryny[Kimi (ol)[Kim] nagyşlap, açsaň her sahypa durşuna bir tom.

**Naharlamak**

A1 I. naharlamak 2 : Nahar bermek, nahar iýdirmek.

II. naharlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gul eýeleri[Kim] öz gullaryny[Kimi] bütinleý diýen ýaly naharlamandyrlar.

**Nalamak[na:la:mak]**

A1 I. nalamak 2 : Biriniň elinden dat etmek, biri ýa-da bir zat barada gaty närazalyk bildirmek, güýçli zeýrenmek.
II. nalamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] öz gününden[Kimden] nalar ýalymydy näme?!

**Nallamak[na:llamak]**

A1 I. nallamak 2 : Nal kakmak, nal berkitmek.
II. nallamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Atyň aýaklaryny[Kimi] nallamak.

**Namartlamak[na:ma:rtlamak]**

A1 I. namartlamak 1 : Namart bolmak, gorkaklyk etmek, namartlyk etmek, bigaýratlap başlamak, ejizlemek.
II. namartlamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] beýle namartlaýdymyka?

A2 I. namartlamak 1 : Sözünden dänmek, sözünde tapylmazlyk, ähtiňden dänmek.
II. namartlamak→ [Kim]
Ör. Men son: "(Sen)[Kim] Gul yeser namartlama-da, bir az gujurlan" diyip, serdara azm urdum.

**Naýçalamak**

A1 I. naýçalamak 1 : Naýça emele gelip başlamak, düwüp başlamak, düwmek.
II. naýçalamak→ [Kim]
Ör. Hyýar[Kim] gülüni dökenden soň naýçalap başlaýar.

**Naýzalamak**

A1 I. naýzalamak 2 : Naýza sançmak, naýza sanjyp ýaralamak, naýza bilen dürtüşmek.
II. naýzalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Duşmany[Kimi] naýzalamak.

**Nazarlamak**

A1 I. nazarlamak 2 : Bir zada seretmek, çemine göz gezdirmek.
II. nazarlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Ala gözlerini Muhammede[Kime] nazarlap: -- Men-ä seniň näme diýjek bolýandygyňa hiç düşünüp bilmeýärin! -- diýip, diňirgenip durdy.

A2 I. nazarlamak 3 : Garawula almak, çenemek.
II. nazarlamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Rezin[Kim] turbany[Kimi] Orazalynyň döşüne[Kime] nazarlap, suw pürkdi welin, Orazaly döşünden ok degen däldi öýtmedi.

**Nejislemek[neji:slemek]**
A1 I. nejislemek 2 : Pislemek, näletlemek.
II. nejislemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ony[Kimi] hemmeler[Kim] nejisledi.

**Nemjiremek**
A1 I. nemjiremek 1 : Birneme çyg çekdirmek, birazajyk yzgar aldyrmak.
II. nemjiremek→ [Kim]
Ör. Radiatordan uly güýç bilen bug çykyp, maşynyň aýnasy[Kim] nemjiredi.

**Nemlemek**
A1 I. nemlemek 2 : Çyg çekdirmek, yzgar aldyrmak, çygjartmak.
II. nemlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Tohumlary[Kimi] nemlemek.

**Näletlemek**
A1 I. näletlemek 2 : Nälet aýtmak, gargyş etmek, gargamak.
II. näletlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Zelili[Kim] watansöýüjilik duýgusyna ýugrulan ýalkymly goşgularynda talaňçylary[Kimi] näletläpdir.

**Näsaglamak**
A1 I. näsaglamak 1 : Bir kesele duçar bolmak, nähoş bolmak, syrkawlamak.
II. näsaglamak→ [Kim]
Ör. Täze mirabymyz[Kim] näsaglady.

**Näzirgemek**
A1 I. näzirgemek 1 : Näz etmek, näzli bolmak.
II. näzirgemek→ [Kim]
Ör. Aýaly[Kim] näzigräp aýtdy oňa: — Wassyldan oturma, işiň bilen bol!

A2 I. näzirgemek 1 : Läliklik etmek, lälik bolmak, läliksirmek, sypaýyçylykly bahana aramak.
II. näzirgemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Näzirgäp gürrüň etmek.

**Nikalamak[nika:lamak]**
A1 I. nikalamak 1 : Nika gyýmak, nikaly etmek, nikada duruzmak.
II. nikalamak→ [Kim]

Ör. Men[Kim] gyrnak hem bolsam, şerigat kanunyna görä nikalanmasaň, meniň ýanyma gelmersiň.

**Niýetlemek**

A1 I. niýetlemek 3 : Bir zada, işe öňünden niýet etmek.
II. niýetlemek→ [Kim], [Kime], [Ne]
Ör. (Biz)[Kim] Maral gyza[Kime] uzak ömür, beýik bagt[Ne] niýetleýäris.

**Nogtalamak**

A1 I. nogtalamak 2 : Nogta salmak.
II. nogtalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] Göläni[Kimi] nogtalamak.

A2 I. nogtalamak 1 : (Göçme manyda) Erk-ygtyýary ele alynmak, agzyna seretdirilmek, ygtyýary elden gitmek.
II. nogtalamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Alaçsyz nogtalanyp galmak.

**Nokatlamak**

A1 I. nokatlamak 2 : Gep nokatlamak-heçjikläp birsyhly gaýtalap durmak.
II. nokatlamak→ [Kim], {Ne}tamamlayıcı
Ör. Ýeri, (sen)[Kim] gep{Ne} nokatlap, oturma bes et!

**Nurlanmak[nu:rlanmak]**

A1 I. nurlanmak 1 : Ýagtylanmak, şöhlelenmek.
II. nurlanmak→ [Kim]
Ör. Onuň gözi-de, ýüzi-de, göwni-de[Kim] nurlanýar.

**Nygtamak**

A1 I. nygtamak 2 : Bir zady aýratyn bellemek, aýratyn belläp geçmek.
II. nygtamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kemine[Kim] gaýtalanany öz pikirini[Kimi] has pugta nygtamak üçin peýdalanýar.

**Nyrhlamak**

A1 I. nyrhlamak 1 : Nyrh kesmek, bahalamak.
II. nyrhlamak→ [Kim]
Ör. (Siz)[Kim] Näçe nyrhlaýardynyz (TTS)?

**Nyşanalamak[nyşa:nalamak]**

A1 I. nyşanalamak 2 : Nyşana dogrulamak, nyşana tarap çenemek, nyşana almak.
II. nyşanalamak→ [Kim], [Kimden]

Ör. Ol[Kim] ýylanyň kellesinden[Kimden] nyşanalady (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=ny%C5%9Fan&lang=tk&search=Search &key=&tax=-1,17.03.2015)

**-O**

**Oburmak[o:burmak]**

A1 I. oburmak 2 : Bir zadyň ýüzüni, içini zarp bilen goparmak, oýmak.
II. oburmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Suw[Kim] kenary[Kimi] oburypdyr.

**Odanmak[o:danmak]**

A1 I. odanmak 1 : Bir zada gaty gynanmak, ýanmak, bişmek, heläk bolmak.
II. odanmak→ [Kim]
Ör. Garlynyň ýüregi[Kim] odandy.

**Odukmak[o:dukmak]**

A1 I. odukmak 1 : Gahar-hazaby has hem artmak, ot alan ýaly bolmak, öjükmek.
II. odukmak→ [Kim]
Ör. Aýna[Kim] büs-bütün odukdy.

**Oglanlamak**

A1 I. oglanlamak 2 : (Gepleşik dili) Çaga dogurmak, çagalamak.
II. oglanlamak→ [Kim], {Ne}tamamlayıcı
Ör. Onuň ejesi[Kim] ekiz{Ne} oglanlady.

**Ogşamak**

A1 I. ogşamak 2 : Dodaklary birine ýa-da bir zada degrip öpmek, posa almak.
II. ogşamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Artyk Babala[Kim] nebsewürlik bilen garandan soň ony[Kimi] mäkäm ogşady.

**Ogurlamak**

A1 I. ogurlamak 2 : Ogurlyk etmek, iliň zadyny duýdurman, gizlinlik bilen almak.
II. ogurlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Süýthorlaryň gallalaryny[Kimi] ogurlasaň hem, çozup alsaň hem günä bolmaz.

**Okamak**

A1 I. okamak 2 : Ýazylan ýazgyny, haty sesli beýan etmek ýa-da sesiz gözden geçirmek.
II. okamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Gazeti[Kimi] çaý başynda okasaň lezzeti aýry bolýar maňzyňa oturýar.

A2 I. okamak 1 : Bilim öwrenmek, ylymly bolmak üçin okuw bilen meşgullanmak, sowat, bilim almak.
II. okamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] okap-okap agranomçylyga ýetip heniz kolhoz ýerlerine timar berip başlamanka bolsa, öz bilýäniň, uruş başlandy.

A3 I. okamak 2 : Auditoriýada, märekäniň öňünde bir zat barada çykyş etmek.
II. okamak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Lektor halkara ýagdaýy hakynda leksiýa[Ne] okady.

**Okdurylmak**
A1 I. okdurylmak 2 : Biriniň ýa-da bir zadyň üstüne okgunly topulmak.
II. okdurylmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Birdenkä Akbilek[Kim] üýrüp, zynjyryny şakyrdadyp, gapa[Kime] tarap okduryldy.

**Oklamak1**
A1 I. oklamak 3 : Bir zady bir ýer zyňmak, taşlamak.
II. oklamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Aman aga[Kim] sakgaldaşynyň kädisini[Kimi] oňa[Kime] oklady.

**Oklamak2**
A1 I. oklamak 2 : Ot açýan ýaraglaryň agzyna ok bermek, ok doldurmak, ok sürmek.
II. oklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Bolgusyz gürrüňleri goý-da tüpeňleri[Kimi] okla!

**Okunmak**
A1 I. okunmak 2 : Hasap etmek, oý etmek.
II. okunmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Biderek ýerden duşman[Ne] okunmak nämä gerek.

**Oljalamak**
A1 I. oljalamak 2 : Duşmany ýeňip, zadymy olja almak, ele almak, ele düşürmek.
II. oljalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Biz)[Kim] Özümizi we hemme mal-emlägimizi[Kimi] oljalap alyp, öz ýurtlaryna baka sürüp ugradylar.

**Oltarmak**
A1 I. oltarmak 2 : Aýakgabyň aşagyna oltaň saldyrmak, çokaý oltarmak.
II. oltarmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Çaryk[Ne] oltarmak.

A2 I. oltarmak 2 : (Göçme manyda) Öz ýanyňdan pikirlenmek, oýlanmak, toslamak.
II. oltarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] şulary[Kimi] oltaryp gelişine oba sowetiniň jaýyna ýetenini hem bilmedi.

**Omadaklamak**

A1 I. omadaklamak 1 : Ellerini ýere berip, dört aýak bolup ýöremek.
II. omadaklamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Omadaklap ýöremek.

**Ommalmak**

A1 I. ommalmak 1 : Aşak egilip durmak.
II. ommalmak→ [Kim]
Ör. Biýaralaryň içinde dürli gawunlar[Kim] ommalyp ýatyrdy.

A2 I. ommalmak 1 : Başaşak gaýtmak, ýykylmak.
II. ommalmak→ [Kim]
Ör. Yraň atyp duran hayat[Kim] iteläp-iteläp ommalypdyr.

**Omurmak**

A1 I. omurmak 2 : Döwüp aýyrmak, güýç bilen iki bölmek döwmek.
II. omurmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tegelek çöregiň ortasyndan hapa, (ol)[Kim] çorly eli bilen basdy-da çöregi[Kimi] iki omrup, ýarty eline aldy.

**Omuzlamak**

A1 I. omuzlamak 2 : Bir biriňe omzuny diräp tutluşmak, omuz diremek, omzuny bermek.
II. omuzlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Pälwanlar[Kim] biri-birini[Kimi] omuzlap, gaçarak saklanyşyp, eýläk-beýläk itnişip tegelegiň içinde öwrüm etdiler.

**Omzamak**

A1 I. omzamak 2 : Güýç bilen öňe hareket etmek, öňe süýşmek, öňe dyzamak.
II. omzamak→ [Kim], [Kime]
Ör.Gandym aga[Kim], hany bir giňirak gürrüň bersene! -diýip öňe[Kime] omzady.

**Oňalmak**

A1 I. oňalmak 1 : Tertip-düzgüne girmek, gowulanmak, oňatlanmak, düzelmek.
II. oňalmak→ [Kim]
Ör. Orsgeldiniň durmuşy-ýagdaýy[Kim] oňalyp başlady.

**Oňarmak**

A1 I. oňarmak 2 : Bir zady düzetmek, tertibe salmak, bejermek.
II. oňarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Aparatyň dövürini[Kimi] oňarmak (TTS).

A2 I. oňarmak 2 : Bir işiň hötdesinden gelip bilmek, bir işi başarmak.
II.oňarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] halkyň arasynda has giň ýaýran çeper otorizmleri, nakyllary öz ýerinde degerli edip peýdalanmagy[Kimi] oňarýar.

A3 I. oňarmak 2 : (Gepleşik dili) Öz ýerinde aýtmak, hötdesinden gelmek, duzlamak (ses bilen).
II. oňarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sen[Kim] bolsa-da, ony[Kimi] oňardyň!

**Oňatlanmak**

A1 I. oňatlanmak 1 : gowulanmak
II. oňatlanmak→ [Kim]
Ör. İşler[Kim] oňatlanyp başlady ugrady.

**Oňdurmak**

A1 I. oňdurmak 2 : Berlen ýa-da alan zady bilen kanagatlandyrmak, razy boldurmak.
II. oňdurmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Biz[Kim] üzümi ekip, iki ýaşandan soň diňe gyş suwy bilen düme[Ne] oňdurýarys.

**Oňlamak**

A1 I. oňlamak 2 : Birini ýa-da bir zady makul bilmek, dogry tapmak, halatmak.
II. oňlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. İl[Kim] ony[Kimi] oňlasa, atyňy soý.

**Oňmak**

A1 I. oňmak 1 : Güzeran geçirmek, gün görmek, ýaşamak.
II. oňmak→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Bir sygyrsyz oňup bileris, emma erkeksiz oňup bilmeris.

A2 I. oňmak 1 : Çydam etmek, mydar etmek, takat etmek.
II. oňmak→ [Kim]
Ör. Wepa[Kim] şu howla aýak basman oňar.

A3 I. oňmak 1 : Şowly bolmak, şowuna düşmek, oň bolmak.
II. oňmak→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Her zat-da bolsa, agranomdana oňduk.

A4 I. oňmak 1 : (Gepleşik dili) Bes etmek, gutarmak, çäklenmek, tamamlamak.
II. oňmak→ [Kim]
Ör. Merdanyň kakasy[Kim]: --Hawa şeýle! --diýdi-de oňaýdy.

**Oňuşmak**

A1 I. oňuşmak 2 : Biri bilen ylalaşyp ýaşamak, agzybirlik saklamak.
II. oňuşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Arçyn aga[Kim] olar bilen[Kimle] hem özüm oňşaryn.

A2 I. oňuşmak 2 : Razy bolmak, kanagatlanmak.
II. oňuşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. (Men)[Kim] Kitabyň biri bilen[Kimle] oňuşýan bolsam, senden soramazdym.

**Opmak**

A1 I. opmak 1 : Esasan suw gitmek, yzgar almak zerarly aşak çökmek (ýer).
II. opmak→ [Kim]
Ör. Howlynyň ileri burçy[Kim] opdy.

**Opurmak**

A1 I. opurmak 2 : Goparyp aýyrmak, ýykmak, oýmak.
II. opurmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Güýçli ýagyş[Kim] diwarlary[Kimi] opurýar.

A2 I. opurmak 2 : (Göçme manyda) Işi bulaşyklyga salmak, işe zyýan bermek, ýykgynçlyk etmek.
II. opurmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] demokratik hereketi[Kimi] içeriden opurjak bolýarlar.

**Oramak**

A1 I. oramak 3 : Bir ýadyň daşyna saramak, daşyna dolamak, aýlamak.
II. oramak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] şol hemişeki ak donuny geýnip biline[Kime] hem uzyn ak guşagyny[Kimi] birnäçe sapar orapdyr.

**Orlaşmak**

A1 I. orlaşmak 1 : Sesli aglaşmak, gygyrşyp zenzeleli aglaşmak.
II. orlaşmak→ [Kim]
Ör. Ölen ölüp, ýola düşüp, Galanlar[Kim] galar orlaşyp, Haydar diýer, hatarlaşyp (çevrimiçi: http://www.turkmenler.org/turkmen /arhiw/teymur /seydiy.php,23.03.2015).

**Ormak**

A1 I. ormak 2 : Galla ýada başga ekinleri orak bilen kesip ýygnamak, hasylyny almak.

II. ormak→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Her kim[Kim] öz ekenini{Kimi} orar.

**Ornamak**
A1 I. ornamak 2 : Bir ýerde berkemek, kök urmak, ýerleşmek, siňmek.
II. ornamak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Biziň goşunlarymyz[Kim] öz bellän rubežlerinde[Kimde] berk ornadylar.

A2 I. ornamak 2 : Täsir etmek, täsiri ýetmek.
II. ornamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Artyk türme naçalnigine ýumrugyny gezemek isledi, emma eliniň awusy[Kim] ýüregine[Kime] ornady.

**Ortalamak**
A1 I. ortalamak 2 : Bir işiň ýada zadyň ortasyna çenli barmak, ýarysyna ýetmek.
II. ortalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Beýleki serbazlar nämäň-nämedigini saýgarýança, özlerini dürseýänçäler[Kim] ýoly[Kimi] ortalady (Seýıdow, 1986: 232).

**Oslamak**
A1 I. oslamak 2 : Bir zady güman etmek, çak etmek, garaşmak.
II. oslamak→ [Kim], [Ne]
Ör.(Ol)[Kim] Gözi ýer görmeýän haramzadalardan her zat[Ne] oslamak boljak.

**Osmak**
A1 I. osmak 3 : Şeýledir öýtmek, şeýledir diýip hasap etmek, meňzetmek, deňemek.
II. osmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Hemme adamy[Kimi] özüňe[Kime] osmazlar.

A2 I. osmak 2 : Bir zady güman etmek, çak etmek, garaşmak.
II. osmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] senden beýle zady[Kimi] osmandan soň äm-säm bolup durarlar.

**Osmaklamak**
A1 I. osmaklamak 2 : Bir zady bilmediksirän bolup, birine habar gatmak, birinden bir zat soramak.
II. osmaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Wepa[Kim] bu syry[Kimi] osmaklap bilmekçi bolup ahyry okuwyň iň soňky güni aňlady.

**Otamak**
A1 I. otamak 2 : Otag işini alyp barmak, otag işini geçirmek.

II. otamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] gowaça[Ne] otamakda, pagta ýygmakda, orak ormakda bolsun, özi ýaly gyzlardan pes durmaýar.

**Otarmak**

A1 I. otarmak 2 : Maly meýdana goýberip bakmak, öri meýdanynda bakmak, otlatmak.
II. otarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Haçan dünýä ýüzünden möjegiň tohumy kesilip, biz[Kim] arkaýyn goýunlarymyzy[Kimi] otaryp bilerkäk.

**Otlamak1**

A1 I. otlamak 1 : Örä çykmak, ot iýmek.
II. otlamak→ [Kim]
Ör. Goyunlar[Kim] otlap yörler (TTS).

**Otlamak2[o:tlamak]**

A1 I. otlamak 2 : Bir zada ot bermek, bir zady ýakmak, ýandyrmak, tutaşdyrmak.
II. otlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Elindäki ody öçüp giden papirasyny ýere taşlap täzesini[Kimi] otlady.

A2 I. otlamak 2 : Herekete getirmek, işletmek, ýöretmek (içinden ot alýan dwigateller barada).
II. otlamak→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Aýsoltan: --Patdy[Kim], maşyny{Kimi} otlasana! --diýip, oňa igendi.

A3 I. otlamak 2 : Oka tutmak, atmak, öldürmek.
II.otlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Duşmany[Kimi] rehimsiz otlamak gerek.

A4 I. otlamak 2 : (Gepleşik dili) Çürkemek, kösemek, işini görmek.
II. otlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Atam-enem[Kim] meniň işi[Kimi] otlaýarlar.

**Otukmak**

A1 I. otukmak 1 : Ot otlap, iým içmegi öwrenmek.
II. otukmak→ [Kim]
Ör. Göleler[Kim] otukýarlar.

**Oturmak**

A1 I. oturmak 2 : İki dyzyňy epip, bir ýerde ornaşmak.
II. oturmak→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Olar)[Kim] Goçbuýnuzli keçäniň üstünde[Kimde] oturdylar.

A2 I. oturmak 2 : Belli bir ýagdaýda bolmak, bir zat bilen meşgul bolmak.
II. oturmak→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Ol)[Kim] Bütin gün öýde[Kimde] oturmyş.

**Owadanlamak**

A1 I. owadanlamak 2 : Owadan görnüş bermek, owadan etmek, bezemek.
II. owadanlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Jaýyň birnäçe böleklerini[Kimi] pökgi şekiller bilen owadanlapdyrlar.

**Owazlanmak[owa:zlanmak]**

A1 I. owazlanmak 1 : Owaz çykarmak, seslenmek, ses çykarmak.
II. owazlanmak→ [Kim]
Ör. Owazlanýar göýä dutaryň tary[Kim].

**Owkalamak**

A1 I. owkalamak 2 : Bedeniň bir ýerini el bilen gysyşdyryp owmak, endamyň agyrýan ýerlerini basyşdyrmak, massaž etmek.
II. owkalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çigrek degen ellerini[Kimi] olar[Kim] çendan owkalaýardylar.

A2 I. owkalamak 2 : Bir zady gysyşdyryp owratmak, eliň aýasyna salyp mynjyratmak, külke etmek, hapasyny aýyrmak.
II. owkalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Kendir tužurkasynyň eteginde gatan laýy[Kimi] owkalady.

**Owlaklamak**

A1 I. owlaklamak 1 : Guzlamak (geçi, keýik hakda).
II. owlaklamak→ [Kim]
Ör. Bökjekleşýär marallary[Kim] owlaklady.

**Owmaçlamak**

A1 I. owmaçlamak 2 : Owmaç ýaly edip owmak, mum-helim etmek mynjyratmak.
II. owmaçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Köp adamlar[Kim] diş protezlerine zerurlyk dörese hem bialaçlykdanmy ýa-da kentlewigi bilen iýmiti[Kimi] owmaçlap iýip, özlerini kyn ýagdaýa salýarlar (çevrimiçi: www.saglyk.info/makalalar/12.05.2015).

**Owmak**

A1 I. owmak 2 : Bir zady eliň bilen owkalap mynjyratmak, kül etmek.
II. owmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gumy[Kimi] owup görýär hem-de ysgaýar.

A2 I. owmak 2 : Bir zady owkalap ezmek.
II. owmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ben)[Kim] Selmämi[Kimi] owup öýüme girdim.

**Ownamak**

A1 I. ownamak 1 : Böleklere bölünmek, maýda-maýda bolmak, owranmak uşamak.
II. ownamak→ [Kim]
Ör. Bu taýda bolsa hemme zatlar[Kim] bölenlere bölünýär we ownaýardy.

A2 I. ownamak 1 : Barha kiçelmek, ownuk bolup uşap başlamak.
II. ownamak→ [Kim]
Ör. Adamlar[Kim] ýylsaýyn ownadylar, tire bütinleýin ýitip gitmäge golaýlaşypdy.

A3 I. ownamak 1 : Ähmiýeti peselmek, pese gaçmak, agry gaçmak.
II. ownamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] soňky wagtlar has ownap başlapdyk, bolgusyz zatlary hem agzyna alýar.

**Owratmak**

A1 I. owratmak 2 : Maýda-maýda etmek ownuk böleklere bölmek, owram-owram etmek.
II. owratmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] çaklaňrak bir köpriniň aşagyndaky sementleri[Kimi] owratdy.

A2 I. owratmak 2 : Döwüp böleklere bölmek, aýyrmak.
II. owratmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Wüşi[Kim] kel peçe sazak[Ne] owradyp salmakda Hoşgeldä kömek bermäge başlady.

A3 I. owratmak 2 : (Göçme manyda) Dyr-pytrak etmek, derbi-dagyn etmek dagytmak.
II. owratmak→ [Kim], [Kimi]
Ör (Ol[Kim] Duşmany[Kimi] owradyp, läşini serer, Gazap edip salsaň, dagy hem ýarar.

**Owsarlamak**

A1 I. owsarlamak 2 : Owsar salmak.
II. owsarlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Düýäni[Kimi] owsarlamak.

**Owsunlamak**

A1 I. owsunlamak 1 : Möwç almak, owsun atmak, haýbatlanmak, sürünmek.
II. owsunlamak→ [Kim]

Ör. Bu pursatda Baýly özüniň saklanyp bilmeýändigini, göýä bir güýçli zat[Kim] owsunlap demine çekýän ýaly ygtyýaryny elinden oňa aldyrypdy.

**Owşanaklamak**

A1 I. owşanaklamak 1 : Satanyňy giň açyp ýöremek aýaklaryň arasyny giň açyp hereket etmek.
II. owşanaklamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Pälwanlara garşy owşanaklap ötägitdi.

**Owuçlamak**

A1 I. owuçlamak 2 : Owuç bilen almak, owjuňy doldurmak.
II. owuçlamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] bir zat[Ne] owuçlap, öňlügiň içine atan ýaly etdi (çevrimiçi: wap.ertir.com/index.php?q=blog&view=77334,24.03.2015).

**Owurtlamak**

A1 I. owurtlamak 2 : Owurda alyp içmek (suwuklyk hakda).
II. owurtlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Garly ussa[Kim] käsesine guýan çaýyny[Kimi] owurtlady.

**Oýanmak**

A1 I. oýanmak 1 : Ukudan açylmak, turmak.
II. oýanmak→ [Kim]
Ör. Gijäniň ýary geçenden soň, men[Kim] oýandym.

A2 I. oýanmak 1 : Ýüze çykmak, peýda bolmak, döremek.
II. oýanmak→ [Kim]
Ör. Köpçüligiň rewolýutsion initsiatiwasynyň[Kim] oýanmagy.

**Oýçarylmak[o:ýçarylmak]**

A1 I. oýçarylmak 1 : Hondan bäri bolmak, özüňi ýokary tumak.
II. oýçarylmak→ [Kim]
Ör. Mama[Kim] oýçarylyp, epeý jogap gaýtardy.

**Oýkamak**

A1 I. oýkamak 3 : Bir zady bir ýere sürtgülemek, yzygiderli süýkemek.
II. oýkamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Myrat[Kim] eliniň aýasyny[Kimi] dyzyna[Kime] oýkady-da, nas atmak üçin taýýarlandy.

**Oýkanjyramak**

A1 I. oýkanjyramak 1 : Eýläk-beýläk gozganmak, gymyldap oturmak, gozganjyramak.
II. oýkanjyramak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] oýkanjyrady-da: --Goýun bakaryn --diýdi.

**Oýkanmak**

A1 I. oýkanmak 2 : Bir zada süýkenmek, ýaplanyp gaşanmak.
II. oýkanmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] bir gün omzuny gaşamak üçin agaja[Kime] oýkanýar weli, ýokarsyndan naýynjar ses eşidilýär.

A2 I. oýkanmak 1 : Ynjalyksyz bolmak ýaýdanmak.
II. oýkanmak→ [Kim]
Ör. Stulda oturmaga öwrenişmänsoň, (ol)[Kim] gorka-gorka oýkanyp, oturgyjyny stola ýakynyrak süýşürdi.

**Oýlagramak[o:ýlagramak]**

A1 I. oýlagramak 1 : Gorkuly garanjaklamak, eýläňe-beýläňe gorkuly seretmek.
II. oýlagramak→ [Kim]
Ör. Lellik bilen körpe[Kim] oýlagrap, yzlaryna seredişip gelýärler.

**Oýlamak[o:ýlamak]**

A1 I. oýlamak 2 : Bar ünsüňi gönükdirmek, bir zat barada pikir etmek, pirirlenmek.
II. oýlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Şu beýik maşgalada özüniň nähili derejede orun tutandygyny[Kimi] oýlar.

A2 I. oýlamak 1 : Çak etmek, paýhas etmek, çaklamak.
II. oýlamak→ [Kim]
Ör. Myrat[Kim] öz ýanyndan: --indi bir çen boldy! --diýip oýlady.

**Oýmak2[o:ýmak]**

A1 I. oýmak 2 : Bir zady gazyp ýa-da kesip oý etmek, çukanak etmek.
II.oýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Agajyň ýüzünü[Kimi] oýup nagyş çekmek ussatçylygynyň güllemegi XVII asyra degişlidir.

**Oýmudyklamak**

A1 I. oýmudyklamak 1 : Oýmul-oýmul edip hereket etmek, oýmuldap ýörmek.
II. oýmudyklamak→ [Kim]
Ör. Düýe[Kim] derrew oýmudyklap, çökmek bilen boldy.

**Oýmuldamak**

A1 I. oýmuldamak 1 : Çaýkanjyrap hereket etmek, oýmudyklap hereket etmek.
II. oýmuldamak→ [Kim]
Ör. Bu heleý[Kim] oýmuldap, kynçylygy görmändir.

**Oýnaklamak**

A1 I. oýnaklamak **1** : Her hili oýunlar edip bökjeklemek, oýun etmek.
II. oýnaklamak→ [Kim]
Ör. Sypanda dor taýyň[Kim] sagrysyn, göwsün, silkinip oýnaklap, ol atýar owsun.

A2 I. oýnaklamak **1** : Çalt hereket etmek, hereketde bolmak, möwç almak.
II. oýnaklamak→ [Kim]
Ör. Tolkunlar[Kim] yzly-yza oýnaklap, düýrlenip, kenar gelýär. Gözleri oýnaklap duran ýaşuly oňa ýylgyryp seretdi.

**Oýnamak**

A1 I. oýnamak **2** : Oýun bilen meşgullanmak, oýuna gatnaşmak.
II. oýnamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ol[Kim] taýda bir topary üýşüp düzzüm[Ne] oýnaýardy.

A2 I. oýnamak **2** : Bir roly ýerine ýetirmek her hile hereketler bilen oýun görkezmek.
II. oýnamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. «Görogly» dramasynda ol[Kim] Öweziň roluny[Kimi] oýnady.

A3 I. oýnamak **2** : Biri bilen oýun etmek, bälçiräp biriniň üstünden gülmek, degişmek.
II. oýnamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Siz)[Kim] Meni[Kimi] oýnamaň maňa işlemäge mümkinçilik beriň!

A4 I. oýnamak **1** : Eýläk-beýläk hereket etmek.
II. oýnamak→ [Kim]
Ör. Onuň gara gözleri[Kim] oýnap durýardy.

**Oýnamlamak**

A1 I. oýnamlamak **2** : Oýnam bilen ölçemek, oýnam-oýnam edip çanamak.
II. oýnamlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] aşygyny[Kimi] oýnamlap sanaýardy.

**Oýtarmak[o:ýtarmak]**

A1 I. oýtarmak **1** : Töweregiňe diň salyp, ýaltak-ýultak etmek, garanjaklamak, üşerilmek, oýturaklaşmak.
II. oýtarmak→ [Kim]
Ör. Aýal-gyzlar[Kim] hem ony görenlerinde oýturaklap geçýärler.

**Oýurganmak[o:ýunganmak]**

A1 I. oýurganmak **1** : Oýa çümmek, oýa batmak, oýlanmak.
II. oýurganmak→ [Kim]

Ör. Ýör, melegim, synlaly biz çölleri/ (Sen)[Kim] Durmasana oýurganyp, ýaýdanyp (www.ertir.com/modules/blog.php?view=82319,24.03.2015)

**Ozmak**

A1 I. ozmak 1 : Öňe geçmek, ýetip ötmek, öň gelmek, birinji ýeri eýelemek (ýaryşda).
II. ozmak→ [Kim]
Ör. Tarlaň[Kim] şu gün ozmalydyr, ol atdan çykan taýdyr.

A2 I. ozmak 1 : Öň hatarda barmak, bir işde, ýaryşda üstün çykmak.
II. ozmak→ [Kim]
Ör. Egri azar, dogry[Kim] ozar.

**-Ö**

**Öçmek**

A1 I. öçmek 1 : sönmek
II. öçmek→ [Kim]
Ör. Köremesi galandan soň körügiň üstünde duran kömrüň ýylpyldylary[Kim] öçüp, üýşmejik gara bolup galypdy.

A2 I. öçmek 1 : Hereket etmekten galmak, durmak, sönmek (maşyn, motor barada).
II. öçmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. «Gazigiň» motory{Kim} öçdi, kenaryň beýle tarapynda işläp duran traktoryň gürrüldisi eşidilip ugrady.

A3 I. öçmek 1 : Görünmez bolmak, süpürilip aýrylmak.
II. öçmek→ [Kim]
Ör. Ýazylan hat[Kim] öçüpdir.

A4 I. öçmek 1: Geplemäňi bes etmek, lal bolmak, sesiňi kesmek.
II. öçmek→ [Kim]
Ör. Sen[Kim] öç, gygyrma, aýryl, ýapyşma, gapyny ýap!

**Ödemek[ö:demek]**

A1 I. ödemek 2 : Bir niýetlenen zada ýa-da ada mynasyp bolmak, bir zada laýyk iş etmek, hötde gelmek.
II. ödemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tejen otrýady Gyzyl Goşun[Kim] komandowaniýesiniň ynanjyny[Kimi] kemsiz ödedi.

**Ögemek[ö:gemek]**

A1 I. ögemek 1 : Ýürek bulanyp, düwnüp gaýtarasyň gelmek.
II. ögemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bokurdagyna çigit gabygy gidip, ögäp tas melamat bolupdy.

**Öjükmek[ö:jükmek]**

A1 I. öjükmek 2 : Birine bolan öjüň artmak, gaharyň güýjemek, görübilmezçiligiň, hyjuwyň artmak, öjeşmek.
II. öjükmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] barha oňa[Kime] öjügip başlardy.

**Ökdelemek**

A1 I. ökdelemek 2 : Ökde bolmak, öz hünäriňi artdyrmak, käriň we s. m. tärini ele almak, tejribäň artdyrmak, bir zady gowy bilmek, ussat bolmak, türgenleşmek.
II. ökdelemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] Türkmen diline[Kime] ökdeläpdir.

A2 I. ökdelemek 2 : (Göçme manyda) Güýjäp ugramak, üstün çykyp başlamak.
II. ökdelemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Aýsoltan[Kim] oňa[Kime] susty ökdeledi.

**Ökünmek**

A1 I. ökünmek 2 : Öz eden nädogry işiň üçin ahmyr çekmek gynanmak, puşman etmek, nebsiň agyrmak, .
II. ökünmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Kelhan kelle gyzgynlyk edip, ýalňyş iş edenine[Kime] ökündi.

**Ölçemek**

A1 I. ölçemek 2 : Ölçegini kesgitlemek, agramyny, uzynlygyny we s. m. bilmek, kesgitlemek, çekmek.
II. ölçemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tehnik[Kim] çeşmäniň çuňlugyny[Kimi] ölçedi.

A2 I. ölçemek 1 : (Göçme manyda) Bir zat barada pikirlenip, aýlanyp görmek.
II. ölçemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Ölçäp, biçip, belki-de meni suda bererler.

**Ölçermek**

A1 I. ölçermek 2 : Endigan ýakmak üçin agaçlary gozgaşdyrmak, çala ýanýan bölekleri güýçli ýanar ýaly etmek.
II. ölçermek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çüýşegöz[Kim] ody[Kimi] ölçerýärdi.

**Öljermek[ö:ljermek]**

A1 I. öljermek 1 : Çala öl bolmak, yzgar, nem çykmak.
II. öljermek→ [Kim]
Ör. Ýagşyň aşagynda galyp geýimi[Kim] öljerdi.

**Öllemek[ö:llemek]**

A1 I. öllemek 2 : Öl etmek, çyg çekdirmek, suwa ezmek, suw degdirmek.
II. öllemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Üstünde köp oýnalmakdan kä ýerleri süzülen matany[Kimi] suwa ölläp ýere ýazýarlar.

**Ölmek**

A1 I. ölmek 1 : Ýaşaýyşdan mahrum bolmak, dünýäden ötmek, wepat bolmak, aradan çykmak, ýogalmak.
II. ölmek→ [Kim]
Ör. Iki at depişer, arasynda eşek[Kim] öler.

A2 I. ölmek 1 : Ýok bolup gitmek, dowam etmegi kesilmek, bes etmek, ýitip gitmek.
II. ölmek→ [Kim]
Ör. Näme üçin biziň adatymyz[Kim] ölüp gideýär.

**Ölügsilenmek**

A1 I. ölügsilenmek 1 : Ölügsi bolmak, ýagtysy azalyp başlamak, şöhlesi öçüp başlamak.
II. ölügsilenmek→ [Kim]
Ör. Asmanyň ýiti ýyldyzlary[Kim] kem-kemden ölügsilenip, gündogardan göterilen daň şapagy dünýä ýüzüne çalymtyl çäkmen bolup çaýylýardy.

A2 I. ölügsilenmek 1 : Öçügsi bolmak, tutuk bolmak (reňk hakda) .
II. ölügsilenmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Bu matanyň reňki{Kim} ölügsilenipdir.

A3 I. ölügsilenmek 1 : (Göçme manyda) Şöhlesi gitmek, nury gaçmak, kütelmek (göz hakda).
II. ölügsilenmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Olaryň tükenen agyly gözleri{Kim} ölügsilenipdir.

**Öndemek**

A1 I. öndemek 3 : Birine bir işi etmekligi duýdurmak, yşarat arkaly aýtmak, habar bermek, ýola salmak, gönükdirmek.
II. öndemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol Poltoraskini ýeni bir gezek görerin, belki (siz)[Kim] hem ony[Kimi] gaçmaga[Kime] öndärin -- diýip oýlandy.

**Önmek[ö:nmek]**

A1 I. önmek 1 : Öndürijilikli bolmak, öndümli bolmak, köpelmek.
II. önmek→ [Kim]
Ör. Niçik, küýzejikler[Kim] önýärmi! ?

A2 I. önmek 1 : Hasyl bolmak, önüm peýda bolmak, emele gelmek, bitmek.

II. önmek→ [Kim]
Ör. Goý, üstüňden çaglar aksyn, gün düşmeýän baglar[Kim] önüp.

**Önüp-ösmek[ö:nüp-ösmek]**

A1 I. önüp-ösmek 2 : Dünýä inmek, döremek, dogulmak we ýaşamak.
II. önüp-ösmek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Seýdi[Kim] Amyderýa boýlarynda[Kimde] önüp-ösüpdir.

**Öňürdiklemek**

A1 I. öňürdiklemek 1 : Öňürdigine gitmek, ýuwaş çapmak.
II. öňürdiklemek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Ýaryşýan atlar[Kim} öňürdiklep barýardy.

**Öňürtmek**

A1 I. öňürtmek 2 : Bir zady beýlekilerden öň etmek, başgalardan öňünçä etmek.
II. öňürtmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ýetginjekler[Kim] hoşlaşyp, biri-birinden[Kimden] öňürtjek bolup, ýerli-ýerden gepläp başladylar.

A2 I. öňürtmek 2 : Öň gelmek ýa-da öň bakmak.
II. öňürtmek→ [Kim],[Kimden]
Ör. Ol[Kim] menden[Kimden] öňürtdi.

**Öpmek**

A1 I. öpmek 2 : Posa almak, ogşamak.
II. öpmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Berekella, gyzym, batyr bolmak gerek!- diýip, gujaklap manlaýyndan[Kimden] öpdü.

**Örklemek**

A1 I. örklemek 2 : Maly otarmak üçin otluk ýere daňmak.
II. örklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bir uly çynaryň üstünden bardy we (ol)[Kim] onuň saýasynda atyny[Kimi] örkläp, dynç almakçy boldy.

**Örküçlemek**

A1 I. örküçlemek 1 : Tolkun atyp beýik-beýik örküç, tolkun emele gelmek (deňiz suwy hakda).
II. örküçlemek→ [Kim]
Ör. Sähel salym wagt geçmänkä, şemal turup, gomlar[Kim] örküçläp ugrady, birneme howatyr etdirýärdi.

**Örmek1[ö:rmek]**

A1 I. örmek 2 : Ýörite çiş ýa-da maşyn arkaly ýüplükden, erişden we ş. m. önüm taýýarlamak.
II. örmek→ [Kim], [Ne]
Ör. Täze awtomatyň oturdylmagy[Kim] jorap[Ne] örmekde öndürjiligi ýokarlandyrmagy üpjün etdi.

A2 I. örmek 2 : Saçy ýada käbir ösümlikleriň baldaklaryny biri-biriniň içinden geçirip birleşdirmek, işmek.
II. örmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Mele[Kim] saçyny[Kimi] örüp ýeňsede düýrläp, Rus aýaly otyr oglun gujaklap.

A3 I. örmek 2 : Biri-biriniň üstünde tertipli goýup galdyrmak.
II. örmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Olar)[Kim] Eýýäm 10 müň sany kerpiçNe] örüpdirler

**Örmek2[ö:rmek]**

A1 I. örmek 1 : Gögerip başlamak, gögerip çykmak (ot hakda).
II. örmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Bahar gelip ot{Kim} örer, gür tokaýda döwran sürer.

A2 I. örmek 1 : Tüý çykmak.
II. örmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Ýalangaç eňegine bolsa iýmeşik gara gyllar{Kim} örüpdir.

A3 I. örmek 2 : Bedende herhili düwürtik peýda bolmak.
II. örmek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Çaga gyzamyk çykanda, bedeninde[Kimde] örgün[Kim] örýär.

A4 I. örmek 1 : Köplük bolup aýaga galmak, birden turup gitmek.
II. örmek→ [Kim]
Ör. Mugallym turanda, okuwçylar-da[Kim] ördi.

A5 I. örmek 1 : Birlikde ukudan turmak, oýanmak; turmak.
II. örmek→ [Kim]
Ör. (Siz)[Kim] Niçik? Sag-aman ördüňizmi?

**Örňemek[ö:rňemek]**

A1 I. örňemek 1 : Nesil artmak, köpelmek.
II. örňemek→ [Kim]
Ör. Maldarçylyk ösýär bizde, Goýun-guzy[Kim] örňäp düzde.

**Örtemek**

A1 I. örtemek 2 : Bir zada gynandyryp azap çekdirmek, gün ýamanyny görkezmek, horlamak.

II. örtemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Laçyn kibi gyza takdym, janymy[Kimi] örtedim ýakdym.

**Örtmek**

A1 I. örtmek 2 : Üstüni ýapmak, büremek.
II. örtmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýaz gelende, beýik bagy[Kimi] ak garlar[Kim] örtüp, Eräp-eräp derýa bolup, uzaklara akýarlar.

A2 I. örtmek 2 : Öňüni tutmak, öňüne gabat bolmak.
II. örtmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Günüň ýüzüni[Kimi] topbak bulut[Kim] örtdi.

A3 I. örtmek 2 : (Göçme manyda) Ýaşyrylmak, gizlenilmek (waka, gürrüň we ş. m. hakynda).
II. örtmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] öýlerinde bolan wakany[Kimi] örtdüler.

**Örüzmek[ö:rüzmek]**

A1 I. örüzmek 2 : Ürküzip uçurmak, ürküzmek.
II. örüzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Bilbiliň[Kimi] örüzdim bagyndan, Dolandym soly-sagyndan.

A2 I. örüzmek 2 : Aýaga galdyrmak, ör turuzmak, turuzmak.
II. örüzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Pökgeniň öýündäki oturanlary[Kimi] hem şu adamyň mojuk sesi[Kim] örüzdi.

A3 I. örüzmek 2 : Ukudan turuzmak, oýatmak, oýandyrmak.
II. örüzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Turan galmagal[Kim] ýatanlary[Kimi] örüzdi.

A4 I. örüzmek 2 : (Göçme manyda) Üstüne çozdurmak, küşgürmek.
II. örüzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] İti[Kimi] örüzmek.

**Ösmek**

A1 I. ösmek 1 : Gögerip boý atmak, boýy uzalmak, ýetişip barmak (ekerançylyk, bagçylyk, we ş. m. hakda).
II. ösmek→ [Kim]
Ör. Gün gyzyp başlaly bäri ekinler[Kim] gowy ösýär.

A2 I. ösmek 1 : Terbiýelenip ýetişmek, terbiýelenmek (Adam hakda).
II. ösmek→ [Kim]

Ör. Oylanlar[Kim] ösýär Sowet Soýuzynda çagalaryň sagdyn ösmekleri üçin ähli şertler döredilendir.

A3 I. ösmek 1 : Güýçlenmek, kuwwatlanmak, berkemek.
II. ösmek→ [Kim]
Ör. Biziň sowet jemgyýetimiz[Kim] ösýär, gülleýär.

A4 I. ösmek 1 : Kämilleşmek, ýaýbaňlanmak, ýiňelmek.
II. ösmek→ [Kim]
Ör. Öňki wagtda Türkmeniň saz sungatynda bolmadyk orkestr we ansamy[Kim] biziň döwrümizde döredi we günsaýyn ösýär.

A5 I. ösmek 1 : Düşünjäň artmak, düşünjeli bolmak.
II. ösmek→ [Kim]
Ör. Sowet adamlary[Kim] günsayyn ösyärler.

**Ötmek**

A1 I. ötmek 2 : Geçip gitmek, gapdalyndan, üstünden geçmek.
II. ötmek→ [Kim],[Kimden]
Ör. Ýetip hem durmadym, (men)[Kim] duşundan[Kimden] ötdüm.

A2 I. ötmek 1 : Geçmek (wagt hakynda).
II. ötmek→ [Kim]
Ör. Ýene bir ýyl[Kim] ötjek soň, men hem mekdebe gitjek.

A3 I. ötmek 1 : Ozup geçmek, öňe geçmek, ýeňmek, ozmak.
II. ötmek→ [Kim]
Ör. Ýaryş gurup, sen[Kim] ýaryşda ötersiň, Üstünlikden-üstünlige ýetersiň.

A4 I. ötmek 1 : Satyn alynmak, satylmak, geçmek.
II. ötmek→ [Kim]
Ör. Harytlar[Kim] ötdü.

A5 I. ötmek 1 : (Göçme manyda) Ýaşap geçmek, ölüp gitmek.
II. ötmek→ [Kim]
Ör. Danteniň gumanizmiň öň ýanynda adam[Kim] ötüp geçipdir.

A6 I. ötmek 1 : Bedene ýiti täsir etmek, awuşatmak, agyrtmak.
II.ötmek→ [Kim]
Ör. Göze guýlan derman[Kim] ötýär.

A7 I. ötmek 2 : Günäsini geçmek, bagyş etmek, ýazygyny bagyşlamak.
II. ötmek→[Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] Günäsini{Kimi} ötmek.

A8 I. ötmek 1 : Kesip bilmek, gowy kesmek(Palta, pyçak we ş. m. hakda).
II. ötmek→ [Kim]
Ör. Ýarty byçgylar, agzy gädik paltalar, jontuk pyçaklar[Kim] ötüpdür.

**Ötünmek**

A1 I.ötünmek 2 : Ötünç soramak, towakga etmek, haýyş etmek, eden ýalňyşyňy gaýdyp almak.
II. ötünmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Aşyr[Kim] iň soňunda, çaý başynda Artykdan[Kimden] uzur ötündi.

**Ötürmek**

A1 I. ötürmek 2 : Geçirip goýbermek, üsti bilen ýa-da içi bilen äkitmek.
II. ötürmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Harytlary[Kimi] Russiýanyň içinden ötür-de, Ýewropa ýetir.

A2 I. ötürmek 3 : Bir zadyň içinden geçirmek.
II. ötürmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] ertir irden ejesi we kakasy bilen hoşlaşyp, düwünçekli ýaglgyna[Kime] taýagy[Kimi] ötürip egnine atdy-da, Gyzyl Goşun gullugyna kabul edilýän punkta ugrady.

A3 I. ötürmek 3 : Bir zada ikinji bir zady geýdirmek, ildirmek.
II. ötürmek→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Barmaklara[Kime] ýüzük[Ne] ötürmek.

A4 I. ötürmek 1 : Belli bir wagty geçirmek.
II. ötürmek→ [Kim]
Ör. Kalizmiň öz möwriti[Kim] ötürüp görünýär.

A5 I. ötürmek 2 : Iş başarjaňlyk we ş. m. taýdan birinden artdyrmak, öňe geçmek.
II. ötürmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Elbetde degýär, ýoldaş Sähedow! Ogul[Kimi] öz kakasyndan[Kimden] ötürip barýar.

**Öweçlemek**

A1 I. öweçlemek 2 : Goýun geçiniň art aýaklaryndan galdyryp, iki öň aýagynyň üstünde ýöretmek.
II. öweçlemek→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. (Ol) [Kim] Goýny{Kimi} öweçlemek.

**Öwelmek**

A1 I. öwelmek 1 : Geň galyp, aňkaryp durmak, aňk bolup durmak.
II. öwelmek→ [Kim]

Ör. Sen[Kim] näme öwelýärsiň?

**Öwhüldemek**

A1 I. öwhüldemek 1 : Gynançly uludan dem almak, öwh çekmek.
II. öwhüldemek→ [Kim]
Ör. Kapaslykdan ejir çekan adam ýaly (ol)[Kim] öwhüldäp dem aldy.

**Öwmek**

A1 I. öwmek 2 : Taryp etmek, öwgüsini ýetirmek, taryplamak.
II. öwmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Özüňi[Kimi] özüň[Kim] öwme, seni[Kimi] halk[Kim] öwsün.

**Öwrenişmek**

A1 I. öwrenişmek 2 : Endik etmek, türgenleşmek.
II. öwrenişmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Emma ol[Kim] bu ýagdaýa[Kime] tiz öwrenişdi.

A2 I. öwrenişmek 2 : Ysnyşyp başlamak, ysnyşmak.
II. öwrenişmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Biz[Kim] onuň bilen[Kimle] öwrenşipdik.

A3 I. öwrenişmek 2 : Uýgunlaşmak.
II. öwrenişmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. (Ol)[Kim] Kynçylyklar bilen[Kimle] öwrenişmeli bolýar.

**Öwrenmek**

A1 I. öwrenmek 2 : Bilimi özleşdirmek, biz käri, seneti ele almak, bir zadyň tärini bilmek.
II. öwrenmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Adamzadyň we haýwanyň gylyk-häsiýetlerini[Kimi] oňat öwrenipdir.

**Öwretmek**

A1 I.öwretmek 2 : Birine bilim bermek, okadyp hünär aldyrmak.
II.öwretmek→ [Kim],[Kime]
Ör.(Men)[Kim] Meniň islegim: okamak soňra bolsa başgalara[Kim] öwretmek.

A2 I. öwretmek 3 : Bir işe girişmegi meýil etdirmek, türgenleşdirmek.
II. öwretmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Joralary[Kim] oňa[Kime] aýdym aýdyp tans etmegi we hiňňildikde uçmagy[Kimi] öwretdiler.

A3 I. öwretmek 2 : Nesihat bermek, maslahat bermek, akyl bermek.
II. öwretmek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Men[Kim] ony agzybir ýaşamagy[Kimi] öwretmäge gelendir diýip begendim.

**Öwsübermek**

A1 I. öwsübermek 1 : Öwsüp başlamak, ösüp başlamak, .
II. öwsübermek→ [Kim]
Ör. Gijara birden ýol[Kim] öwsüberdi.

A2 I. öwsübermek 1 : (Göçme manyda) Turup gidibermek, turup birden gitmek.
II. öwsübermek→ [Kim]
Ör.(Ol)[Kim] Oturan ýeriňden öwsübermek.

**Öwsünmek**

A1 I. öwsünmek 2 : Meýil etmek, hyýallanmak, begenmek, guwanmak.
II. öwsünmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Keýik awlamaga gitmäge[Kime] öwsünip oturan Mergenowyň islegini bu gün ýelli ýerine ýetirmeli boldy.

**Öwürmek**

A1 I. öwürmek 3 : Yzyna aýlamak, yzyna gaýtarmak, bir tarapdan beýleki tarapa dolamak.
II. öwürmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Kakasy bilen ejesi[Kim] ýüzlerini[Kimi] öz tamlaryna[Kime] baka öwrüp oturdylar.

A2 I. öwürmek 3 : Bir ugra ýüzlendirmek, bir tarapa gönükdirmek.
II. öwürmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Türkmen pulemýot komandasy[Kim] söweşiň iň gyzgalaňly wagtynda öz pulemýotlaryny[Kimi] aklara[Kime] bakan öwürdi.

A3 I. öwürmek 3 : Bir görnüşden başga bir görnüşe geçirmek, öňki görnüşini üýtgetmek, täze görnüşe salmak.
II. öwürmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Garagum kanalynyň suwy[Kim] meýdany[Kimi] lälezarlyga[Kime] öwürjek.

A4 I. öwürmek 3 : Daşyna aýlamak, daşyna oramak.
II. öwürmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Aýagynyň sargysyny[Kimi] ýene[Kime] bir gezek öwrüp deňdi.

A5 I. öwürmek 2 : Bir ýüzünden ikinji ýüzüne agdarmak, düňdermek.
II. öwürmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Kerpijiň ol ýüzüni[Kimi] öwür!

A6 I. öwürmek 2 : (Göçme manyda) Alyş-çalyş etmek, söwda etmek.

II. öwürmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] mallary[Kimi] öwürmek.

**Öwüsmek**

A1 I. öwüsmek 1 : Öňüni atyp ýöremek (at hakda).
II. öwüsmek→ [Kim]
Ör. Kolhozçy ýaş ýigitleriň birnäçesi atlary[Kim] öwüsýärdi.

A2 I. öwüsmek 1 : Öwüsgin bolmak, ýel gelmek, mylaýym şemal turmak.
II. öwüsmek→ [Kim]
Ör. Ýuwaşja şemal[Kim] öwüsýär, otlaryň ýakymly ysyny getirýärdi.

A3 I. öwüsmek 1 : Her hili görnüşe geçip durmak dürli reňkde öwsüp durmak, öwşün atmak.
II. öwüsmek→ [Kim]
Ör. Onuň al ýaňaklary[Kim] öwüsýär ýüzi aksowult, pakgylaç görünýärdi.

**Öýdemek1**

A1 I. öýdemek 2 : (Dokmaçylyk) Bir setir çitip çykmak öýdüm etmek (haly dokalanda).
II. öýdemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Halyçylar[Kim] halynyň ahyrky öýdümini[Kimi] öýdeýärler.

**Öýdemek2**

A1 I. öýdemek 2 : Üýşmek ownuk zadyň içinden irilerini saýlap almak.
II. öýdemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Irugijem[Kim] şundan gowusy[Kimi] çykar öýdemok ( Gowşudow,1989: 538).

**Öýkelemek**

A1 I. öýkelemek 2 : Birinden öýke etmek, kine etmek birinden nägile bolmak, göwnüň galmak.
II. öýkelemek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Sen)[Kim] Bizden[Kim/(Kimden)] öýkeläp gelmän ýörmikä? («Sowet edebiýaty» žurnaly)

**Öýkenlemek**

A1 I. öýkenlemek 1 : (Weterinariýa) Mala öýken keseli degmek.
II. öýkenlemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Sowuk degip öýkenlemek.

**Öýkünmek**

A1 I. öýkünmek 2 : Bir zady bir nusga boýunça etmek, biriniň eden zadyna meňzedip etjek bolmak.
II. öýkünmek→ [Kim], [Kime]

Ör. (Ol)[Kim] Klassyky sahyrlara[Kime] öýkünmek.

A2 I. öýkünmek 2 : Birine meňzejek bolmak, başga biriniň bolşuny özüne meňzedip etmek.
II. öýkünmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Mekdepden biri[Kim] oňa[Kime] öýkünip gygyran ýaly bolup eşidildi.

**Öýlenmek**
A1 I. öýlenmek 1 : Gelin, aýal almak, öýli-işikli bolmak maşgala durmuşyny gurmak.
II. öýlenmek→ [Kim]
Ör. Annagulynyň deňindäki oglanlaryň köpüsi[Kim] öýlendiler.

**Öýtmek**
A1 I. öýtmek 2 : Guman etmek, çak etmek, pikir etmek.
II. öýtmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Sen)[Kim] Ejem gelipdir[Ne] öýdýan.

**Özelenmek**
A1 I. özelenmek 1 : Birinden bir zady ýürek bilen ýalbarmak, haýyş etmek, jan edip soramak.
II. özelenmek→ [Kim]
Ör. Men[Kimi] özelenip soranymdan soň, maňa ol gyryň kesele uçraşyny gürrüň berdi.

**Özgermek**
A1 I. özgermek 1 : Başga görnüşe girmek, owalky boluşdan başga hala geçmek üýtgemek.
II. özgermek→ [Kim]
Ör. Howa[Kim] özgermedi.

**Özlenmek[ö:zlenmek]**
A1 I. özlenmek 1 : Özli bolmak, çeýe bolma.
II. özlenmek→ [Kim]
Ör. Hamyr[Kim] özlendi.

**Özleşdirmek[ö:zleşdirmek]**
A1 I. özleşdirmek 2 : Bir zada pugta düşünmek, bir zady öwrenmek, doly derejede bilmek.
II. özleşdirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Biz[Kim] himiýa sapagynda bir gezekki geçilýän temany[Kimi] tejribe üsti bilen özleşdirýäris.

A2 I. özleşdirmek 2 : Bir işiň täsrini ele almak.
II. özleşdirmek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Sulfat ýygnaýjy[Kim] maşyny[Kimi] özleşdirmeli.

A3 I. özleşdirmek 2 : Işläp bejermek, işläp taýýarlamak.
II. özleşdirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Maýsanyň saýlap alan temasy[Kim] Türkmenistanyň şor ýerlerini[Kimi] özleşdirmek we ekerançylykda peýdalanmak meselesidir.

**-P**

**Paçlamak[pa:çlamak]**

A1 I. paçlamak 2 : Paç almak, paç hökmünde salgyt salmak.
II. paçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] şeýdip, hepdede bir gezek bazary[Kimi] paçlap, bazar arasynda hem iki elini gowşuryp oturanok.

**Paçlatmak**

A1 I. paçlatmak 1 : Ýumruk bilen ýüzi kessiri bermek, urmak.
II. paçlatmak→ [Kim]
Ör. (Men)[Kim] Ýogsam, ynha, ýene bir paçladaryn welin! -- diýip haýkyrdy.

**Paglamak**

A1 I. paglamak 1 : Paggyldyly ses çykarmak, zogdurylyp akmak.
II. paglamak→ [Kim]
Ör. Etiň çorbasy[Kim] paglaýar.

A2 I. paglamak 1 : Atylyp gitmek, gümpüldemek.
II. paglamak→ [Kim]
Ör. Onuň elinde tutup oturan tüpeňi[Kim] paýlap gitdi.

**Pagşyldamak**

A1 I. pagşyldamak 1 : Pagşyldyly ses çykarmak.
II. pagşyldamak→ [Kim]
Ör. Ýap gazylyp, suw[Kim] pagşyldap akmandyr, bu ýerlerde daýhan pili gezmändir.

A2 I. pagşyldamak 1 : Çim pytrak bolup döwülmek, bir ýere batly degip ýa-da urulyp bölek-bölek bolmak, kül-uşak bolmak.
II. pagşyldamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Elindäki çäýnegi elinden gaçyryp pagşyldady.

**Pajarlamak[pa:jarlamak]**

A1 I. pajarlamak 1 : Ýaýrap ösmek, möwç almak, möwjemek.
II. pajarlamak→ [Kim]
Ör. Tut ağaçlarynyn hemmesi[Kim] pajarlady.

A2 I. pajarlamak 1 : Giň gerim almak, ýaýbaňlanmak, ösmek.
II. pajarlamak→ [Kim]
Ör. Rak keseline garşy göreşýän ýörite edaralaryň seti[Kim] giňden pajarlady.

**Pažžyldamak**
A1 I. pažžyldamak 1 : Pažžyldyly ses çykmak, pažžyldyly seslenmek.
II. pažžyldamak→ [Kim]
Ör. Suw[Kim] pažžyldady.

**Pakgarmak**
A1 I. pakgarmak 1 : Teniň bir ýeri çişmek, pökgermek, gabarçyk emele gelmek.
II. pakgarmak→ [Kim]
Ör. Suwdan ganman, agyz- dilleri[Kim] pakgardy.

**Pakgyldamak**
A1 I. pakgyldamak 1 : Pakgyldyly ses çykarmak, pakgyldyly seslenmek.
II. pakgyldamak→ [Kim]
Ör. Agzy[Kim] pakgyldady.

**Pakyrdamak**
A1 I. pakyrdamak 1 : Pakyrdyly ses çykmak, pakyrdyly seslenmek, gülüşmek.
II. pakyrdamak→ [Kim]
Ör. Annaguly sölpi Berdi ogly iki ýarym gün-diýeninden, hemmesi[Kim] pakyrdap gülüşdiler.

**Palanlamak**
A1 I. palanlamak 2 : Palan salmak, palanyny üstüne atyp berkitmek.
II. palanlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Aman aga[Kim] eşegine[Kime] palanlady.

**Palatallaşmak**
A1 I. palatallaşmak 1 : (Lingwistika) Ýumşaklaşmak.
II. palatallaşmak→ [Kim]
Ör. Rus dilindäki çekimsiz sesleriň köpüsi[Kim] palatallaşýar.

**Palçyklamak**
A1 I. palçyklamak 2 : Palçyk çalmak, palçyk bilen suwamak.
II. palçyklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň howlusynyň daş-töweregine aýlanan diwary[Kimi] palçyklady.

**Palçyldamak**
A1 I. palçyldamak 2 : Ýere batly gaçmak, gaçyp kul-uşak bolmak.

II. palçyldamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Agzyndaky nasyny[Kimi] palçyldady.

**Pallamak[pa:llamak]**

A1 I. pallamak 1 : Ýadawlyk ýa-da uky tutmaklyk zerarly arzyňy giň açyp, howany sorup we ýene-de çykaryp dem almak.
II. pallamak→ [Kim]
Ör. Begenç[Kim] gollaryny giň açyp gerindi, pallady.

**Paltalamak**

A1 I. paltalamak 2 : Palta bilen çapmak, palta bilen bölek-bölek etmek, yzly-yzyna palta salmak.
II. paltalamak→ [Kim],[Kimi]
Ör. Ajal[Kim] seniñ daragtyňy[Kimi] perwaýsyzlyk bilen paltalady (çevrimiçi: oainternational. free.fr/pax7.html,25.03.2015).

**Paňlamak**

A1 I. paňlamak 1 : Gopbamsyrap çişmek, hondan bärsi bolan bolmak, güpläp öwünmek.
II. paňlamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Synçynyň ýanynda-da ullakan-ullakan gürläp paňlapdy.

**Paramak[pa:ramak]**

A1 I. paramak 2 : Oňaýly täsir etmek, hep etmek, ýaramak, ýokmak.
II. paramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Onuň ýaly adama[Kime] diňe ýamanlyk[Kim] paraýar.

A2 I. paramak 1 : Ýeterlik derejede çatmak, etmek, çydamak.
II. paramak→ [Kim]
Ör. Ne ýangyç[Kim] paraýar, ne-de lemeh.

**Parawuzlamak**

A1 I. parawuzlamak 2 : Gyrasyna parawuz tutmak.
II. parawuzlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] bagana içmegin gyrasyny[Kimi] parawuzlady.

**Parçalamak**

A1 I. parçalamak 2 : Bölek-bölek etmek, böleklere bölmek, tike-tike etmek, bölеklemek, tikelemek.
II. parçalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bir gezek tas meniň hem budumy[Kimi] parçalapdy, taýagym janyma ýetişäýdi.

**Parhlandyrmak**

A1 I. parhlandyrmak 3 : Hil taýdan tapawudyny, parhyny anyklamak, ýokary baha bermek, üýtgeşiklik derejesini kesgitlemek, parh goýmak.
II. parhlandyrmak→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] ýagyşyny[Kimi] ýamandan[Kimden] parhlandyrdy.

**Parkyldamak**

A1 I. parkyldamak 1 : Parkyldyly ses çykmak, parkyldyly seslenmek.
II. parkyldamak→ [Kim]
Ör. Dabaraly el[Kim] parkyldady.

A2 I. parkyldamak 1 : Atylyp gitmek, ýarylmak.
II. parkyldamak→ [Kim]
Ör. Duşman guşy yzly-yzyna sallanyşdy ýere düşdi, petekesi[Kim] parkyldady, ganat gaçdy, perler çaşdy.

**Parlamak**

A1 I. parlamak 1 : Ýalpyldap nur saçmak, gaty yşyk bermek.
II. parlamak→ [Kim]
Ör. Gün şöhlesi[Kim] parlap ýere ýaýranda, köp bilim almaga göreş edýäris.

A2 I. parlamak 1 : Öwşün atyp durmak.
II. parlamak→ [Kim]
Ör. Gülälekler[Kim] parlady.

A3 I. parlamak 1 : Şemala, ýele galgamak, pasyrdamak, parryldyly seslenmek.
II. parlamak→ [Kim]
Ör. Çaýyň depesinde gyzyl baýdak[Kim] parlaýardy.

A4 I. parlamak 1 : Giň gerim almak, ýaýbaňlanmak, ösmek.
II. parlamak→ [Kim]
Ör. Kän işlerde öňde bolan, (sen)[Kim] parlap al-asmana galan.

**Parryklatmak**

A1 I. parryklatmak 2 : Burundan howa alyp dem çykaryp, parryldyly ses etdirmek, burun açmak.
II. parryklatmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýorga hopugýan ýaly burnuny[Kimi] parrykladýardy.

**Parryldamak**

A1 I. parryldamak 1 : Parryldyly ses çykmak, parryldyly seslenmek.
II. parryldamak→ [Kim]
Ör. Daşardan eşidilip duran horruldy has açygrak[Kim] parryldady.

**Parsylamak[pa:rsylamak]**

A1 I. parsylamak 1 : Pars dilinde geplemek, parsça geplemek.

II. parsylamak→ [Kim]
Ör. Kerim[Kim] parsylaýar.

A2 I. parsylamak 1 : (Gepleşik dili) Başga dilde geplemek.
II. parsylamak→ [Kim]
Ör. Doktor[Kim] mugallyma parsyldady-da: -- Hiçbir adam gitmesin! -- diýdi.

**Parsyldamak**
A1 I. parsyldamak 1 : Parsyldyly ses çykmak, parsyldyly seslenmek.
II. parsyldamak→ [Kim]
Ör. Hatda sak jereniñ balasy näzik teninden awuly dişler[Kim] parsyldap geçýänçä gara tegmilli sary monjuk garaklaryny-da açmaga ýetişmedi

**Partlamak**
A1 I. partlamak 1 : Güýçli, gaty ýarylmak, atylmak.
II. partlamak→ [Kim]
Ör. Okly sklad[Kim] partlady.

**Pasyrdamak**
A1 I. pasyrdamak 1 : Pasyrdyly ses çykmak, passyrdyly seslenmek.
II. pasyrdamak→ [Kim]
Ör. Zakaspiniñ merkezi Aşgabat-da gyzyl baýdak pasyrdady.

**Paşmak1**
A1 I. paşmak 1 : (Gepleşik dili) Amala aşmak, iş ýüzüne geçmek, başa barmak.
II. paşmak→ [Kim]
Ör. Onuň plany[Kim] paşdy (TTS).

**Paşşarmak**
A1 I. paşşarmak 1 : Paşjyk, ýasy bolmak, ýasy görnüşe eýe bolmak, ýuwaş-ýuwaşdan paşjyk bolmak.,
II. paşşarmak→ [Kim]
Ör. Äyneğin astynda burnu[Kim] paşşardy.

**Paşyrdamak**
A1 I. paşyrdamak 1 : Paşyrdyly ses çykmak, paşyrdyly seslenmek.
II. paşyrdamak→ [Kim]
Ör. Duzly kelem, hyýar[Kim] paşyrdap, gyzyl pomidor, her hili yslyja otlar barha işdäñi açýardy.

**Patanaklamak**
A1 I. patanaklamak 1 : Aýak bitmedik köşek ýaly gödeksi ylgamak, ýüwürmek, çapmak.

II. patanaklamak→ [Kim]
Ör. Adam[Kim] önüne seretman patanaklayar (çevrimiçi: www.ertir.com/ modules/ microblog.php?show=116504,25.03.2015).

**Patdyldamak**

A1 I. patdyldamak 1 : Patdyldyly ses çykmak, patdyldyly seslenmek.
II. patdyldamak→ [Kim]
Ör.Patdy barýar (ol)[Kim] patdyldap, patdy afiaş görýär.

A2 I. patdyldamak 1 : Ýöremegi zordan başarmak, kynlyk bilen ýöremek.
II. patdyldamak→ [Kim]
Ör. Hawa agzalar[Kim] patdyldap oturanmysynyz (çevrimiçi: www.ertir.com/modules /microblog.php?show=91302,25.03.2015)

**Patlamak**

A1 I. patlamak 1 : Patdyldyly ses çykmak, patdyldyly seslenmek.
II. patlamak→ [Kim]
Ör. Ýakasyna tüýkürjek bolanda, kellesinden börügi[Kim] patlap öňüne gaçdy.

**Patlatmak**

A1 I. patlatmak 2 : Patdyldyly ses çykarmak, patdyldyly ses etmek.
II.patlatmak → [Kim], [Kimi]
Ör. Inçemik uzyn murtlary aşak sallanan uzyn işçi ýerinden galdy-da, (ol)[Kim] köne papagyny[Kimi] oturgyja patladyp urdy.

A2 I. patlatmak 2 : (Gepleşik dili) Urmak.
II. patlatmak → [Kim],[Kime]
Ör. Ol[Kim] sag eli bilen onuň arkasyna[Kime] patlatdy.

**Patraşmak**

A1 I. patraşmak 1 : Patrak ýaly açylyşmak, ýagty şöhle saçyşyp durmak, ýalpyldaşmak.
II. patraşmak→ [Kim]
Ör. Ynha derýa hiç darykman akyp dur, ýyldyzlar[Kim] patraşyp, maňa bakyp dur.

**Patyrdamak**

A1 I. patyrdamak 1 : Patyrdyly ses çykmak, patyrdyly seslenmek.
II. patyrdamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bu demde hut oňa jogap beren dek, patyrdady birden iki-üç gezek.

**Paýalamak[pa:ýalamak]**

A1 I. paýalamak 2 : Paýa urmak, paýa diremek, paýa söýemek, direg urmak.
II. paýalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] üzümi[Kimi] paýalady.

**Paýawlamak**

A1 I. paýawlamak 1 : Ahyryna ýetmek, tamamlamak, gutarylamak, soňlamak.
II. paýawlamak→ [Kim]
Ör. Şondan soň oýun[Kim] hem paýawlaýar.

**Paýhaslanmak**

A1 I. paýhaslanmak 1 : Akyl ýetirmak, paýhas, pikir edilmek, pähimlenmek.
II. paýhaslanmak→ [Kim]
Ör. Işler[Kim] örän paýhaslanyp edilendir.

**Paýhynlamak**

A1 I. paýhynlamak 2 : Leýs etmek, döküp, kakyp ýaýratmak, segin etmek, haraplamak.
II. paýhynlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. İtler[Kim] yorunjany[Kimi] paýhynlady.

A2 I. paýhynlamak 2 : (Göçme manyda) Gyrlyp gutarmak, gytgyna bermek, gyrmak.
II. paýhynlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Paýhynladym elim bile, bir topar ganym duşmany[Kimi].

**Paýlamak[pa:ýlamak]**

A1 I. paýlamak 2 : Bölüp bermek, üleşdirmak.
II. paylamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Halnazar baýyň mallaryny[Kimi] paýlap beräýermikäler?

A2 I. paýlamak 2 : Köpçülige ýaýratmak, dargatmak.
II. paylamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýeri, meniň ýaly bir uly obany salgyt kagyzyny[Kimi] (ol)[Kim] paýlamaly bolsa, näderdikä?

**Paýpyldamak**

A1 I. paýpyldamak 1 : Agras ädim bilen yranyp ýöremek.
II. paýpyldamak→ [Kim]
Ör. Aýazhan[Kim] paýpyldaýar.

**Paýramak**

A1 I. paýramak 1 : Seçelendirip ýaýramak, dargap gitmek, pytramak.
II. paýramak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Gözlerimden ýaş{Kim} paýrady, burçuň düýbün iýen ýaly.

**Paýyrdamak**
A1 I. paýyrdamak **1** : Ýagyş ýagan ýaly dökülmek, sepelenip gaçmak.
II. paýyrdamak→ [Kim]
Ör. Bişip oturan erik kakylanda, (ol)[Kim] paýyrdap döküldi.

**Pazlamak**
A1 I. pazlamak **1** : Wazyrdap ot alyp ýanmak.
II. pazlamak→ [Kim]
Ör. Toýjanyň otluçöp degen gaz ýaly (sen)[Kim] pazlaman, gaýta bir hili söllerişinden ussa onuň hemişeki Atajanow däldigini derrew aňlady.

**Pazzyldamak**
A1 I. pazzyldamak **1** : Pazzyldyly ses çykarmak, pazzyldyly seslenmek.
II. pazzyldamak→ [Kim]
Ör. İslän wagtyn özünden-özi gyzýan, gazy otluçöp degirmegine mähetdel kwartira[Kim] pazzyldady.

**Peçatlamak**
A1 I. peçatlamak **2** : Peçat basyp tassyklamak, paçat- möhür basmak.
II. peçatlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Täze şahadatnamalary[Kimi] peçatlap çykdylar.

A2 I. peçatlamak **2** : Bir zadyň agzyny, gapysyny möhürläp ýapmak, sürgüçlemek.
II. peçatlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Skladyň agzyny[Kimi] peçatladylar.

**Peleseňlemek**
A1 I. peleseňlemek **1** : Bir zadyň ýa-da biriniň ugrunda aladalanmak, hars urmak.
II. peleseňlemek→ [Kim]
Ör. Pişik[Kim] peleseňläp, suwuň töwereginden aýrylmady.

**Pelpellemek**
A1 I. pelpellemek **1** : Howada ganat kakyp durmak, ganat gerip durmak.
II. pelpellemek→ [Kim]
Ör. Suw guşlar[Kim] pelpelläp, ganat kakýarlar.

A2 I. pelpellemek **1** : Galgamak, ýelkildemek.
II. pelpellemek→ [Kim]
Ör. Ýapraklar[Kim] pelpelledi.

**Pelteklemek**
A1 I. pelteklemek **1** : Sesleriň käbirini nädogry aýdyp geplemek.
II. pelteklemek→ [Kim]

Ör.Asyl meniň dilim[Kim] peltekleýän däldir.

**Penalamak[pena:lamak]**

A1 I. penalamak 2 : Gorag edinmek, görünmezlik üçin bir zadyň arkasyna dolanmak, pena edinmek.
II. penalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] tut agaçlaryny[Kimi] penalap, daş- töwereginde bolup duran hereketleriň birini hem sypdyrman, gözden geçirmäge başlady.

A2 I. penalamak 2 : (Göçme manyda) Arka tutmak, hossar bolmak, arka durmak.
II. penalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Annadurdy[Kim] murt rejaniň geň däldigini bilip, derrew bizi[Kimi] penelady.

**Penjelemek**

A1 I. penjelemek 2 : Penje bilen gysymlamak, tutmak.
II. penjelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Öwez tüýüni ýolmalap oturan telpegini[Kimi] penjeledi-de -- Ýalan sözleme! -- diýdi.

A2 I. penjelemek 2 : Penje urmak, ýapyşmak, ýolmamak.
II. penjelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. İt[Kim] diňe onuň köne donunyň ýagyrnysyny[Kimi] penjeläp bilipdir.

**Pentlemek**

A1 I. pentlemek 2 : Nesihat, wesýet bermek, tabşyrmak.
II. pentlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gaýdyp kartyň golaýyna barmaýyn -- diýip, (ol)[Kim] öz-özüni[Kimi] pentlärdi.

**Perdelemek**

A1 I. perdelemek 2 : Tyty tutmak, perde tutmak.
II. perdelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Aýalary[Kimi] perdelemek.

A2 I. perdelemek 2 : Kirişli saz gurallarynyň käbiriniň sapyna perde etmek.
II.perdelemek→[Kim],[Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Dutaryň sapyny[Kimi] perdelemek.

A3 I. perdelemek 2 : (Göçme manyda) Ýüzüni örtmek, üstüni basyrmak, gizlemek, ýaşyrmak.
II. perdelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Ýöne özüň üçin bolup serasap, Iş edeňde hereketiň[Kimi] perdele.

**Peselmek**

A1 I. peselmek 1 :Boýy kemelmek, tekizligi bozulyp, bir ýeri çökmek, pes bolmak.
II. peselmek→ [Kim]
Ör. Öý[Kim] peselipdir.

A2 I. peselmek 1 : Aşak düşmek, azalmak, aşaklamak.
II. peselmek→ [Kim]
Ör. Howanyň temperaturasy[Kim] peseldi (TTS).

A3 I. peselmek 1 : Saglygyň ugry gaçyp başlamak, erbetleşmek, ýaramazlaşmak.
II. peselmek→ [Kim]
Ör. Syrkawyň haly[Kim] peselýär.

A4 I. peselmek 1 : Gymmaty, nyrhy azalmak, kemelmek, arzanlamak.
II. peselmek→ [Kim]
Ör. Pagtanyň sortuny garyşdyrsak, bahasy[Kim] peseler.

A5 I. peselmek 1 :Ýuwaşamak, gowşamak, haýallamak.
II. peselmek→ [Kim]
Ör. Ýaz ysyn göterip şemaljyk geldi, Şonda ýagýan garyň bady[Kim] peseldi.

**Pessaýlanmak[pessa:ýlanmak]**

A1 I. pessaýlanmak 1 : Ýuwaşap başlamak, gowşamak (esasyny şemal, ýel hakda).
II. pessaýlanmak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Şemal{Kim} pessaýlap buludy kowup gitdi.

A2 I. pessaýlanmak 1 : Ýuwaş- ýuwaşdan inmek, kem- kemden aşaklamak, usullyk bilen ýerlemek.
II. pessaýlanmak→ [Kim]
Ör. Samolýot[Kim] pessaýlap gonmaly boldy.

**Peşemek**

A1 I. peşemek 2 : Öň aýaklaryň bilen ýeri dörmek, dörjelemek, oýmak (Käbir haýwanlar hakda).
II. peşemek→ [Kim], {Ne}tamamlayıcı
Ör. Laçyn[Kim] töweregindäki atlara haýbat atmak bilen ýer{Ne} peşeýärdi.

**Peşjermek**

A1 I. peşjermek 1 : Içi boşan ýaly bolup aşak düşmak, pezzermek, söllermek, süllermek.
II. peşjermek→ [Kim]
Ör. Bu yşaratdan soň Suwhan aganyň ujy[Kim] çowluja murtlary sümek ýaly peşjerdi.

**Petdelemek**

A1 I. petdelemek 2 : Ýyglandan soň depeläp, petde görnüşine getirmek.
II. petdelemek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Ýandak[Ne] petdelemek.

A2 I. petdelemek 2 : Küt-küt edip topbaklap daňmak, bogmak.
II. petdelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kolhozyň başlygy haly horjundan, çykardy (ol)[Kim] kagyz manady[Kimi] petdeläp.

**Petiklemek**

A1 I. petiklemek 2 : Bentlemek, dyky we ş. m. Zat bilen beklemek, ýapmak, çykmak.
II. petiklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Faşistleriň çykyp gaçaýjak ýerini[Kimi] petiklediler.

**Petişlenmek**

A1 I. petişlenmek 1 : Dymyk bolmak, tutuk bolmak, kapaslanmak.
II. petişlenmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Gijara ýel turjak ýaly, howa{Kim} totlandy-da petişlendi.

**Petlemek1**

A1 I. petlemek 2 :Matany, ýüpegi gatltmak üçin petiň için salmak, pet bermek.
II. petlemek→[Kim], {Ne}tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] Ýüpek{Ne} petlemek.

**Petlemek2**

A1 I. petlemek 2 : Petle kakmak, petle oturtmak.
II. petlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Tugta gapyýy[Kimi] petledi.

**Petremek**

A1 I. petremek 1 : Hanasyndan çykjak ýaly mölermek, alarmak (göz hakda).
II. petremek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Onuň gözleri{Kim} peträpdur.

**Petreşmek**

A1 I. petreşmek 1 : Ýiti şöhlelenip ýalpyldaşmak, ýaldyraşmak.
II. petreşmek→ [Kim]

Ör. Asmandaky ýyldyzlar[Kim] bulutlaryň, hatda sähelçe dumanyň-da ýoklugyna begenýän ýaly petreşip, aşak seredişýärdiler.

**Peýdalanmak[peýda:lanmak]**

A1 I. peýdalanmak 2 : Öz geregiňe ulanyp, haýyrlanyp bilmek, işletmek (gural, esbap, maşyn we ş. m. barada).
II. peýdalanmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eger biz[Kim] nebit skwajynalaryny[Kimi] iň soňky müşkinçilge çenli peýdalanmak, onda planymyzy dolduryp bilmeris.

A2 I. peýdalanmak 2 : Bir zatdan özüňe peýda, haýyr, nep görmek, düşewünt gazanmak.
II. peýdalanmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Sen[Kim] meniň alaçsyzlıgymdan[Kimden] peýdalanaýarsyň (TTS).

A3 I. peýdalanmak 2 : Öz ýerinde ulanyp bilmek.
II. peýdalanmak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Şahyr[Kim] öz eserlerinde[Kimde] satirany örän täsirli, ýiti ýarag hökmünde ussatlyk bilen peýdalandy.

**Peýlemek**

A1 I. peýlemek 2 : Biriniň yzyna gizlin düşmek, ogryn garamak, ogryn yzarlamak, aňtamak.
II. peýlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Garawul[Kim] hem ogryn basyp, tamyň düýbüni syryp, aralykdan boýnuny uzatjak adamyny[Kimi] peýläp, bir ädim ara goýup maý aldy.

A2 I. peýlemek 2 : Bir zadyň amatyny gözlemek, amatyny tapjak bolmak, maý agtarmak, çemini gözlemek.
II. peýlemek→ [Kim], {Ne}tamamlayıcı
Ör. (Men)[Kim] Olary tutmak üçin, pursat{Ne} peýläp ýörerdim.

**Pezzermek**

A1 I. pezzermek 1 : Gabarmak, hüžžermek.
II. pezzermek→ [Kim]
Ör. Onuň gözleri uçganaklady, murty[Kim] pezzerdi, gollaryny çyzgap, ellerini owkalaşdyrdy.

**Pähimlenmek**

A1 I. pähimlenmek 1 : Pähim etmek, akyl ýetirmek, paýhaslanmak, oýlanmak, pikirlenmek.
II. pähimlenmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] pähimlenip birneme dymansoň sözüni dowam etdi.

**Pikirlenmek**

A1 I. pikirlenmek 1 : Bir zat hakda pikir etmek, bir zada pikiriňi gönükdirmek, oýlanmak, paýhaslanmak.
II. pikirlenmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] öz içinden: -- Ýaňky gybatlar eýýäm Gulman arçynyň gulagyna ýetip, ýasawulyny iberipdir-ow! -- diýip pikirlendi.

**Pilislemek**

A1 I. pilislemek 1 : (Dialektal söz) heňlemek
II. pilislemek→ [Kim]
Ör. Çörekler[Kim] pilisledi.

**Pislemek[pi:slemek]**

A1 I. pislemek 2 : Erbet görmek, ýaman görmek, näletlemek, masgaralamak.
II. pislemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Eger şeýtse, elbetde, ol aýaly[Kimi] uly il[Kim] pislär ahyryn, çünki Gurt hem onuň üçin söweşdi.

**Pişgelemek**

A1 I. pişgelemek 2 : Ýüňi darap, pişge görnüşini bermek.
II. pişgelemek→ [Kim], {Ne}tamamlaýjy
Ör. Ol[Kim] egirmek üçin ýüň{Ne} pişgeledi (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=pi%C5%9Fgelemek&search=Search&key=&tax=-1).

**Pitiklemek**

A1 I. pitiklemek 2 : Pitik bilen urmak, pitik bilen kakmak.
II. pitiklemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Pälwanyň derçirän burnuna[Kime] mäkäm pitikledi.

**Pitremek**

A1 I. pitremek 1 : Kül bolmak, tüýdülmek, owranmak (mata we ş. m hakda).
II. pitremek→ [Kim]
Ör. Ol ýama-da tutanok, tutan ýeriň[Kim] piträp barýar.

**Porsamak**

A1 I. porsamak 1 : Ynjap, zaýalanyp ýakymsyz ys çalmak, harap bolup yslanmak.
II. porsamak→ [Kim]
Ör. Balyk[Kim] başyndan porsar.

A2 I. porsamak 2 : (Göçme manyda) Birine paýyş, sögünç söz aýtmak.
II. porsamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] elindäki gapyrjagyny ýere goýdy-da, gaharyna[Kime] porsady.

**Poslamak**

A1 I. poslamak 1 : Ýüzi pos bilen örtülmek, pos baglamak, pos bolmak, zeňlemek.
II. poslamak→ {Kim}tamamlayıcı
Ör. Azalyň oky ýerinde bolsa-da tutawajy çykypdyr, demri{Kim} poslapdyr.

**Pökgermek**

A1 I. pökgermek 1 : Ýellenip çişmek, çişip gübermek, ýellenmek.
II. pökgermek→ [Kim]
Ör. Ol çalymtyk reňkli, ullakan gözleri[Kim] pökgerip içerik üns berip, nazaryny aýlady.

A2 I. pökgermek 1 : Güberilip, çişen ýaly bolup durmak.
II. pökgermek→ [Kim]
Ör. Onuň galyň dodaklary[Kim] pökgerip, ullakan burnunyň öňünde towlanyp duran murtlary bardy.

A3 I. pökgermek 1 : Ýognamak, semremek.
II. pökgermek→ [Kim]
Ör. Men[Kim] pökgerdim.

A4 I. pökgermek 1 : (Göçme manyda) Çişip ölmek.
II. pökgermek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Edil çerrik iýen goýun ýaly pökgermelidir.

**Pösürdemek**

A1 I. pösürdemek 1 : Pösürdili ses çykmak.
II. pösürdemek→ [Kim]
Ör. Ýüzi gaýmaklan çägänin içi[Kim] pösürdedi.

**Pötlemek**

A1 I. pötlemek 2 : Bat bilen baryp degmek, baryp urulmak, pöt edip urulmak.
II. pötlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Pökgi[Kim] onuň arkasyna[Kime] pötledi.

**Puçlamak[pu:çlamak]**

A1 I. puçlamak 2 : Puç etmek, biderek hasaplamak, sen boş diýip aýtmak.
II. puçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Meni[Kimi] puçlasaň-edil agzyňa zäk atylan ýaly ederin.

**Pudaklamak[pu:daklamak]**

A1 I. pudaklamak 1 : Pudak çykaryp başlamak, pudak ösüp başlamak.
II. pudaklamak→ [Kim]
Ör. Oturdylan alma agaçlary[Kim] pudaklap başladylar.

**Pudamak[pu:damak]**

A1 I. pudamak 2 : Pudaklaryny kesip ýylmamak, pudaklaryny çapyşdyryp aýyrmak, çapmak.
II. pudamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Deregi[Kimi] pudadym syrdamrak etdim, Has parlap össün ol, düýbüni depdim.

**Pugtalamak**

A1 I. pugtalamak 2 : Mäkäm edip goýmak, berkitmek, berkleşdirmek.
II. pugtalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Soňra ýüni[Kimi] ýene-de pugtalaryn.

**Pullanmak**

A1 I. pullanmak 1 : Puluň köpelmek, pully bolmak, baý bolmak.
II. pullanmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] soňky wagtlarda pullanyp başlapdyr.

**Pürdemek**

A1 I. pürdemek 2 : Agajyň gapdallaryndan, düýbünden gögerip çykan ownujak şahajyklaryny kesip aýyrmak, kesip ýylmamak.
II. pürdemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bu iki çaga[Kim] gülleri[Kimi] pürdemäge başladylar.

**Pürepürlemek**

A1 I. pürepürlemek 2 : Erňegine çenli doldurmak, mazaly doldurmak, pürepür etmek.
II. pürepürlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ähli stakany[Kimi] pürepürledi.

**Pürkmek**

A1 I. pürkmek 3 : Pürkgüç we ş. m. gural bilen ýa-da agzyna suw alyp sepelemek, sepeläp dökmek.
II. pürkmek→ [Kim], [Kime], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Ýüzüne, kellesine[Kime] odekolon[Ne] pürkdi.

**Pürrelemek**

A1 I. pürrelemek 2 : Ýoluşdyryp, ýykyşdyryp döwüşdirmek (ösümlik hakda).
II. pürrelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] bişmedik almalary[Kimi] pürreledi.

A2 I. pürrelemek 2 : (Göçme manyda) Bir ýan ujundan ýok etmek, bir ýan ujundan gyrmak, öldürmek.
II. pürrelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. İtleriň ýiti dişleri we awçylaryň oklary[Kim] möjekleri[Kimi] pürreledi.

**Püwdürmek**

A1 I. püwdürmek **2** : Zogduryp, birden batly çykarmak, akdyrmak.

II. püwdürmek→ [Kim], [Kimi]

Ör. Olar[Kim] suwy[Kimi] püwdürdüler.

**Pyçaklamak**

A1 I. pyçaklamak **2** : Pyçak bilen urmak, pyçak sokmak, pyçak sançmak, pyçaklap ýaralamak.

II. pyçaklamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Ol[Kim] adamy[Kimi] pyçaklady.

**Pykyrdamak**

A1 I. pykyrdamak **1** : Pykyrdyly ses çykmak, pykyrdyly seslenmek.

II. pykyrdamak→ [Kim]

Ör. Ýoldaşlary[Kim] onuň göwni üçin pykyrdady.

**Pylçamak**

A1 I. pylçamak **2** : Bir zadyň ýüzüne bat bilen taşlamak, gazap bilen zyňmak, urmak, göterip ýere urmak.

II. pylçamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Babahan arçyn soňky karta gözi düşende, baryny[Kimi] birden (ol)[Kim] pylçap urdy.

**Pyntyklamak**

A1 I. pyntyklamak **1** : Pyntyk çykarmak, pyntyk ýarmak.

II. pyntyklamak→ [Kim]

Ör. Garry agaç[Kim] pyntyklardy.

**Pyňkyrmak**

A1 I. pyňkyrmak **1** : Pes ses bilen birden batly gülüp goýbermek.

II. pyňkyrmak→ [Kim]

Ör. Märeke[Kim] birden pyňkyrdy.

**Pyrkyldamak**

A1 I. pyrkyldamak **1** : Pyrkyldyly ses çykmak, pyrkyldyly seslenmek.

II. pyrkyldamak→ [Kim]

Ör. Meleguş temegi[Kim] pyrkyldaýardy.

**Pyssarmak**

A1 I. pyssarmak **1** : Terligi gaçmak, myssarmak.

II. pyssarmak→ [Kim]

Ör. Gawun[Kim] pyssarypdyr.

**Pyssyldamak**

A1 I. pyssyldamak 1 : Pyssyldyly ses çykmak, pyssyldyly seslenmek.
II. pyssyldamak→ [Kim]
Ör. Welosipediň kamerasy[Kim] pyssyldady.

**Pysyrdamak**

A1 I. pysyrdamak 1 : Pysyrdyly ses çykmak, pysyrdyly seslendirmek, pasyrdamak.
II. pysyrdamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Guşjagazyň-da çüňkünden tutup aşak sallasaň pysyrdaýar.

**Pyşdyldamak**

A1 I. pyşdyldamak 1 : Örän haýal ýöräp gitmek, ýadawlyk zerarly ýuwaş ýöremek.
II. pyşdyldamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Pyşdyldap barmak, (ol)[Kim] pyşdyldap ýöremek.

**Pyşgyrmak**

A1 I. pyşgyrmak 1 : Burun deşikleri arassalamak üçin batly howa çykarmak (käbir haýwanlar hakda).
II. pyşgyrmak→ [Kim]
Ör. Şeýle edilende guşuň agzyna et bilen azajyk mukdarda arassa çäge düşýär we guş[Kim] pyşgyryp, burun boşlugyny arassalaýar (çevrimiçi: gollanma.com /elguslar.html,26.03.2015).

A2 I. pyşgyrmak 2 : (Gepleşik dili) Bir zat barada habar bermek, seslenmek, diýmek, aýtmak.
II. pyşgyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Diýjek zadyňy[Kimi] anyk pyşgyr (çevrimiçi: www.turkmens.com/ Dersat/birkitap.htm,26.03.2015)

**Pyşyrdamak**

A1 I. pyşyrdamak 1 : Pyşyrdyly geplemek, pyşyr-pyşyr edip gürlemek.
II. pyşyrdamak→ [Kim]
Ör. Ýuwaş, ýuwaş! -- diýip, Annaguly[Kim] pyşyrdaýardy.

**Pytdyldamak**

A1 I. pytdyldamak 1 : Pytdyldyly ses çykmak.
II. pytdyldamak→ [Kim]
Ör. Agyr ýükli maşynlary süýrege alýan traktor[Kim] pytdyldaýardy.

**Pytramak**

A1 I. pytramak 1 : Her haýsy bir tarapa dagap gitmek, ýazylyp gitmek, seçelenmek, ýaýramak.
II. pytramak→ [Kim]
Ör. Asmanda galan bulut[Kim] hem pytrady.

**Pyýadalamak[pyýa:dalamak]**

A1 I. pyýadalamak 1 : Pyýada ýöremek, ulaga münmän, öz aýagyň bilen ýöräp gitmek.
II. pyýadalamak→ [Kim]
Ör. Bir gün (men)[Kim] pyýadalap bazara gitdim.

**Pyzmak**

A1 I. pyzmak 2 : El ýa-da aýak bilen batly togalap goýbermek, bat bilen zyňyp goýbermek, bir ýana taşlap goýbermek, iteläp goýbermek.
II. pyzmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýatagan[Kim] ony[Kimi] bir aýagy bilen pyzyp goýberdi. ,

**Pyzzyldamak**

A1 I. pyzzyldamak 1 : Pyzzyldyly ses çykmak, pyzzyldyly seslenmek.
II. pyzzyldamak→ [Kim]
Ör. Aman onuň uzyndan baranda, (ol)[Kim] pyzzyldap ýanýan plitka eýýäm sarymtyl ýaşyl öwüşginli ýalyn pürkýärdi.

**-R**

**Radiofisirlemek**

A1 I. radiofisirlemek 2 : Radiostansiýalar,radioustanowkalar radioapparatlar gurmak.
II. radiofisirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] kolhoz posýologyny[Kimi] radiofisirlediler.

**Radiolaşdyrmak**

A1 I. radiolaşdyrmak 2 : Radio arkaly alyp eşitdirmek üçin gerekli enjamlar bilen abzallaşdyrmak radio geçirmek.
II. radiolaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Oba ýerlerini[Kimi] radiolaşdyrmaklygy çaltlandyrmaly.

**Ragbatsyzlanmak**

A1 I. ragbatsyzlanmak 1 : Güýçden düşmek, kuwwaty gaçmak, ysgynsyz bolmak.
II. ragbatsyzlanmak→ [Kim]
Ör. Garry[Kim] ragbatsyzlandy.

**Rahatlanmak[ra:hatlanmak]**

A1 I. rahatlanmak 1 : Rahatlyk tapmak, köşeşmek, ynjalmak, parahatlanmak.
II. rahatlanmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Uzak wagtlap rahatlanyp bilmän, artygyň ellerine, hatda çäkmeniniň syýlaryna çenli ogşady.

**Rasionalizasiýalaşdyrmak**

A1 I. rasionalizasiýalaşdyrmak 2 : Bir işi maksada has laýyk rasional ýol bilen guramak.
II. rasionalizasiýalaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Önümçiligi[Kimi] rasionalizasiýalaşdyrmak.

**Rastlamak[ra:stlamak]**

A1 I. rastlamak 2 : Göwne jaý etmek, anyklamak, aýdyňlaşdyrmak.
II. rastlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ogly dolanyp içeri girende, ene[Kim] özüni[Kimi] rastlaýar ( XX. Asyr Türkmen Edebiýatynyň Taryhy).

A2 I. rastlamak 2 : Gönülemek, dogrulamak.
II. rastlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Mergen[Kim] şol agaja[Kime] tarap rastlap atdy.

**Razylaşmak[ra:zy:laşmak]**

A1 I. razylaşmak 1 : Bir zada razylyk bermek, razy bolmak, makul bilmek, bir pikire goşulmak, ylalaşmak.
II. razylaşmak→ [Kim]
Ör. Gadam jan[Kim], razylaş, balam, razylaş!

A2 I. razylaşmak 2 : Hoşlaşmak.
II.razylaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Kentli[Kim] öljegine gözi ýetende oglan-uşaklary bilen[Kimle] razylaşmaga başlapdyr.

**Reabilitirlemek**

A1 I. reabilitirlemek 2 : (Ýuridik termin) Öňki hukugy dikeldilmek, öňki hukugy berilmek.
II. reabilitirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Emir[Kim] sizi[Kimi] reabilitirledi (çevrimiçi: http://www.avdet.org/tr/node/751,20.03. 2015).

**Redaktirlemek**

A1 I. redaktirlemek 2 : Tekst çapa taýýarlananda, oň barlap düzetmek.
II. redaktirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Golýazmany[Kimi] redaktirlemek.

A2 I. redaktirlemek 2 : Redaktorlyk etmek, bir zadyň çap edilmegine ýolbaşçylyk etmek.
II. redaktirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Lenin[Kim] ilkinji bolşewistik gazet bolan «Nowaýa Žizn» gazetini[Kimi] redaktirleýärdi.

**Reformalaşdyrmak**

A1 I. reformalaşdyrmak 2 : Reforma geçirmek, reforma ýoly bilen üýtgetmek, reforma etmek.
II. reformalaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olardan biri[Kim] bilim pudagyny[Kimi] reformalaşdyrmak, beýlekisi-de professional bilim bilen bagly (çevrimiçi: http://www.azathabar.mobi/a/2000112.html, 20.03.2015).

**Registrirlemek**
A1 I. registrirlemek 2 : Hasaba alyp bellemek, registrasiýadan geçirmek.
II. registrirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol[Kim] Gelýän poçtalary[Kimi] registrirledi.

**Reglamentirlemek**
A1 I. reglamentirlemek 2 : Reglamente boýun egmek, ýörite çykarylan karara boýun egmek.
II. reglamentirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. UNESCO[Kim] "Personal maglumatlary kompýuterleşdirilen gaýtadan işlemegi[Kimi] reglamentirlemek soraglary boýunça BMG-yň Esasy düzgünlerini" kabul etdi (Ykdysady We Sosıal Iş Topary)

**Regressirleşmek**
A1 I. regressirleşmek 1 : Yza çekilmek, regrese tarap barmak, erbetleşip başlamak.
II.regressirleşmek→ [Kim]
Ör. Kapitalistik senagat[Kim] şu güne çenli regressirleşmegini dowam edýär.

**Rejelemek**
A1 I. rejelemek 2 : Tertibe salyşdyrmak, jaýlaşykly ýerleşdirmek, ýerbe-ýer goýundyrmak.
II. rejelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] kitaplary[Kimi] rejelemek

A2 I. rejelemek 2 : Gelşik bermek, taraşlamak, endiganlamak.
II. rejelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Indi olar[Kim] reňklemek, suwamak, ony[Kimi] rejelemek işlerini özbaşdak amala aşyrýarlar.

**Rekwizirlemek**
A1 I. rekwizirlemek 2 : Jemgyýetçilik guramalarynyň ýa-da aýratyn adamlaryň emlägini döwletiň peýdasyna mejbury suratda geçirmek.
II. rekwizirlemek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Emläg[Ne] rekwizirlemek ve onun gymmatyny aşaklatmakdan gelýän ýitgeläre baha wermek , Türkmenistanyn kanunçylygynda

kesgitlenýän tertipde ygtyýarly edara ýa-da garaşsyz baha kesiji tarapyndan geçirilýär (Türkmenistanyn VI Halkara Maýa Goýum Maslahaty)

**Rendelemek**

A1 I. rendelemek 2 : Rende bilen ýonmak, rende bilen ýylmamak.
II. rendelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Tagtany[Kimi] rendelemek.

**Reňklemek**

A1 I. reňklemek 2 : Reňk çalmak, reňk bilen ýüzüni örtmek, boýamak.
II. reňklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gapylaryň ownuk-uşak ýerini[Kimi] reňklemeli.

**Repetirlemek**

A1 I. repetirlemek 2 : Köpçülik öňünde çykyş etmek üçin bir zad yöňünden öwrenmek, gaýtalap taýýarlamak, repetisiýa etmek.
II. repetirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] şol kartinany[Kimi] repetirledim.

**Resenzirlemek**

A1 I. resenzirlemek 2 : Bir esere, işe we ş. m. resenziýa ýazmak, bir zada syn ýazmak.
II. resenzirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Makalany[Kimi] resenzirlemek.

**Resmileşdirmek[resmi:leşdirmek]**

A1 I. resmileşdirmek 2 : Güýje girer ýaly edip kanunlaşdyrmak, güýje girizmek, resmi etmek.
II. resmîleştirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tapylan zatlary[Kimi] ýeterlik derejede (sen)[Kim] resmileşdirseň okuw esbaplary bolup bilerler.

**Restawrirlemek**

A1 I. restawrirlemek 2 : (Sung.) Könelen ýa-da zaýalanan çeper eserleri gaýtadan düzetmek, öňki görnüşine getirmek, dikeltmek, restawrasiýa geçirmek.
II. restawrirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Türkmenistanyň Muzeý fondunyň ýadygärliklerini degişli derejede saklamagy üpjün etmek maksady bilen olaryň eýeleri ýa-da oňa ygtyýarly organlar degişli şertler döretmelidirler, ýadygärlikleri saklamagyň ylmy taýdan esaslandyrylan ýörite düzgünini ýola goýmalydyrlar, olaryň konserwirlenmegini[Kimi] hem-de

restawrirlenmegini geçirmelidirler (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 1996 ý., № 4, 68-nji madda).

A2 I. restawrirlemek 2 : (Syýasy termin) Öňki agdarylan syýasy gurluşy dikeltmek.
II. restawrirlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kemine[Kim] beýik şahyr Magtymgulynyň pikirlerini[Kimi] restawrirleýär.

**Retuşirlemek**

A1 I. retuşirlemek 2 : Fotografiýa suratlaryny tuş arkaly düzetmek.
II. retuşirlemek→[Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Suratlary[Kimi] gaýtadan dikeltmek we retuşirlemek boýunça hyzmatlar. (çevrimiçi: www.stat.gov.tm/assets/klasifikator/CPA 2008 t. pdf, 20.03.2015).

**Rifmalaşmak**

A1 I. rifmalaşmak 1 : Şygryň bogun ölçegleriniň sany dogry gelmek, rifma boýunça düzülmek, kapyýalaşmak.
II. rifmalaşmak→ [Kim]
Ör. Birinji ugra şygryd ölçegleri, ritmiki gurluşy[Kim] rifmalaşmak täri, rifmalary, ses sazlaşygy, bentleriniň gurluşy girýär(çevrimiçi pdf: Sowet Edebiýaty jurnaly 11/1989).

**Rowaçlanmak[rowa:çlanmak]**

A1 I. rowaçlanmak 1 : Rowaç almak, rowaç tapmak, üstünlikli ýaýbaňlanmak, oňaýly bolmak, şowly bolmak.
II. rowaçlanmak→ [Kim]
Ör. Köpçüligiň arka durýan işi[Kim] hökman rowaçlanmalydyr.

**Ruhandyrmak[ru:hlandyrmak]**

A1 I. ruhandyrmak 2 : Ruhuny götermek, ylham bermek, psihiki güýç-kuwwet bermek, bir zat etmäge meýil döretmek.
II. ruhandyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýaz aýynyň güni bolany üçin ertiriň örän mylaýym howa[Kim] adamy[Kimi] ruhandyrýardy.

**Ruhlanmak[ru:hlanmak]**

A1 I. ruhlanmak 1 : Keýpi göterilmek, ruhy göterilmek ylham almak, janlanmak.
II. ruhlanmak→ [Kim]
Ör. Goý esgerler[Kim] joşsun hem-de ruhlansyn.

**-S**

**Sabamak[sa:bamak]**

A1 I. sabamak 1 : Içi boşamak, boşap galmak, gutarmak, tükenmek.
II. sabamak→ [Kim]
Ör. Howa sowap başlandan sinekler[Kim] sabady.

A2 I. sabamak 2 : Bir zatdan arassalanmak, hapasy aýrylmak, saplanmak.
II. sabamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] köne düşüncelerden[Kimden] sabady (TTS).

A3 I. sabamak 2 : Halas bolmak, gutulmak, dynmak.
II. sabamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Biziň kebir garrylarymyz[Kim] köneniň zyýanly galyndylaryndan[Kimden] entekler hem sabap bilenoklar.

**Sabynlamak[sa:bynlamak]**

A1 I. sabynlamak 2 : Sabyn çalmak, sabyn sürtüp ýuwmak.
II. sabynlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] derrew ýüzüni[Kimi] sabynlap ýuwdy-da oňatja süpürindi.

**Saçmak**

A1 I. saçmak 3 : Ýaýratmak, seçelemek, pytratmak.
II.saçmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Gün[Kim] dogup äleme[Kime] nuruny[Kimi] saçdy dünýäni ýagtyltdy.

**Sadalaşdyrmak[sa:dalaşdyrmak]**

A1 I. sadalaşdyrmak 2 : Has sada görnüşe getirmek, ýönekeýleşdirmek, aňsatlaşdyrmak.
II. sadalaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Teoremalaryň subut edilişini[Kimi] ep-esli sadalaşdyrmaga mümkinlik berdi.

**Sadasyramak[sa:dasyramak]**

A1 I. sadasyramak 1 : Özüňi sada saýmak, sada adam bolan bolmak.
II. sadasyramak→ [Kim]
Ör. Baýram[Kim], sadasyran bolma!

**Sagalmak**

A1 I. sagalmak 1 : Saglygy gowulanmak, keselden gutulmak, keselden açylmak, gurat bolmak, daýanmak.
II. sagalmak→ [Kim]
Ör. Doktorlar: -- Endamyndaky çişler gaýdar, ýaralaryň[Kim] sagalar -- diýip aýdýarlar.

**Saglaşmak**

A1 I. saglaşmak 1 : hoşlaşmak

II. sagalmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] kim bilen hoşlaşjagyna, kim bilen[Kimle] saglaşjagyna-da akyly ýetmän, ýeňsesini öwürdi.

**Sagmak**

A1 I. sagmak 2 : Malyň ýelninden süýt önümini almak.
II. sagmak→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. Nur soltan[Kim] sygrynyň süýdüni{Kimi} sagyp gazana guýdy.

A2 I. sagmak 2 : (Göçme manyda) Aldaw, zorluk we ş. m. ýollar bilen talanak, ütmek, biriniň gazanjyny zadyny eýelemek.
II. sagmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Şol hojaýynlar[Kim] iliň gazanjyndan baý bolup ýene-de olary[Kimi]bolrak sagmagyň giň planyny gurýardylar.

**Sagsyzlamak**

A1 I. sagsyzlamak 1 : Näsag bolmak, nähoşlamak, syrkawlamak.
II. sagsyzlamak→ [Kim]
Ör. Näme ugruň ýok-la, (sen)[Kim] sagsyzladyňmy?!

**Sagynmak2[sa:gynmak]**

A1 I. sagynmak 1 : Ýaýdanjyrap bir zada ýa-da birine garaşmak, haýal etmek, ýaýdanmak.
II. sagynmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Kiçijik tokaýyň etegine ýetip sagyndy.

**Sahaplamak[saha:plamak]**

A1 I. sahaplamak 2 : Kitabyň, depderiň we ş. m. daşyna sahap etmek, jiltlemek.
II. sahaplamak→ [Kim], {Kimi}Tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] kitaby{Kimi} sahaplady.

**Sahnalaşdyrmak**

A1 I. sahnalaşdyrmak 2 : Bir eseri teatr sahnasynda goýar ýaly, oýnar ýaly etmek.
II. sahnalaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gogol[Kim] «Derňewçi» komediýasyny[Kimi] 1836 njy ýylda ýazyp sahnalaşdyrýar.

**Sakaklamak**

A1 I. sakaklamak 2 : Alkym ýüpünden bagyndan pugta tutmak, alkym bagyndan tutup almak.
II. sakaklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýigitleriň biri[Kim] ony[Kimi] dessine sakaklaýar.

**Sakanaklamak**

A1 I. sakanaklamak 1 : Birden diliň tutulmak, sakynmak, kekeçlemek.
II. sakanaklamak→ [Kim]
Ör. Ol aljyrady: hiç wagtda şatlygyny, gaýgysyny saýgartmaýan gara ýüzüne ölüm howpy ýaýyldy, dili tutuldy, (ol)[Kim] sakanaklady.

**Sakawlamak**

A1 I. sakawlamak 1 : Sakynyp geplemek, kekeçlemek.
II. Sakawlamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] sakawlap, naýynjar ses bilen: -- Men näme aýdaýyn? -- diýdi.

**Saklamak**

A1 I. saklamak 3 : Tutup durmak, eliňde tutmak.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi], [Kimde]
Ör. Ol[Kim] kitaby[Kimi] elinde[Kimde] saklap durdy.

A2 I. saklamak 2 : Duruzmak, togtatmak.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sergeý Stepanowiç[Kim] maşyny[Kimi] saklady.

A3 I. saklamak 2 : Öz eklenjiňde garamagyňda ýaşatmak; idetmek, eklemek.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Mallary[Kimi] ölüm-ýitimsiz we semiz saklamak köp derejede çopana baglydyr.

A4 I. saklamak 2 : Eýelik etmek, gözegçilik, etmek, göz-gulak bolmak, goramak.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bir seniň garry eneň[Kim] öz öýüňi[Kimi] saklap otyr.

A5 I. saklamak 2 : Bir zada daýanç bolup hyzmat etmek, götermek.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Tamyň pürslerin[Kimi] diwar[Kim] saklaýar.

A6 I. saklamak 3 : Ýanyňdan goýbermän duruzmak, eglemek.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi], [Kimde]
Ör. Men[Kim] ony[Kimi] öýümizde[Kimde] iki sagat sakladym.

A7 I. saklamak 2 : Sakçylyk etmek, gorag etmek, goramak.
II. saklamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ene[Kim] böwet[Ne] saklamaga şeýle sak bolsa-da onuň sakçylygy bu gezek şowuna düşmedi.

A8 I. saklamak 2 : Aýap tutmak, aýamak, goramak.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Men[Kim] olary[Kimi] gözümiň göreji ýaly saklaryn.

A9 I. saklamak 2 : (Göçme manyda) Gizlemek, ýaşyrmak.
II. saklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kem-käs ýalbaraýyn-da (siz)[Kim] etjek işimi[Kimi] öz ýanymda saklaýyn.

A10 I. saklamak 2 : Belli bir maksat üçin tutmak, edinmek, eklemek we ş. m.
II. saklamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Gyzylhan[Kim] dumly-duşda dozor[Ne] saklaýardy.

**Saklanmak**

A1 I. saklanmak 1 : Özüňe erk edip bilmek, özüňe buýurmak.
II. saklanmak→ [Kim]
Ör. Nurjahan[Kim] syr bildirmän saklansa-da, ýeke galanda gözüniň ýaşyny saklap bilmeýärdi.

A2 I. saklanmak 1 : Aýak çekmek, daýanmak, durmak, eglenmek.
II. saklanmak→ [Kim]
Ör. Gyz näz edip gaçýar bagy gabatlap, ýigit kowýar: -- Gitme, (sen)[Kim] saklan gözelim!

A4 I. saklanmak 2 : Bar bolmak, bolmak.
II. saklanmak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Zyýanly duzlaryň[Kim] toprakda[Kimde] artykmaç saklanmagy pagtaçylyga ägirt uly zyýan ýetirýär.

A5 I. saklanmak 2 : Garawly bolmak, aýalyp goýulmak.
II. saklanmak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Tohumlar[Kim] ýörite jaýlarda[Kimde] saklanmalydyr.

A6 I. saklanmak 2 : Özüňi gorap bilmek.
II. saklanmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Trahomanyň ýokuşmagyndan[Kimden] saklanmagyň iň oňat serişdesi arassaçylykdyr.

A7 I. saklanmak 2 : Öňünde durup bilmek, çydam etmek.
II. saklanmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Bent[Kim] suwuň badyna[Kime] saklanyp bilmedi.

A8 I. saklanmak 1 : Ýerine ýetirilmek, esewan edilmek.
II. saklanmak→ [Kim]
Ör. Tertip-düzgüniň[Kim] saklandy hem-de okuwyň ýyllyk jemleriniň nähili netijeler bermegi hakynda pikirlenýärdi.

A9 I. saklanmak 1 : Abat galmak, ýygnalyp goýulmak.
II. saklanmak→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Aý, şükür, birsydyrgyn saklandyk.

A10 I. saklanmak 1 : Saklaw edilme, garalmak.
II. saklanmak→ [Kim]
Ör. Zapowednikler[Kim] goralyp saklanýar.

**Sakynjyramak**

A1 I. sakynjyramak 1 : Sakyna-sakyna geplemek, gepläniňde käte sakynmak, sakynybrak geplemek.
II. sakynjyramak→ [Kim]
Ör. (Men)[Kim] Jogap berip başlanymda birneme sakynjyradym.

**Sakyrdamak**

A1 I. sakyrdamak 1 : Arasyny kesmän gepläp durmak, birsyhly dynman geplemek.
II. sakyrdamak→ [Kim]
Ör. Jemal eje[Kim] gep düşündirjek bolsaň uzyn günläp sakyrdamaly.

A2 I. sakyrdamak 1 : Bolgusyz gürlemek, ýaňramak.
II. sakyrdamak→ [Kim]
Ör. Daýy men[Kim] birazajyk sakyrdadym weli, hernä bagyşlarsyň.

**Sakyrtgalamak**

A1 I. sakyrtgalamak 1 : Sakyrtga basmak, sakyrga düşmek.
II. sakyrtgalamak→ [Kim]
Ör. Düýämiz[Kim] sakyrtgalapdyr.

**Salamlaşmak[sala:mlaşmak]**

A1 I. salamlaşmak 2 : Birine salam bilen ýüzlenmek, salam alyşmak, salam berip görüşmek.
II. salamlaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] biz bilen[Kimle] salamlaşdy.

**Saldarlamak**

A1 I. saldarlamak 2 : Ele alyp agramyny çaklap görmek.
II. saldarlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] alyp gitjek çemedanyny[Kimi] saldarlap gördi.

A2 I. saldarlamak 2 : (Göçme manyda) Pikirlenip görmek, paýhas edip görmek, oýlap görmek.
II. saldarlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sary aga[Kim] aýtjak gepini[Kimi] içinden telim gezek saldarlap görüp, soňra orta atýan adamdy.

**Salgamak[sa:lgamak]**

A1 I.salgamak 2 : Bulaýlamak

II.salgamak →[Kim], {Kimi}Tamamlayıcı

Ör. Aýsoltan Potda[Kim] elini{Kimi} salgady-da, öz ugruna ýöräp gitdi.

**Salgylanmak**

A1 I. salgylanmak 2 : Bir zady anyklamak ýa-da tassyklamak üçin başga bir zada esaslanmak, salgy almak.

II. salgylanmak→ [Kim], [Kime]

Ör. (Ol)[Kim] Darwin ýaşaýyş şertleriniň özgerip durýanlygyna[Kime] dogruçyllyk bilen salgylandy.

**Salgylaşmak**

A1 I. salgylaşmak 2 : Bir ýere barmaklygy ýa-da gelmekligi wadalaşmak.

II. salgylaşmak→ [Kim], [Kimle]

Ör. Men[Kim] onuň bilen[Kimle] salgylaşdym.

**Salgymlamak[sa:lgymlamak]**

A1 I. salgymlamak 1 : Salgym atmak, salgym atyp görünmek, daşdan çala görünmek.

II. salgymlamak→ [Kim]

Ör. Begenjiň gözüne bir zat[Kim] salgymlap görünýän gämi «Molniýa» teplohodydy.

**Salkynlamak**

A1 I. salkynlamak 1 : Salkyn bolup başlamak, salkyn howa bolmak.

II. salkynlamak→ [Kim]

Ör. Ösüp duran şemal[Kim] garaňky gatlyşandan beýläk salkynlap başlady.

A2 I. salkynlamak 1 : Salkyn ýerde, howada bolmak, dem-dynç almak, salkyn ýere çykmak.

II. salkynlamak→ [Kim]

Ör. Saýasyna keçe atyp, (ol)[Kim] salkynlap ýataýmaly.

**Sallamak**

A1 I. sallamak 3 : Ýokardan aşak goýbermek, ýuwaşlyk bilen aşaklygyna ýüp we ş. m. arkaly indermek.

II. sallamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]

Ör. (Men)[Kim] Bagyryň joşgunly ýabynyň gyrasynda oturyp, aýagymy[Kimi] içine[Kime] salladym.

**Sallanjyramak**

A1 I. sallanjyramak 1 : Ýüzüňi aşak salyp saýkiň basyp ýöremek, sallanybrak ýuwaş ýöremek.

II. sallanjyramak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Sallanjyrap, emaý bilen ätleýär, garanjaklap, gör kimidir ýatlaýar.

**Sallanmak**

A1 I. sallanmak 1 : Asylyp durmak, asylmak.
II. sallanmak→ [Kim]
Ör. Onuň bilindeky gap[Kim] sallanýardy.

A2 I. sallanmak 1 : Ýüzüňi aşak salyp, spesifik ritmli aýak basmak ýöremek.
II. sallanmak→ [Kim]
Ör. Nabat gyz[Kim] eli bedreli suwa sallanyp barýardy.

**Salmak**

A1 I. salmak 1 : Bina etmek, gurmak.
II. salmak→ [Kim]
Ör. Nirede kömekçi desgalar[Kim] salmaly.

A2 I. salmak 2 : İçine ýa-da aşagyna goýmak, ýerleşdirmek, içinde jaýlaşdyrmak.
II. salmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýygan otlarymy[Kimi] halta salyp gijara öýe bakan ugradym.

A3 I. salmak 3 : Işe, okuwa we ş. m. ýerleşdirmek, girizmek.
II. salmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Men[Kim] sizi[Kimi] telegrafa işe[Kime] saldym.

A4 I. salmak 2 : Bir zady birine ýa-da bir tarapa dazladyp goýbermek, zyňmak.
II. salmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Çagalar[Kim] ellerinde gar tokgalap oňa[Kime] salýardylar.

A5 I. salmak 2 : Nyşan, bellik etmek.
II. salmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Tagma[Ne] salmak.

**Salparmak**

A1 I. salparmak 1 : Salpy bolmak, gowşap aşak sallanyp durmak.
II. salparmak→ [Kim]
Ör. Murtlary[Kim] hem salparyp ýatan, agzy bolsa nasly ýaly ýumralyp duran bir adamdy.

**Samahyllamak**

A1 I. samahyllamak 1 : Biderek gürrüň etmek, bolgusyz, ugursyz gürlemek.
II. samahyllamak→ [Kim]

Ör. Hany (sen)[Kim] samahyllap durma-da, ony şu taýdan aýyr diýdigim aýyr.

**Sammyldamak**

A1 I. sammyldamak 1 : Bolgusyz sözler geplemek.
II. sammyldamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Iň gowusy sammyldama-da goýny sür-de ugra!

**Samramak**

A1 I. sarmamak 1 : Huşuňy ýitirip, alasarmyk sözler aýtmak.
II. samramak→ [Kim]
Ör. Akmyrat[Kim] ýene özüni ýitirip samramaga başlady.

A2 I. samramak 1 : Boş samahyllamak, biderek gürrüň etmek, ýaňramak.
II. samramak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Sen başlygyň gyzy boldugyň ak patyşanyň gyzy boldugyňmy? -- diýip, gyssag aralykda samrady.

**Samsyklamak**

A1 I. samsyklamak 1 : Samsyklyk etmek, kelesaňlyk etmek, akylyňy gidermek.
II. samsyklamak→ [Kim]
Ör. Näme indi bärde biri[Kim] samsyklady diýip bizem samsyk bolmalymy (www.ertir.com/modules/microblog.php?show=323359,27.03.2015).

A2 I. samsyklamak 1 : Bolgusyz sözler aýtmak.
II. samsyklamak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Agzyňy onda-munda urup, samsyklap oturma!

**Sanamak[sa:namak]**

A1 I. sanamak 2 : Bir zadyň sanyny, mukdaryny, jemini hasaplamak, näçedigini bilmek.
II. sanamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Orazbaý[Kim] goýunlary[Kimi] sanady.

**Sanaşmak[sa:naşmak]**

A1 I. sanaşmak 2 : Birnäçe atlary yzly-yzyna aýtmak, birnäçe zadyň adyny köp bolup tutmak.
II. sanaşmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Akbaý Alabaý diýşip, itleriň atlaryny[Kimi] samaşyp gygyryşdylar.

A2 I. sanaşmak 2 : (Göçme manyda) Gep gaýtaryp durmak, bir aýdylana ikini aýtmak, gygyryşmak.
II. sanaşmak→ [Kim], [Kimle]

Ör. Artyk kim[Kim], meniň bilen[Kimle] sanaşmak kim?

**Sançmak**

A1 I. sançmak 3 : Ujy biz ýaly ýa-da ýiti zady sokmak, dürtmek, çümdürmek.
II. sançmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Begenç[Kim] elindäki pilini[Kimi] ýabyň boýuna[Kime] nähili sanjady.

A2 I. sançmak 2 : (Medisina) Tene dermanly iňňe urmak, ukol etmek.
II.sançmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] kesele[Kime] sançdy.

**Sandyramak**

A1 I. sandyramak 1 : Gahardan, keselden, ysgynsyzlykdan we ş. m. süňňüňe galpyldyaralaşmak, titremek, endiremek.
II. sandyramak→ [Kim]
Ör. Halnazar[Kim] öz gazabyna çydap bilmän sandyrady.

**Sanjylamak**

A1 I. sanjylamak 1 : Sanjy tutmak, sanjyly agyry başlamak.
II. sanjylamak→ [Kim]
Ör. Şol wagt Pýotr: -- Wepa, Wepa, näme bir ýeriňiz[Kim] sanjylýarym. ?! -- diýip seslendi.

**Saňalmak**

A1 I. saňalmak 1 : Doňan ýaly bolup durmak, aňalyp gozganman, aňk-taňk bolup durmak.
II. saňalmak→ [Kim]
Ör. Garantgy ýaly bolup (ol)[Kim] saňalyp duran ýelli öz syryny aňdyrmajak bolup jan etdi.

**Saňňyldamak**

A1 I. saňňyldamak 1 : Sowukdan gorkudan gahardan we ş. m. ýaňa galpyldamak, saňňyl-saňňyl edip titremek, sandyramak.
II. saňňyldamak→ [Kim]
Ör. Gorkusyndan ýaňa düýeleriň aýaklary[Kim] bütin göwresine çenli saňňyldaýar.

**Sapalaklamak**

A1 I. sapalaklamak 1 : Sapalak atmak, sap atmak sypjyklyk etmek, sapajaklamak.
II. sapalaklamak→ [Kim]
Ör. Çynar iz ok-ýaýyny almaga ýetişmän, (ol)[Kim] sapalaklap özüni jara atdy.

**Sapalanmak[sapa:lanmak]**

A1 I. sapalanmak 1 : Keýpli-sapaly bolmak, keýp-sapa çekmek, lezzet almak.
II. sapalanmak→ [Kim]
Ör. Bahar, ne ajap çaglar! Sapalanypdyr daglar[Kim].

**Sapalanmak**

A1 I. sapalanmak 2 : Sapan bilen kesek atmak, sapan atmak.
II. sapalanmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sakçylar[Kim] üzüme çozýan serçeleri, sarlary[Kimi] sapanlaýardylar.

**Saplamak1**

A1 I. saplamak 2 : Sap etmek, sap oturtmak, tutawaç oturtmak (pil, palta we ş. m. hakda).
II. saplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ussa[Kim] kätmeni[Kimi] taňk-tuňk edip, saplamaga durdy.

**Saplamak2[sa:plamak]**

A1 I. saplamak 2 : Gaýry goşantlardan arassalamak, tämizlemek.
II. saplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] spirti[Kimi] saplady.

A2 I. saplamak 2 : Tamam etmek, sarp edip gutarmak, tüketmek.
II. saplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Biz)[Kim] Gök ekinleri[Kimi] sapladyk.

A3 I. saplamak 3 : Halas etmek, gutarmak, dyndarmak.
II. saplamak→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. Gumuň dürli otlarynyň güýji[Kim] ony[Kimi] ähli kesellerden[Kimden] saplady.

**Sapmak**

A1 I. sapmak 3 : Sapagy ötürmek, iňňäniň gözünden sapak geçirmek.
II. sapmak→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. Ol[Kim] iňňäniň gözüne[Kime] sapak[Ne] bolup, sapyp bilmän otyrdy.

A2 I. sapmak 2 : Ösümligiň hilini gowulandyrmak maksady bilen bir ösümligiň gabygyny ýaryp, oňa ikinji bir ösümligiň gözüni berkitmek arkaly täze ösüntgi almak.
II. sapmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] bu tudy[Kimi] mundan üç ýyl ozal oturdypdy we oňa[Kime] «ýapon tudy» diýilýän tudy agronomçylyk usuly bilen sapypdy.

A3 I. sapmak 3 : Biri-birine berkidip uzaltmak, utgaşdyrmak.
II. sapmak→ [Kim], [Kimi], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] porşen bilen[Kimle] tigreýi[Kimi] sapdy.

**Saralmak2[sa:ralmak]**

A1 I. saralmak 1 : Sary bolmak, sary reňke öwrülmek.
II. saralmak→ [Kim]
Ör. Hyýar[Kim] hem wagty geçip saralsa agramy agyr bolýar.

A2 I. saralmak 1 : Bişmek (miwe hakda).
II. saralmak→ [Kim]
Ör. Gawunlar[Kim] saraldy.

**Saramak**

A1 I. saramak 2 : Bir zadyň daşyna sargy oramak, sargy bilen daňmak.
II. saramak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gelenleriň ýüz-gözleriňi[Kimi] esgi bilen sarap daňypdyr.

A2 I. saramak 2 : Bir zadyň daşyna ýüplük oramak.
II. saramak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çyrmaşan ýumagyn[Kimi] sarady çarha[Kim].

**Sargamak**

A1 I. sargamak 2 : Bir ýumşy bitirmegini tabşyrmak, sargyt etmek.
II. sargamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Zat[Ne] sargamakda Gülsün eje[Kim] hem kem galmady.

A2 I. sargamak 3 : Bir zady ýerine ýetirmegi tabşyrmak.
II. sargamak→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. Çyk içerden gelneje, (sen)[Kim] Doganma[Kime] ýaglyk[Ne] sarga.

**Sarkmak**

A1 I. sarkmak 1 : Syrygyn akmak, syrykmak.
II. sarkmak→ [Kim]
Ör. Sagrysyndan berler[Kim] sarkdy, budundan damdy.

**Sarkyrmak**

A1 I. sarkyrmak 3 : Iň soňky damjasyna çenli guýmak, zat goýman guýmak (suwuklyk hakda).
II. sarkyrmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Aýsoltan[Kim] içip boşadan çäýneginiň soňky damjalaryny[Kimi] käsesine[Kime] sarkyryp başlady.

**Sarmaklaşmak**

A1 I. sarmaklaşmak 2 : (Gepleşik dili) Salşyp almak, tutluşyp almak, urşup-sögüşmek.
II. sarmaklaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. (Ol)[Kim] Häzir süýji ukynyň arasynda aýaly bilen[Kimle] sarmaklaşdy.

**Sarnamak**

A1 I. sarnamak 2 : Boş samahyllamak, birsyhly ýaňramak, bir zatlar aýtmak.
II. sarnamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Ahun gelip Ahmedi bilen görüşdi, içinden nämedir bir zat[Ne] (ol)[Kim] sarnady.

**Sarsmak**

II. tutmak→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] Gämide ýerimi{Kimi} tutjak.

**Tüflemek**

A1 I. tüflemek 2 : Agzyndaky zady ýa-da tüýküligi tüýkürip goýbermek.
II. tüflemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sülçi[Kim] jübüsinden bir sigar çykaryp, onuň ujuny[Kimi] dişläp tüfledi.

**Tükellemek**

A1 I. tükellemek 2 : Gözden geçirmek, barlamak, hasaplamak.
II. tükellemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýabylaryň ähli ýaşlaryny, tohumlaryny[Kimi] birin-birin tükelläp geçdiler.

A2 I. tükellemek 2 : gutarmak
II. tükellemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Näzik eje[Kim] etmeli işleriň agramyny[Kimi] tükelläp, myhmanlaryň ýanyna baryp oturdy.

**Tüketmek**

A1 I. tüketmek 2 : Sarp etmek, harçlamak, ýoklamak.
II. tüketmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Daýzam[Kim] sygyr ýagyny[Kimi] tükedipdir.

**Tükgermek**

A1 I. tükgermek 1 : Tükge ýüzüne öwrülmek, tükge düşüp ýatmak.
II. tükgermek→ [Kim]
Ör. Gyz[Kim] tä öwlüýä barýança ýapynyp tükgerdi.

A2 I. tükgermek 1 : Ok, zarba degmek zerarly gyşarmak, ölmek tüňňermek.
II. tükgermek→ [Kim]
Ör. Duşmän[Kim] tükgeriýer.

**Tümmeklemek**

A1 I. tümmeklemek 2 : Tümmek edip üýşürmek, tümmek etmek.
II. tümmeklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kolhozçylar[Kim] ekin meýdanyna getirilen dersi[Kimi] tümmekläp goýdular.

A2 I. tümmeklemek 2 : Bir gaby pugta doldurmak.
II. tümmeklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Düýpdäki ýag küýzeden kiçiräk jamy[Kimi] gowurdakly ýagdan (ol)[Kim] tümmekläp äberdi.

**Tümmermek**

A1 I. tümmermek 1 : Galyp durmak, beýgelip görünmek, tümmi bolup görünmek.
II. tümmermek→ [Kim]
Ör. Ol şeý diýdi-de, tüýjümek kekirdegini[Kim] tümmerip eliniň aýasy bilen çyzyp goýberdi (çevrimiçi: pelsepe.com/main.php?action=read&id=149, 27.03.2015).

**Tüňňermek**

A1 I. tüňňermek 1 : Galyp durmak, tüňňi bolmak, güberip durmak, çykyp durmak.
II. tüňňermek→ [Kim]
Ör. Onuň kebzesi[Kim] edilýumak goýlan ýaly tüňňerip durdy.

A2 I. tüňňermek 1 : (Göçme manyda) Kineli bolmak, öýkelemek.
II. tüňňermek→ [Kim]
Ör. Gyz[Kim] gamly ýüzüni aşak salyp tüňňerdi.

**Tüpeňlemek**

A1 I. tüpeňlemek 2 : Tüpeň bilen atmak, atyp urmak.

II. tüpeňlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gün ýaşyp barýarka bir möjek geldi, men[Kim] ony[Kimi] -tüpeňledim.

A2 I. tüpeňlemek 2 : (Göçme manyda) Söz bilen duzlamak, ýerlikli söz bilen urmak, degerli söz aýtmak.
II. tüpeňlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gyzlar[Kim] çişigi[Kimi] tüpeňlediler.

**Türgenlemek**

A1 I. türgenlemek 2 : Bir hünäri ele almak, türgen bolmak, ökdelemek.
II. türgenlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Kaka, men[Kim] tüpeňi atmaga[Kim] türgenlejek bolýaryn.

**Türkülemek**

A1 I. türkülemek 1 : (Gepleşik dili) Düşnükli, anyk, dogry aýtmak.
II. türkülemek→ [Kim]
Ör. Ussa[Kim] gürrüňiniň ahyrynda türkülemeli boldy.

**Tüsselemek**

A1 I. tüsselemek 1 : Tüsse bolup durmak, tüsse çykyp durmak, tütemek.
II. tüsselemek→ [Kim]
Ör. Toplar[Kim] tüsseleýär.

**Tütemek**

A1 I. tütemek 1 :Ýanman tüsseläp durmak, tütün bolmak.
II. tütemek→ [Kim]
Ör. Ýylgyn töňňeler[Kim] tütäýär.

A2 I. tütemek 1 : (Göçme manyda) Örän gaty gynanmak, jibrinmek.
II. tütemek→ [Kim]
Ör. Görüpleriň bagry[Kim] tütäp, örtensin pygan edip, ýeňiş bilen işiň öňe sürgüň, söýgülim, bu gün.

**Tüwdürmek**

A1 I. tüwdürmek 2 : Birini ýa-da bir zady bat bilen togalap goýbermek, zarp bilen aşyryp-aşyryp goýbermek, ýykmak.
II. tüwdürmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] towşany[Kimi] urup tüwdürdi.

**Tüýdülmek**

A1 I. tüýdülmek 2 : Ýaplygan zat (ýüň, pagta çekilip-çekişdirilip übtük-übtük edilmek, übtük-übtük bolmak).
II. tüýdülmek→ [Kim], {Ne}tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] Ýüň{Ne} tüýdülip, arassalanylyp ýorgana salyndy.

A2 I. tüýdülmek 1 : Ýyrtylyp ugramak, dargamak.
II. tüýdülmek→ [Kim]
Ör. Bu köýnek[Kim] tüýdülip ugrapdyr.

**Tüýjermek**

A1 I. tüýjermek 1 : Ýüzüne üpür-süpür çykmak, ýüzünde tüý emele gelip, zaýalanyp başlamak.
II. tüýjermek→ [Kim]
Ör. Paltonyň ýeňleri[Kim] tüýjerdi.

**Tüýküliklemek**

A1 I. tüýküliklemek 2 : Tüýkülik çalmak, tüýkülik bilen öllemek.
II. tüýküliklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Arynyň çakan ýerini[Kimi] derrew[Kim] tüýkülikledi.

**Tüýkürmek**

A1 I. tüýkürmek 2 : Agyz boşlugyna ýygnanan tüýküligi «tüf» edip çykarmak.
II. tüýkürmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Çilimini yzly-yzyna çekip, ýere bir-iki ýola[Kime] tüýkürdi-de, tüpeňini alyp, boýnundan asdy.

A2 I. tüýkürmek 2 : Dini düşünjä görä: «göz degmesin» diýen manyda «tüf tüf» etmek, tüflemek.
II. tüýkürmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Eje[Kim] çagaýa[Kime] tüýkürdü.

**Tüýtmek**

A1 I. tüýtmek 2 : Bulaşygyny açmak, saýylan ýaly etmek, ýolmalamak.
II. tüýtmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Aýallarymyz bolsa uzak gijesi bilen oturip, (olar) [Kim] baýlaryň çüprek ýüňlerini[Kimi] tüýderdiler, ondan haly, gulaç, dolak dokaýardylar.

A2 I. tüýtmek 2 : Geýip köneltmek, ýyrtmak, ýolmalamak.
II. tüýtmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Durdugyça golaý gelýär ýigide, (ol)[Kim] geýmin[Kimi] çöp tüýdüpdir meňzedip ýüňe.

**Tygşytlamak[tygşy:tlamak]**

A1 I. tygşytlamak 2 : Bisarpa tutan artdyrmak.
II. tygşytlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] kerpiçleri[Kimi] tygşytlady.

A2 I. tygşytlamak 2 : Serenjam bermek, düzgüne salmak, tertipleşdirmek.
II. tygşytlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Atlylar[Kim] zer-esbaplaryny[Kimi] tygşytlaýarlar.

**Tykgyldamak**

A1 I. tykgyldamak 1 : Tykgyldyly ses çykmak, tykgyldyly seslenmek.
II. tykgyldamak→ [Kim]
Ör. Galamy[Kim] tykgyldady.

**Tykyramak[ty:kyramak]**

A1 I. tykyramak 1 : Biraz sagynmak, pikire gitmek, ikirjiňlemek.
II. tykyramak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] «Özüme gülýär bolaýmasyn» diýen terizde biraz tykyrady.

**Tykyrdamak**

A1 I. tykyrdamak 1 : Tykyrdyly ses çykmak, tykyrdyly seslenmek.
II. tykyrdamak→ [Kim]
Ör. Birden gapy[Kim] tykyrdady-da, meniň yz ýanymda köýnegiň ýeňleş pasyrdysy we aýak sesi eşidildi.

**Tyňkarmak**

A1 I. tyňkarmak 1 : Tyňky bolmak, doly we etli-ganly bolmak, dykyz bolmak, gabarmak.
II. tyňkarmak→ [Kim]
Ör. Onuň ýoldaşy gysga boýly duran bir adam[Kim] tyňkarypdy.

**Tyňzamak**

A1 I. tyňzamak 1 : Içi pugta dykylyp doldurylan ýaly bolmak, ýaryljak ýaly bolmak, gobarmak (Käbir gaplar hakda).
II. tyňzamak→ [Kim]
Ör. Ýanlygyň garny[Kim] bir tyňzap, bir gowzan ses etdi.

A2 I. tyňzamak 1 : (Gepleşik dili) Güýçli gelmek, joşmak, dyknykmak.
II. tyňzamak→ [Kim]
Ör. Gülküň dykyny[Kim] birden tyňzady.

**Tyrkyldamak**

A1 I. tyrkyldamak 1 : Tykyrdyly ses çykmak, tyrkyldyly seslenmek.
II. tyrkyldamak→ [Kim]
Ör. Elindäki uzyn hasa[Kim] tyrkyldaýar.

**Tyrňyldamak**

A1 I. tyrňyldamak 1 : Tyrňyldyly ses çykmak, tyrňyldyly seslenmek.
II. tyrňyldamak→ [Kim]
Ör. Dutar kirşin[Kim] tyrnyldaýar.

**Tyslamak**

A1 I. tyslamak 2 : Tyssyldyly ses çykmak, tyssyldyly seslenmek.

II. tyslamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Pişijek[Kim] oglanjyga[Kime] haýbat atyp tyslady.

**-U**
**Uçganaklamak**

A1 I. uçganaklamak 1 : Uçganaklar gaýmalaşmak.
II. uçganaklamak→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Jülgäniň hemme ýerinde gar{Kim} uçganaklaýardy.

A2 I. uçganaklamak 1 : (Göçme manyda) Silkinjiräp bökjeklemek, galpyldyly hereketde bolmak.
II. uçganaklamak→ [Kim]
Ör. Mele atyň üstünde oturan Baýly[Kim] uçganaklap durýar: -- Armaweriň, gyzlar! -- diýip, pagta ýygyp ýören gyzlara gygyrdy.

**Uçlamak[u:çlamak]**

A1 I. uçlamak 2 : Piläni gyzgyn suwda gaýnadyp ýüpegiň ujuny almak, ýüpegiň ujuny çykarmak.
II. uçlamak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Tabşyrygy 215 prosent ýerine ýetirip, 264 kilogram uçlamagyň deregine 569 kilogram pile[Ne] uçlapdyr.

A2 I. uçlamak 2 : Bir zadyň ujuny ellemek, ujundan tutmak.
II. uçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Aýlar ony synlap goluny[Kimi] uçlady.

**Uçmak**

A1 I. uçmak 2 : Ganat ýaýyp howa göterilmek, asmanda gaýmak (guş we ş. m. hakda).
II. uçmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Bilbil ýaly gülden-güle[Kime] uçdum men[Kim].

A2 I. uçmak 2 : Samolýota münüp, howa galmak, bir ýaňa gitmek, ugramak.
II. uçmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Nurmyrat[Kim] Moskwa[Kime] uçmaly boldy.

A3 I. uçmak 1 : Birden bir zadyň bir ýeri döwlüp gaçmak.
II. uçmak→ [Kim]
Ör. Men bar agramymy atan wagtym üç sany uguň başy[Kim] jorta uçupdyr-da, aşak gaýdypdyr.

A4 I. uçmak 2 : Hiňňildige münüp, ikiýanlaýyn bat almak.
II. uçmak→ [Kim], {kimde}tamamlayıcı
Ör. (Ol)[Kim] Geçen gurbanlykda Meýdan gelip hiňňildikde[Kimde] uçupdy.

**Uçramak**

A1 I. uçramak 2 : Duş gelmek, duşmak, sataşmak.
II. uçramak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Köne dostuna[Kime] uçramak.

A2 I. uçramak 2 : Duçar bolmak, sezewar bolmak, sataşmak, ýolukmak.
II. uçramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Üsti açyk harabalarda bularyň hemmesi[Kim] öýken keseline[Kime] uçrar.

**Ugramak**

A1 I. ugramak 2 : Ýola düşmek, bir ýana rowana bolmak, gitmek.
II. ugramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Hemmeler[Kim] işli-işine[Kime] ugradylar.

A2 I. ugramak 2 : Bir ugra garşy ýöräp başlamak, gönelmek.
II. ugramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Dürnabat[Kim] öýlerine[Kime] tarap ugrady.

**Ugrukmak**

A1 I. ugrukmak 2 : Bir tarapa gönelmek, bir tarapa dogrulanmak.
II. ugrukmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Maşyn[Kim] göni gündogara[Kime] ugrukdy.

A2 I. ugrukmak 1 :Ugra düşmek, herekete gelmek, ýola düşmek.
II. ugrukmak→ [Kim]
Ör. Begenjiň sözi[Kim] doly ugrukmady.

**Ugurlaşmak**

A1 I. ugurlaşmak 1 :Bir pikire gelmek, ylalaşmak, razylaşmak.
II. ugurlaşmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bahasında ugurlaşdy.

**Uklamak[u:klamak]**

A1 I. uklamak 1 : Ukyly halda bolmak, ukyly ýagdaýda bolmak, uka gitmek, ýatmak, irkilmek.
II. uklamak→ [Kim]
Ör. (Men)[Kim] Menem lapym keç bolup ukladym.

**Ulalmak**

A1 I. ulalmak 1 : Gabarasy, göwrümi artmak.
II. ulalmak→ [Kim]
Ör. Derek[Kim] ulalypdyr we ösüpdir.

A2 I. ulalmak 1 : Ösüp ýetişmek, kemala gelmek, ösmek.
II. ulalmak→ [Kim]

Ör. Iki aýlygyndan beýläk ene süýdüni emmän, biziň ýaslimizde (ol)[Kim] ulaldy.

A3 I. ulalmak **1** : Işçi güýji, iş funksiýasy we ş. m. artmak, giňelmek.
II. ulalmak→ [Kim]
Ör. Kolhoz[Kim] näçe ulalsa, güýjimiz hem şonça artyk bolar.

A4 I. ulalmak **1** : Derejesi, wezipesi galmak.
II. ulalmak→ [Kim]
Ör. Şeýdip wezipesi[Kim] ulaljakmyş, Ýaranjaň göwnüni gomaljakmyş.

A5 I. ulalmak **1** : (Göçme manyda) Ulumsy bolmak, gopbamsy bolmak.
II. ulalmak→ [Kim]
Ör. Indi bolsa biz[Kim] ulalypdyrys, hawa, biz dogrudan hem ulumsy bolupdyrys.

**Ulamak**

A1 I. ulamak **3** : Ujyny birikdirip uzaltmak, biri-biriniň ujuna berkitmek, biri-birine utgamak, sapmak.
II. ulamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Ýüpleri[Kimi] biri-birine[Kime] ulap uzaltdy.

A2 I. ulamak **3** : Bir gürrüňiň yzyna başga gürrüň goşmak, pikiri biri-birine baglamak.
II. ulamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Garaz, (ol)[Kim] yzy netijesiz gürrüňi[Kimi] gürrüňe[Kime] ulap, agyr märeke aç-suwsuz eplenişip, uzyn gününi geçirdi.

**Ulanmak**

A1 I. ulanmak **1** : Bir zatdan peýdalanmak, zadyň haýryny görmek, haýyrlanmak.
II. ulanmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bular[Kim] depginiň iň goldaýjy usuly edip, sosialistik ýaryşy[Kimi] ulanýarlar.

**Ulaşmak**

A1 I. ulaşmak **2** : İkinji bir zat bilen sepleşmek ikinji bir zada birikmek, utgaşmak.
II. ulaşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Mähnet erikleriň gurply şahallary[Kim] al-asmana[Kime] ulaşýandyr.

A2 I. ulaşmak **2** : Baş goşmak, baş urmak.
II. ulaşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Sen[Kim] aldanyp öňküden hem beter pis käre[Kime] ulaşaýmagyn -- diýdi.

A3 I. ulaşmak 2 : Sezewar bolmak, duçar bolmak, uçramak.
II. ulaşmak→ [Kim], {kime}tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] derde{Kime} ulaşypdyr.

**Ulturamak[u:lturamak]**
A1 I. ulturamak 1 : Bir sebäbe görä gaty awunmak, çürkenmek.
II. ulturamak→ [Kim]
Ör. Ondan soň ol[Kim] neneň ulturamasyn?!

**Ulumsylanmak**
A1 I. ulumsylanmak 1 : Özüňi köpbilmiş saýmak, özüňi hondan bärsi hasaplamak, hiç bir zada göwnüýetmezçilik etmek, özüňi ulumsy tutmak, gedemsilenmek.
II. ulumsylanmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Arçyn onoň ças bermegine has hem ulumsylandy.

**Umumylaşmak[umu:mylaşmak]**
A1 I. umumylaşmak 1 : Esasy netijeleri beýan edip, umumy many almak, jemlenmek.
II. umumylaşmak→ [Kim]
Ör. Düşünjän[Kim] umumylaşmak -- munuň özi has az umumy düşünjeden has umumy düşünjä geçmek diýmekdir.

**Umytlanmak[umy:tlanmak]**
A1 I. umytlanmak 2 : Tutan maksadyň amala aşmagyna umyt etmek, tama etmek, umyt baglamak.
II. umytlanmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Parahaçylyk paktynyň bardygyny eşidip, men[Kim] durmuşdan[Kimden] umytlandym.

**Unamak**
A1 I. unamak 2 : Dogry bilmek, makul bilmek, dogry tapmak.
II. unamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bike[Kim] Hoşgeldiniň sözüni[Kimi] unady.

**Unlamak[u:nlamak]**
A1 I. unlamak 2 : Un goşmak, un sepmek, un garmak.
II. unlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Aýsoltan[Kim] Laçynyň iýmitine[Kime] unlady.

**Unutmak**
A1 I. unutmak 2 : Ýatdan çykarmak, huşdan düşürmek.
II. unutmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Emma sen[Kim] bizi[Kimi] unudýarsyň.

**Urbalamak**

A1 I. urbalamak 2 : Urba sepmek, urba bulamak.
II. urbalamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] bir tamdyr çöregime[Kime] urbaladym.

**Urmak**

A1 I. urmak 2 : Bir zady batly degrip agyra sezewar etmek, urgy täsirini ýetirmek, ýençmek.
II. urmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ertesi irden Gurdy soraga alyp gitdiler. Ondan hiç bir soraga jogap ýokdy. (Olar)[Kim] Soň ony[Kimi] urmaga başladylar.

A2 I. urmak 3 : Bir zadyň üstünden kakmak, ýepbeşlemek.
II. urmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Naçalnik[Kim] ýumrugyny[Kimi] stola[Kime] urup, bir ýany gyzyl, bir ýany ýaşyl galam towsup pola düşdi.

A3 I. urmak 2 :Atyp oky degirmek, oky belli bir nyşana degirmek, atmak.
II. urmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Hawa, atyp bilýän, men[Kim] tüpeň atyp guş[Ne] hem urdum.

A4 I. urmak 1 : (Göçme manyda) Bir ýerden batly akmak (suwuklyk hakda).
II. urmak→ [Kim]
Ör. Fontan[Kim] urýar.

A5 I. urmak 2 : Özüňi bir zadyň içine oklamak, batly girip gitmek.
II. urmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Urşujylar[Kim] güýzüň sowuk suwuna[Kime] urdular.

A6 I. urmak 3 : Ýüklemek, basmak (ýük hakda).
II. urmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Maşyna[Kimi] iki tonna sazak[Ne] urduk. Kim düýä, kim ýaba, hatda käbiri äwmezek öküze-de ýük urýardy.

A7 I. urmak 2 : Tankyt etmek, kemçiligini aýtmak.
II. urmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Meni[Kimi] Ýygnakda gaty urdylar.

**Urnamak**

A1 I. urnamak 3 : Geýime we ş. m. urna etmek, urna urmak, urna tikmek.
II. urnamak→ [Kim], [Kime], {Ne}tamamlayıcı
Ör. (Olar)[Kim] Donuňa[Kime] azajyk urna{Ne} uraýarlar.

A2 I. urnamak 3 : (Göçme manyda) Goşmak, birikdirmek.

II. urnamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör.Eger (sen)[Kim] olary[Kimi] hem onuň üstüne[Kime] urnasaň, onda size bäşden biri däl-de, altydan birini bermeli.

**Urunmak**

A1 I. urunmak 1 : Eliňi-aýagyňy silkip çabalamak, jan agyrysy sebäpli horluk çekmek.
II. urunmak→ [Kim]
Ör.Oglanyň ýagdaýy örän erbetdi (ol)[Kim], goltugymda iki ýana urunýardy.

A2 I. urunmak 1 : Bir zadyň ugrunda hars urmak, aladalanmak.
II. urunmak→ [Kim]
Ör. Nasosy işletjek bolup, ol[Kim] uzynly gün urundy.

A3 I. urunmak 1 : Bagdan, kapasdan boşamaga ýa-da başga bir sebäbe görä howlukmak (Haýwan hakda).
II. urunmak→ [Kim]
Ör. Guş[Kim] urunýar welin, bir zat gören bolmaga çemeli.

**Uruşmak**

A1 I. uruşmak 2 : Sögüşip, ýakalaşyp dawa edişmek, jenjelleşmek.
II. uruşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol[Kim] çagalar bilen[Kimle] uruşýar.

A2 I. uruşmak 2 : Goşun jemläp başga bir döwletiň goşuny bilen ýaragly söweşmek, söweş etmek.
II. uruşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Faşistik Germaniýa[Kim] goňşy döwletler bilen[Kimle] uruşdy (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=uru%C5%9Fmak&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015).

A3 I. uruşmak 2 : Garpyşyp biri-birini pugta çeýnemek, dişleşmek (it we ş. m. haýwan hakda).
II. uruşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Alabaý möjek bilen[Kimle] gara gan bolýançalar[Kim] uruşdylar (çevrimiçi:http://turkmen.webonary.org/?s=uru%C5%9Fmak&search=Search&key=&tax=-112.05.2015).

**Usurgamak**

A1 I. usurgamak 1 : Çala uka giden ýaly bolmak, ymyzganmak (dürli sebäbe göre).
II. usurgamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] bir hili usurgap, düşegiň üstüne süýndi-de, ep-esli wagt gymyldysyz ýatdy.

**Utanmak**

A1 I. utanmak 1 :Bir zat üçin uýalmak, sustuň basylmak, ýüzüň gyzarmak, çekinmek.
II. utanmak→ [Kim]
Ör. Saparly özüniň ýalan sözleýändigine özi[Kim] utandy.

**Utgaşmak**

A1 I. utgaşmak 2 : Birikmek, birleşmek, goşulyşmak, sepleşmek.
II. utgaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Ol adamynyň ösgün saçlary[Kim] sakgaly bilen[Kimle] utgaşypdyr.

A2 I. utgaşmak 2 : Dogry gelmek, gabatlaşmak.
II. utgaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Täze tikinen köýnegimde sary reňk bilen[Kimle] ýaşyl reňk[Kim] utgaşdy(çevrimiçi:http://turkmen.webonary.org/?s=utga%C5%9Fmak&search=Search&key=&tax=-1,12.05.2015).

**Utluşmak**

A1 I. utluşmak 1 : Oýny ahyryna çenli oýnap gutarmak.
II. utluşmak→ [Kim]
Ör. Küştçüler[Kim] sagat iki töwereginde utluşdylar.

**Utmak**

A1 I. utmak 2 : Oýunda, göreşde, jedelde we ş. m. garşydaşyňdan üstün çykmak, garşydaşyňy ýeňmek.
II. utmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Doganymy[Kimi] futbol çempionatyna jedelleşemde men[Kim]utdym (http://turkmen.webonary.org/?s=utmak&search=Search&key=&tax=-1).

**Uwlamak**

A1 I. uwlamak 1 : uwwuldamak
II. uwlamak→ [Kim]
Ör. Aç gurt[Kim] käte agzyn açyp uwlardy.

A2 I. uwlamak 1 : (Göçme manyda) Zaryn sesli aglamak.
II. uwlamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] ýüzüni çuwala berip, uly ili bilen uwlady.

**Uwlunmak**

A1 I. uwlunmak 2 : Çürkenmek, gynanmak.
II. uwlunmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Agyr durmuş Mawynyň degnasyna degýärdi, (ol)[Kim] başyny alyp gitmäge[Kime] uwunýardy, emma barara gapysy ýokdy.

A2 I. uwlunmak 2 : Bir işi ýerine ýetirmäge mejbur bolmak, uwunmak.
II. uwlunmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Yzyma dolanyp gaýtmaga[Kime] uwlundym.

**Uýamak**

A1 I. uýamak 1 : Süýt halyndan gatyk halyna öwrülmek gatyk halyna geçmek.
II. uýamak→ [Kim]
Ör. Süýdi bir eýýäm basyrypdym, (ol)[Kim] bu wagta uýapdyr.

A2 I. uýamak 1 : Suwuklyk halyndan goýunlyk halyna geçmek.
II. uýamak→ [Kim]
Ör. Gan[Kim] uýapdyr.

**Uýanlamak**

A1 I. uýanlamak 2 : Uýan salmak, uýan geýdirmek.
II. uýanlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Aman alaşasyna[Kime] eýer saldy, uýanlady.

**Uýgunlaşmak**

A1 I. uýgunlaşmak 2 : Täze şertlere, täze ýagdaýlara öwrenişdirmek.
II. uýgunlaşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Sowet adamlary[Kim] klimatyň dürli ýagdaýlarynda ýaşamaga[Kime] uýgunlaşandyrlar.

A2 I. uýgunlaşmak 2 : Ýerli şertlere endik etmek.
II. uýgunlaşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ak aýylary yssy kontinentlere[Kime] geçirseň olar[Kim] uýganlaşmayarlar (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s= U%C3%BDgunla%C5%9Fmak&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015).

**Uýmak**

A1 I. uýmak 2 : Biriniň yzyna eýermek, boýun egmek, tabyn bolmak, ynanmak, yrylmak.
II. uýmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Men)[Kim] Janym, tenim bilen uýýaryn oňa[Kim].

**Uýulmak**

A1 I. uýulmak 2 : Biriniň gylyk-häsiýeti bilen halys öwrenişip, ýüregiň bilen şoňa berilmek, ynanmak.
II. uýulmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] Gurt bilen gezer wagtynda olaryň gylyklaryna[Kime] uýulýar.

**Uzaklaşmak**

A1 I. uzaklaşmak 2 : Ara daşlaşmak, ara açmak, uzaga gitmek, daşa gitmek.
II. uzaklaşmak→ [Kim], [Kimden]

Ör. Olar[Kim] harmandan[Kimden] uzaklaşypdylar.

A2 I. uzaklaşmak 1 : Köp wagta çekmek, wagty uzaga çekmek, möhleti aňry çekilmek.
II. uzaklaşmak→ [Kim]
Ör. Oýun[Kim] uzaklaşdy.

**Uzalmak**

A1 I. uzalmak 1 : Öňküsinden uzyn bolmak, öňküsinden uzynlygy artmak.
II. uzalmak→ [Kim]
Ör. Gum örküçleriniň we ösümlikleriň kölegeleri[Kim] barha uzalýardylar.

A2 I. uzalmak 1 : Köpe çekilmek, köp wagt dowam edilmek, uzak wagta çekilmek.
II. uzalmak→ [Kim]
Ör. Üç gün[Kim] üç ýyldan-da beter uzaldy, Ine, bir gün anna agşamy geldi.

**Uzamak**

A1 I. uzalmak 1 : uzalmak
II. uzalmak→ [Kim]
Ör. Baýyr maýsa bilen özün bezäpdi, Gijeler gysgalyp, günler[Kim] uzapdy.

**Uzanmak**

A1 I. uzanmak 1 : Uzalyp ýatmak, azajyk uklamak, süýnüp ýatmak.
II. uzanmak→ [Kim]
Ör. Ädiksiz uzandy bu gün ýatanda, söweşler pälwany garry general[Kim].

**Uzatmak**

A1 I. uzatmak 3 : Bir zady birine bermek üçin eliňi öňe ýazmak.
II. uzatmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] elindäki arzasyny[Kimi] direktora[Kime] uzatdy.

A2 I. uzatmak 2 : Möhleti öňküsinden köpeltmek, öňküsinden artdyrmak, uzaga çekmek.
II. uzatmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Kreditiň möhletiňi[Kimi] uzatmak (TTS).

A3 I. uzatmak 3 : Ýolagçyny ýola salmak, ugratmak.
II. uzatmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] myhmanlary[Kimi] ýola[Kime] uzatdy.

A4 I. uzatmak 3 : Bir zady ibermek, ýollamak.
II. uzatmak→ [Kim], [Kime], [Ne]
Ör. Eziz daýzasyndan köp salam aýdyp ona[Kime] bir sowgat[Ne] uzatdy ejesi Aýna[Kim].

**-Ü**

**Üçlemek**

A1 I. üçlemek **2** : Üç bolup işlemek, işi üç bolup etmek.
II. üçlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bugdaýy[Kimi] üçläp orduk.

**Üçürdiklemek**

A1 I. üçürdiklemek **2** : Ozal işilen ýüpi we ş. m. üç gatlap işmek.
II. üçürdiklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Erşi[Kimi] üçürdikläp bükdürmek.

**Üflemek**

A1 I. üflemek **2** : Dodagyňy çömmeldip batly howa goýbermek, «üf» edip ýel çykarmak.
II. üflemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýürekde ýanan otlary[Kimi] üfläp öçürip bolýarmy?

**Ülemek**

A1 I. ülemek **3** : Her kime ýetdik paýyny bermek, paýlamak, bölmek.
II. ülemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Horjundan çykaran sowgatlaryny[Kimi] ylgap gelen agtyklaryna[Kime] üledi.

**Ülpüldemek**

A1 I. ülpüldemek **1** : Öwşün atmak, ülp-ülp edip galgamak, ýalpyldamak, öwüsmek.
II. ülpüldemek→ [Kim]
Ör. Ýaly bilen guýrugy[Kim] , ýüpek ýaly ülpüldär.

**Ümezlemek**

A1 I. ümezlemek **1** : Howanyň ýüzüne duman, tot ýaýramak.
II. ümezlemek→ [Kim]
Ör. Howanyň ýüzi[Kim] ümezledi.

A2 I. ümezlemek **1** : Garaňkyramak, garalmak, dumanlamak (göz hakda).
II. ümezlemek→ [Kim]
Ör. Gözleri[Kim] ümezläpdi, maşyna münüp, ýene bir ýana gitdi.

**Ümlemek**

A1 I. ümlemek **2** : Üm bilen yşarat etmek.
II. ümlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Sakçy saryny alyp çykanda. Artyk onuň ýüzüne garaman, (ol)[Kim] diňe jigitlerine[Kime] ümledi.

**Ümmüldeşmek**

A1 I. ümmüldeşmek **2** : Biri-biriň göwnünden turup, sözüň alyşmak, biri-biriň gürrüňiňe ten bermek.
II. ümmüldeşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Gylyç[Kim] olary görende, Guwanç bilen[Kimle] garşylap, ümmüldeşip gürrüňleşdi.

**Ümürlemek**

A1 I. ümürlemek **1** : Howanyň ýüzi bug bilen örtülmek, dumanlamak.
II. ümürlemek→ [Kim]
Ör. Howa ýüzi[Kim] ümürläp, Garalyp meýdan düzi, Günüň şöhlesi bilen ýagtyldy jahan ýüzi.

**Ümütmek**

A1 I. ümütmek **2** : Göwräň bilen öň tarapa agram salmak omzamak, dyzamak.
II. ümütmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] ýöräp barýan wagtynda bolsa, onuň bilinden ýokarsynyň bir hili öňe[Kime] ümüdip küýkerilýändigi görünýärdi.

**Ündemek**

A1 I. ündemek **3** : Bir ugra gönükdirmek, ýol görkezmek.
II. ündemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Çernişow[Kim] şäher gornizonyň az sanly soldatlaryny[Kimi] kömege[Kime] ündeýärdi.

A2 I. ündemek **2** : Maslahat bermek, maslahat etmek, nesihat bermek, ündew etmek.
II. ündemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Zelili her bir namarda syryňy paş etmän, (ol) [Kim] berk saklamalydygyny öz döwürdeşlerine[Kime] ündeýär.

**Ünjülenmek**

A1 I. ünjülenmek **1** : Gaýga, pikire batmak, azar edinmek, aladalanmak.
II. ünjülenmek→ [Kim]
Ör. Sen[Kim] epgek bolar diýip ünjülenme!

**Üňmek**

A1 I. üňmek **2** : Üýşüriligi duran zadyň içini köwmek, oýmak.
II. üňmek → [Kim], [Kimi]
Ör. Düýeleriň birnäçeleri[Kim] küdäniň içini[Kimi] üňüp kellelerini sokup, nebsewürlik bilen ýandak gemirýärdiler.

**Üpjünlemek**

A1 I. üpjünlemek **2** : Gerekli zatlar bilen doly üpjün etmek.
II. üpjünlemek→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Men)[Kim] Tejen şäherini, onuň golaýyndaky obalary[Kim] tüwi bilen üpjünlärin.

**Ürjemek**

A1 I. ürjemek 1 : Hereketi artmak, güýjemek, gazaplaşmak.
II. ürjemek→ [Kim]
Ör. Şol wagtlar basmaçylar[Kim] ürjepdir, garşy alnyp barlan söbeşlere gatnaşypdyr.

**Ürkmek**

A1 I. ürkmek 2 :Bir zatdan üşerilip gorkmak, tisginip gaçmak (mal hakda).
II. ürkmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Owlak[Kim] adamlaryň her bir gymyldysynda, hatda gulagyna çalaja ilýän şygyrdydan[Kimden] -da ürkýärdi.

**Ürküzmek**

A1 I. ürküzmek 2 : Bir zatdan bezgek etmek, ürker ýaly etmek, gorkuzmak.
II. ürküzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Oslagsyz takyrdy[Kim] mes gatyrlary[Kimi] ürküzdi.

**Ürpünmek**

A1 I. ürpünmek 1 : Gyňajyň burçuny kellä atmak, başa büremek.
II. ürpünmek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Ozalky wagtda aýal-gyzlar{Kim} elmydama ürpündi.

**Üsgürmek**

A1 I. üsgürmek 1 : Dem alyş organyň sowuklamagy ýa-da oňa iýmit düşüp düwünmeklik zerarly zarply ses çykarmak.
II. üsgürmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] sojaýardy, hasylaýardy we üsgürýärdi.

**Üsseleşmek**

A1 I. üsseleşmek 1 : Zat çalşylanda üsse berişmek.
II. üsseleşmek→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Halyňy başa-baş çalyşmasaň, üsseleşeli!

**Üşemek**

A1 I. üşemek 1 : Sowuk örän täsir etmek, sowuk iýmek.
II. üşemek→ [Kim]
Ör. Gir, Altyn jan[Kim], üşänsiň, ýylyn! -- diýip, işikde nähili bolup duranyny bilmän duran Altynyň elinden tutup, çekip tamyna saldy.

**Üşerilmek**

A1 I. üşerilmek 1 : Bir zada geňirgäp seretmek.
II. üşerilmek→ [Kim]

Ör. Näzikjemal[Kim] üşerildi.

**Ütmek**

A1 I. ütmek 2 : Kellebaşaýak, guş we ş. m. tüýüni, ýelegini ýolup çykmak, ýolup aýyrmak.
II. ütmek→ [Kim], {kimi}tamamlayıcı
Ör. Ol[Kim] guşuň ýelegini{Kimi} ütdi.

A2 I. ütmek 2 : (Gepleşik dili) Kişiniň hakyny iýip çürkemek, kişiniň zähmetini ekspluatirlemek.
II. ütmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Garyplaryn gazanjyny hojaýynlar[Kim] ýygnaýardy, köpçülügü[Kimi] ütýerdiler, mugt iýip ýatýardylar.

A3 I. ütmek 2 : Üst-başyňy, geýim-eşigiňi zaýalamak, haraplamak.
II. ütmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ör turaňda, depeň eter, daşary çyksaň, çalyp tutar, içeri girseň, üstüň[Kimi] üter, meni diri ýakdy çatma.

**Ütüklemek**

A1 I. ütüklemek 2 : Geýimiň we ş. m. ýygyrdyny ýazmak üçin ütük çekmek, üstünden ütük ýöredip, ýygyrdyny ýazmak.
II. ütüklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olaryň käbiri[Kim] galstugyny[Kimi] ütüklese, başga birnäçeleri meýdany suratlar bilen bezeýärler.

**Üwemek**

A1 I. üwemek 2 : Un halyna getirmek (däne we ş. m. hakda).
II. üwemek→ [Kim], [Ne]
Ör. Olaryň bir näçesi[Kim] el degirmeninde bugdaý[Ne] üwäpdir.

A2 I. üwemek 2 : Bir zady ownatmak, maýdalamak kerçemek.
II. üwemek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Men)[Kim] Maşynda et[Ne] üwedim.

**Üwremek**

A1 I. üwremek 1 : Eýläk-beýläk yrap herekete getirmek, eýläk-beýläk yrap herekete etdirmek (sallançak we ş. m. hakda).
II. üwremek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Gyzym, meniň hem çaga hüwdüläsim, sallançak{Kim} üwräsim gelýär.

**Üýrmek**

A1 I. üýrmek 1 : Haw-haw etmek, hawwuldyly ses etmek, hawlamak (it hakda).
II. üýrmek→ {kim}tamamlayıcı

Ör. It{Kim} üýrer, kerwen geçer. (nakyl)

A2 I. üýrmek 2 : Biderek ýere birine sesli azgyrylmak, sögmek.
II. üýrmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Sen[Kim] näme maňa[Kime] üýrüp dursuň (çevrimiçi:http://turkmen.webonary.org/?s=%C3%9C%C3%BDrmek&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015)?

**Üýşenmek**

A1 I. üýşenmek 2 : Birneme gorky döretmek, birinden çekinmek, birinden ätiýaç etmek, sustuň basylmak, utanmak.
II. üýşenmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Oglanlaryň hemmesi[Kim] ondan[Kimden] üýşenýärdiler.

**Üýşmek2**

A1 I. üýşmek 2 : Bir ýere toplanmak, bir ýere ýygnanmak, bir ýere jemlenmek, çogdamlanmak, toparlanmak.
II. üýşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Işe gyzyp, barha öňe[Kime] süýşýärdi.

**Üýtgemek**

A1 I. üýtgemek 1 : Başga görnüşe girmek, üýtgeýşe sezewar bolmak, owalkydan başga hala geçmek, özgermek.
II. üýtgemek→ [Kim]
Ör.Artyk Babaly, döwür[Kim] üýtgeýär -- diýip, men saňa aýtdym ahyry!

A2 I. üýtgemek 1 : Zaýalanyp başlamak, harap bolmak(çaga hakda).
II. üýtgemek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] üýtgän ýaly-la (çevrimiçi:http://turkmen.webonary.org/?s=%C3%BC %C3% BDtgemek&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015)?

A3 I. üýtgemek 1 : Bozulmak, erbetleşmek (howa hakda).
II. üýtgemek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Şol günüň ertesi howa{Kim} birden üýtgedi.

A4 I. üýtgemek 1 : Kellesi aýlanmak, ýeldirgemek.
II. üýtgemek→ {kim}tamamlayıcı
Ör. Seniň kelläň{Kim} üýtgäpdir (çevrimiçi:http://turkmen.webonary.org/?s=%C3%BC %C3% BDtgemek&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015)?

**Üzmek1**

A1 I. üzmek 2 : Bir zady ýolmak, ýolup böleklere bölmek, ýolup aýyrmak (ýüp, ýüplük we ş. m. hakda).

II. üzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Boýnymdaky zynjyrymy[Kimi] gyzym[Kim] çekip üzdi (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=%C3%BCzmek&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015).

A2 I. üzmek 2 : Ýolup almak, ýolmak.
II. üzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Aýsoltanyň[Kim] gowaça ýapragyny[Kimi] üzüp, ysgap duranyny gören Begenç, oňa hyrydar seretdi.

**Üzmek2**
A1 I. üzmek 2 : Bergiň baryny bermek, borjuňy bergi hasaplaşmak.
II. üzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Daýhanlar[Kim] onun gowşaklygyndan peýdalanyp, soňky ýyllarda obrogyň üç essesinden-de köpregini[Kimi] hoz, brusnika we şolara menzeş zat bilen üzdüler.

**Üzňeleşmek**
A1 I. üzňeleşmek 2 : Aragatnaşykly ýagdaýda bolmakdan aýrylmak, baglanyşyksyz bolmak.
II. üzňeleşmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Hakykatdan[Kimden] üzňeleşen wagtynda realistik eserlerdäki ulaltmanyň çeperçilik ähmiýeti ýitýär.

**-W**

**Wadalaşmak[wa:dalaşmak]**
A1 I. wadalaşmak 2 : Bir işi ýa bir zady ýerine ýetirmek ýa-da ýerine ýetirmezlik we ş. m. üçin wada edişmek, biri-biriňe söz berişmek.
II. wadalaşmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýokary bilim alyp çykmagy[Kimi] olar[Kim] bir wagt wadalaşypdylar.

**Wadyrdamak**
A1 I. wadyrdamak 1 : Çalt-çalt düşnüksiz gürrüň etmek, sözlemek.
II. wadyrdamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] gapydan giren badyna[Kime] wadyrdap başlady.

**Waggyldamak**
A1 I. waggyldamak 1 : Waggyldyly ses etmek, waggyldyly ses çykarmak.
II. waggyldamak→ [Kim]
Ör. Märekä[Kim] waggyldady.

**Waglamak**
A1 I. waglamak 1: Wag-wag edip ses çykmak, waggyldyly seslendirmek.
II. waglamak→ [Kim]
Ör. Sil suwu[Kim] waglaýardy.

**Wagyrdamak**

A1 I. wagyrdamak 1 : Wagyr etmek, gykylyk etmek, gopgun tutuşmak, wagyrdyly ses etmek.
II. wagyrdamak→ [Kim]
Ör. Olar[Kim] uzakdan wagyrdaýardy.

**Wakyrdamak**

A1 I. wakyrdamak 1 : Şowhunly, galmagally, sesli gülmek, wakyrdyly gülmek.
II. wakyrdamak→ [Kim]
Ör. Adamlar[Kim] wakyrdap güldiler.

A2 I. wakyrdamak 2 : Wakyrt, wakyrt edip seslenmek, wakyrdyly ses çykarmak.
II. wakyrdamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Men[Kim] baryp ona[Kime] wakyrdap gygyryn.

**Waňkyrmak**

A1 I. waňkyrmak 1 : Urulmak, ýenjilmek zerarly waňk-waňk edip seslenmek, çyňsamak (it we şym. haýwanlar hakynda).
II. waňkyrmak→ [Kim]
Ör. Salnan daş güjüge degdimi, nätdimi, ol[Kim] waňkyryp gaçdy.

**Waňlamak**

A1 I. waňlamak 1 : Waňňyldyly ses etmek, waň-waň edip ses çykmak.
II. waňlamak→ [Kim]
Ör. Demir[Kim] örän waňlaýar.

A2 I. waňlamak 1 : (Gepl. d.) Birsyhly gepläp, gürläp durmak.
II. waňlamak→ [Kim]
Ör. Ejeligimiň dili[Kim], hatardaky düňküň dili ýaly, birsyhly waňlap durýar.

**Waňňyrdamak**

A1 I. waňňyrdamak 1 : Waňňyrdyly seslenmek, waňňyrdyly ses emele gelmek.
II. waňňyrdamak→ [Kim]
Ör. Jaňlar[Kim] waňňyrdaýardy.

**Warkyldamak**

A1 I. warkyldamak 1 : Wark-wark edip seslenmek, warkyldyly ses etmek.
II. warkyldamak→ {kim}tamamlaýjy
Ör. Gurbagalar{Kim} warkyldaýardylar.

**Warryldamak**

A1 I. warryldamak 1 : War-war edip seslenmek, warryldyly ses etmek.

II. warryldamak→ [Kim]
Ör. Asmanda samolýot[Kim] warryldaýardy.

A2 I. warryldamak 1 : (Gepleşik dili) Ugursyz, bolgusyz gürlemek, lakgyldamak.
II. warryldamak→ [Kim]
Ör. Gepiniň gürrüňiniň ugry hem ýok, ýöne (ol)[Kim] warryldap otyr.

**Wassyklamak**
A1 I. wassyklamak 1 : Wassyldyly ses çykarmak.
II. wassyklamak→ [Kim]
Ör. Ana, açyk bir eýwanda körük[Kim] wassyklap, kömürden al-ýaşyl ýalyn bulaýlanýardy.

**Wasyrdamak**
A1 I. wasyrdamak 1 : Wasyrdyly seslenmek, wasyrdyly ses çykmak.
II. wasyrdamak→ [Kim]
Ör. Üstünden suw guýlan ot[Kim] wasyrdap öçüp galdy.

**Waşyrdamak**
A1 I. waşyrdamak 1 : Waşyr-waşyr edip seslenmek, waşyrdyly ses çykmak.
II. waşyrdamak→ [Kim]
Ör. Ýarty sogan[Kim] waşyrdady, Hümmet wolostnoý ony çeýnärdi.

**Wazlamak**
A1 I. wazlamak 1 : Wazzyldyly ses etmek, wazzyldyly seslenmek, wazyrdamak.
II. wazlamak→ [Kim]
Ör. Sanitar maşyny[Kim] wazlap barýardy.

**Wazyrdamak**
A1 I. wazyrdamak 1 : Wazyrdyly seslenmek, wazlamak.
II. wazyrdamak→ [Kim]
Ör. Samolýat[Kim] wazyrdap başlanda, Aýsoltan hiçbir zat duýmady.

**Wazzyldamak**
A1 I. wazzyldamak 1 : Wazzyldyly geplemek, sözlemek, gürlemek.
II. wazzyldamak→ [Kim]
Ör. Primus[Kim] wazzyldap otlady.

A2 I. wazzyldamak 1 : Wazzyldyly seslenmek. (köplenç siňek, we ş. m. Hak.).
II. wazzyldamak→ [Kim]
Ör. Daş-töwerekde siňekler[Kim] wazzyldaýardylar.

**Wägirmek**

A1 I. wägirmek 1 : Gorkudan ýaňa aýylganç ses edip gygyrmak.
II. wägirmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] birden wägirip, ýerinden turdy.

**Wizirlemek**

A1 I. wizirlemek 2 : Dokumentiň ýüzüne wiza goýmak, ygtyýar bermek.
II. wizirlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] başlyk dokumente[Kime] wizirlepdir.

**Wyjyrdamak**

A1 I. wyjyrdamak 1 : Wyjyrdyly gürlemek, çalt-çalt düşnüksiz gürlemek, geplemek.
II. wyjyrdamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] enaýyja wyjyrdady.

**Wyzzyldamak**

A1 I. wyzzyldamak 1 : Wyzyldyly ses etmek, wyz-wyz edip seslenmek.
II. wyzzyldamak→ [Kim]
Ör. Bal arylary[Kim] yhlas bilen aýlanyşyp, ümsümlikde wyzzyldaýardylar .

**-Ý**

**Ýabanylaşmak[ýa:banylaşmak]**

A1 I. ýabanylaşmak 1 : Ýabany bolup gitmek, ýabany hala öwrülmek.
II. ýabanylaşmak→ [Kim]
Ör. Onuň erkin we mähirli gürrüňi çykanda meniň utanjaňlygym[Kim] ýabanylaşdy.

**Ýabşynmak**

A1 I. ýabşynmak 1 : Yzyndan galman üýrmek, topulyp üýrmek (it hakda).
II. ýabşynmak→ [Kim]
Ör. Taýwany-da azat etjek, şol it[Kim] ýabşynyp üýürmesinden ömürlik dynarys.

**Ýabşyrmak**

A1 I. ýabşyrmak 2 : Biçilen geýimiň böleklerini birleşdirip dikmek, gyrasyny içine epip tikmek.
II. ýabşyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Köýnegimiň ýanyny[Kimi] ýabyşyrdym.

A2 I. ýabşyrmak 2 : Bir zady ikinji zat bilen birikdirmek.
II. ýabşyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Jaýyň ganatlaryny[Kimi] ýabşyrdylar.

A3 I. ýabşyrmak 1 : Ýelmäp ýapyşdyrmak, ýüzüne ýelmemek.
II. ýabşyrmak→ [Kim]

Ör. Aýjemalyň suraty we terjime haly ýazylan plakatlar[Kim] ýabşyrlyp goýlupdyr.

**Ýadamak[ýa:damak]**

A1 I. ýadamak 1 : Ýadaw halda bolmak, ýadawlyk duýmak, köp işläp güýçden gaçmak, armak.
II. ýadamak→ [Kim]
Ör. Işçiler[Kim] ardylar, ýadadylar, ajykdylar.

A2 I. ýadamak 2 : (Göçme manyda) Bizar bolmak, halys bolmak, irmek.
II. ýadamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ol aýdanyň hem bolman durjak däl, men[Kim] şu dullukdan[Kimden] halys ýadadym.

**Ýadyrgamak[ýa:dyrgamak]**

A1 I. ýadyrgamak 1 : Nätanyş ýere, ýat adamlaryň arasynda düşende utanmak, çekinjeňlik etmek, ýygra bolmak, gaça durmak.
II. Ýadyrgamak→ [Kim]
Ör. Bizi ilki gören daniýaly gyz[Kim] ýadyrgady.

**Ýagjarmak[ýagjarmak]**

A1 I. ýagjarmak 1 : Ýaglylyk zerarly ýalpyldap durmak, ýagy ýüzüne çykyp durmak.
II. ýagjarmak→ [Kim]
Ör. Onuň derlän ýüzi[Kim] ýagjaryp görünýärdi.

**Ýaglamak[ýa:glamak]**

A1 I. ýaglamak 2 : Ýagçalmak, ýagçalyp arassalamak.
II. ýaglamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Hojamyrat[Kim] siziň ädigiňizi[Kimi] ýagladymy?!

**Ýagmak**

A1 I. ýagmak 1 : Asmandan sepelenip dökülmek (ýagyş, gar hakda).
II. ýagmak→ [Kim]
Ör. Ertir ir bilen gar[Kim]ýagmaga başlady.

A2 I. ýagmak 2 : (Göçme manyda) Yzly-yzyna bolmak, yzy üzülmän gelmek.
II. ýagmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Bu hili soraglar[Kim] mugallymanyň üstüne[Kime] daş-töwerekden ýagmaga başlady.

A3 I. ýagmak 2 : (Göçme manyda) Yzly-yzyna zyňylmak, yzly-yzyna atylmak.
II. ýagmak→ [Kim]
Ör. Duşmanyň çabga ýaly oku[Kim] ýagdy, bular jylgaly gerişlere aralaşdylar.

**Ýagşylanmak**

A1 I. ýagşylanmak 1 : Hil taýdan gowulanmak, oňat bolmak, oňatlanmak, ýagşylaşmak.
II. ýagşylanmak→ [Kim]
Ör. Barha ýagşylaýar daýhanyň haly[Kim] , Toý-tomaşa, şatlyk, görseň her ýeri.

A2 I. ýagşylanmak 1 : Sagatlanmak, guratlanmak, daýanmak, ýagşylaşmak.
II. ýagşylanmak→ [Kim]
Ör. Zähmet güni näçe köp gazansaň, şonça-da durmuşyň[Kim] ýagşylaýar -- diýip käýedi.

**Ýagtylanmak**

A1 I. ýagtylanmak 1 : Açylyp başlamak, durlanmak.
II. ýagtylanmak→ [Kim]
Ör. Howa[Kim] ýagtylyp başlady.

A2 I. ýagtylanmak 1 : Daňatmak.
II. ýagtylanmak→ [Kim]
Ör. Ýalançy[Kim] ýagtylypdyr.

A3 I. ýagtylanmak 1 : (Göçme manyda) Açylmak.
II. ýagtylanmak→ [Kim]
Ör. Garry şeýle diýýän wagty onuň ýygyrt-ýygyrt bolup giden ýüzi janlanypdyr, hatda onuň nury öçen gözleri[Kim] hem ýagtylyp ýaldyrapdyr.

**Ýakalamak**

A1 I. ýakalamak 2 : Bir zadyň ýakasyny syryp gitmek, gyrasy bilen gitmek, gapdaly bilen gitmek.
II. ýakalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] indi eýýäm diwary[Kimi] ýakalap, deň ýöräp barýardylar.

A2 I. ýakalamak 2 : Biriniň ýakasyndan tutmak, ýakasyndan ýapyşmak.
II. ýakalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] -da çaltlyk bilen ýerinden galyp, gelip meni[Kimi] ýakalady.

**Ýakmak1**

A1 I. ýakmak 2 : Ot berdirmek, otlamak.
II. ýakmak→ [Kim], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. Jemal[Kim] eje bolsa başyndaky ýaglygyny başga bir ýaglyk bilen çalşyryp, ojakda ot{Ne} ýakmaga girişdi.

A2 I. ýakmak 2 : Yşyk etmek, ýagtylandyrmak, yşyklandyrmak.
II. ýakmak→ [Kim], [Kimi]

Ör. (Olar)[Kim] Derrew çyrany[Kimi] ýakdylar.

A3 I. ýakmak **2** : Bir zadyň gyzgyny, awusy güýçli täsir etmek, ötmek.
II. ýakmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gün[Kim] olaryň arkasyny[Kimi] ýakyp barýardy, siňekler dişleýärdi.

A4 I. ýakmak **2** : Göwne ýaramak, halamak, söýmek.
II. ýakmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Edýän işiň[Kim] iliň göwnüne[Kime] ýaksyn! Gaýratyňdan rähnet arygy aksyn!

A5 I. ýakmak **2** : (Göçme manyda) Gaty käýitmek, ahy-zar çekdirmek, ynjytmak, agyrtmak, köýdürmek.
II. ýakmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýöne sen[Kim] meni[Kimi] ýakma!

**Ýakmak2**
A1 I. ýakmak **3** : Suw bermek, suw içirmek, suwdan gandyrmak.
II. ýakmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] sygyrlary[Kimi] suwa[Kime] ýakyp boldy.

**Ýakymsyramak**
A1 I. ýakymsyramak **1** : Ýakymly bolan bolmak, mylaýymsyramak.
II. ýakymsyramak→ [Kim]
Ör. Gyzy[Kim] ýakymsyrady, onuň näzlenmesinden bir oýun salmak isleýänini aňdy.

**Ýakynlamak[ýaky:nlamak]**
A1 I. ýakynlamak **2** : Biriniň ýa-da bir zadyň ýakynyna barmak, birine ýa bir zada ýakyn gelmek, golaýlamak.
II. ýakynlamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Suwlar[Kim] ýeriň ýüzüne[Kime] ýakynlaýar, ýeriň topragy şorlanýar.

**Ýalamak**
A1 I. ýalamak **2** : Bir zadyň ýüzünden diliňi ýöretmek, bir zady diliň bilen syrmak.
II. ýalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bal tutan[Kim] barmagyny[Kimi] ýalar.

A2 I. ýalamak **2** : Çalaja degip geçmek, sypap geçmek, täsir etmek.
II. ýalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gündogardan öwüsýän şemal[Kim] ýüzüňi[Kimi] ýalap, gözleriňi gamaşdyrýardy.

**Ýalaňaçlamak**

A1 I. ýalaňaçlamak 2 : Ýalaňaç halda goýmak, ýalaňaç etmek.
II. ýalaňaçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Artyk[Kim] atyny[Kimi] ýalaňaçlady.

A2 I. ýalaňaçlamak 2 : Gabyndan çykarmak, gynyndan çykarmak.
II. ýalaňaçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Çigitler[Kim] gylyçlaryny[Kimi] ýalaňaçlap, duşmanyn üstüne okdyryldylar.

A3 I. ýalaňaçlamak 2 : Pürüni , ýapragyny aýymak.
II. ýalaňaçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Güýzün aýazly howasy[Kim] agaçlary[Kimi] ýalaňaçlady.

**Ýalbarmak**

A1 I. ýalbarmak 2 : Bir zat hakda haýyş edip, birine ýüz tutmak, birinden bir zady sorap, haýyş etmek.
II. ýalbarmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Merde[Kime] ýalbarsaň-peseler, namarda[Kime] ýalbarsaň-eseler.

**Ýaldyramak**

A1 I. ýaldyramak 1 : Öwşün atmak, lowurdap durmak.
II. ýaldyramak→ [Kim]
Ör. Egninde zer pogon[Kim] ýaldyraýardy.

A2 I. ýaldyramak 1 : Şöhle bermek, yşyk salmak, şöhlelenmek.
II. ýaldyramak→ [Kim]
Ör. Bir ýandan daňyň maýagy[Kim]ýaldyrap, Bilbiller saýraşýar hoş owaz bilen.

**Ýalkamak**

A1 I. ýalkamak 2 : Beladan halas etmek, garaşyk etmek; günäsini geçmek.
II. ýalkamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Hudaý[Kim] ony[Kimi] ýalkap gowy ogul beripdir (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=%C3%BDalkamak&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015).

**Ýallaklamak**

A1 I. ýallaklamak 1 : Iýmit berilmegine tamakin bolup, guýruk bulap ýalmanmak (it hakda).
II. ýallaklamak→ [Kim]
Ör. Gyz gelip köşge girdi, it[Kim] ýallaklap durdy oňa.

A2 I. ýallaklamak 1 : Ýaranjaňlyk etmek, gülüm-ýalym etmek.
II. ýallaklamak→ [Kim]

Ör. (Ol)[Kim] Hezret bolsa naýynjar bir görnüşde Suhan aganyň öňünde ýallaklady.

**Ýallamak**

A1 I. ýallamak 2 : İte ýal bermek, iýmit berip naharlamak.
II. ýallamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Heý itu-guşy[Kimi] hem ýallar ýörerlermi? ! -- diýip, Ýermolaý aýtdy.

A2 I. ýallamak 2 : Birini öz garamagyňda saklamak, ekläp saklamak.
II. ýallamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] sizi[Kimi] bikär ýere sygyr-ýallan ýaly ýallamaýar.

**Ýalmamak**

A1 I. ýalmamak 2 : Berlen nahardan zat goýman iýmek, berlen zadyň hemmesini iýmek, açgözlülik bilen iýmek.
II. ýalmamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Diýip, guýrugyny bulady tilki, Goýnuň guýrugyny[Kimi] ýalmady tilki[Kim].

**Ýalmanmak**

A1 I. ýalmanmak 1 : Hödür-keremsiz galmak, hiç zat iýmän ymsynmak, iýmek-içmek üçin güýçli höwes döremek, dodaklary tamşanmak.
II. ýalmanmak→ [Kim]
Ör. Ol ady tutulan it[Kim], guýrugyny bulap ýalmanýardy.

**Ýalňyşmak**

A1 I. ýalňyşmak 1 : Ýalňyşlyk goýbermek, ýalňyşlyk bilen iş etmek.
II. ýalňyşmak→ [Kim]
Ör. Abdylla galandar[Kim] dessine ýalňyşdy, özünibildi.

A2 I. ýalňyşmak 2 : Ugruny üýtgetmek, azaşmak.
II. ýalňyşmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Myrat[Kim] ýöreýän ýoluny, sowuljak köçesini[Kimi] ýalňyşyp, ikinji bir köçä düşdi.

**Ýalpaklanmak**

A1 I. ýalpaklanmak 1 : Ýalpak bolmak, saý bolmak.
II. ýalpaklanmak→ [Kim]
Ör. Aral kölüniň günorta bölegi[Kim] ýalpaklandy.

**Ýaltaklamak**

A1 I. ýaltaklamak 2 : Töwerege çalt göz gezdirmek, göz aýlamak, garanjaňlamak.
II. ýaltaklamak→ [Kim], [Kime]

Ör.Myrat[Kim] ilkibada nämeden söze başlajagyny bilmedi, töweregine[Kime] ýaltaklady.

**Ýaltanmak**

A1 I. ýaltanmak 1 : Ýaltalyk etmek, irinmek.
II. ýaltanmak→ [Kim]
Ör. Okuwçy[Kim] ýaltanmady.

**Ýalynlamak**

A1 I. ýalynlamak 1 : Ýalynly ýanmak, mazaly tutaşyp ýalyn çabyrap ýanmak.
II. ýalynlamak→ [Kim]
Ör. Gury palaç we gaýry süplük-saplyklar[Kim], gowa ot düşen ýaly ýalynlap ýanmaga başlady.

**Ýalynmak**

A1 I. ýalynmak 2: Ýranjaňlyk etmek, hajyk-hujuk etmek, ýalynja bolmak.
II. ýalynmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ejesini şeýle ýagdaýda gören Aňkar[Kim], oňa mähribanlyk bilen ýapyşdy, oňa[Kime] ýalyndy, ýalbardy.

**Ýamamak**

A1 I. ýamamak 2 : Ýama salmak, ýyrtylan ýerini ýama salyp tikmek.
II. ýamamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Olaryň köne geýimleri[Kimi] ýamamak, kir ýuwmak üçin çogan gaýnatmak ýa-da ýarma bişirmek ýaly öý işleri bolaýmasa, başga üýşüp ýatan öý işleri hem ýokdy.

**Ýamanlamak**

A1 I. ýamanlamak 2 : Birini garalamak, girini günäkär hasaplap gybatyny etmek, aýyplap gürrüňini etmek.
II. ýamanlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Seniň nämäňi[Kimi] ýamanlasynlar, hemme zadyň göze görnüp dur ahyryn!

**Ýanamak[ýa:namak]**

A1 I. ýanamak 3 : Gapdalyna getirmek, ýanaşdyryp goýmak.
II. ýanamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Galpakly irden turup, eşegi[Kimi] ahyra[Kime] ýanady-da, üstüne mündi.

A2 I. ýanamak 2 : Ýanyn ýatyp, çagany emdirmek.
II. ýanamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Çagalaryny ýatyryp, kiçisini[Kimi] ýanap gyşaran aýaly: -- Pökgen, göwnüme bolmasamy, seniň kelläňdäki öňki akylyň däl ýaly göryän! -- diýen ýerinde, Pökgen onuň sözüniň arasyna düşdi.

A3 I. ýanamak 2 : (Göçme manyda) Birini hähak ýerden günäkär etjek bolmak, şytlak atmak maksady bilen biriniň yzyna düşmek, ugursyz töhmetler bilen gysmak, azar bermek.
II. ýanamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Indi Gulman seniň bu işiňi boş geçirmez, indi ol[Kim] bizi[Kimi] al ýanan ýaly ýanar, belki, işimiz süýde-gatyga-da düşer.

A4 I. ýanamak 2 : (Göçme manyda) Deňemek, ýakynlatmak, meňzetmek.
II. ýanamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Toýa gelen ýaşulylaryň, garry aýallaryň käbirleri[Kim] ony[Kimi] Muhammediň, Mustapanyň, Hudaýyň adyna ýanap at dakmagy maslahat berdiler.

**Ýanaşdyrmak**

A1 I. ýanaşdyrmak 2 : Edilen ýagşylyga derek ýagşylyk etmek, deregine zat bermek, ödemek.
II. ýanaşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] hem elbetde munuň eden ýagşylygyny[Kimi] ýanyşdyraryn diýen netijä geldi.

**Ýanawuçlamak[ýa:nawuçlamak]**

A1 I. ýanawuçlamak 2 : Ýanawujy dolduryp almak, ýanawuç bilen almak.
II. ýanawuçlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] bugdaýy[Kimi] ýanawuçlady.

**Ýanbaşlamak[ýa:nbaşlamak]**

A1 I. ýanbaşlamak 1 : Ýanyňy ýere berip ýatmak, tirsegiňe daýanyp ýanyn gyşarmak.
II. ýanbaşlamak→ [Kim]
Ör. Pökgen[Kim] halynyň üstünde ýanbaşlap gök çaý içýärdi.

**Ýanjamak**

A1 I. ýanjamak 2 : Teýeneli gyjalat bermek, bir zady birsyhly gaýtalap durmak, köp agzamak.
II. ýanjamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Şol ýer ekişe ýetişmese ýa-da onda ekin bitmese, agronomyn başy bilen çogan bermeli bolçakdygyny[Kimi] oturan- turan ýerinde ýanjapdy.

A2 I. ýanjamak 2 : Gerk-gebe bolmak, ganmak, doýmak.
II. ýanjamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Goýunlar[Kim] günaşymyndan gelip, guýynyň sowuk suwuny[Kimi] ýanjap-ýanjap içipdiler.

**Ýanmak**

A1 I. ýanmak 1 : Ot alyp tutaşmak, otlanyp tutaşma.
II. ýanmak→ [Kim]
Ör. Oduňlar[Kim] ýanýarsy.

A2 I. ýanmak 1 : Ýagty bermek, yşyk bermek, yşyklanmak.
II. ýanmak→ [Kim]
Ör. Elektrik çyralary[Kim] ýalpyldap ýanýar.

A3 I. ýanmak 1 : Ot ýa-da başga bir gyzgyn zadyň täsiri zerarly bişip pökgermek, gabarmak, köýmek.
II. ýanmak→ [Kim]
Ör. Gaýnan suwf dökülip, onuň aýagy[Kim] ýanypdyr.

A4 I. ýanmak 1 : Günüň howry zerarly garalmak.
II. ýanmak→ [Kim]
Ör. Begenjiň bugdaýreňk ýüzi[Kim] güne ýanypdyr.

A5 I. ýanmak 1 : (Göçme manyda) Horluk çekmek, azap çekmek, jepa çekmek, gam-gussa çekmek.
II. ýanmak→ [Kim]
Ör. Seni gözümem görmesin, janymam[Kim] ýanmasyn! -- diýip, ony çuwalyň düýbüne goýberdim.

**Ýanynlamak[ýa:ny:nlamak]**

A1 I. ýanynlamak 1 : Bir gapalyna ýöremek, bir gapdalyna sowulmak, gyşarylmak, bir ýanyňa gyşarmak.
II. Ýanynlamak→ [Kim]
Ör. Ene[Kim] ýanynlap stoluň ýanyna geldi-de, böwrüni diňledi.

**Ýaňkalaşmak**

A1 I. ýaňkalaşmak 2 : Biderek dawalaşmak, ýerliksiz jedelleşmak, biri-birine söz gaýtaryşyp oturmak.
II. ýaňkalaşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Atalyk bilen[Kimle] ol aksakgalyň[Kim] ýaňkalaşyp, gaharlanyşýan gürrüňleri şol bolup geçen wakanyň üstündedi (Gowşudow, 1989: 14).

**Ýaňlanmak**

A1 I. ýaňlanmak 1 : Güýçli çykan ses ýaýrap gitmek, ses düşüp owazlanyp gitmek, seslenip owazdan dolmak.
II. ýaňlanmak→ [Kim]
Ör. Gümmürdi[Kim] uzakdaky dagyň derelerinde-de ýaňlandy.

A2 I. ýaňlanmak 1 : (Göçme manyd)a Dünýä ýaýramak, il arasyna dabarasy dolmak.

II. ýaňlanmak→ [Kim]
Ör. Uruş ýyllarynda halk şahyrlaryndan Ata Salyhyň-da, Durdy Gylyjyň-da, Nury Annagylyjyň-da, Ata Köpek mergeniň-de halky duşmany ýeňmäge çagyrýan goşgulary[Kim] ýaňlanýardy (XX Asyr Türkmen Edebiýatynyň Taryhy, 2011: 5).

**Ýaňramak**
A1 I. ýaňramak 1 : Manysyz köp geplemek, boş sözler aýtmak, biderek gürrüň etmek, agzyňa gelenini lakgyldamak.
II. ýaňramak→ [Kim]
Ör. Şeý diýsene, bolasy Hojagulynyň ýüzüni salyk gördüm-le, ol[Kim] hi ýaňramazmy?!

**Ýaňsylamak**
A1 I. ýaňsylamak 1 : Ýaňsa alyp gürrüň etmek, göwnüýetmezçilik etmek ýa-da üstünden gülmek maksady bilen biriniň sözüni kesä çekmek.
II. ýaňsylamak→ [Kim]
Ör. Daşyndaky syn edýän kolhozçylar[Kim]: -- Sen, Atajyk ýeke özüň gidiberdiň, çöpden-çöre uruberdiň! -- diýip, ýaňsylap gülüşdiler.

**Ýaňzytmak**
A1 I. ýaňzytmak 2 : Çala duýdurmak, çala aňlatmak, mälim etmek, bildirmek.
II. ýaňzytmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Aýnany ýaman görmeýänini[Kimi] Bally[Kim] hem saňa ýaňzydypdy.

**Ýapbaşmak**
A1 I. ýapbaşmak 1 : Ýapbaşyk bolmak, ýasy görnüşe gelmek, ýemşerilmek, epilmek, ýepbeşmek.
II. ýapbaşmak→ [Kim]
Ör. Şol zerarly şlýapalaryň köpüsi[Kim] ýapbaşypdyr.

**Ýapdyklamak**
A1 I.ýapdyklamak 1 : Çalarak agsaklap, ýapyrylyp çalt ýöremek.
II.ýapdyklamak→ [Kim]
Ör.Ol[Kim] ýapdyklap gelýärdi.

**Ýapgytlamak**
A1 I. ýapgytlamak 2 : Ýapgyt bilen ýöremek, eňňidräk ýerden ýöremek.
II. ýapgytlamak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] baýyrdan[Kimden] ýapgytlap indi.

**Ýaplamak**
A1 I. ýaplamak 3 : Bir zada söýemek, diräp goýmak, daýamak.
II. ýaplamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]

Ör. (Sen)[Kim] Dik dur hasasyna[Kime] gollaryň[Kimi] ýaplat, Kämahal gobsunyp omzaýar öňe.

A2 I. ýaplamak 2 : (Göçme manyda) Günä, gara we ş. m. zat ýüklemek.
II. ýaplamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Aýnur ejä[Kim] bigünä adama[Kime] ýaplady.

A3 I. ýaplamak 2 : (Gepleşik dili) Urmak, ýençmek, öldürmek.
II. ýaplamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Bäşisini[Kimi] ýapladym! -- diýdi.

**Ýapmak**

A1 I. ýapmak 3 : Bir zadyň üstüni örtmek, ýüzüňi basyrmak.
II. ýapmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Özi pilot keltekçesinde galyp, içmegini[Kimi] onuň üstüne[Kime] ýapdy.

A2 I. ýapmak 2 : Bişirmek üçin damdyryň gazanyň ýüzüne ýelmemek (çörek we ş. m. hakda).
II. ýapmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Şu gün Jamaly gaýtarýarlar, (siz)[Kim] şonuň çelpegini[Kimi] ýapmaga barýan!

A3 I. ýapmak 2 : Boýnuna ýüklemek, üstüne atmak.
II. ýapmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Sen)[Kim] Al gerek bolsa, indi hem maňa[Kime] ogrulyk ýapýamyň?!

A4 I. ýapmak 2 : İşlemegini bes etdirmek, ýatyrmak, duruzmak.
II. ýapmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Maňa gaty zerur bolan şol jaýlary salyp bermeseňiz, (ol)[Kim] fermany[Kimi] ýapmak gerek.

A5 I. ýapmak 2 : Bes etmek, gutarmak, tamamlamak.
II. ýapmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýygnagy[Kimi] ýapmak, mejlisi ýapmak.

A6 I. ýapmak 2 : (Gepleşik dili) Urmak, ýençmek.
II. ýapmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Sem bol! -- diýip, urýadnik Rybiniň gulagynyň düýbüne[Kime] ýapdy.

**Ýapraklamak**

A1 I. ýapraklamak 1 : Ýaprak emele gelmek, ýaprak bilen basyrylmak, ýaprak çykarmak.
II. ýapraklamak→ [Kim]

Ör. Ýaz aýlarynda hemme agaçlar[Kim] ýapraklap başlaýarlar.

**Ýapyrmak**

A1 I. ýapyrmak 2 : Aşak basmak, çümürmek, ýatyrmak.
II. ýapyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Dili bir garyş süýnen möjek[Kim] uzyn gulaklaryny[Kimi] ýapyryp, naýynjar ses bilen uwlapdyr.

**Ýapyşmak**

A1 I. ýapyşmak 2 : Eliň bilen pugta tutmak, asylyşmak.
II. ýapyşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] çalasynlyk bilen baryp, ýüpe[Kime] ýapyşdy.

A2 I. ýapyşmak 2 : Degip ýelmenmek, ýelmeşmek, tutmak.
II. ýapyşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Degdi-de şapba ýapyşdy dodagym[Kim] dodagyňa[Kime].

A3 I. ýapyşmak 2 : Bir işi ýerine ýetirmäge ykjam girişmek.
II. ýapyşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Söýgüli kärine[Kime] ýapyldy her kim[Kim], Beýik gurluşyga başlady halkym.

**Ýaraglanmak**

A1 I. ýaraglanmak 1 : Ýarag bilen üpjün bolmak, ýarag şaýyny tutmak.
II. ýaraglanmak→ [Kim]
Ör. (Siz)[Kim] Ýaraglanyp, üç atly bolup atlanalyň (Gowşudow, 1989: 543)

A2 I. ýaraglanmak 2 : Gerekli serişde bilen üpjün bolmak, enjamlanmak.
II. ýaraglanmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Sowet mekdebinin mugallymy[Kim] kommunustik dynýegaraýşy bilen[Kimle] ýaraglanmalydyr.

**Ýaralamak**

A1 I. ýaralamak 2 : Ýara salmak, ýaraly etmek.
II. ýaralamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Emma ol art aýagynyň birini ýere basyp bilmeýärdi, möjekler[Kim] ony[Kimi] ýaralapdyrlar.

**Ýaramak**

A1 I. ýaralamak 2 : Maza bermek, hezil bermek, ýaramly bolmak, ýakmak.
II. ýaralamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Bu[Kim] hiç zada[Kime] ýaramaýar.

A2 I. ýaralamak 2 : Belli bir talaba laýyk bolmak, peýdaly bolmak bir islegi kanagatlandyrmak.

II. ýaralamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Maňa[Kime] bolsa edil alçaly ýag ýaly ýaraýar.

A3 I. ýaralamak 2 : Gowy görmek, göwnünden turmak, halamak, islemek.
II. ýaralamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Täzegülüň aýdýan zatlary[Kim] maňa[Kime] gaty ýarady.

A4 I. ýaralamak 2 : Gurby, taby bar bolmak.
II. ýaralamak→ [Kim], [Kime]
Ör. Şol kempiriň özi[Kim] şu ýere[Kime] gelmäge ýaraýarmy?

**Ýaramazlanmak**
A1 I. ýaramazlanmak 1 : Ýaramaz bolmak, pis bolmak, pislenmek.
II. ýaramazlanmak→ [Kim]
Ör. Howa[Kim] ýaramazlanýar.

A2 I. ýaramazlanmak 1 : Hil taýdan pes bolmak, hili erbetlenmek.
II. ýaramazlanmak→ [Kim]
Ör. Önimin hili[Kim] ýaramazlandy.

**Ýaraşmak1**
A1 I. ýaraşmak 2 : Tersleşen adamyň bilen barlyşmak.
II. ýaraşmak→ [Kim], [Kimle]
Ör. Men[Kim] seniň bilen[Kimle] ýaraşmak üçin geldim. Sen meni bagyşla!

**Ýaraşmak2**
A1 I. ýaraşmak 2 : Gowy gelmek, gelşikli bolmak, görk bermek, gelişmek.
II. ýaraşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Onuň şu sypatyna[Kime] ezýaka ak köýnegi[Kim] ýraşypdyr.

A2 I. ýaraşmak 2 : Mynasyp bolmak, mahsus bolmak, has bolmak.
II. ýaraşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ýaman iş[Kim] ýaman adama[Kime] ýaraşar!

**Ýaratmak**
A1 I. ýaratmak 2 : Emele getirmek, döretmek.
II. ýaratmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Jan alyp, jan berip, Watany döretdi, Gaýduwsyz gahryman ärler[Kim] watany[Kimi] ýaratdy.

A2 I. ýaratmak 2 : Ýararly etmek, derkar etmek, derege geçirmek.
II. ýaratmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ony[Kimi] men[Kim] näme ýaradaýyn?!

**Ýarmak[ýa:rmak]**

A1 I. ýarmak 2 : Çapyp, kesip bölek-bölek etmek, kesmek.
II. ýarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Garnyny[Kimi] ýaryp, içini-bagryny arassaladylar.

A2 I. ýarmak 2 : Partlama döredip weýran etmek, kül-uşak etmek, partlatmak.
II. ýarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] köprini[Kimi] ýarmak

A3 I. ýarmak 2 : Agyz salyp dişlemek, dişlerini geçirip ýara salmak (it hakda).
II. Yarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol it[Kim] bugün meni[Kimi] ýardy.

A4 I. ýarmak 2 : (Göçme manyda) Ogurlyk etmek, ogurlap almak, ogurlamak.
II. ýarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ogry[Kim] bir kolhozçynyň öýüni[Kimi] ýarjak bolandyr ýa-da gapysyndaky malyny kesjek bolandyr.

A5 I. ýarmak 2 : (Göçme manyda) Böwsüp geçmek, böwüsmek.
II. ýarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Aňňat-aňňat gumlaň[Kimi] ýaryp göwsüni, Ýaryşyp işleýär hiç biri durman.

**Ýarmaşmak**

A1 I. ýarmaşmak 2 : Bir zadyň üstüne, ýokarsyna durmaşyp çykmak, dyrmaşmak.
II. ýarmaşmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Alaňa[Kime] ýarmaşyp başlanlarynda, ortaky düýe art aýaklaryny abşardyp, sakga durdy.

**Ýarpylamak[ýa:rpylamak]**

A1 I. ýarpylamak 2 : Ýarysyny edip gutarmak, bir işiň ýarysyny amala aşyrmak.
II. ýarpylamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ejegül[Kim] düýnki alyp bilmän giden çägini alyp, ýene bir çägi[Kimi] ýartylap gaýtmakçydy.

A2 I. ýarpylamak 2 : Ýaryny harçlamak, ýaryny almak, ýoklamak.
II. ýarpylamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] bir halta uny[Kimi] ýarpyladylar.

**Ýarsmak**

A1 I. ýarsmak 1 : Öňki formasyndan üýtgemek, öňki jebisligi bozulmak.
II. ýarsmak→ [Kim]
Ör. Gapy[Kim] ýarsypdyr.

A2 I. ýarsmak 1 : (Göçme manyda) Ers-mers bolup üýtgemek, özgermek.
II. ýarsmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Gysga wagtyň içinde uly ýarsdy.

**Ýarymsaklamak**

A1 I. ýarymsaklamak 1 : Ýarnjaňlyk etmek, gowy görünjek bolmak.
II. ýarymsaklamak→ [Kim]
Ör. Çerkez[Kim] hany bir otluçöp bersene! -- diýip ýarymsaklady.

**Ýasamak**

A1 I. ýasamak 2 : Bejerip taýýar etmek, bejerip häzir etmek.
II. ýasamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] maşynyň detallaryny[Kimi] stanokda ýasady.

A2 I. ýasamak 2 : (Grammatik termin) Emele getirmek, döretmek.
II. ýasamak→ [Kim], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. Goşulmalar[Kim] esasan söz{Ne} ýasamaga we sözlemde sözleri biri-birilerine baglamaga hyzmat edýärler.

**Ýassanmak**

A1 I. ýassanmak 2 : Bir zady ýa-da ýassygy kelläniň ýa-da tirseginiň aşagyna goýup, gyşaryp ýatmak.
II. ýassanmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] bir dessäni[Kimi] ýassanyp, arkan ýatan ýerinden mawy asmana tomaşa edip başlady.

**Ýasylamak**

A1 I. ýasylamak 2 : Ýasy görnüşe salmak, ýasy etmek, ýazgyn forma bermek.
II. ýasylamak→ [Kim], [Ne]
Ör. Çoluk[Kim] hamyr[Ne] ýasylaýar.

**Ýaşamak[ýa:şamak]**

A1 I. ýaşamak 1 : Ömür sürmek.
II. ýaşamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Beýle halk bilen ýaşamak-da, işlemek-de örän uly bagt!

A2 I. ýaşamak 1 : Güzeran görmek, gün iteklemek.
II. ýaşamak→ [Kim]
Ör. Şeýle-de bolsa, özgelere seredeniňde men[Kim] başgaça ýaşaryn.

A3 I. ýaşamak 2 : Oturmak, bolmak.
II. ýaşamak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Ine, şu obada[Kimde] iki sany garyp dost maşgala[Kim] ýaşaýardylar.

**Ýaşarmak[ýa:şarmak]**

A1 I. ýaşarmak 1 : Ýaş aýlanmak, ýaş çykmak, ýaş peýda bolmak (göz we ş. m. hakda).
II. ýaşarmak→ {Kim}Tamamlayıcı
Ör. Bir lukma nan üçin gözler{Kim} ýaşardy, Çekildi horluklar, minnetli sözler.

**Ýaşmak1**

A1 I. ýaşmak 1 : Gözýetimden aňryk inmek, batmak (gün hakda).
II. ýaşmak→ [Kim]
Ör. Aý[Kim] öz şöhlesini biziň otagymyza saldy-da, ýaşdy.

**Ýaşynmak**

A1 I. ýaşynmak 1 : Özünden ýaşy uly bolan adamlara, gaýynlara hormat goýup, ýaşmagy agzyň üstüne çekmek, ýaşmak bilen agzyňy örtmek (ýaş gelinler hakda).
II. ýaşynmak→ [Kim]
Ör. Aýjemal[Kim] adat boýunça Hojam agadan ýaşynyp, dik oturdy.

**Ýaşyrmak**

A1 I. ýaşyrmak 2 : Gizlinlikde saklamak, ýaşyryn saklamak, gizlemek.
II. ýaşyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Biz[Kim] bilýän zadymyzy[Kimi] ýaşyrmarys.

**Ýataklamak**

A1 I. ýataklamak 1 : Guzlajak bolmak, guzlamak üçin ýer gözlemek.
II. ýataklamak→ [Kim]
Ör. Goýun[Kim] ýataklaýar.

**Ýatlamak[ýa:tlamak]**

A1 I. ýatlamak 2 : Ýadyňa düşürmek, ýada salmak, hakydaňa getirmek, göz öňüne getirmek.
II. ýatlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim], başyndan geçiren söweşlerini[Kimi]-de ýatlady.

**Ýatmak**

A1 I. ýatmak 2 : Bir ýerde ýa-da bir zadyň üstünde keserip gyşarypmak, uzyn göwräň bilen kesermek, süýnmek.
II. ýatmak→ [Kim], [Kimde]
Ör. Arabanyň üstüne dört gatlanan ýorgan atylyp, onuň üstünde[Kimde] bolsa bir aýal[Kim] ýatyrdy.

A2 I. ýatmak 1 : Uka gitmek, uklamak, irkilmek.
II. ýatmak→ [Kim]
Ör. (Sen)[Kim] Giç ýat-da ir tur, alty pişegi artyk ur.

A3 I. ýatmak 2 : Bir ýerde bolmak, köp wagtlap bolmak, eglenmek.
II. ýatmak→ [Kim], {Kimde}Tamamlayıcı
Ör. Çaryýew[Kim] birnäçe günläp keselhanada{Kimde} ýatmaly boldy.

A4 I. ýatmak 1 : Togtamak, kesilmek.
II. ýatmak→ [Kim]
Ör. Dañ saz berdi, ýel[Kim] hem ýatdy.

A5 I. ýatmak 1 : Süllerip solup gitmek, guramak (biýara we ş. m. hakda).
II. ýatmak→ [Kim]
Ör. Suwsuzlykdan gaty horlanan gawun[Kim] ýatypdyr.

A6 I. ýatmak 1 : Syrkaw bolmak, syrkawlamak.
II. ýatmak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] birnäçe gün ýatdy (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=%C3%BDatmak&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015).

**Ýaýaplamak**

A1 I. ýaýaplamak 2 : Ýalynjaňlyk etmek, ýaranjaňlyk etmek.
II. ýaýaplamak→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Ol)[Kim] Biriniň öňünde[Kimde] ýaýaplap durmak.

**Ýaýbaňlanmak**

A1 I. ýaýbaňlanmak 1 : Giň möçberde alyp barylmak, ýokary derejede ösmek, giň gerim almak, artmak, güýçlenmek, ýaýbaňlaşmak.
II. ýaýbaňlanmak→ [Kim]
Ör. Şol wagtdaky Hytaýda gurluşyk[Kim] giň ýaýbaňlanypdyr.

**Ýaýdanmak**

A1 I. ýaýdanmak 1 : Bir işi etjegini ýa etmejegini bilmän, ýörmek, ikirjiňlenmek.
II. ýaýdanmak→ [Kim]
Ör. Akmämmet aga[Kim] onuň bu gürrüňine näme aýtjagyny bilmän ýaýdandy.

A2 I. ýaýdanmak 2 : Ätiýäç etmek, çekinmek, gorkmak.
II. ýaýdanmak→ [Kim], [Kimden]
Ör. Çagyrsa, goý çagyrsyn, sen[Kim] oňdan[Kim] hiç ýaýdanman, hemmesini dopba-dogry ýüzüne aýt!

**Ýaýkalamak**

A1 I. ýaýkalamak 2 : Eýläk-beýläk ýaýkamak, iki tarapa hereket etdirmek, eýläk-beýläk çaýkamak.
II. ýaýkalamak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Sekretar[Kim] kellesini[Kimi] ýaýkap makullady.

**Ýaýlamak[ýa:ýlamak]**

A1 I. ýaýlamak 1 : Ýaý bilen atmak, ýaý bilen urmak.
II. ýaýlamak→ [Kim]
Ör. (Olar)[Kim] Ýaýlap sapanlap nyşana edip, aýnalarynyň soňuna çykdylar.

**Ýaýmak1[ýa:ýmak]**

A1 I. ýaýmak 2 : Gatygyň ýagyny almak üçin ýanlygyny yzyny üzmän, pişek bilen bulap durmak.
II. ýaýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ertir basyryp giden gatygyny[Kimi] ýaýyp başlady.

**Ýaýmak2[ýa:ýmak]**

A1 I. ýaýmak 2 : Hamyry oklaw bilen iki tarapa togalap ýukaltmak, hamyra ýazgyn forma bermek.
II. ýaýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Jomaly gaýtarýarlar, (ol)[Kim] şonuň çelpegini[Kimi] ýaýmaga barýan.

A2 I. ýaýmak 2 : Seçelendirip goýbermek, pytradyp goýbermek, ýaýratmak.
II. ýaýmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Gelni tamyň çüňňünde saçyny[Kimi] ýaýyp ýatyr.

**Ýaýmak3**

A1 I. ýaýmak 2 : Giňden ýazmak, germek.
II. ýaýmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Soňra ol[Kim] hem ganat[Ne] ýaýyp, howlynyň depesine çykdy.

A2 I. ýaýmak 2 : Mälim etmek, aýan etmek, ýaýratmak.
II. ýaýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] syryňy[Kimi] ile ýaýmak.

**Ýaýnamak**

A1 I. ýaýnamak 1 : Bolçulykda ýaşamak, bolelinlikde güzeran geçirmek, erkin ýaşamak.
II. ýaýnamak→ [Kim]
Ör. Şu öýden gitsek, biz[Kim] ýaýnap ýaşarys.

A2 I. ýaýnamak 1 : (Göçme manda) Hezil etmek, lezzet tapmak, lezzetlenmek.
II. ýaýnamak→ [Kim]
Ör. Kenarynda, kemerinde daglaryň, Bürgüt guşy, arslan-şirler[Kim] ýaýnaýar.

A3 I. ýaýnamak 1 : Giňden ýazylmak, uzap gitmek, uzamak.
II. ýaýnamak→ [Kim]

Ör. Kyrk çulbadan aňyrlygyna bolsa ownujak gyzgylt daşly gyr[Kim] ýaýnap gidýärdi.

**Ýaýramak**

A1 I. ýaýramak 2 : Dargamak, pytramak.
II. ýaýramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ýaňy dogan Günüň şöhlesi[Kim] dünýä[Kime] ýaýrady.

A2 I. ýaýramak 1 : Çaýylmak, saçylmak.
II. ýaýramak→ [Kim]
Ör. Gün şöhlesi[Kim] ýaýylyp gidýär.

A3 I. ýaýramak 2 : Ýaýraň, dagynyk halda bolmak, ýazylmak, gerilmek.
II. ýaýramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ynha, garpyzyň gollary[Kim] çar tarapa[Kime] ýaýrap başlady.

A4 I. ýaýramak 2 : Köpçülige mälim bolmak, äşgär bolmak, aýan bolmak.
II. ýaýramak→ [Kim], [Kime]
Ör. Bu şygyr[Kim] tiz wagtda bütün Russiýa[Kime] ýaýraýar.

A5 I. ýaýramak 1 : Giň gerim almak, barha ösmek.
II. ýaýramak→ [Kim]
Ör. Parahatçylyk ugrundaky hereket[Kim] ýaýraýar (çevrimiçi: http://turkmen.webonary.org/?s=%C3%BDa%C3%BDramak&search=Search&key=&tax=-1, 12.05.2015).

**Ýazgarmak[ýa:zgarmak]**

A1 I. ýazgarmak 2 : Nädogry edilen iş üçin käýemek, günakärlemek, aýyplamak, garalamak.
II. ýazgarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Brigadirler[Kim] ýeri-ýerden ony[Kimi] berk ýazgardylar.

A2 I. ýazgarmak 2 : Jeza bermek.
II. ýazgarmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Maýam, menem kanun[Kim] meni[Kimi]ondan hem beter ýazgarsyn.

**Ýazlamak[ýa:zlamak]**

A1 I. ýazlamak 2 : Ýazlaga göçüp barmak, ýazlag ýerlerde ýaşamak.
II. ýazlamak→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Ol)[Kim] Etege ýakyn bir ýerde[Kimde] ýazlamaga öz karar edipdirler.

A2 I. ýazlamak 2 : (Göçme manyda) Bolelinlikde, erkinlikde ýaşamak, erkin ýaşamak.
II. ýazlamak→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Men)[Kim] Ýazlasam ýaryn bagynda[Kimde] gyşlasam göwsün agynda.

**Ýazmak1**

A1 I. ýazmak 3 : Bir zadyň ýüzüne grafiki bellikleri, alamatlary şekillendirmek.
II. ýazmak→ [Kim], [Kime], [Ne]
Ör. Ol[Kim] elindäki galamy bilen ak kagyzyň ýüzüne[Kime] nämedir bir zat[Ne] ýazandan soň ýene Myradyň ýüzüne seretdi.

A2 I. ýazmak 2 : Bir eser döretmek, bir tekst düzmek.
II. ýazmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Andalyp[Kim] «Leýli-Mežnuny»[Kimi] ýazmakda halk dilini esas edinýär.

A3 I. ýazmak 2 : Bir zat hakda hat üsti bilen habar bermek, beýan etmek.
II. ýazmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Olar)[Kim] Gazetlerde pagtaçylaryň zahmet üstünlikleri hakda[Ne] ýazýarlar.

A4 I. ýazmak 2 : Bir zat üçin biriniň adyny spisoga goşmak.
II. ýazmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] okuwçylaryn adyny[Kimi] ýazýar.

**Ýazmak2**

A1 I. ýazmak 3 : Düşäp goýmak, düşek atmak, düşemek.
II. ýazmak→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. Garýagdy aga[Kim] çadyryň işigine[Kime] brezent[Ne] ýazýar.

A2 I. ýazmak 2 : Ýaýradyp goýmak, pytradyp goýmak, ýaýratmak.
II. ýazmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk çermelgi ýeňini düýürmelgi balagyny[Kim] ýazman, alaň samanyň üstüne çykyp garady.

A3 I. ýazmak 2 : Ýygyrdyny düzlemek, büzülen ýerini tekizlemek.
II. ýazmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] galstugynyň ýygrylan ýerini[Kimi] ýazyp başlady.

A4 I. ýazmak 2 : Gatyny açmak, düýrümini ýazgyn hala öwürmek.
II. ýazmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ganalaryny[Kimi] ýazýar.

A5 I. ýazmak 2 : Ökçe götermek, gaçmak.
II. ýazmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Gümmürdi çykan wagty men[Kim] arkanlygyma[Kime] ýazdym.

**Ýazmak3[ýa:zmak]**

A1 I. ýazmak 1 : Bir zat ýerinden sypmak, çözülmek.

II. ýazmak→ [Kim]
Ör. Onuň köýneginiň iligi[Kim] ýazypdyr.

A2 I. ýazmak 1 : Ýerinden çykmak, döwülmek.
II. ýazmak→ [Kim]
Ör. Ondan soň ol nädip: -- Oňurgam[Kim] ýazdy-la! -- diýip gygyrmasyn.

A3 I. ýazmak 2 : Başka ýana sowulmak, başga tarapa öwrülmek.
II. ýazmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Ondan soň gürrüň[Kim] başga tarapa[Kime] ýazdy. Oýnuň soňunyň çyna ýazýanyndan seniň habaryň ýokmy?

A4 I. ýazmak 3 : Bagdan boşamak, daňydan sypmak.
II. ýazmak→ [Kim], [Kimi], [Kimden]
Ör. Ol[Kim] dänydan[Kimden] ýükü[Kimi] ýazýar.

**Ýegdeklemek**

A1 I. ýegdeklemek 1 : Çalt ädimläp ýöremek, ýelk-elk edip çalt ýöräp gitmek, ýegdeneklemek.
II. ýegdeklemek→ [Kim]
Ör. Aşyr ýalta seredende, Aýna[Kim] ýegdekládi, onuň gelýendigini gördi.

**Ýegşermek**

A1 I. ýegşermek 1 : Garrylyk zerarly bil bükülmek, egilmek.
II. ýegşermek→ [Kim]
Ör. Onda-da eşek, gitmän, (ol)[Kim] ýegşerip duranyndan soň, ol dişini gakarly gyjap, bat alyp gelip, eşegiň böwrüne çokaýly aýagy bilen depýärdi.

A2 I. ýegşermek 1 : Agyr zat göterip ýapyrylmak, egilmek, ýegşerilmek.
II. ýegşermek→ [Kim]
Ör. Sebediň agramyna ýaşajyk hammal[Kim] ýegşerdi.

A3 I. ýegşermek 1 : (Göçme manyda) Jepa, jebir, sütem zerarly hor düşmek, güýç-kuwwatdan aýrylmak, asgynlamak.
II. ýegşermek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Ony açlyk agramy basyp, ýegşerdi, soň Maýsa ýapyşmakdan başga çäresi galmandy.

**Ýekelemek**

A1 I. ýekelemek 2 : Gür gögeren ekinleriň käerlerinden goparyp seýrek etmek, selçeňlemek, selçeň etmek.
II. ýekelemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] gowaçalary[Kimi] ýekeleýärdiler.

**Ýekesiremek**

A1 I. ýekesiremek 1 : Özüňi ýeke duýmak, ýalňyz galyp ýüregiň gysmak, darykmak.
II. ýekesiremek→ [Kim]
Ör. Belki hem wolostnoý[Kim] ýekesireýändir?

**Ýekirmek**

A1 I. ýekirmek 2 : Birini ýaman görmek, ýigrenmek.
II. ýekirmek→ [Kim],[Kimi]
Ör. Artyk, olar[Kim] meni[Kimi] ozaldan hem ýekirip ýörler. Gulluhan häzir meni hem ýekirýär.

**Ýeldirgemek**

A1 I. ýeldirgemek 1 : Birneme akylyň üýtgemek, akylyňdan azaşmak.
II. ýeldirgemek→ [Kim]
Ör. Ol pahyr[Kim] ýeldirgäýdimikä?

**Ýelejiremek**

A1 I. ýelejiremek 1 : Açyk howada gezmelemek, açyk howa çykyp seleňlemek.
II. ýelejiremek→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Has hem gowy bolar ýaly, ýelejiräp geleris-dä!

A2 I. ýelejiremek 2 : Şemal kakyp durmak, ýel çalmak.
II. ýelejiremek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] çaganyn bolýan otagyny[Kimi] ýelejiredi.

**Ýeleklemek**

A1 I. ýeleklemek 1: Ýelek bilen örtülmek, ýelek çykarmak.
II. ýeleklemek→ [Kim]
Ör. Guşuň çagajyklary[Kim] ýelekläp başlapdyr.

**Ýelimlemek**

A1 I. ýelimlemek 2 : Ýelim çalmak.
II. ýelimlemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Çat açan ýerini[Kimi] ýelimlemek.

**Ýelinlemek**

A1 I. ýelinlemek 1 : Ýelni gozgamak, ýelnine süýt inmek, guzlajak wagty ýakynlaşmak.
II. ýelinlemek→ [Kim]
Ör. Sygrymyz[Kim] ýelinläpdir.

**Ýelinselemek**

A1 I. ýelinselemek 2 : Ýelne ýelinse geýdirmek.

II. ýelinselemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] sagylýan geçileri[Kimi] ýelinseledi.

**Ýeljiklemek**

A1 I. ýeljiklemek : köpürjiklemek
II. ýeljiklemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Bajak guýýan ýeri köpükläp gaýnap, Ýeljikleýär edil çogýan süýt ýaly.

**Ýelkildemek**

A1 I. ýelkildemek 1 : Çalt hereket edip ýöremek, gaty-gaty ädimläp ýöremek.
II. ýelkildemek→ [Kim]
Ör. Manat ýasaýanyň ogly[Kim] bolanymda-da, şundan artyk pul sowup bilmerin -- diýip, köçeden-köçe ýelkildeýärmi-ýelkildäýer!

**Ýellenmek**

A1 I. ýellenmek 1 : Ýel alyp çişmek, ýel almak, pökgermek.
II. ýellenmek→ [Kim]
Ör. Gije uklamanlygy zerarly gözleri[Kim] ýellendi, gurady.

**Ýelmemek**

A1 I. ýelmemek 3 : Ýelim çalyp ýelmeşdirmek, ýelim çalyp ýapyşdyrmak, ýelimläp tutdurmak.
II. ýelmemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. (Olar)[Kim] Haty[Kimi] wokzalyň görnükli ýerlerine[Kime], zawodyň binalaryna[Kime] ýelmediler.

A2 I. ýelmemek 2 : (Göçme manyda) Güpledip goýbermek, bat bilen urmak.
II. ýelmemek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] kellesine[Kime] ýelmedi.

**Ýelpemek**

A1 I. ýelpemek 2 : Ýelpewajy ýa-da başga bir zady iki baka bulap ýel çaldyrmak, şemallandyrmak, ýelikdirmek.
II. ýelpemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Giň jaýyň gapysyndan ätledik welin, salkyn howa[Kim] ýüzümizi[Kimi] ýelpedi.

**Ýelpeselemek**

A1 I. ýelpeselemek 2 : Ýeliň güýjüne galgamak, pasyrdamak.
II. ýelpeselemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Şemal[Kim] başyndaky ýaglygy[Kimi] ýelpeselendi.

**Ýemirmek**

A1 I. ýemirmek 2 : Bir zady majartmak, ýemşertmek, ýapbaşdyrmak.

II. ýemirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] bedräni[Kimi] ýemirmek

A2 I. ýemirmek 2 : Bir zadyň gyrasyny, erňegini ýykmak gätmek, döwmek.
II. ýemirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Käsäniň erňegini[Kimi] ýemirmek.

**Ýempemek**
A1 I. ýempemek 1 : Bir aýagy göteribräk basyp keýtiklemek, keýtikläp ýöremek.
II. ýempemek→ [Kim]
Ör. Ony başdan-aýak gözden geçirdi we (ol)[Kim] ýempäp ugrady.

**Ýemrilmek**
A1 I. ýemrilmek 1 : Içine majaryp epilmek; içine, iç tarapyna çökmek, ýemrik bolmak, ýemşermek, epilmek.
II. ýemşerilmek→ [Kim]
Ör. Semawaryň turbasynyň agzy[Kim] ýemrilipdi.

A2 I. ýemrilmek 1 : Gyrasy ýykylmak, erňegi gädilmek, oburylmak.
II. ýemşerilmek→ [Kim]
Ör. Gala[Kim] ýemşerilipdir.

**Ýençmek**
A1 I. ýençmek 2 : Pugta urmak, mazaly saýgylamak, ýençgilemek.
II. ýençmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] maşgalamy yzymda taşlap, talaňçylyk etmege, garyplary[Kimi] ýençmäge, gan dökmäge gelemok.

A2 I. ýençmek 2 : Çekiçlemek, sozmak, çekiç bilen urmak (metal hakynda).
II. ýençmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Demri[Kimi] ýenjip sozmak.

**Ýeňlemek**
A1 I. ýeňlemek 1 : Agramy kemelmek, agramy azalmak.
II. ýeňlemek→ [Kim]
Ör. Agaç[Kim] gurap ýeňlemek.

A2 I. ýeňlemek 1 : Aňsatlaşmak, sadalaşmak, ýönekeýleşmek.
II. ýeňlemek→ [Kim]
Ör. Ýagdaý[Kim] ýeňläp başlady.

A3 I. ýeňlemek 1 : (Göçme manyda) Ýeňilkellelik edip başlamak, salykatsyz bolup başlamak, suwjuklamak, göterilmek.
II. ýeňlemek→ [Kim]

Ör. Maýsa ejäniň kiçi gyzy Täzegül[Kim] şu günler gaty ýeňläpdir.

A4 I. ýeňlemek 1 : (Göçme manyda) Köşeşmek, ynjalmak, rahatlanmak.
II. ýeňlemek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Şa bütin gazabyny döküp, biraz ýeňlepdi.

A5 I. ýeňlemek 1 : (Göçme manyda) Gutarara ýakyn gelmek, azalmak.
II. ýeňlemek→ [Kim]
Ör. Gyrkym[Kim] nädýä, ýeňleýämi? Aňyrsy iki günlük işimiz galdy.

A6 I. ýeňlemek 1: (Göçme manyda) Ruhlanmak, dogumlanmak, ruhuň göterilmek.
II. ýeňlemek→ [Kim]
Ör. Onuň agyr göwresi[Kim] ýeňläpdi.

**Ýeňlenmek**

A1 I. ýeňlenmek 2 : Geýimiň ýeňine goluňy sokup geýmek, ýeňe sokup geýmek.
II. ýeňlenmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Onuň eli saralgy bolansoň, (ol)[Kim] köýnegini[Kimi] ýeňlenip bilmän, ýakasyndan boýnuny çykaryp otyrdy.

**Ýeňmek**

A1 I. ýeňmek 2 : Uruşda, söweşde üstün çykmak.
II. ýeňmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Biz)[Kim] Watançylyk urşunda faşizmi[Kimi] ýeňdik.

A2 I. ýeňmek 2 : Bir zat ugrundaky göreşde üstünlik gazanmak.
II. ýeňmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Kynçylygy[Kimi] ýeňmek üçin, Tutanýerli bolgun, inim!

A3 I. ýeňmek 2 : Göreşde, ýaryşda we ş. m. garşydaşyňdan üstün çykmak.
II. ýeňmek→ [Kim], [Kimde]
Ör. (Ol)[Kim] Ýaryşda[Kimde] ýeňmek.

**Ýepbeklemek**

A1 I. ýepbeklemek 2 : El bilen ýuwaşja tapbyldatmak, urmak (ýaş çaga hakda).
II. ýepbeklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ejesi[Kim] çagany[Kimi] ýepbekläp uklatdy.

A2 I. ýepbeklemek 2 : Bir zadyň üstüni, ýüzüni el ýa-da başga zat bilen ýuwaşja urup tekizlemek, rejelemek.
II. ýepbeklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Kakam[Kim] üýşürilgi gumy[Kimi] ýepbekledi. Täze edilen gum sekiniň üstüş ýepbeklemek.

A3 I. ýepbeklemek 2 : (Göçme manyda) Birini pugta urmak, ýençmek.
II. ýepbeklemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Olar)[Kim] Ony[Kimi] mazalyja ýepbekläpdirler.

**Ýepberilmek**

A1 I. ýepberilmek 1 : Biliňi büküp, ýapyrylyp oturmak, eplenip oturmak.
II. ýepberilmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] ýepberilip oturdu.

**Ýepbeşmek**

A1 I. ýepbeşmek 1 : Urlup, gysylyp, basylyp myjarmak, berk zada degip epilmek, ýepbeşik bolmak, ýapbaşmak, ýemşermek.
II. ýepbeşmek→ [Kim]
Ör. Telpegi[Kim] ýepbeşdi.

**Ýerlemek**

A1 I. ýerlemek 2 : Täze ýerde ýaşamaklyga öwrenişmek, öwrenişip gitmek, uýgunlaşmak.
II. ýerlemek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Öwez[Kim] bu ýerde[Kimde] kän ýerlemedi.

A2 I. ýerlemek 2 : Saklanmak, eglenmek.
II. ýerlemek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Myhmalar[Kim] bizde[Kimde] ýerledi.

**Ýerleşmek**

A1 I. ýerleşmek 2 : Bir zadyň içine jaýlaşmak, sygmak.
II. ýerleşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ýyglan gawunlaryň hemmesi[Kim] araba[Kime] ýerleşer.

A2 I. ýerleşmek 2 : Girmek, kabul edilmek, göterilmek (işe, okuwa).
II. ýerleşmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Biziň herimiz[Kim] bir işe[Kime] ýerleşdik.

A3 I. ýerleşmek 1 : Sarp bolmak, harç edilmek.
II. ýerleşmek→ [Kim]
Ör. Norma boýunça alnan harytlaryň hemmesi[Kim] ýerleşdi.

A4 I. ýerleşmek 2 : Belli bir ýerde, territoriýada bolmak.
II.ýerleşmek→ [Kim],[Kimde]
Ör. Türkmen döwlet uniwersiteti[Kim] Aşgabat şäherinde[Kimde] ýerleşýär.

A5 I. ýerleşmek 1 : Mäkäm ornaşmak, jaýly oturmak.
II. ýerleşmek→ [Kim]

Ör. Pökgi aýbogdaşyny gurup, (ol)[Kim] kemally ýerleşmänkä, Mämmetweli hojam peýda boldy.

A6 I. ýerleşmek 1 : (Göçme manyda) Durmuşa çykmak, äre barmak.
II. ýerleşmek→ [Kim]
Ör. Ýetişen gyz[Kim] ýerleşdi.

**Ýeserlenmek**

A1 I. ýeserlenmek 1 : Mekir, hilegär bolup, köpbilmişlik edip başlamak.
II. ýeserlenmek→ [Kim]
Ör. Adam[Kim] ýeserlenipdir.

A2 I. ýeserlenmek 1 : Pähimli bolmak, dogumly bolmak, dogumlanmak, başarnykly bolmak.
II. ýeserlenmek→ [Kim]
Ör. Bä, Artyk, sen[Kim] ýeserlenipsiň-aýt!

**Ýetdirmek**

A I. ýetdirmek 2 : Ylgawda, ýaryşda ýaryşdaşyňy yzyňdan ýetirmek, deňleşmegine mümkinçilik bermek, yzyndan ýetirmek.
II. ýetdirmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Pellehana golaýlanynda, yzyndan[Kimden] ýetdirdi.

A2 I. ýetdirmek 1 : (Göçme manyda) Garyp düşmek, lüt galmak.
II. ýetdirmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] ýetdiripdir.

A3 I. ýetdirmek 1 : (Göçme manyda) Garrylyk zerarly kuwwatdan düşmek, lagşamak.
II. ýetdirmek→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Üzük, durluk tapjak bolup ýetdirdik.

**Ýeteňkirlemek**

A1 I. ýeteňkirlemek 2 : Ýetmäge sähelçe galmak, ýetip barmak, ýetibermek.
II. ýeteňkirlemek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Galanyň orta biline[Kime] ýeteňkirledi.

**Ýetimsiremek[ýeti:msiremek]**

A1 I. ýetimsiremek 1 : Ýetimligi duýup başlamak; ýetim bolan bolmak.
II. ýetimsiremek→ [Kim]
Ör. Ballynyň dört ýaşly gyzy[Kim] ýetimsiräpdi.

**Ýetirmek**

A1 I. ýetirmek 3 : Aradaşlykdaky bir zada uzadyp degirmek, galtaşdyrmak.
II. ýetirmek→ [Kim], [Kimi], [Kime]

Ör. Gül astynda oturgyçda oturdy, (ol)[Kim] bukjaly hatyna[Kime] elin[Kimi] ýetirdi.

A2 I. ýetirmek 2 : Alyp barmak, eltmek, gowşurmak.
II. ýetirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] alyp barýan ýüklerini[Kimi] wagtynda ýetirdiler.

A3 I. ýetirmek 2 : Ýeterlik etmek, deňine eltmek.
II. ýetirmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Senagaty uruşdan ozalky derejesine[Kime] ýetirmek we ondan-da geçirmek ugrundaky hormatly işe sowet adamlarynyň hemmesi bir adam ýaly bolup girişdi.

A4 I. ýetirmek 2 : (Göçme manyda) Habar bermek, duýdurmak, aýtmak.
II. ýetirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Onuň şu ýerde aýdanlaryny[Kimi] serhede ýetirmek ýeterlik.

**Ýetişmek1**
A1 I. ýetişmek 1 : Ösüp kemala gelmek, hasyla durmak, bişmek.
II. ýetişmek→ [Kim]
Ör. Nahar[Kim] ýetişipdir.

A2 I. ýetişmek 1 : Kämillik ýaşyna ýetmek, ösüp ulalmak, jahyl çykmak.
II. ýetişmek→ [Kim]
Ör. Nursoltanyň gyzy[Kim] ýetişýärdi, ol köpden bäri aňlaýardy.

**Ýetişmek2**
A1 I. ýetişmek 2 : Geçilýän sapaklary ýeterlikli özleşdirmek, ýetişik gazanmak, talaba laýyk özleşdirmek (okuw hakda).
II. ýetişmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Ol[Kim] sapaklaryna[Kime] gowy ýetişýär.

A2 I. ýetişmek 2 : Wagtynda barmak, gijä galman barmak.
II. ýetişmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Okuwa[Kime] ýetişjek bolup ylgap gitdim.

A3 I. ýetişmek 2 : Ýetişikli bolmak, öz wagtynda häzir bolmak, wagtynda taýýar etmek.
II. ýetişmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sapýorlar[Kim] ol wagtda ýollary[Kimi] bejerip ýetişerdi.

**Ýetmek**
A1 I. ýetmek 2 : Öňden gidip barýan ýa-da gaçyp barýan bilen deňleşmek.
II. ýetmek→ [Kim], [Kimden]

Ör. (Ol)[Kim] Aýlaryň şatlygna bilbil heň etdi, şol wagt ýeňseden[Kimden] bir göwre ýetdi.

A2 I. ýetmek 2 : Bir ýere barmak, belli bir ýere baryp ýetişmek.
II. ýetmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Towşan[Kim] bolsa, şol gaçyşyna bir gür jeňňellige[Kime] ýetip, ýapraklaryň aşagynda gizlenip, özüni bilmän köp ýatypdyr.

A3 I. ýetmek 2 : Paý düşmek, belli bir mukdarda berilmek.
II. ýetmek→ [Kim], [Kimden]
Ör. Bu[Kim] öten agşamky oljadan[Kimden] ýetdi.

A4 I. ýetmek 1 : Ýeterlik bolmak, geregiçe bolmak.
II. ýetmek→ [Kim]
Ör. Ýer gyt däl welin, hany suw[Kim] ýetýärmi?

A5 I. ýetmek 2 : Almak, edinmek, gazanmak.
II. ýetmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Bu zatlara[Kime] ýetmek üçin diňe işlemek gerekdigine ol düşünýärdi.

A6 I. ýetmek 2 : Biriniň ýa-da bir zadyň täsiri geçmek, güýçli täsir etmek, sebäp bolmak.
II. ýetmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Durdynyň ajy sözi[Kim] Artyga[Kime] kemsiz ýetdi.

A7 I. ýetmek 2 : Uzynlyk ölçegi boýunça belli bir möçbere deň bolmak.
II. ýetmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Hažžygyň uzynlygy[Kim] metr ýaryma[Kime] ýetýär.

A8 I. ýetmek 2 : Ýaşy, wagty, möhleti belli bir çene barmak.
II. ýetmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Türkmenistan[Kim] ýetdi on bäş ýaşyna[Kime].

**Ýigdelmek**

A1 I. ýigdelmek 1 : Ýigit bolup görünmek, ýaş görünmek.
II. ýigdelmek→ [Kim]
Ör. Onuň sag-aman gelendigine begenjinden birnäçe ýaş[Kim] ýigdeldi.

A2 I. ýigdelmek 1 : (Göçme manyda) Daýanmak, kuwwatlanmak.
II. ýigdelmek→ [Kim]
Ör. Garry göwre[Kim] ýamaşgandan ýigdeldi.

**Ýigrenmek**

A1 I. ýigrenmek 1 : Ýigrenji görmek, erbet görmek, ýaman görmek, nepis görmek.
II. ýigrenmek→ [Kim]
Ör. Onuň özüni ulymsy tutuşyny Sapar[Kim] içinden ýigrendi.

**Ýirmek**

A1 I. ýirmek 2 : Gyrasyny dilip ýyrtmak, ýirik etmek, dilmek.
II. ýirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] täzeje köwşüniň apgyrdyny[Kimi] ýiripdir.

**Ýitelmek**

A1 I. ýitelmek 1 : Çalnyp ýiti bolmak, kesgir bolmak, ötgür bolmak.
II. ýitelmek→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Päki gaty ýitelipdir.

A2 I. ýitelmek 1 : (Göçme manyda) Dünýägaraýşy artmak, düşünjesi, pähimi giňelmek.
II. ýitelmek→ [Kim]
Ör. Çary[Kim] öňküsinden ýitelipdir.

**Ýitigsilenmek**

A1 I. ýitigsilenmek 1 : Barha ýitip barmak, barha ujypsyzlanmak, gitdigiçe azalmak, gitdigiçe öçügsi bolup görünmek.
II. ýitigsilenmek→ [Kim]
Ör. Asmanyň ýüzi agarýardy, kölegeler[Kim] ýitigsilenýärdi, ýapraklar güne garaşyp titreşýärdi.

**Ýitirmek**

A1 I. ýitirmek 2 : Bir zady ýogaltmak, gaçyrmak.
II. ýitirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Men)[Kim] Çakgymy[Kimi] ýitirdim.

A2 I. ýitirmek 2 : Zyýan çekmek, zelel görmek.
II. ýitirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Sen[Kim] bütin bir ýylyňy[Kimi] ýitirdiň.

A3 I. ýitirmek 2 : Güýjüňi ýoklamak, ölüm-ýitime sezewar bolmak.
II. ýitirmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Iňlisler[Kim] şol söweşe goşulan güýçleriniň segsen prosentini[Kimi] ýitirdiler.

**Ýitmek**

A1 I. ýitmek 1 : Gaçyp ýogalmak, gaçyp galmak, gürüm-jürüm bolmak.
II. ýitmek→ [Kim]
Ör. Meniň pyçagym[Kim] ýitipdir.

A2 I. ýitmek 1 : Azaşyp başga ýere düşmek, azaşmak.
II. ýitmek→ [Kim]
Ör. Guma oduna gidençagalaryň biri[Kim] ýitipdir.

A3 I. ýitmek 1 : Görünmez bolmak, bozulmak, öçmek.
II. ýitmek→ [Kim]
Ör. Ol çylgamlar[Kim] gitdikçe inçelip ahyrsoňy çölde ýitip gidýär.

**Ýogalmak[ýo:galmak]**

A1 I. ýogalmak 1 : Ýok bolup gitmek, ýok bolmak, ýitirim bolmak; ýitmek.
II. ýoğalmak→ [Kim]
Ör. Wizantiýa imperiýasynda-da gul eýeçilikli gurluş[Kim] kem-kemden ýogalyp ugrapdyr.

A2 I. ýogalmak 1 : (Göçme manyda) Aradan çykmak, wepat bolmak, ölmek.
II. ýoğalmak→ [Kim]
Ör. Onuň üç ogly goşundady. Şolaryň biri[Kim] eýýäm uruşda ýogalypdy.

**Ýognamak**

A1 I. ýognamak 1 : Ýogyn bolmak, düýbi, göwrümi ulalmak.
II. ýognamak→ [Kim]
Ör. Çynar[Kim] hem günde iki esse ýognapdyr.

A2 I. ýognamak 1 : Semremek.
II. ýognamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] dynçlyk zerarly ýognapdyr.

**Ýokarlanmak**

A1 I. ýokarlanmak 1 : Ýokary galmak, beýgelmek, asmana göterilmek.
II. ýokarlanmak→ [Kim]
Ör. Samolýot[Kim] barha ýokarlanýar.

A2 I. ýokarlanmak 1 : Öňki derejesinden artyp başlamak, köpelmek, galmak.
II. ýokarlanmak→ [Kim]
Ör. Ekin meýdanlarynyň girdeji berijiligi[Kim] ýokarlanýar.

A3 I. ýokarlanmak 1 : Möwç almak, güýjemek.
II. ýokarlanmak→ [Kim]
Ör. Halkymyzyň halýagdaýy[Kim] ýokarlanýar.

A4 I. ýokarlanmak 1 : Gowulanmak, oňatlanmak.
II. ýokarlanmak→ [Kim]
Ör. İlatyň maddy hal-ýagdaýy[Kim] ýokarlaýar.

**Ýoklamak[ýo:klamak]**

A1 I. ýoklamak 2 : Birini ýa-da bir zady ýat etmek, ýatlamak, küýsemek.
II. ýoklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Gyrat[Kim] Göroglyny[Kimi] ýoklap bir kişňedi.

A2 I. ýoklamak : Ýok etmek, ýitirmek.
II. ýoklamak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Zadyny[Kimi] ýoklady.

A3 I. ýoklamak 2 : Sarp etmek, harçlamak.
II. ýoklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Alan depderleriňi[Kimi] nirä ýokladyň?

A4 I. ýoklamak 2 : Ýoguna ýanmak, öldürmek.
II. ýoklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Gyzylhany[Kimi] tutmaly ýa-da ýoklamaly.

**Ýokmak**

A1 I. ýokmak 2 : Bir zatda yz, tegmilt galmak, ýokuşmak.
II. ýokmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Geýime[Kime] çyrşak[Kim] ýokupdur, ony arassalamak kyn däl, emma ýürege ýapyşan posy saplarlyk derman ýok.

A2 I. ýokmak 2 : Ýokanç kesel ýokuşmak.
II. ýokmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Munyň kel bolupdyr, gijilewük keseli[Kim] oňa[Kime] ýokupdyr.

A3 I. ýokmak 2 : Ýokumly bolmak, ýaramak.
II. ýokmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Miwe suwy[Kim] maňa[Kime] ýokýar.

A4 I. ýokmak 2 : Täsir etmek, sözüň ötmek.
II. ýokmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Biznäçe «gel» diýip sargaýarys, biziň sözümiziň biri[Kim] hem oňa[Kime] ýokanok.

**Ýollamak[ýo:llamak]**

A1 I. ýollamak 3 : Birini ýa-da bir zady bir ýere ibermek, ugratmak.
II. ýollamak→ [Kim], [Ne], [Kime]
Ör. Doganyň[Kim] ýollapdy saňa[Kime] bir sowgat[Ne].

**Ýolmak**

A1 I. ýolmak 2 : Bir zady sogrup ýa-da üzüp aýyrmak, almak.
II. ýolmak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Aýsoltan[Kim] öz göwsüne galtaşyp duran gowaçanyň bir ýapragyny[Kimi] ýoldy.

A2 I. ýolmak 2 : Çekip, dartyp üzmek, gyrmak.
II. ýolmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ýüpi[Kimi] ýolmak.

A3 I. ýolmak 2 : Ütmek.
II. ýolmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Deriniň ýüňüni[Kimi] ýolmak.

A4 I. ýolmak 2 : Arasyny kesmek, bölmek.
II. ýolmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Okalyp duran leksiýany[Kimi] ýoldy-da, sorag bermäge başlady.

A5 I. ýolmak 3 : (Göçme manyda) Aldap almak, ýonmak.
II. ýolmak→ [Kim], [Ne], [Kimden]
Ör. Men[Kim] ondan[Kimden] on müň manat[Ne] ýoldum.

**Ýolmalamak**

A1 I. ýolmalamak 2 : Ýolup-ýolup aýyrmak, çekişdirip ýolmak.
II. ýolmalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] towugyn ýeleklerini[Kimi] ýolmalady.

A2 I. ýolmalamak 2 : (Göçme manyda) Birini erjellik bilen dalamak, dyrnaçaklamak.
II. ýolmalamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Olar[Kim] oglanlyk döwründe biri-birlerini[Kimi] ýolmalady.

**Ýolukmak**

A1 I. ýolukmak 2 : Duçar bolmak, sataşmak, duşmak, uçramak.
II. ýolukmak→ [Kim], [Kime]
Ör. Bilmeýän sen[Kim] muňa[Kime] nireden ýolukdyň?

**Ýonmak[ýo:nmak]**

A1 I. ýonmak 2 : Rende ýa-da beýleki ýonujy esbaplar bilen bir zadyň ýüzünden ýuka gatlagyny aýyrmak, tekizlemek, ýylmamak, rendelemek.
II. ýonmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Şu stanokda iňňen çylşyrymly we uly detallary[Kimi] hem aňsatlyk bilen ýonmak bolýar.

A2 I. ýonmak 3 : (Göçme manyda) Birinden bir zady hile bilen aldap almak.
II. ýonmak→ [Kim], [Ne], [Kimden]
Ör. (Ol)[Kim] Göroglydan[Kimden] bir zat[Ne] ýonup bolmazmyka?

**Ýoňlamak**

A1 I. ýoňlamak 1 : Ýaramazlyk tapynmak, dümewlemek.
II. ýoňlamak→ [Kim]
Ör. Çyplak geýnen adam[Kim] ýoňlapdyr.

**Ýorgalamak**

A1 I. ýorgalamak 1 : Ýorgasyna gitmek, ýorga gezeri bilen gitmek.
II. ýorgalamak→ [Kim]
Ör. Dor alaşa[Kim] käkilik ýaly ýorgalap barýar.

**Ýormak1**

A1 I. ýormak 2 : Düýşi kesgitlemek, düşündirmek, ýorgudyny aýtmak.
II. ýormak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Artyk demini dürsänden soň, öz ýanyndan düýşüni[Kimi] ýordy.

A2 I. ýormak 2 : Hasap etmek, hasaplamak, bir zatdan görmek.
II. ýormak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Ekzamenden geçip bilmänini[Kimi] Artyk ýok zatlara ýordy.

**Ýortmak**

A1 I. ýortmak 1 : Ylgap gitmek, ýüwürmek, çalt ýöremek.
II. ýortmak→ [Kim]
Ör. Arap at[Kim] meýdanda ýortar, Goç ýigidiň rysky artar.

**Ýoýmak**

A1 I. ýoýmak 2 : Zaýalamak, haraplamak, bozmak, üýtgetmek, erbetleşdirmek.
II. ýoýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Dünýäden göwni geçginlik, näumytlyk alamaty[Kim] onuň keşbini[Kimi] ýoýýardy.

A2 I. ýoýmak 2 : Nädogry beýan etmek, galplaşdyrmak.
II. ýoýmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Taryhy[Kimi] ýoýmak bolmaz.

**Ýozulmak**

A1 I. ýozulmak 1 : Esremekligi galmak, esremeklik döwri tamamlanmak (erkek hakda).
II. ýozulmak→ [Kim]
Ör. Erkek[Kim] ýozulypdyr.

**Ýönelmek[ýö:nelmek]**

A1 I. ýönelmek 2 : Bir tarapa ugramak, bir ugra gitmek, bir ugra ýöremek.
II. ýönelmek→ [Kim], [Kime]

Ör. Halnazar[Kim] oňa gulak asman sakgalyny sypap, öz öýüne[Kime] ýöneldi.

**Ýöňkemek**

A1 I. ýöňkemek 2 : Garalyk ýapmak, töhmet etmek.
II. ýöňkemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Men[Kim] şol beýannamalary[Kimi] günäkärleýänlere[Kime] ýöňkeýärdim.

**Ýöremek**

A1 I. ýöremek 1 : Endigan ädim ädip hereket etmek, ýol geçmek.
II. ýöremek→ [Kim]
Ör. Olar[Kim] her wagt burunlaryny açyp, hemişekileri ýaly parahat ýöreýär.

A2 I. ýöremek 1 : Herekete gelmek, işläp başlamak, işlemek.
II. ýöremek→ [Kim]
Ör. Otly[Kim] ýuwaş- ýuwaşdan ýöräp ugrady.

A3 I. ýöremek 1 : Görkezilen ugur, düzgün boýunça hereket etmek.
II. ýöremek→ [Kim]
Ör. (Biz)[Kim] Seniň bellän ýoluň bilen düz ýöräp, Watnmyzy gülüstana öwürdik.

A4 I. ýöremek 2 : (Göçme manyda) Organizme güýçli täsir edip ýaýramak.
II. ýöremek→ [Kim], [Kime]
Ör. Halk arasynda: -- Içýanyň zäheri[Kim] sary adama[Kime] gaty ýöreýär -- diýilýär.

**Ýörmemek[ýö:rmemek]**

A1 I. ýörmemek 2 :Matanyň gyrasyny üstaşyr sanjyp tikmek, gapjap tikmek.
II. ýörmemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýorganyn gyrasyny[Kimi] ýörmedi.

**Ýöwsellemek**

A1 I. ýöwsellemek 1 : Özüniň günäkärdigini, pikirniň nädogrudygyny bilip gowşap başlamak, öz pikirinden dänip başlamak.
II. ýöwsellemek→ [Kim]
Ör. Pökgi[Kim] wala ýöwselledi.

A2 I. ýöwsellemek 1 : Azalyp başlamak, azalyp gidişip, dargaşyp başlamak, saýpallamak.
II. ýöwsellemek→ [Kim]
Ör. Bazaryň märekesi[Kim] birneme ýöwsellepdir.

**Ýugurmak**

A1 I. ýugurmak 2 : Bir zady basyp, gysyp, garjaşdyryp, owkalap ýumşak massa öwürmek, ýumşak etmek.
II. ýugurmak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Hamyr[Ne] ýugurýar.

**Ýukalmak[ýu:kalmak]**
A1 I. ýukalmak 1 : Ýuka bolmak, ýukalyk görnüşine öwrülmek.
II. ýukalmak→ [Kim]
Ör. Ýapragyň bir çeti[Kim] papiros kagyzy ýaly ýukalypdyr.

**Ýumalanmak**
A1 I. ýumalanmak 1 : Togalanmak, togalanyp gitmek, tigirlenmek, öz badyna agdarylyp gitmek.
II. ýumalanmak→ [Kim]
Ör. Ojagaz tomzak ýaljak ýören trolleýbusalar[Kim] ýumalanypdy.

**Ýumjuklatmak**
A1 I. ýumjuklatmak 2 : Ýumup kiçeltmek, çiňerilip seretmek.
II. ýumjuklatmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] aňyrdan gele-gelmäne çukanak gözlerini[Kimi] ýumjukladyp, Kiçigula çiňňerildi.

**Ýumlukmak**
A1 I. ýumlukmak 2 : Bir tarapa gitmek, ugramak, ýüzüň ugruna gitmek, bir tarapa eňmek.
II. ýumlukmak→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Aljyraňňylyk bilen gapaýa[Kime] ýumlukdy.

**Ýummak**
A1 I. ýummak 2 : Açyk bir zady ýapmak, sebşirmek; epmek.
II. ýummak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] gözlerini[Kimi] ýumdy.

**Ýumralmak**
A1 I. ýumralmak 1 : Çiş görnüşinde togolagrak bolup durmak, ýumry bolmak, pökgermek.
II. ýumralmak→ [Kim]
Ör. Onuň barmaklary[Kim] ýumraldy, näzik sapagy birsydyrgyn towlady.

**Ýumruklamak**
A1 I. ýumruklamak 2 : Birini ýa-da bir zady ýumruk bilen urmak, ýumruk indermek, ýençmek.
II. ýumruklamak→ [Kim], [Kimi]
Ör.Annatuwak birdenkä ot ýapyşan ýaly gyzdy-da, (ol)[Kim] stoly[Kimi] ýumruklady.

**Ýumrulmak**

A1 I. ýumrulmak 1 : Döwlüp ýykylmak, aşaklygyna çöken bolmak, weýran bolmak, bozulmak.
II. ýumrulmak→ [Kim]
Ör. Şol galalar[Kim] ýumrulsa, Bela bary dep boljak.

**Ýumşamak**

A1 I. ýumşamak 1 : Ýeňillik bilen gysylýan, basylýan bolmak, çeýe, maýyşgak, süýngüç bolmak.
II. ýumşamak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Birnäçe wagtdan soň ýumşady.

A2 I. ýumşamak 1 : Ýakymly, mylaýym, ýuwaş bolmak.
II. ýumşamak→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] örän ýumşapdyr.

A3 I. ýumşamak 1 : Köşeşmek, diňmek.
II. ýumşamak→ [Kim]
Ör. Gülsüm[Kim] biraz ýumşasa-da, Kürt Ahmede gyýyk göz bilen bakdy.

**Ýumulmak**

A1 I. ýumulmak 1 : Ýumuk görnüşde bolmak, ýapylmak, gysylmak.
II. ýumulmak→ [Kim]
Ör. Agzy açylyp, ruhy öçüp, kem-kem ýumuldy gözi[Kim].

**Ýumurmak**

A1 I. ýumurmak 2 : Ýykmak, weýran etmek, aşaklygyna, iç tarapyna ýykmak, çökertmek, dargatmak, harabaçylyga öwürmek.
II. ýumurmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Dogry, öý talaňçylar[Kim] hem öýüni rehimsiz talap, nebir gözel jaýlary[Kimi] ýumurypdyrlar.

A2 I. ýumurmak 2 : (Göçme manyda) Ýykmak, weýran etmek, agdarmak, dargatmak, ýok etmek.
II. ýumurmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Könäni[Kimi] ýumurdy bu güçli halkym[Kim].

**Ýumurtgalamak**

A1 I. ýumurtgalamak 1 : Ýumurtga guzlamak.
II. ýumurtgalamak→ [Kim]
Ör. Bu guş[Kim] çölde beýik bir agajy başynda höwürtge ýasap ýumurtgalapdyr.

**Ýumuşdyrmak**

A1 I. ýumuşdyrmak 2 : Açyk bir zadyýapyşdyrmak, epleşdirmek, bir uçdan ýumup başlamak.
II. ýumuşdyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Bu gürrüňlerden soň köşeşen Pökgen[Kim] barmaklaryny[Kimi] ýumuşdyrdy, açyşdyrdy, hasaplady-da razylyk berdi.

**Ýuwaşamak**

A1 I. ýuwaşamak 1 : Peselmek, kemelmek, ynjalmak, köşeşmek, gowşamak.
II. ýuwaşamak→ [Kim]
Ör. Aldym-berdime salyp duran ýel[Kim] ýuwaşady.

**Ýuwdunmak**

A1 I. ýuwdunmak 1 : Ýuwutmak duýgusy bilen bokurdak muskullaryny hereketlendirmek.
II. ýuwdunmak→ [Kim]
Ör. Aýsoltan[Kim] mertlik bilen ýuwdundy.

**Ýuwmak**

A1 I. uwmak 2 : Hapany, kiri suw bilen arassalamak, suw bilen tämizlemek, aýyrmak.
II. ýuwmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] elini[Kimi] ýuwdu.

A2 I. ýuwmak 2 : (Göçme manyda) Aýyrmak, aklamak, günäden çykmak günäsiz etmek, günäsiz bolmak.
II. ýuwmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ýalnyşlyk diýen bolup sen[Kim] ony[Kimi] ýuwjak bolma!

A3 I. ýuwmak 2 : (Gepleşik dili) Biriniň durmuşynda oňatlyk tarapa bolan üýtgeşmäni bellemek, ýoldaşlyk ýygnanşygyny, oturyşlygyny gurnamak.
II. ýuwmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] utan maşynyny[Kimi] ýuwdy.

**Ýuwmarlamak**

A1 I. ýuwmarlamak 2 : Günäsiz etjek bolup çalyşdyrmak, günäniň üstüni ýapmak, aýybyň üstüni basdyrmak, aklajak bolmak.
II. ýuwmarlamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Kemçiliklerini[Kimi] ýuwmarlajak bolup çalyşmaýarys.

**Ýuwutmak**

A1 I. ýuwutmak 2 : Bokurdak muskullarynyň hereketi bilen bir zady gyzylödekden geçirmek.
II. ýuwutmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Şonuň üçin ol[Kim] agzyna salan nanyny[Kimi] kynlyk bilen ýuwutdy.

**Ýüklemek**

A1 I. ýüklemek 3 : Bir zada ýük urmak, ýük basmak.
II. ýüklemek→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Ol[Kim] iki sany mähnet meşigi[Kimi] eşege[Kime] ýükledi.

A2 I. ýüklemek 3 : (Göçme manyda) Birine bir zady ýerine ýetirmegi tabşyrmak, bir zady etmäge borçly etmek.
II. ýüklemek→ [Kim], [Kime], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. (Olar)[Kim] Meniň öňki işimiň üstüne[Kime] wagtlaýyn ýene bir iş{Ne} ýüklediler.

**Ýüksünmek**

A1 I. ýüksünmek 2 : Agyr görmek, ýük bilmek, kyn görmek.
II. ýüksünmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Men[Kim] seni[Kimi] ýüksündimmi?

**Ýülmemek**

A1 I. ýülmemek 2 : Ýüzüni gyrdap ýylmamak, ýülmenek etmek, taýpy etmek.
II. ýülmemek→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Bir bölejik almazy[Kimi] ýülmäp otyr hemişe.

**Ýüwürmek**

A1 I. ýüwürmek 1 : ylgamak
II. ýüwürmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] alys ýerden ýüwrüp gelen ýaly, sojap-sojap demini aldy.

**Ýüwürtmek**

A1 I. ýüwürtmek 2 : Dokamak üçin erşi gerip, dokma taýýarlamak.
II. ýüwürtmek→ [Kim], [Ne]
Ör. (Ol)[Kim] Nusga üçin saýlap baglaryň gülün, dalanyň astynda dokma[Ne] ýüwürtdi.

**Ýüzlenmek**

A1 I. ýüzlenmek 2 : Bir tarapa ugramak, bir tarapa ýönelmek, bir tarapa gitmek, bir ugra hereket etmek.
II. ýüzlenmek→ [Kim], [Kime]
Ör. Şol wagt gyrkymçylar[Kim] hem şu günki gyrkymyny gutaryp, teläre[Kime] ýüzlendiler.

A2 I. ýüzlenmek 2 : Birine ýa-da köpçülige ýüz tutmak, hemmeleriň pikirini özüňe çekýän söz aýtmak, çagyryş bilen ýüz tutmak.
II. ýüzlenmek→ [Kim], [Kime]
Ör. (Ol)[Kim] Şol ondan soň garnizon naçalnigine[Kime] ýüzlendi.

**Ýüzleşmek**

A1 I. ýüzleşmek 2 : (Ýuridik termin) Dawagäriň bilen ýüzbe-ýüz bolup meseläni çözmek, ýüzbe-ýüz bolup dawany çözmek.
II. ýüzleşmek→ [Kim], [Kimle]
Ör. Men[Kim] onuň ýaly aýal bilen[Kimle] ýüzleşmek islemeýärin.

**Ýüzmek1**

A1 I. ýüzmek 1 : Batman saklanyp bilmek, eliň, aýagyň we ş. m kömegi bilen suwuň ýüzünde hereket etmek.
II. ýüzmek→ [Kim]
Ör. Ol[Kim] suwda gowy ýüzýär.

A2 I. ýüzmek 2 : Suwuň ýüzi bilen gitmek, suwuň ýüzünde hereket etmek
II. ýüzmek→ [Kim], [Kimde]
Ör. Derýanyň ýüzünde[Kimde] ýelkenli gämiler, ýelkensiz gaýyklar[Kim] ýüzýärdi.

**Ýüzmek2**

A1 I. ýüzmek 2 : Malyň derisini eliňi sokup, sokup aýyrmak, soýmak, hamyny sypyrmak.
II. ýüzmek→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ata[Kim] sygryň hamyny[Kimi] ýüzdü.

**Ýygalmak**

A1 I. ýygalmak 1 : Arasy ýakynlaşmak, biri -- birine golaý bolmak ýygy bolmak, gürelmek.
II. ýygalmak→ [Kim]
Ör. Hatar aralary[Kim] barha ýygalýar.

A2 I. ýygalmak 1 : Ýygy -- ýygydan bolup durmak, tizleşmek.
II. ýygalmak→ [Kim]
Ör. (Ol)[Kim] Ana, ýene atyldy barha ýygalýar.

**Ýygjamlamak**

A1 I. ýygjamlamak 1 : Bir ýere, bir zada golaýlamak, ýakynlamak.
II. ýygjamlamak→ [Kim]
Ör. Atlaryň arasy[Kim] ýygjamlady

A2 I. ýygjamlamak 1 : Çaltlaşmak, tiz -- tizden bolup geçmek.
II. ýygjamlamak→ [Kim]
Ör. Tolkunyşýan bulutlar çaknyşyp, yzly-yzyna ýyldyrym çakyp, gögün gürlemesi[Kim] ýene ýygjamlady.

**Ýygmak**

A1 I. ýygmak 2 : Hasylyny almak, hasylyny ýygnamak, tirmek.
II. ýygmak→ [Kim], [Kimi]

Ör. Kolhozçylary[Kim] gawunlary[Kimi] ýygdy.

A2 I. ýygmak 2 : Orup ýygnamak, ormak.
II. ýygmak→ [Kim], [Ne]
Ör. Üç sany gyz[Kim] ot[Ne] ýygýar.

**Ýygnamak**

A1 I. ýygnamak 2 : Hasylyny ýygyp almak, hasylyny toplamak.
II. ýygnamak→ [Kim], [Ne]
Ör. (Biz)[Kim] Häzir bugdaý[Ne] ýygnaýarys.

A2 I. ýygnamak 3 : Gizläp goýmak, ýygşyrmak.
II. ýygnamak→ [Kim], [Kimi], [Kimde]
Ör. (Sen)[Kim] Me, muny[Kimi] öňki ýerinde[Kimde] ýygna-da goý!

A3 I. ýygnamak 2 : Bir ýere jemlemek, bir ýere üýşürmek, toplamak.
II. ýygnamak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] tire başlyklaryny[Kimi] ýygnap, her kimden soraşdyrdy.

A4 I. ýygnamak 2 : Ýygym almak, ýygymy alyp toplamak.
II. ýygnamak→ [Kim], {Ne}Tamamlayıcı
Ör. Hawa, men[Kim] Eziz hanyň atlylary üçin hüşür-zekat{Ne} ýygnaýan.

A5 I. ýygnamak 3 : Hossarlyk edip idetmek, eklemek, seretmek maksady bilen öz ýanyňa almak, alyp göz -- gulak bolmak.
II. ýygnamak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Atamyň uly agasy[Kim] bizi[Kimi] ýygnady ýanyna[Kime].

**Ýygrykmak**

A1 I. ýygrykmak 1 : Utanjaňlyk etmek, utanjyramak, çekinmek, uýalmak.
II. ýygrykmak→ [Kim]
Ör. Gyzym bilen tanyş boluň -- diýmegi ol[Kim] gaty ýygrykdyrdy.

A2 I. ýygrykmak 1 : Gorka durmak, gorka hereket etmek.
II. ýygrykmak→ [Kim]
Ör. Durdymyrat[Kim] ýygrykdy, özüniň reňkini ak tam edip, derrew geldi.

**Ýygşyrmak**

A1 I. ýygşyrmak 2 : Bir zady ýygnap goýmak, hiç kim almaz ýaly bir ýerde ýaşyryp goýmak.
II. ýygşyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] kitaby[Kimi] ýygşyrypdyr.

**Ýygylanmak**

A1 I. ýygylanmak 1 : Arasy ýakynlaşmak, arasy golaý bolmak, ýygy bolmak.

II. ýygylanmak→ [Kim]
Ör. Çeper höwesjeňleriň saýlawçylaryň arasynda çykyşy[Kim] ýygylandy.

**Ýygyrjyklaşmak**

A1 I. ýygyrjyklaşmak 1 : Hoşal bolup gülümsireşmek, çala ýylgyryşmak.
II. ýygyrjyklaşmak→ [Kim]
Ör. Çagalar[Kim] ýylgyrjaklaşyp durdular.

**Ýygyrmak**

A1 I. ýygyrmak 2 : Ýygyrt-ýygyrt etmek, epin tutdurmak, epin-epin etmek, epmek.
II. ýygyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Sen)[Kim] Köýnegiňi[Kimi] beýdip ýygyrmasana!

A2 I. ýygyrmak 2 : Büzüp bir ýere getirmek, büzüp kiçeltmek, gowurmak.
II. ýygyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Telpegiň etegini[Kimi] ýygyrmak

A3 I. ýygyrmak 2 : Bir zat sebäpli düýrülmek.
II. ýygyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ol[Kim] ýalaňaç aýaklaryny[Kimi] ýygryp, göm-gök, porsy sadyr suwuň içinde ýatyrdy.

A4 I. ýygyrmak 2 :Ýetip, golaýlap barmak, golaýlaşmak.
II .ýygyrmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Keýikler gaçýar maşyn[Kim] arany[Kimi] ýygyrýar.

**Ýykmak**

A1 I. ýykmak 2 : Weýran etmek, berbat etmek, ýumurmak.
II. ýykmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. (Ol)[Kim] Köne haýatlary[Kimi] ýykyp, dökün hökmünde ýer dökýärler.

A2 I. ýykmak 2 : Ýeňmek, üstün çykmak (göreşde we ş. m.).
II. ýykmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Ejizräk bir ýigit egninden ýapyşanda, ol[Kim] ony[Kimi] silterläp ýykdy-da, ökje göterdi.

A3 I. ýykmak 2 : Höküm sürmeginden mahrum etmek, häkimiýet başyndan agdarmak.
II. ýykmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Halk[Kim] patyşaýy[Kimi] ýykypdyr.

A4 I. ýykmak 2 : Dik duran halyndan gyşardyp, ýere ýaplamak.
II. ýykmak→ [Kim], [Kimi]
Ör. Agşamky güýçli ýel[Kim] bir näçe agaçlary[Kimi] ýykypdyr.

A5 I. ýykmak 3 : Bir zadyň içine gaçyrmak, bir zadyň içine düşürmek.
II. ýykmak→ [Kim], [Kimi], [Kime]
Ör. Men[Kim] pili[Kimi] bir çuň guýa[Kime] ýykaryn.

**Ýykyrdamak**
A1 I. ýykyrdamak 1 : (Gep. dili) Ýykyr-ýykyr edip gülmek, ýykyrdyly gülmek.
II. ýykyrdamak→ [Kim]
Ör. Gyzjagyzlar[Kim] ýykyrdap gülüşdiler.

**Ýylamak**
A1 I. ýylamak 1 : Çala gyzmak, ýyly geçmek.
II. ýylamak→ [Kim]
Ör. Bugun emele gelmeginiň sebäbi suw[Kim] ýylady.

A2 I. ýylamak 1 : Temperatura ýokary galyp başlamak.
II. ýylamak→ [Kim]
Ör. Howa[Kim] ýylap başlady.

**Ýyldyramak**
A1 I. ýyldyramak 1 : Ýyldyr -- ýyldyr etmek, ýylpyldyly şöhle salmak, ýalpyldap öwşün atmak.
II. ýyldyramak→ [Kim]
Ör. Görünýän ýyldyzlar[Kim] Wagtal wagtal ýyldyrap nam nyşan galmady.

**Ýylgyrjaklamak**
A1 I. ýylgyrjaklamak 1 : Hoşal bolup gülümsiremek, çala ýylgyrmak.
II. ýylgyrjaklamak→ [Kim]
Ör. Tilki[Kim] hem guýrugy bir kemsiz iýip bolup ýylgyrajaklaýar.

**Ýylgyrmak**
A1 I. ýylgyrmak 1 : Sessiz gülmek, gülümsiremek.
II. ýylgyrmak→ [Kim]
Ör. Poltoraskiý[Kim] ygtyýarsyz ýylgyrdy.
